# O S M A N Ö D E



# T A P A G A N

Ýazyjy Osman Ödäýewiň Eserler ýygyndysynyň bu jiltine «Tapagan» atly romany girizildi.

Nähili žanrda eser döretse-de, ýazýan temasyna beletligi, anyk taryhy wakalary, geçmiş we häzirkizaman oba durmuşyny gowy bilýänligi ýazyjynyň eserleriniň täsirli bolmagyna hem-de akgynly okalmagyna ýardam edýär.

*© Ödäýew O.H., 2016 ý.*

# TAPAGAN

**(Roman)**

***Birinji kyssa***

## ATDA TAPAGANY GÖREN HATAM TAÝ ÝÖNE BAŞYNY ÝAÝKAP DURMUŞ

Bu dünýäde adamlar däl-de, ynançlar ýaşaýar.

Bu dünýäde adamlar däl-de, ynançlar söýüşýär.

Bu dünýäde ynançlar gürleşýär, ynançlar düşünişýär.

Bu dünýäde ynançlar garpyşýar.

Adamlar — ynançlaryň isleglerini ýerine ýetirijiler.

Ynanç söýgä-de, ýigrenje-de baha kesýär. Ynanjyň kesen gutarnykly bahasy bilen beden herekete gelýär.

Ynançlar asyrlaryň dowamynda adamlary şeýle bir galyba salypdyr welin, başgaça ýaşamak bolýandyram öýdülenok.

Adam görgüli ynanç galybyndan sähel çyksa, ähli kişi oňa geň galýar.

«Bu işi etmek bolmaýar, bu işi etmek gelşiksiz, bu işi etmek gadagan», «Bu eden işiň gowy, bu eden işiň ýaramaz» — ine, adamlar şu ynanç galyplarynyň içinde ýaşaýarlar.

Özem olar şu güne çenli biz örän dogry ýoldan barýarys diýen ynanç bilen ýaşap geldiler. Ertesi şol dogry hasaplan ýollaryny nädogry ýol hasaplap, täze ýol tutundylar, täze ynanç edindiler.

Allatagala her bendesine bir ynanç beripdir. Golagam, çolagam, agsagam, towsagam, akyllam, akylsyzam öz ynanç galyplarynyň içinde öz-özlerinden göwnühoşlukda ýaşaýar. Ähli bendesini dar galybyň içinde özünden göwnühoş edip bilen Hudaýa, hany, geň galmanam bir gör-dä!

Ynanç galybyndan çykan kişini akylyndan azaşan hasaplaýarlar.

Saganaly obasynyň adamlary Atda tapagan barada hem şeýleräk pikirde: Atdanyň akyly ýerinde däl. Owganystanda gulluk edende gapdaljygynda aýylganç bir partlama bolanmyş. Ana, şol partlamada hem Atdanyň kellesine birazajyk zeper ýetenmiş. Şol ýeten zeperem aýda bir gezek bildirýärmiş.

Gybatda owadan gyzyň mähiri bar. Gybatda iki däl, kyrk dagy aýak bar. Gybat adamlaryň arasyna şemaldan çalt ýetýär. Göterip getiren ýalan habarynam derrew adamlara ynandyrmagy başarýar. Atdanyň akylyna zeper ýetipdir diýen myş-myş habaram adamlar çyna berimsiz habar hökmünde kabul etdiler. Ýöne onuň üýtgeşik bir eden etmişinem bilmeýärler. Bir myş-myş bar, ol myş-myşam Atda tapaganyň jan ýaly doganlary oturan-turan ýerlerinde aýdyp ýörler. «Ýamanlyga uzakdan garaşma, ol seniň aýagyň aşagyndan çykar» diýýär Atdanyň kakasy. Atda kakasynyň bu sözüne

ynandy. Ýöne ol doganlaryndanam kän bir gaty görüp ýörenok, ol doganlarynyň ýamanlyklarynam bal bilen şeker hasaplaýar. Janlarynyň saglygy — dünýä baýlygy ahyryn!

Doganlarynyň «Atdanyň kellesine zeper ýetipdir» diýen myş-myşy ýaýratmaklaryna bir däl, üç sany sebäp bar.

Şol sebäpleriň birinjisi:

Atda tapagan goşun gullugyndan gelensoň, myhmanlar üçin diýlip gurlan otagda ýaşaýar. Otagyň ini bäş metr, uzynlygy on iki metr. Şol giň otagyň içinde bir aýnaly şkaf bar. Atda, ana, şol aýnanyň öňüne baryp, edil diwana ýaly, öz-özi bilen gürleşýärmiş. Gülýärmiş. Heý, akyly ýerindäki adam hem aýnada öz keşbini görüp, gürlärmi?

Şol sebäpleriň ikinjisi:

Atda tapagan gije aýnada öz keşbi bilen gürleşip durka, birden owadan gyz peýda bolanmyş. Özem ol gyz juda asyllymyş. Seredip, mähirinden bir günde, iki günde ganar ýaly dälmiş. Atda ol owadan gyzy görüp, gürläp bilmän sandyrap, sakawlap durmuş. Şeýle bolansoň, owadan, nätanyş gyzyň özi dillenipdir:

«Sen Atdamy?»

«Hawa, hawa, men Atageldi. Atda men. Seniň adyň näme?»

Owadan gyz adyny aýtmandyr. Atda ýalbarypdyr:

«Adyňy aýdaý-da!»

«Juk».

«Aýdaý!» — Atda bu owadan nätanyş gyz bilen gürleşişine geň galypdyr. Geň galmaz ýalam däl-ä! Onuň dili gymyldanogam welin, olar gepleşip durlar. Olaryň ikisindenem ses çykanok. Olar dil bilen däl-de, ýürekleri bilen gürleşip oturan bolsalar nätjek asyl. Ýüreklerde hem dil bar eken-ä! Gör-ä, bu owadan gyzyň ýüreginiň owazynyň mähremdigini, ýakymlydygyny! Onuň saçlarynyň uzynlygyny diýsene! Ine, iki örüp öňe atan saçlary ýerde ýüregiň keşbine meňzäp, tolkun atyp ýatyrlar. Ine, her örüm saç bir ýürege meňzäp ýatyr. Ol ýürekleriň sagyndaky Atdanyňky bolmaly, solundaky bu owadan gyzyňky. Atda ol örüm saçlary eline alyp sypalasy geldi, ýöne owadan gyzdan utandy.

«Men bu obaly däl-ä».

«Onda sen nireden?»

«Men uzakdan gelýän. Agamyň ýanyna barýan».

«Agaň kim?»

«Agammy? Görseň tanarsyň? Men onuň ýanyna barýan».

«Gije gorkaňokmy?»

«Gorkmasyna gorkýan. Gorksam nädeýin?! Maňa kömek etjek adam barmy näme. Men ýaňy «şog-şog» köpriniň ýanyna baryp yzyma gaýtdym. Ol ýerde bir äpet it bar eken. Ol şeýle bir üýrdi welin, depe saçym üýşüp gitdi. Soň yzyma gaýtdym. Ol itden nädip geçjegimi bilmän, seniň ýanyňa geldim».

«Itdenem gorkarlarmy heý-de. Men barkam itden gorkmagyn. Men hiç wagtam itden gorkmaýan. Men iň hyrsyz itiň maňlaýyna-da ýumrugym bilen düňk etdirýän welin, Bugaç begiň ediberişi ýadyma düşäýýär».

«Köpriniň ýanyndaky it gaty uly...»

«Uly bolanda näme? Meni görse, ol it gaçyberer. Ynha, görersiň. Ýör, görkez maňa şol waspyny ýetiren itiňi».

Atda tapagan owadan nätanyş gyzyň yzyna düşüp gidiberdi.

Atdanyň aýagy aýakýalaň, başy açyk, egni maýkaly. Ol dünýäni unudyp, nätanyş gyza maýyl bolup gidip barýar, gidip barýar. Bäri-bärde «şog-şog» kopri barmy näme! Ýöne ol garaňkylygyň içinde ýöräp däl-de, edil ýüzüp barýan ýalydy. Ýok, ol uçup barýan ýalydy. Nätanyş gyzyň nädip ýöreýändigi bildirenokdy. Ol şeýle bir eda bilen uçup barýardy. Garaňkylyk olara hiç hili garalla däldi. Olaryň ýöreýän ýoluna süýt sepilen ýalydy. Özüne imrindirýän nätanyş gyza ýaranmak üçin ol entek-entekler ýörejekdi.

«Şog-şog» köpriniň ýanynda Hakykatdan hem nätanyş gyzyň aýdan şol äpet hyrsyz iti bar eken. Ol äpet hyrsyz it Atdany gördi-de, guýrugyny ýamzyna gysyp süzüberdi. It üýrmäge-de het edip bilmän dur. Ýöne oňa derek, bir haýbatly ses eşidildi:

«— Akylyňdan azaşdyňmy? Gijäň içinde ýalaňaç entäp ýörmäň näme?

Atda tapagan haýbatly sese birden tisginip gitdi. Görse, gaşynda göwün beren owadan gyzy däl-de, bir nätanyş peşeneli kişi dur.

— Hany, o gyz?

— Haýsy gyz?

— Ýaňky nätanyş gyz?

— Eý, Hudaý-a! Bütin ömrüme seniň gudratyňa haýranlar galyp ýaşadym. Indi seniň gudratyňdan aýal-gyzlaryň gudraty aňyrdan gelýär. Gör-ä, gül ýalak ýigitleri ediberişini olaryň! Bir gyz bu dag ýalak ýigidiň egin-eşigini sypyryp, ileri-gaýrany tanamaz ýaly edip goýberipdir-ä!

Atda ýat bir obanyň orram-ortasynda ýarym-ýalaňaç halda durandygyny görüp haýykdy. Nämäniň-nämedigine düşünip bilmedi. Ol owadan nätanyş gyzyň birden gürüm-jürüm bolmagyna gynandy. Ol gynansa, özüňiň düşen gününe gynanmalydy. Ýok, ol düşen gününe-de begenip baranokdy. Gynandy. Ýöne şol aşyk bolan owadan nätanyş gyzyň gözden ýitmegine hemme zatdan beter gynandy.

— Inim, sen haýsy obadan?

— Men Saganaly obasyndan.

— Baý-bow! Bu ýere nädip düşdüň? Egin-eşigiňi kim sypyryp galdy. Bilýän, şol owadan diýýän gyzyň sypyryp gidendir.

— Ýok, ýok, men oňa hiç zat bermedim.

— Inim, sen kimi aldasaňam, meni aldap bilmersiň? Heý, bir zatjyk emlemedik bolsaň, gijäniň içinde seniň ýanyňa ýat, özem owadan gyz gelermi? Gelmez. Ol senden birgiden zat hantama bolup gelýär. O gyz maksadyna ýetipdir: egin-eşikleriňe çenli sypyryp alypdyr.

— Agamjan, ynanaý, men oňa hiç zat beremok. Ol maňa kömekleş diýdi. Menem onuň ýüküni-sumkalaryny göterişdim.

— Ýalaňaç bolupmy?

Atda näme jogap berjegini bilmän, dymdy.

— Hä, näme ýalan sözlejegiňi bilmediňmi? Ýa ýalanyň üstünde tutulaýdyňmy? Saganalydan sekiz kilometr uzaklykda şeýdip ýalaňaç duranyňy kakaň dagy görse näme diýer?

— Agam, men-ä akylymy etegime gaçyrdym. Özüň bir çykalga tapyp beräýmeseň...

Nätanyş kişi Atageldä eýe çykdy. Ony öz öýüne eltip geýindirdi. Soňam maşynyna mündürip, Saganaly obasyna getirdi. Atageldä ýagşylyk eden üýtgeşik bir adam eken. Ol hum tapan dek, bolan wakalary ilki Atdanyň kakasyna, soňam tötänleýin gelen agasy Oraza gürrüň berdi. Bu wakany kakasy hiç ýerde gürrüň etmezdi. Ýöne Atageldiniň dogany Oraz welin, bu wakany içine sygdyryp bilmedi. Atageldiniň ile tarhandökerlik edip, barja zatlaryny ile paýlaýşy ýaly, Oraz hem sahylyk bilen inisiniň düşüp ýören gününi, eden işlerini isleýäne-de, islemeýäne-de gürrüň berdi. Şeýdibem, Atageldiniň kellesine zeper ýetipdir diýen gürrüňi oba içine pytradyp goýberdi. Indem, nirä barsa şol pytradan gürrüňini özüne gürrüň edip berýärler.

Iki dogan — Mämmet bilen Oraz iki ýerden Atageldiniň daşyna geçdiler: onuň haýyna-waýyna bakman, lukmana äkitdiler: «Şu inimiziň kellesini bir barlap ber» diýdiler. Lukmanlaram kellesine zeper ýeten ýigitleri bu gün görmeli däl. Olar Atdanyň gözleriniň gabaklaryny çöwrüp gördüler. Agzyny uludan açdyryp, gyzylödegini barlap gördüler. Çalt-çaltdan jogap ber diýip, her hili oslagsyz soraglary ýagdyryp gördüler. Ylgadyp gördüler, ýylgyrdyp gördüler. Soňam şu ýigit biziň özümizdenem sag diýen netijä geldiler. Doganlar lukmanlara ynanmadylar. Atageldini Aşgabada getirip, bir ynamdar tanyş tapyp, ruhy hassahananyň baş lukmanyna barlatdylar. Baş lukmanam raýon lukmanlarynyň edenlerini gaýtalady. Atageldiniň ähli synasyny birlaý barlap çykdy. Gözüne lupa bilen seretdi. Gabagyny çöwrüp, edil gözlerini eline alaýjak-alaýjak ýaly edip barlady. Soňam Atageldide hiç hili kem ýok diýen netijä geldi.

Atageldiniň doganlarynyň gara çynlary: olara beýle netije gerek däl. Oraz baş lukmanyň jübüsine iki penje puly dykdy. Pul bir gowy zat. Hana, baş lukmanyň iki jübüsi hem çuwalgyzyň göwsi deýin tümmeripjik dur. Iki jahan owarrasy bolup dur görgüli.

Ol galyň bir kitap tapyp getirdi. Şol kitapdan gözüni aýyrman, Atageldä sorag üstüne sorag berýär. Özem ol Atageldiden oýlanman, derrew jogap bermegini talap edýär. Atageldiniňem iň gowy görýän zady ekzamen tabşyrmak. Baş lukman kitapdan okap sorag berýär. Atda tapagan mähetdel etmezden jogap berýär. Baş lukman ýene sorag berýär, Atageldi jogap berýär.

Galyň kitapdaky soraglar gutardy. Alty sagada çeken sorag-jogap iki doganam, baş lukmanam ýadatdy. Ýadamadyk diňe Atageldi. Soraglara jogap berip bilýändigine

göwni göterilip, ol ýene sorag beriň diýen ýaly baş lukmana seredip dur. Baş lukmanyň Atageldiden garaşan tamasy çykmady. Jübüsindäki pullaryň alynmagyndan gorkup, ýene bir ýerlerden kitap tapyp geldi. Soňky getiren kitabynyň soraglaryna jogap bermek Atageldi üçin hasam ýeňil düşdi.

Garaňky düşdi. Baş lukman görgüli tözlenip duran jübülerindäki pullary çykaryp, doganlara gelen netijesini aýtdy:

— Gynansagam, iniňiz sag. Kellesinde kem zady ýok. Moskwa gidip barlatsaňyzam, size meniň sözlerimi aýdarlar. Bu ýigitde özem üýtgeşik zehin bar. Dogrymy aýtsam, bu ýigidiň bilýän zatlaryny men-ä bilemok. Bu ýigit meniň ýerimde oturmaga-da mynasyp ýigit. Siz bu ýigidiň gadyryny biliň.

— Haý, diýseňem-ä, lukman jan, inimiziň bir şarigi-hä ýetenok — diýip, Oraz iki penje puly goltugyna gysdyrdy. — Men bilýän-ä, munuň akyly ýerinde däl. Munuň edýän zatlary akyly ýerindäki adamyň etjek işleri däl.

— Näme etmiş etdi bi görgüli?

— Özüni Hatam Taý däldirin öýdenok-how bu. Adamlara pul paýlaýar bu. Munuň Hatam Taýdan hem geçiresi gelýär. Hatam Taý bolan adam däl-how. Il: «Wah, şeýle bir kişi döresedi!» diýip, arzuw edipdir. Hatam Taý halkyň döreden idealy. Bu samsyk bolsa, eline bir zat düşse, çem gelene paýlap ýör.

Bu sözi eşiden baş lukmanyň gahary geldi:

— Beýdýän bolsa, muny myžžygyny çykaryp, uruň! Heý, jübiňdäki pulam ile beräýmek bolarmy! Halys beresiň gelýän bolsa, bermeseň, oňup bilmeýän bolsaň, doganlaryňa paýla.

— Wah, dogan jan, ýürejigim bolduň. Menem şony aýdýan-da!

— Hudaý jan muňa tapaganlyk ukyp beripdir. Bu her gün dünýäň zadyny tapyp, köçede «Kim pul ýitirdi, kim pul ýitirdi, kim pul ýitirdi?!» diýip zowladyp dur.

(Ine, doganlaryň «Inimiziň kellesine zeper ýetipdir» diýmekleriniň üçünji sebäbem şu!

Hany, aýdyň, kim bir zat tapsa, eýesi niredekä diýip, uzynly gün köçede kaňkar?!

Kim tapan zadynyň eýesini bir aýlap agtarar?!

Kim?!

Ýok, ýok, aýdyň, kim Atageldi ýaly tapan zadynyň eýesini tapjak bolup jöwlan urar?!

Akyly ýerindäki adamyň etjek işimi onsoň şu?!

Ýok, ýok, çekinmän aýdyň?! Siz näderdiňiz?!)

— Men-ä tölpüsini çykaryp urardym. Heý, akyly ýerindäki adam hem jübüsindäki zady kesekä berermi? Jübiňdäki zady berse bolar, ýöne onuň üçin düýpli esas bolmaly. Aý, ýigitler, siz iniden-ä oňmansyňyz. Beýle ini boldy-bolmady.

— Wah, bizem şony aýdýas-da!

— Iniňiz fiziki tarapdan sag, ýöne adamkärçilik tarapdan näsag. Iniňizi lukmanlar bejerip bilmez.

— Bize näme maslahat berýäň?

— Tarhandökerlik, gylyk-häsiýet tarapdan döreýän zat däl. Bu ýigidiň tarhandökerligini siz Owganystandan görmäň. Munuň günäkäri siziň özüňizde.

— Bizde näme günä bar?

— Siziň tohumyňyzda ata-baba gelýän bir tarhandöker bardyr. Bu tarhandökerlik gan üsti bilen gelen tarhandökerlik bolmaly. Kakaňyz nähili?

— Kakamyzmy? Kakamyz, Hudaýa şükür, gowy.

— Kakaňyz hem tarhandökermi diýip soraýan.

— Hä, olmy? Aý, onuň pulunyň sanyny bilýän adam ýok.

— O nähili bilýän adam ýok?

— Ol bütin ömrüni kolhozyň baş buhgalteri bolup oturan adam. Adamlar-a: «Kakaňyz milliarder siziň» diýýärler. Biz-ä öýde üýtgeşik baýlyk göremzok. Belki, ol milliardyny gyzyla öwrüp, gizläp goýandyr. Adamlar-a oňa «jalaý» diýibem lakam goýupdyrlar.

— Hä, onda bary düşnükli. Kakamyzda gizlengi baýlyk bardyr diýip pikir etmäň. Elekde suw, jalaýda pul durýan däldir.

Iki dogan — Mämmet bilen Oraz inileriniň tarhandökerligine hiç kaýyl bolup bilenoklar. Gelip inilerine takal okap görýärler. Ony birki gezek güýçli diýilýän tebibe äkitdiler. Inilerini düzetjek bolup pul baryny çykardylar. Çykarylan puluň öwezini kim dolmaly?

Atda bolsa, etjegini edip ýor. Ol doganlarynyň islegi boýunça ýaşanok. Ýoldan geçip barýarka, ýaşulurak bir obadaşynyň ýer depip duranyny görse, oňa nebsi agyryp, onuň elinden pilini alar-da işläberer. Ýa biriniň işläp duranyny görse, olam baryp kömekleşiberer. Oňa möhüm ýumuş buýrup goýber. Öňünden biri çykyp, «Maňa kömekleşsene» diýse, şol möhümden möhüm ýumşuňy unudyp, gidiberer. Öýüň işem edilmän galar. Garaz, il üçin dörän ýigit-dä!

Kertik aga körpe ogluny eý görýär.

Aýjan eje körpe ogluna iýmedigini iýdirjek, geýmedigini geýdirjek. Atageldi hem kakasynam, ejesinem, doganlarynam janyndan eý görýär. Ýöne doganlary welin, Atageldiniň tarhandökerligini goýdurmak üçin gaty köp yhlas etdiler. Olaryň ýüz tutmadyk lukmany, ýüz tutmadyk tebibi galmady.

Aşgabatly lukmanyň öwredişi ýaly, doganlar inilerini aldap-ogşap obadan uzaga çykaryp, suwasalma ýenjibem gördüler. Ýöne Atda üýtgemedi. Gaýtam, «Birden üşäýmäň» diýip, egnindäki penjegini çykaryp, agalaryna geýdirjek bolup gara günde.

Doganlar Atageldä käte öýden çykmagy gadagan edip gidýärler. Atda olara ýok diýenok. Öýden çykma diýseler, öýden çykanok. Asyl Atageldi ömründe ýok sözüni aýdyp gören adam däl. Ýok diýse, ähli kişi näletläýjek ýaly duýýar ol özüni.

Atda obadaşlaryny biçak söýýär.

Atda adamlary biçak söýýär.

Söýýän, ezizleýän adamlaryňa-da ýok diýip bolarmy? Bolmaz!

Ol öz-özi bilen gürleşmegi, içini hümledip, arzuwa, hyýala çümmegi gowy görýär.

Atda geçen günlerini ýatlamagy gowy görýär.

Atda Owganystanda dogan okaşan dosty Kakowy ýatlamagy, onuň bilen hyýalynda gürleşmegi gowy görýär.

Islän çagy Kakow onuň gaşynda häzir bolýar.

Ol, köplenç, sapýorçylyk hakda ýatlaýar. Sapýorçylyk gullukda onuň esasy ugry bolupdy ahyryn.

Atda tapagan — bu Atageldi Kertik oglunyň üç-dört aý mundan öň alan oba arasyndaky ýörgünli lakamy. Öň ýöne Atda diýýärdiler, Ata diýýärdiler. Ataşka diýýärdiler, Atageldi diýýärdiler. Atda ýene iki aýdan dünýä inmeli wagty kakasy Moskwa on günlük gezelenje gidýär. On gün däl, ýigrimi gündenem Atdanyň kakasy gelmeýär. Oba şum habar ýaýraýar. Kertik Moskwada tramwaýyň aşagynda galyp ölenmiş. Onuň jesedini demir sandyga salyp getirjekmişler diýip. Demir sandygy açmak gadaganmyş. Sebäbi Kertik görgülini tanar ýaly dälmiş. Aýjan gelni çaga dogrulýan öýe şähere äkidipdirler. Irden Atageldi jägildäp dünýä inipdir. Aýjan gelin şonda: «Kakaň seni görüp bilmedi» diýip aglapdyr. Bir owadan şepagat uýasy: «Kakasy entek ogluny kän görer, uraram» diýipdir. Owadan şepagat uýasynyň aýdyşy ýaly bolupdyr. Şol gün begenjine gözýaşyny saklap bilmeýän Kertik: «Hany, maňa oguljygymy görkeziň» diýip, palatanyň penjiresinden boýnuny uzadyp özelenip durmuş. Aýjan gelin hoş habar aýdan owadan şepagat uýasyna ýüzlenip: «Sen meni begendirdiň. Oglumyza-da ady özüň dakaý. Kakasam razy» diýipdir. Şepagat uýasy hem: «Ogluňyzyň ady Atageldi bolsun» diýipdir. Şol şepagat uýasynyň saýlan adynam dakypdyrlar.

Atageldi Kertik ogly 1961-nji ýylyň 21-nji sentýabrynda doglan. Sentýabrda doglanlar aýratyn zehinli bolýarmyş. Tolstoý, Nýuton, Ýesenin, Napolýon, Magtymguly, Atageldi Kertikow we ş.m.-ler sentýabrda doglanmyş diýip ejesiniň ýanynda öwünýär. Ejesi görgüli onuň bu aýdanlaryny barlajak bolup duranok. Atda-da ýalňyşyny ejesiniň bilmejegini bilensoň öwünýär.

Ejesi oňa sen daňdanlar dünýä inipdiň diýýär. Ol her gün 5,55-de turmasyny hem çagalyk instinkti hasaplaýar. Ir tursa-da, beýlekiler oýanýança arzuwdan başga edýän işi ýok. Orta mekdebi sap bäşlik bahalara tamamlady. Mydama klasdaşlarynyň barlag işlerini işläp, olara kömek berdi. Şol barlag işleri işlenýänleriň içinde bir gyza — Bahargüle sylagy hasam aýratyndy. Ähli kişiden öň, ilki bilen, Bahargülüň barlag işini işlemeli, soň başgalaryň, iň soňunda özüniň. Başgalara kömek etmek bilen ber-başagaý bolup, özüne wagty bolmadyk gezekleri kän bolupdy onuň. Meniň barlag işimi wagtynda edip gutarmadyň diýip ondan mydama närazy bolardylar. Atda hem olary razy etjek bolup gara gündedir. Mekdepde ony klaslara aýlap, ine, şu ýigit ýaly okamaly diýip öwerdiler. Bu öwgi oňa, köplenç, gaty gymmat düşerdi. Ýokary klasyň okuwçylary: «Näme üçin gowy okaýaň, sen sebäpli biz mugallymlarymyzdan käýinç eşidýäs» diýip, onuň aňkasy aşýança urardylar. Ol urulmajak bolup, käte bilýän zatlaryna-da bilemok diýmeli bolýardy. Klasyň gapysynyň aňyrsynda birki sany okuwçynyň içerde näme gürrüň bolýandygyny diňläp durandygyny bilipjik dur ol.

Taýak iýeninden gowşajyk jogap berip, üçlük bilen sypanyň müň paýdanam has köp esse gowy.

Ýöne bar zat mekdep bilen gutaraýanok. Taýagyň ulusy öýde garaşýar. Agalary Mämmet han bilen Oraz han onuň üstüne tüýs han. Olaryň özlerine-hä Mämmet han, Oraz han diýip bilenok. Ýöne içinden-ä diýme kemini sähelçe-de goýanok. Öýe gelip ol kakasynyň buýran işini etmeli, ejesiniň buýran işini etmeli. Sapakda öýe berlen işlerem etmeli. Özem bir adamlyk däl, dört adamlyk etmeli. Ilki bilen, Bahargülüň öý işini etmeli. Ol öýkelese, gepleşmez. Atda üçinem şundan uly jeza ýok. Bahargülem Atdany nädip jezalandyrmalydygyny bilipjik oturandyr. Ondan soň agalarynyň depderlerdäki öý işlerini görüp, gowuja edip işlemeli. Matematikadan barlag işi ýazylan günleri-hä ol agalarynyň okaýan klaslarynyň penjiresiniň ýanynda durup, klas tagtasyna ýazylan ýumuşlary derrew agajanlary üçin işlemeli, nähilidir bahanajyk tapyp, mugallymyň gözüne güýdüşdirip, çözen meselelerini hökmürowanlara ýetirmeli. Bu hyzmaty üçin sagbolsun ýok. Ol sagbolsuna garaşybam duranok. Urulmasa, sögülmese onuň depesi gök direýär. Agalary ondan mydama närazy. Meseleleriň çözgütlerini wagtynda ýetişdirmediň diýip iňirdemek iňirdeýärler. Öýde Mämmet han bilen Oraz han elini sowuk suwa urmazlar. Olara öýde näme iş buýrulsa, ony ýerine ýetirmeli Atdadyr. Käteler Mämmet han bilen Oraz han ejesine, kakasyna gowy görünmek üçin: «Pylan iş edilse-hä gowy bolardy, kaka. Rugsat berseň, men-ä şony edäýjek» diýer. Kakasynyň depesi gök dirär. «Ine, ogul diýeniň şeýleräk bolar» diýip, ogluny öwer. Ýöne ol işi etmeli Atdadyr. Sagbolsuny bolsa agalarynyňky. Mydama iş bilen başagaý bolup ýören, bolar-bolgusyz ýerde görünmeýän Atdany kakasy-da, ejesi-de, mugallymlary-da, goňşy-golamlar-da gowy görýärler. Onuň berekellasyny ýetirýärler. Ana, şol berekellalar üçinem han agalaryndan almytjagazyny almaly bolýar.

Köp işlän, köp ejir çeken girdenek bolýar diýýärler. Ýok, Atda dag ýaly ýigit bolup ýetişdi. Her han agasyny bir goltugyna alyp gidip biljek ol. Han agalar şeýle Pilmahmyt inilerinden birjigem eýmenenoklar. Olarda Atda güýjümiz ýetmez diýen pikir ýok asyl.

Mekdebi tamamlandan soň käbir okuwçylar deýin tanyşlyk, pul bilen okuwa girjek bolup ýörmeli däldigini subut etmek üçin Aşgabat şäherindäki politehniki institutyň awtomobil ýol-gurluşyk fakultetine okuwa giren Atageldi gelip okuwa girdim diýse, oňa ynanmadylar, para berensiňiz diýdiler.

Soňky kursda okap ýörkä obadan aýylganç bir habar barypdy: Bahargül durmuşa çykýar. Beýle agyr urgyny çekip-çydap bilmerin öýtdi. Umumyýaşaýyş jaýyndaky otagynyň içinden gulplap iki günläp daşary çykman aglapdy. Otagdaşlary gapyny kakyp-kakyp ýadapdylar. Olar Atdany köşeşdirjek boldular. Olaryň köşeşdirjek bolup aýdan sözleri onuň agysyny tutdurypdy: «Wah, Bahargülüm, Bahargülüm» diýip, aglapdy. Gapy üçünji günem açylmansoň, Atda içinde ölüp galandyr öýdüp gapyny döwüp içeri girdiler. Görseler, öňki äpet Atda bir gysym bolup krowatynda ýatyr. Gürlejegem bolanok. Aglap-aglap gözleri köz deýin bolup gidipdir. Onuň ýatan düşegi bolsa, gözýaşdan ýaňa öl-myžžyk. Ýarym ýyllap Atdany

gepledip bolmady. Içini hümletdi ýördi. Ony tas okuwdan çykarypdylar. Talyplaryň biri Atdanyň ýagdaýyny mugallymlara düşündirendir-dä, ondan sapak sorajagam bolup durmadylar. Şonda Atda gaýdyp oba barmaly däl diýen pikire gelipdi. Oba barmazlyk üçin hem Goturdepä işe gitdi. Eziz obasyny, ejesini, kakasyny göresi geldi. Ol Goturdepede işlemeli iki ýylyny işläp obasyna gaýtdy. Oba gelip raýonyň ýol-gurluşyk edarasynda brigadir bolup işe başlady. Işläp başlan ikinji hepdesinde naçalnigi Alty Öräýewiç bilen mäşi bişişmändir. Hiç mahal ýekeje towugyna tok diýilmedik, raýonda özüni han hasaplap ýören Alty Öräýewiç ýaş hünärmeniň işe ökdeligini görüp, gonjuna gor guýlupdyr. Sebäp oblastdan gelen başlygam Atdanyň eden işini öwüpdir. Ana, şolam Alty Öräýewiçiň Atdany halamazlygyna sebäp bolupdyr, öz ýerini Atdanyň almagyndan gorkupdyr. Şonuň üçin, nädibem bolsa, Atdadan dynmagyň ýoluny gözläp ugrapdyr. Onuň gözlän ýolunam Atdanyň özi salgy beripdir. Owganystana internasionalistik borjuny berjaý etmäge gitmek isleýändigini aýdypdyr. Owganystana SSSR-iň dürli künjeklerinden internasional kömek bermäge meýletinler ýygnalyp ugraldy. A.Kertikow agalaryna, ata-enesine sala salman, harby komissariata arza beripdir. Şol arzanyň kanagatlandyrylmagy üçin raýonyň ýol-gurluşyk edarasynyň naçalnigi haş-haşyň samany ýaly pul tölemekdenem gaýtmandyr: «Atda jan üçin puluň gürrüňi ýok. Onuň möhüminiň bitmegi üçin pul gaýgyrsam, mendenem bir naçalnik bolarmy» diýipdir. Bir maýyny tapyp, A.Kertikowyň işden çykýandygy baradaky arzasynam ätiýaç üçin alyp goýupdyr.

Atda meýletinlik bilen goşun gullugyna gitdi. Daşary ýurtda — Owganystanda meýletin gulluk etdi. Onuň arza berip Owganystanda gulluk etmäge gidenine obanyň bir gyzam ynananok. Diýmek, obanyň başga adamlaram ynanmaýar. A.Kertikow Owganystanda söweşjeň medallaryň ikisi bilen sylaglandy. Ýöne onuň medallaryny şäherde ýaşaýan agasy Oraz çildi. Binobat täzeje «Žiguli» aldy. Ol şol medallary dakynyp, dört otagly öýi hem nobatsyzja aldy. «Žiguli» almazdan öň awtobusa-da kör köpük tölemeýän eken. Näme üçin tölesin, döşündäki medallary gören haýsy kontrolýor oňa bilediňi görkez diýsin. Atdanyň Owganystanda gulluk edendigi baradaky kinişgesini agalary Oraz bilen Mämmet gezekleşip peýdalanýarlar. Olaryň ylalaşygy şeýle: kinişgäni hersi bir aý götermeli. Kinişgedäki surata seredip meňzeş däl diýip ekspertizlerem aýdyp bilmez. Kertik aga üç sany ogul döredipdir welin, inkubatordan çykarylanda-da, ussat hudožnige suratlary çekdirilende-de şeýle meňzeş edip bolmaz. Ýüzüne seredip, haýsynyň Atda, haýsynyň Oraz, haýsynyň Mämmetdigini şu üç ýigidi döreden Kertik aganyň hakyt özem parhlandyryp bilenok, ýaşynyň könelişip, gözleriniň çöňňelişendigini tutaryk edinen bolýar görgüli.

Atageldi Kertikow Owganystanda gulluk edende diňe bir medally gelmedi. Üýtgeşik başarnyk hem edinip geldi. Ýüz-keşmerinde üýtgän zat ýok. Ýöne onda tapaganlyk ukyby ýüze çykdy. Atageldi Kertikowiç özüniň bu üýtgeşik ukybyny raýonyň içeri işler bölümine gapdalynda granat ýarylyp, söwer dosty Kakowyň wepat bolandan soň dörändigi barada dürli sebäplere görä, ýedi gezek düşündiriş ýazyp bermeli bolupdy.

Atdanyň kakasy Kertik aga tapaganlyk nesil yzarlaýar diýýär. Ýaşuly özüniň ýedinji arkasyna Adylla tapagy ýatlaýar. Adylla hem juda tapagan eken. Ol hem edil Atda ýaly tapaganlygyndan ezýet görüpdir. Ol içi altyn-kümüş puldan doly ullakan bir haltajyk tapypdyr. Bazardan eýesini tapmandyr. O görgüli tapygyny eýesine gowşurjak bolup, tas bir ýyl bazara gatnapdyr. Her bazarda haltajygyny tapan ýerinde goýup eýesine garaşypdyr. Obadaşlary, ýaşulular indi şu tapygyň saňa halal, özüň alaý, öýlen diýselerem Adylla alman eýesine garaşanmyş diýip Saganaly obasynda ýaşulular häzirem ýatlaýarlar. Atageldi şol Adyllanyň neberesi.

Atageldi Kertikowiç ýigrimi alty ýaşandygyna seretmezden öýlenmedik, öýlenjek bolup juda bir urunmadyk ýigit. Söýüşmek babatdaky iki gezekki synanyşygy birazajyk masgaraçylykly, şowsuz gutardy. Oňa tapaganlyk ukyby sebäp boldy. Öýdäkiler ony öýermek isleýärler. Ýöne oňa durmuşa çykjak bolup duran gelinlik öň bolan bolsa, belki bolandyr, indi ýok. Onuň birnäçe sebäbi bar...

Atda tapagyň bir häsiýeti bar: ol häsiýetini oba adamlar-a gowy görýär, ýöne onuň doganlary, uýasy, kakasy, ejesi hiç halanok. Ol halanmaýan häsiýetiň adyna elaçyklyk diýilýär. Doganlary-ha oňa elaçyk diýenoklar, «Atda syrtaçyk» diýýärler. Doganlarynyň gaharyny getirýän syrtaçyklygy nämeden ybarat?

Atda mydama adamlara ýagşylyk edesi gelýär. Egni ýukarak geýnen kişini görse, şu kişi birden üşäýmesin diýip egnindäkini çykaryp berýär. Soňam özi eşiksiz kösenip ýörendir. Biriniň melleginde ekinler suwsapdyr diýip suw tutandygynam, bir goňşusynyň guýusyna gapak ýasaýşynam, «unum gutardy» diýen bir kişä öýlerindäki ýarty halta uny eltip berşinäm oba adamlary geň galyp, bir niçeler bolsa ýaňsy bilen ýatlaýarlar.

Öýdäki delräk zatlaryny kakasam, ejesem Atdadan daşrakda saklanyny kem görenoklar. Ýogsam: «Şu zat pylany agada ýokdy» diýip, öýden äkidiberýär. Kakasy görgüli onuň öýden pylana gerekdi diýip äkiden, gör, näçe zadyny yzyna alyp geldi.

Gullukdan gelensoň, öňki işlän ýeri ony boş ýeriň ýoklugy sebäpli işe almady, boş ýer bolsa heziller edip aljakdygyny Alty Öräýewiç örän bir ynançly habar hökmünde aýtdy. Boş ýer boldugy, özüniň Atdany hökman tapjakdygyny öwran-öwran nygtady. Soň Atda başga birki sany gurluşyk edarasyna işe baryp gördi. Ol ýerde-de ony gara işe-de, boş ýeriň asla ýokdugy üçin, almadylar. Şonuň üçin ol indi üç-dört aý bäri işsiz. Öýde ejesiniň ol-bu işine kömekleşäýmese, oňly edýän işi ýok. Ýöne onuň aladasy ýetik. Onuň tapaganlygyny eşidip Özbegistandan, Täjigistandan, Gazagystandan adamlar gelýärler. Olar ýitiglerini tapyp bermegini Atdadan haýyş edýärler. Penje-penje puly gerek däl diýse-de, Atdanyň jübüsine salyp gidýärler. Onuň ýanynyň adamsyz güni ýok soňky döwürde.

Obanyň bir topar adam-a Atdalaryň öýünden uzaga gidenoklar. Olardan nirede işleýändikleri soralanda örän sada jogap berýärler: «Atda tapagyň ýanynda».

Atda tapagan ýola çykdygy, köplenç, bir zatlar tapýar. Şonuň üçin Mihail Sergeýewiçden baýamaga rugsat alan kolhozda maňlaýyny derledip işläsleri gelmeýän birnäçe salpaýaklar onuň ýörejek ýolundan öň geçip zat tapjak bolýarlar. Tapýarlaram asyl.

Soňky döwürde aňkasy aşyp zat ýitirýän köpelipdir ýa-da Hudaý aňsat eklenjiň ýoluna düşen şu maňlaýygaralar aç ölmesin diýip öz jübüsinden bir zatlar eçilip gidip otyr. Ýöne beýdip eçilip otursa, Hudaýam bir gün jüt galar.

Käte olaryň gazanjy bir aýlap işe gatnaýan adamyň birki aýlyk gazanjyçarak bolýar. Beýle gazanç barka kim eline pil alar? Kim brigadiriň ony et, muny et diýen sözüni diňlär? Hiç kim!

Kertik agalaryň öýüniň öňünde tapaganlar topary — saganalylaryň käbir göripsumagy olary şeýle atlandyran bolýar — her şenbe, ýekşenbe günleri sagat 8,30-da ýygnanyşýarlar. Özler-ä bu topara goşulyp bilenoklar. Ile gülki bolarys öýdýändirler-dä, elbetde.

Ýöne Atda tapagam soňky günler tapaganlar toparyny o diýen begendirip baranok, haýsydyr bir içigara göribiň gepine gidýän ýaly, onuň öýünden çykmaýan günleri hem bolaýýar. Işe çykmadyň diýip oňa käýäbem, jeza beribem bolanok. Ýogsam... Eger Atda tapagan öýünden çykmasa — işgärler uzynly gününi haçan Atda tapagan öýünden çykyp ýola düşerkä diýip irikgä garaşyp geçirmeli bolýarlar.

Soňky dynç alyş günleri Atda tapagan mazam ýok diýip öýünden çykmady. Tapaganlar toparynyň sabyr käsesi dolup, dökülip Jeýhun deýin derýa döredi. Şonuň üçin olar Atda tapagan bilen aç-açan gürleşmeli diýen karara geldiler. Olarda başga alaç galmandy. Olaram ýaşamaly ahyryn! Atda tapagan öýünden çykmasa — on bäş sany işgäri «aýlyklaryny» wagtynda almasa, olaryň öýünde gopjak harasady düşündirip oturmagyň zerurlygy ýok. Tapaganlar toparynyň karary esasynda Atda tapagan bilen açykdan-açyk gürleşildi. Atda tapagan obadaşlaryny üns berip diňlemeli boldy. Obadaşlarynyň gününe nebsi agyryp, ertir «işe» çykmaga söz berdi. Soňky boş geçen dynç günleriň öwezini dolmak maksady bilen, zadyň köpräk tapyljak ýerine — şähere işe çykmak wadalaşyldy, şol wada boýunça tapaganlar topary bu gün Atda tapagyň öýüne aladaňdanlar ýygnandylar. Olaryň köpüsi begenmekden ýaňa gije ýatmandyrlaram, ymgyr köp zat taparys diýen pikir näzli näzenin kimin uky bermedi olara. Geregem däl. Köp kişiniň elinde birki halta, ganar. «Bu haltalar, bu ganarlar nämä gerek?» diýip sorasaňam: «Atda garaşyp durka aşagymyza taşlap oturmak üçin alaýdyk. Bu haltanam tirsekläp oturmak üçin alaýdyk» diýen bolýarlar.

Atda tapagan öýünden bezenip-beslenip çykanda tapaganlar topary ony el çarpyşmalar bilen garşyladylar.

— Beýtmeseňizläň — diýip, Atda tapagan tapaganlaryň bu bolşuny ýeňleslik hasaplap gatyrgandy. Onuň gatyrganmasyna üns beren hem bolmady.

— Bes ediň-how häzir. Masgara etmäň meni. Görenler näme diýer? Eger aýdanymy etmeseňiz, hiç ýerigem gitjek däl. Alla kessin, ynanaýyň maňa.

Duranlar el çarpyşmasynam, şowhunynam kesäýdiler. Atda tapagan «Ýa bismilla rahmana-rahym, özüň kömek et» diýip ýola düşdi.

Allatagala, goý, bu umydygär tapaganlara kömek etsin! Galanyny Atda tapagan oňarar!

Ondan galanynam — tapylan zatlaram tapaganlar oňarar!

Adam pahyryň iň gowşak damary nebsi bolmaly. Allatagala her bendesini ýaradanda nebsinem bilelikde ýaradýarmyş. Ýöne Serwerimiz Atdanyň nebsini bermegi ýadyndan çykarypdyr. Ýa-da nebse derek tarhandökerligi goşalap beripdir. Hana, bu mahal tapaganlar toparynyň baş bermeýän sarç nebsi Atda tapagandan öňe düşüpdi. Köpüň — köp nebsiň içinde Atda tapagy görübem bolanok. Tapaganlaryň niýeti şähere gidýän awtobusyň duralgasyna çenli hem dünýäniň zadyny tapmak, olar löňküldeşip baryşlaryna biri-birinden soraýarlar:

— Nirä seredýär?

— Häzir-ä sagyna seredip barýar.

— Ýaňam sagyna seredip barýar diýdiň-ä.

— Ýene sagyna seredip barýar.

— Onda hemmäňizem sagyňyza serediň.

— Indi çepe seretdi.

— Çepe...

— Ýok saga!

— Eý, meniň-ä gözüm çaşaryp gitdi.

— Heý, bir tapan zadyňyz boldum-aý?

— Enteg-ä sygryň maçjasy bilen eşegiň tezeginden başga tapan zadymyz ýok.

— Maçja-da, tezegem baýlygyň alamaty. Yrymyna ýagşy. Şu gün hemmämiziň işimiz oňar onda.

Ajal ýola çykdy diýýärler, ýok, gazanç balagyny alyp ýola çykdy. Tapaganlar Atda tapagyň ýörejek ýoluny — awtobus duralgasyna çenli aralygy eýýäm iki gezek elekläp çykdylar. Atda tapagan yzda galdy. Otuza golaý adam bolsa ala-tozan turzup öňe gitdi. Ilkinji ýoldan tapylan tezek — baýlykdan nyşan. Tapaganlar topary şu gün gaty uly düşewünde tamakin. Düşewünt düşse, bäş-alty çüýşe arak alyp «ýuwmagy» wadalaşdylar. Aragy nireden almalydygy belli edildi.

Her bir beýik adamyň kemçiligem boljak eken. Ine, aýlyga daňylyp ýetmiş ýylyny geçiren halkyna Gorbaçýow indi arak içmäň diýýär. Wah, öýdäkiň arak içmäň diýmesem ýeterlik ahyryn. Baş sekretaryň pikiri öýdäkiň pikiri bilen deň çyksa, erkek kişiň işi dik başaşak gaýtjak eken. Baş sekretaram, öýdäkem öz-ä gowusyny etjek bolýarlar. Ýöne içende hasam gowy bolýandygyny, elbetde, olaryň ikisem bilýän däldirler-dä. Erkek bor diýer, etjegi bolsa içindedir. Ýetmiş ýylda näçe gezek aşa düşülip, ögele-ögele öwrenilen keýpem, heý, goýup bolarmy. Wah, janyň ýanyp duransoň aýdaýýan, ýogsam aragam, aragyň gürrüňem işden soň bolmaly.

Tapaganlar duralga bardylar, tozan sowuldy. Görseler, Atda tapagan ýok bu jelegaýlarda.

— Haý, adamlar, Atda tapagan gelenok-la?

— Ýaňy ýeňsämize seredip gelýärdi.

— Ah-ow, bir zat tapan bolaýmasyn şol? — diýip, Hemra illew ýola seretdi. Tapaganlar duran-duran ýerinden öwrüläge-de, gyp basdylar.

*Hemra illew — altmyş iki ýaşynda. Atda tapagyň kakasy Kertik aganyň hemşerisi. Lopbuş, alkymyndan towguň zigirrigi ýaly et sallanyp duran, geýimi hopul-sopulrak, gabat gelende akyl bermekden biçak lezzet alýan kişi. «Pylana men bir gezek akyl berdim, ana, şondan soň ol ullakan başlyk bolup gitdi» diýip, bir giden obadaşlarynyň adyny tutup, hamala olary döwletlilik, bagt atyna ataryp goýberen dek öwünmegi juda gowy görýär. Işlän ýerinden oňşuksyzlygy sebäpli kowlupdyr. Ilki şofýorlykdan kowlupdyr. Şofýorçylykdan kowlansoň, suwçy bolup işläpdir. Suwçylykdan kowalansoň, garawul bolup işläpdir. Garawulçylykdan kowulmaly bolup durka, dadyna pensiýa ýetipdir. Ähli ýerden eliniň birazajyk egriräkligi üçin kowlupdyr. Ýöne özüni gürletseň, kowuldym diýen gürrüňiň ýigrimi günlügem ýakynyndan baranok. Özüni hakykatçyldygy, eden-etdiligi, ogry-jümrüligi görse, dymmaýandygyny, muny bolsa ýolbaşçylaryň halamaýandygyny, birki gezek syrty açylan ýolbaşçynyň özüni haýdan-haý işden çykarmak üçin ähli pygyllary ulanandygyny şeýle bir dabara bilen gürrüň bermegi halaýar. Bütin ömründe ol işden bu işe kowlan Hemra illewiň indi aýaly bilen oňşugy pes. Öň başlyklarynyň gybatyny edip gününi geçiren Hemra illew indi sähel maý tapsa aýalyndan zeýrenmäge başlaýar. Hemra illew bu gürrüňleri diňe köne endigi boýunça edýär. Hakykatynda bolsa, aýaly görgüliniň adamsynyň toslaýan zatlaryndan habaram ýok. Diňe wezipeli adamlar kowulýandyr öýdüp pensiýa ýaşyna ýeten Hemra illew indi aýalynyň kowmasyndan gorkýar. «Wezipeli adamlaryň kowmasyndan aýalyň kowmasy erbet eken» diýip, öz aýaly hakda, umuman, aýallar hakda joşup-joşup gürlemegi, aýal halkyny tankytlamagy pensiýa çykansoň, esasy, pişeleriniň birine öwürdi. Üç ogly, üç gyzy, on iki agtygy bar. Suwçylygyny taşlap, tapaganlar toparyna ilkinjileriň hatarynda goşuldy. Iki ogly hem şu toparda. Gözi çöňňerägem bolsa, gözi päki ýaly ýaş-ýuşlardan gowy görýär.*

Görseler, hälki geçip giden çatryklarynda bir giden adam ýygnanyşypdyr. Bir dördünji ak «Žigulem» dur. Olary görüp, tapaganlar toparynyň haýýaty göçdi.

— Atdany maşyn kakandyr...

— Eý, Hudaý jan, eklenç çeşmämizi maşynyň aşagyna salmaweri. Näme etseň meni et, ýöne Atageldi jana degme. Men ýaşajak ýaşymy ýaşadym. Meni arkaýyn alaý, Hudaý jan. Ýöne obadaşlarymy çöreksiz goýma — diýip, köpüň içinde ylgap barýan Hemra illew gaty-gaty gygyrdy. Köpüň içinden ogullaryny agtardy.

— Kaka, hälki sözüňi ýalandanam-çyndanam aýtma, bizi ýetim goýjak bolma — diýip, onuň uly ogly Ýolbars nägileligini bildirdi.

— Gorkma oglum, Hudaýjan sözüme ynanyp, meniň bilen deň bolup durmaz-la.

— Ýaşulynyň sözüne ynanman, kimiňkä ynansyn?!

— Onyňam-a dogry. Ýöne, oglum, bu tapyrdy-tupurdynyň içinde eşidenem däldir ol. Onsoňam, bir gezek aýdanym bilen janymy alyberjek bolsa, Hudaý

bolýarmy ondan. Meni tanaýandyr ol. Öňem birki gezek şeýleräk aýdyp synap gördüm. Hiç zat etmedi. — Ol ogullarynyň elinden berk gysdy. — Ýüregim çaşyp barýar, yza özüm serederin, siz öňe düşüň. Maşyn basan bolsa ol bir zatlar tapandyr. Baryň, ýetişiň, näme tapan bolsa, kakamyňky diýiň.

— Maşyn kakandyr.

— Göribiň maşynydyr ol. Ony gargyş mamanyň gazabyna tutdurmaly. Şu adamlaryň ahy-nalasy tutar ony. Kimem bolsa, bize nalog tölesin. Iki esse tölediň ol bagty ýatana.

— Ol maşyny kakmasa, maşyn ony kakmaz.

— Ýok, Atda-ha hiç zadam bolmandyr.

— Oh-o, Atdany urýarlar!

— Eý, Atdany urýarlar!

Hana, hälki ak «Žiguliden» üç sany girdeneje ýigit çykyp, Atdanyň üstüne topuldy. Olar dergazap bolup Atda nämedir bir zady düşündirjek boldular. Ýok, olar uzak düşünişjek bolman, Atdany urmaga başladylar. Bu wagt Atdanyň «işgärlerem» az däl, derrew ara goşuldylar. Üç kişiniň hersini bir tarapa wazyrdadyp goýberdiler. Görgüliler Atdanyň howandarynyň beýle köplügini bilen däldirler-dä, honda atylyp düşen papaklarynyň gumuny kakyp, haýdan-haý jyrmak bilen boldular.

Adamlarda gorky-ürkem galmandyr. Üç kişini birleşdirseň, üçüsinden bir Atda çykjak däl welin, şonda-da durşy bilen haýbat-how olar. Atda elini bir salgasa, olam bir atanlykda degip dagy etse, onda üç-dört aý reanimasiýada ýatybam özüne gelip biljek däl olar.

Atda bolgusyz iş eden bolmaly! Ýogsam gündiziň güni, iki köçäniň hakyt kesişýän ýerinde gyzyl eňek boljak bolup durmazdylar.

— Ýok boluň derrew! Atda barmagyňyzy degirseňiz ataňyzyň adyny ýadyňyzdan çykar ýaly ederin — diýip, Hemra illew hemle urdy. Atda bir zat diýilse, Hemra illew her zat eder. Eklenjiňi üç sany jünnegi sara urduryp bolmaz ahyryn. Ol ýaşlykda şäherde üç-dört ýyl darka-da-darka girip ýaşapdy diýýärler.

— «Žigulidäkiler» kim?!

— Olar näme üçin Atdanyň üstüne topulýar?

— Näme boldy?

Bu üç sorag bilen eger-eger gyzyklanan kişi bolmady. Atda, meger, geregi-de şol eken.

«Žiguli» gitdi. Üçüň hemle urmasam derrew ýatdan çykdy. Häzir olaryň näme üçin gelendigini, maksatlarynyň nämedigini anyklap durmaga wagt ýok. Magtymguly diýýär-ä. «Bu bir iş wagtydyr, ümsüm oturma».

Atda tapagan ýene bir zat tapypdyr. Tapan zadyny galgadyp dur ol bagty ýatan. Töwerek-daşam gyzyl-el.

— Meniň sagadym.

— Meniňki.

— Kakamyňky...

— Ejemiňki...

Äh-ä, adamyň ýetmiş-segsen ýaşamasynyň sebäbi indi düşnükli. Eger adam adam däl-de, haryt bolan bolsa, onda ol birki ýylyň içinde paýlanylyp tüýdüm-tüýdüm bolardy. Eý, Hudaý, bu dünýä haryt edip däl-de, adam edip indereniň üçin sag bol. Zat bolsaň üstüň gyzyl el. Sen her kime gerek. Adam bolsaň welin, sen hiç kime-de gerek däl! Jübiňe el uzar welin, saňa el uzamaz. Şonuň üçinem harytlara görä adamlar uzak ýaşaýar.

Sagadyň eýesi köpeldi. Atdanyň elinden kakyp aldylar sagady. Kimiň alanam belli däl.

Hemra illew gelip, sagadyň nähili sagatdygynam görüp bilmän galdy.

— Aldyrdyňyzmy? — diýip, ogullaryna närazylygyny bildirdi. — Ejeňizden gorkmadyňyzmy?

— Sagat däldigimize şükür! Adamlygymyza şükür!

Hemra illew duralga bilen çatrygyň aralygynda ysgyn-deramatdan düşdi. Eger şu mahal düşek bolsa, tapyljak zatlaryň bähbidinden geçip, çiň arkan ýatyp dynç aljak. Arman, köçede saňa düşek hödürläp duran ýok. Şeýdip ylgap ýörse-de, çolpusyna düşen zat ýok. Onsoň ol-a Hemra illew eken, Kertik aganyňam gahary geler, oglunyň yzyndan boş ylgap ýörşüne. Şonuň üçin Hemra illew Atda tapagyň alkymyna dykylyp bardy.

— Inim, sende heý jinnek ýaly dagy ynsap barmy?

Atda tapagan ýaşulynyň näme diýjek bolýandygyna birbada düşünmän gözlerini petretdi.

— Gerekdimi?

— Gerekdimi diýip at oýnatma. Seniň şu adamlara rehimiň inenokmy?

— Men-ä size düşünýän däldirin, Hemra aga.

— Şu adamlar on gün bäri gapyňy saklap otyrlar Atda köçä çykaýarmyka diýip. Çagalar dişiniň suwuny sorup-sorup, diljagazlaryny sakgyja dönderdiler. Şolara nebsiň agyrsyn inim, utanman, bir köne sagat bilen şu giden mähelläni doýurjak bolýaňmy? Bize ownuk-uşak zat gerek däl. Goý sagat tapmaňy. Iki aý bäri yzyňa düşýäs welin, ah-ow seniň döwük-ýenjik sagat tapmakdan başga işiň ýok-la? Çagalarymyzyň, agtyklarymyzyň ellerinde-de ikiden, üçden sagat bar. Indi sagat görsem, aňrym bärime gelýär. Bu näme boldugy? Respublikaň bar sagady biziň köçelerimizden çykyp dur-la? Men seniň kakaň dosty. Şonuň üçin göni ýüzüňe aýtjak.

— Aýt, Hemra aga, aýt. Çekinmän göni aýt. Gorbaçýowam hakykaty göni aýdyň diýýär.

— Hemra aga dogry aýdýar.

Hemra illew öwran-öwran ýuwdunyp, maňlaýynyň derini sylyp ekezlendi:

— Inim, bizem iller ýaly çagalarymyzy iýdirmeli, geýindirmeli. Inim han, sen işiňi üýtgedip guramasaň, çagalarymyzam aç ölýär, özümizem. Aç ölsek, günämiz seniň boýnuňadyr. Özem o dünýä ýetmän jogabyny bermeli borsuň! Bil şony!

— Nätdiňiz-ä, Hemra aga.

— O nähili nätdiňiz bolýar. Hemra agaň enteg-ä hiç zat edenok. Hemra agaň bir zat diýdi gutardygy, aýdany hökman bolar. Sen onuň diýeni bilen bol, şonda abraýyň artar — diýip, topardakylaryň biri Hemra aga meçew berdi.

— Dogry, meniň diýenime gulak assaň, döwlet taparsyň. Kakaň ýaşka baryp ýatan şypanady. Bir ýüz gram içerdi-de: «Ýörüň, şähere gyz kowalamaga gideliň» diýerdi. Men onuň bolşuny, dogrusyny aýdýan, halamazdym. Ynanmasaň, özündenem göni sorap göräý. Men oňa «Kertik han, akyllyja bol» diýerdim. Maňlaýyna dört-bäş gezek durmuşyň oklawy tarkyldap degensoň, akylyna aýlanyp: «Bor, Hemra, dogan jan» diýdi. Allanäme, şondan soň uly döwletiň eýesi boldy. Arak içmesini goýdy. — Hemra illew başlan nutugynyň yzyny nädip dowam etdirjegini bilmeýän bolarly, «kärdeşlerine» nazar aýlady. Olaryň hemmesi onuň sözüni makullap, baş atyşyp durlar. — Şäherdäki Alty Öräýewiçi uly başlyk eden kimdir öýdýäň?

— Hemra agadan başga hiç kimdirem öýdemok.

— Ine, munyň dogry. Seniň üşüklije ýigitdigiňi bilýän-ä men. Altyny adam eden men. Bir gün mekdebi gutaryp, meniň ýanyma geldi. Menden akyl sorady. «Näme etsemkäm indi?» diýdi. Men oňa: «Altyjan, sen okagyn, sende üşük bar» diýdim. Boljak oglan başda belli. Meniň aýdyşym ýalyjak etdi. Okady. Allanäme, başlyk bolup ýör. Tokary adam edip ýola salyp goýberen kimdir öýdýäň?

— Siz bolaýmasaňyz, Hemra aga...

— Ine, munyňam dogry. Ýöne gürläňde, menden saňa nesihat, hiç wagt gümansyratman gürle. Men onuň göni ýüzüne aýtdym: «Tokar, inijik han, adam boljak bol» diýdim. Şol wagt ýanymdan sesini çykarman gitdi. Ýöne pendimi tutdy.

— Hemra aga, ogullaryňa-ha akyl bereňok. Diňe ile akyl berýäň. Käte özüňkilere-de akyl ber-ä.

— Heleýimiň gürrüňini haýsyňyz tapdyňyz-aý. Heleýim hem her gün maňa şeý diýip iňirdeýär. Ýöne men dogrymy aýtsam, ineriň tohumynyň bolmaýandygyndan habaryň ýokmy?

— Kaka, goýsana. — Ýolbars boz-ýaz boldy.

— Dogry aýdýaň, oglum — diýip, Hemra illew ogly bilen derrew ylalaşdy. Sebäp häzir gürrüň bilen gazanç edilmeli wagty ýitirmeli däl. Iş bitirmeli, gazanç etmeli. Şu aýdyň pikiri bilenem Hemra illew Atdanyň alkymyna dykylyp bardy. — Inim, men adama her çatrykda akyl berip ýören kişi däl. Ýöne kakaň hatyrasy üçin men saňa bir akyl bereýin.

— Birisini däl, onusyny beriň, Hemra aga.

— Ýok, onusyny berjek däl, ýekejesini berjek. Akyl bersem, inim, şeýle: gaty akyllyja bolgun. Ile kömek etjek bolgun. Ile kömek etseň, ilogly bolsaň, tükeniksiz döwlet taparsyň. Şeýtseň döwletem, halkam seniň gadyryňy biler. Seniň gowy häsiýetiň bar. Hatam Taý seni görse: «Bä, menden jomart kişem bar eken-ow» diýip, başyny ýaýkaberer. Hudaý seniň gursagyňa jomartlyk guýupdyr. Jomartlyk saňa Hudaý tarapyn berlen. Maňa hä diýäý. Sen şu jomartlygyň bilen, adamlara ýagşylyk edişiň bilen hökman döwlet taparsyň. Uly iliň söýýän adamy bolarsyň. Seni Hudaý

söýýär, Hudaý söýse, bendesiniň edip biljek ýamanlygy bolmaz. Hudaý seniň sahy eliň bilen bize bereket paýlaýar. Senem Hudaýyň bereninden özüňe jinnek ýaly alyp galman, bize paýlaýaň. Seniň abraýyň ýene göteriler enşallasa.

— Bä-ä, Hemra agaň akylyndan soň, Atda jan, sen hökman başlyk bolarsyň.

— Başlyk bolmak gerek däl maňa...

Hemra illew Atdanyň bu sözüne ör-gökden geldi.

— Boljak däliň bolmaz. Ynanylsa, edibermeli bolarsyň.

Görüň-ä munuň gürrüňini. Näme, sen maňa garşy çykan bolýaňmy? Maňa garşy çykyp kim gowulyk tapypdyr?

— Gerek diýseňem, gerek däl diýseňem, Hemra aga akyl berensoň, sen hökman başlyk bolaýmaly. Ynha, görersiň, senem Alty Öräýewiçiňki, Tokar Nepesowiçiňki, Gaýyp başlygyňky ýaly maşyn gatnadar.

Atda tapagan günäsiniň üstünde tutulan dek gyzaryp dur. Hiç zat diýibem bilenok. Adamlar ony gürletjegem däller. Gorbaçýowyň öwredişi ýaly, günäsi ýüzüne göni aýdylansoň, Atda tapagan başyny aşak salyp, mytdyldyklap ugrady.

Hemra illewiň tankydyndan soň Atda tapagan tapýan zadyny köpeltmeli boldy. Öýünden awtobus duralgasyna çenli — üç ýüz otuz ädim aralykda alty gezek ýitik tapdy. Arifmetiki nukdaýnazaryndan aýdanyňda, Atdanyň her elli bäş ädimine bir tapyndy. Alty tapyndy üçin jemi 18 (on sekiz) gezek «kim ýitirdi?» diýip gaty-gaty gygyrmaly boldy. Oguz han döwründen gelýän ýörelgä görä, kimde-kim ýolda nämedir bir zat tapsa, hasyr-husur jübüsine dykmaly däl-de, tapan zadyny ýokaryk göterip, sesine biraz nazym berip: «Kim pylan zat ýitirdi?» diýip gygyrmaly. Üç gezek gygyranda ýitigiň eýesi tapylmasa, onda soň sorag-ideg edip, onuň eýesini tapjak bolmaly. Tapyp eýesine gowşursaň, uly sogap gazandygyň bolarmyş. Atda-da hemişe sogap gazanjak bolup ylgap ýören goç ýigit.

Aşakda Atda tapagyň üç ýüz otuz ädim aralykda tapan zatlarynyň sanawy:

1. Gapjyk (içi boş).
2. Darak (döwük).
3. Gapjyk (içinde otuz bäş manat bar).
4. Gapjyk (içinde alty sany ýüzlük rubl bar).
5. Darak (reňki gyzyl, täze).
6. Gapjyk (içi açarly, üç ýüz rublly).

Mihail Sergeýewiç Wanga mama ýaly bilgiç bolmaly. Hökman bilgiçdir ol. Ýetmiş ýyllap çem gelen ýere pytradylan zatlary adamlar tapyp, öýüne çekiberseler baýajaklaryny bilipdir ol. Şonuň üçin ol adamlara baýaň diýipdir. Adamlar nä öňkülerinden aýlygy köp alyp baýap ugradylarmy? Olar öňkülerinden köp der döküp baýap ugradylarmy? Ýok, kommunistleriň el degirmesiz saýan depe-depe zatlary lükgeligi bilen her hojalygyň duluna geçdi. Alan-aldy, galan-galdy bolup barýar-how. Ýaşasyn, Gorbaçýow! Sowetler ýurdunyň gazanan baýlyklary ähli halk birki asyrlap garnyny suwa atyp, hiç zat etmän ýatanda-da bol-telki ýaşaryna ýetjek. Mähriban

Mihail Sergeýewiç, ine, şuny öz ýanyndan telim ölçerip-döken bolmaly. Baş sekretar, gör, nähili hasap edipdir. Baş sekretar, gör, näme üçin halkyna baýaň diýipdir. Hasaplap, ýedi ölçäp, ýok, müň ölçäp, bir kesipdir ol. Jaý kesipdir.

Ol halka ýagşylyk etdi.

Halkam oňa sen gerek däl diýdi.

Ol halka ýagşylyk etdi, almytyny aldy.

Taryh gaýtalandy: Gorbaçýow Isa pygamberiň gününe düşdi.

Isa pygamberem ömrüni halka bagyşlady. Hassany bejerdi, batylyň gözüni açdy, ýalaňaja don berdi.

Halkam ony dardan asdy. Öldürdi.

Gorbaçýowy dardan asmadylar. Ýöne bu zamanda ýolbaşçylar wezipesinden sypsalar, dardan asylma bilen, ölüm bilen deň hasaplaýarlar.

Atda görgüli ile ýaranjak bolýar. Tapanjasyny ile paýlaýar. Käte aýlygynam ile berýär. Ýöne «işgärleri» ondan närazy. Ata-enesiniň, doganlarynyň närazylyg-a hasam çökder.

Ine, «işgärleri» oňa sendenem bir tapagan bolarmy diýýän dek närazylyk bilen seredip durlar. Ýogsam, ine, on-on bäş minudyň içinde tapan zady az däl-ä!

Nämemiş, Atda tapagan sagat tapanda ylgap gaýdan adamlar dünýäni unudyp, şol zatlary gaçyranmyşlar. Gaçyrylan zatlar hak eýelerine gowşuryldy.

Özleri ýitirip, özlerem tapýar.

Ýok, olaryň ýitirenini Atda tapagan tapyp berýär.

Adamlar gyltyma çapýar, öňde ymgyr baýlyk bardyp öýdüp, egnindäki barja zadynam zyňyp, öňe topulýarlar. Adam atadan bäri onuň neberesi öňden, uzakdan hantama. Palawdan doly çanagyny taşlap, Adam atanyň nebereleri öňe ylgaýar. Öňde bulamak ýa bar, ýa ýok. Bary bir ylgalýar.

Atda üçin bir zat tapylsa-da kyn, tapylmasa-da. Tapylmasa-ha hiç zat tapaňok, çagalarymyz aç otyr diýip onuň al-petinden alýarlar. Bir zat tapylsa bolsa, Atdany unudyp, paýlaşyp bilmän heläk bolýarlar. Atda zadyny görkezip: «Kim ýitirdi?» diýip soraýar. Birbada oňa kyrk ýerden: «Men ýitirdim-de, men ýitirdim» diýşip jogap berýärler. Kim ilki meniňki diýse, şoňa hem berýär. Ana, şondan soň başlanýar bir dawa. Edil ýumruklaşmakdan hem gaýtmaýarlar. Başlanýar bir dawa, başlanýar bir goh. Eý, Hudaý! Ömür biri-birine ajy söz aýtmajaga meňzeýän ýaşy durugşan kişilerem paýyşdan-paýyş sözleri biri-biriniň üstüne eňterip täze tapyndyny aljak bolýar, ylalaşyp bilmän, girýärler gyzyl ýumruga. Onsoň, olary ylalaşdyrmak görgi bolýar.

«Belanyň körügi sen» diýip, käte janyýananlar onuň üstüne-de eňýärler. Wah, käte däl-le. Atda, köplenç, günäkär bolýar. Birek-birek bilen gyzyl ýumruga girenler Atdany günäkärläp köşeşýärler. «Meniň işim tapmak, tapan zadyňyza eýe çykmak öz işiňiz» diýip, Atda özüni goraýar. Ýöne onuň sözüne pitiwa edýän ýok.

Tapaganlar topary öz aralarynda «komissiýa» döretdiler. Atdanyň tapan zadyna eýe çykmak üçin ekzamenden geçmeli. Komissiýanyň ekzamen alşyna Atda heziller edip tomaşa edýär.

Ekzameniň üç soragy bar. Şol üç soraga jogap berip bilmezlik hiç kime-de nesip etmesin! Hemra illewe-hä hijem nesip etmesin!

Ýöne Hemra illewe nesip etdi.

Ine, komissiýanyň birinji soragy:

— Gapjygy haçan we nirede ýitirdiň?

Hemra illew:

— Awtobus duralgasyndan seniň sagat tapan ýeriňe eňip gaýdamda gaçyrdym. Ähli kişi ylgady. Wah, meniň Atda jana bir zat bolandyr öýdüp gara janym galmady. Hudaý jan, oňa bir hiç zat bolmasyn. Ýogsa Kertigiň ýanynda men ýüzügara bolaryn. Atdanyň garamaty meniň boýnuma ahyryn — diýip, Atda ýüzlendi. — Ylgap, ähli iç-goşum dökülip galdymyka öýdüpdirin. Gelnejeň gaýradaka yzyndan baranymy gören gaýynatam eli kepjeli yzymdan kowalanda-da şumatky ýaly ylgan däldirin. Sen bizi ylgap ýören sportsmene öwürýäň basym. Bar gaçan gapjyk eken, şoňa-da şükür. Ýöne bilen bolsam, öz gapjygym üçin-ä şeýdip ylgamazdym. Seniň niýetiň bizden sportsmen ýasamak bolaýmasyn. Ýalňyşma, inim, menden-ä hiç zat ýasap bilmersiň. Ýasasa, gelnejeň ýasardy — diýdi.

— Beýdip ylgamalam däl ekeniňiz, jan agam.

Atdanyň bu sözüne birazajyk demini dürsän Hemra illewiň jany ýandy. Başky sapaýyçylygy ýatdan çykan bolarly:

— Ylgamasam, Hemra agam alsyn diýip öňüme gapjyk oklajak bolup durmuň?

Komissiýa ýa birinji soragyna jogapdan kanagatlandy, ýa-da ýadady, ikinji soragyna geçdi:

— Ýitiren gapjygyň reňkini aýdyň.

Hemra illew:

— O gapjykda könelikden ýaňa reňk galmadyk bolmaly — diýdi.

— Dogry, reňk galmandyr.

— Dogry diýmäňiz näme? Dogry bolman, nä şu ýaşda sakgalymyň agy bilen seni aldar öýtdüňmi?

Komissiýanyň üçünji — iň soňky soragy:

— Gapjygyň içinde näçe manat bardy?

Hemra illew:

— Aý, oglanlar, onda üýtgeşik pul näme işlesin — diýip ýüzüniň derini süpürdi.

— Boşdumy?

— Boş-a däldir. Azda-kände bardy öz-ä.

— Näçe bardy? Hemra aga, siz maňa azda-kände bardy diýmäň-de, açyk aýdyň.

— Haý, oglanlar, keýpine ekzamen tabşyryp oturmaly ýigitler siz. Mugallym dagy bolan bolsaňyz, okuwçylaryňyzy bagyrdadybirdiňiz. Ekzamenden bir zat gören ýeriňiz bolmaly siziň.

Ekzameniň üçünji soragyna anyk jogap tapmadyk Hemra aga gara dere batdy. Işläb-ä däl, sebäp Hemra illew maňlaýyny derledip işlejek, işlän adam däl, çaý içibem

şonça derlemese gerek. Ol delalat gözläp ogullaryna seretdi. Uly ogly Ýolbars bir gyzardy, bir agardy. Titir-titir etdi.

— Men, oglanlar, şu ömrüme, Hudaýa şükür, gapjygymdaky pulumy sanan kişi däl. Hiç wagt sanap pul sowran adam däl. Çagalarym pul gerek diýse-de, gapjygymdan penjeläp, elime ilenini berip goýberýän. Şeýleräk adam men. Gelnejeňden başga biziň öýde pul sanaýan ýok. Aýalym mydama gapjygymy barlap dur. Gapjykdaky pulum azalyberdigi derrew pensiýa puluny gapjygyma menden ogryn salyp goýar. «Erkek kişiniň gapjygy mydama puldan doly bolmalydyr» diýýär. Bir döwletmen adam-a onuň aňyna şeýle döwletmen pikiri guýupdyr.

— Näme, özüňizi Beýtsdirin öýdýäňizmi? Pulumyň sanyny bilemok diýseňiz, Hemra aga, men-ä size ynanyp biljek däl.

— Üç ýüz manat töweregi-hä bolmaly. Indi ýadyma düşdi. Üç-dört aýky ýygnan pulum bolmaly.

— Onça pul ýok. Onda bu gapjyk siziňki däl, Hemra aga.

— Infarkt etmejek bolsaňyz, «Bu gapjyk siziňki däl» diýmäň. Häzir ganyma galarsyňyz meniň. Soň men direlmerin. Men gapjygymy tanaýan ahyryn.

— Içindäki puly bileňzog-a.

— Aýtdym-a üç ýüz töweregi diýip.

— Gapjygyň içinde bir ýüz ýigrimi üç manat bar.

— Onda ýüz ýigrimi üç manat galaýdymyka? Dogry, dogry, ýüz ýigrimi üç manat bolmaly. Indi ýadyma düşdi. Kempirime süýji-püýji alaý diýip beripdim. Mende huş barmy näme? — diýip, Hemra illew mydyrdady. — Atdanyň kakasyny adam etjek bolup huş galmady mende. Öň gaty ýatkeşdim. Köpeltmek tablisany doly ýatdan bilýädim. Atdanyň kakasy kolhozyň baş buhgalteri bolansoň, kynrak bir hasap bolsa, gelip menden sorap giderdi. Şoň üçin käbir aýlygyny başybitin maňa bererdi. Kertikden sorap görüň: «Kimiň hasabyna pensiýa ýaşyna çenli buhgalter bolup oturdyň?» diýip. Özi aýdar: «Hemra goňşym bolmadyk bolsa, bir aýam işläp bilmezdim» diýip. Mendeleýew diýen bir ors alymy bar diýýärler. Arada bilýän kişiler aýtdy, şonuň käbir açyşlary menden ogurlyk bolmaly.

Ýolbars penjeginden bir penje pul çykardy-da, «komissiýa» uzatdy.

— Bu näme?

— Gapjyga salsaň, kakamyň diýen puly bolar.

— Sen ondan haçan alypdyň? — diýip, Hemra illew oglunyň üstüne sürünen boldy.

— Kaka, gerek boldy-da alaýdym.

— O nähili gerek boldy-da alaýdym bolýar. Gerek bolsa, birugsat jübime giribermelimi? Maňa Rokfelleriň bar baýlygy gerek. Maňa dünýäniň gylla ýarysy gerek. Görüp dursuň, gerek eken diýip men hiç kimiň gapjygyna giremog-a.

— Ynha, yzyna gaýtarýan-a, biljegem däl ekeniň.

— Ogullarym çilen bolaýmasyn diýip, men indi haýsy jübimiň puluny sanap çykaýyn.

— Sen pullaňňy, köplenç, ýitirýäň-ä, kaka. Ine, alan pulumyň ýekeje manadynam sowmandym. Sowan bolsam, komissiýaň bu oglanlary hökman ynanmazdy. — Ýolbars kakasyny halas etmek üçin tapan çykalgasyna monça boldy: ýüz ýigrimi üç manat bilen köne gapjyk gazanan Hemra illew hem monça boldy. Ýüz ýigrimi üç manat men-men diýen gullukçynyň aýlygy ahyryn! Ýöne ogluna şübhe bilen seretdi. Ýolbarsy bir çete çekip, pyşyrdap sorady.

— Sen meniň pulumy haçan alypdyň?

— Jübiňde, heý, ýüz manadyň duran wagty boldumy seniň, kaka? Seniň jübiň mydama bilbiliň ketegi ýaly boş ahyryn.

— Sen, oglum, maňa ejeň gürrüňini gaýtalama. Men-ä indi öýe gaýtjak. Täze eýe tapylmanka öýe aşaýyn. Bu adamlarda ynsap ýok, hälki gapjyk meňki bolmaly diýip ters dawa etjegem tapylar. Baranymdan şu gapjygy otlajak. Jübiňden gaçýan gapjyk hürri ogul ýaly bir zatdyr.

*Ikinji kyssa*

## ATDANYŇ ÖZI BILEN IÇDÖKÜŞLIGI

Öz-ä basmaçyly döwür bolmaly: şeýledigi gelen atlylaryň egin-eşiklerindenem görnüp dur. Üçüsem murtly, üçüsiniň murtam Göroglynyň murtuna gaýry dur diýýär. Üçüsiniňem egninde göwşüllän gyrmyzy don, ezýaka köýnek bar. Başlaryndaky seçelenip duran gaba telpekleriniň aşagyndan hiç bir zatdan heder etmeýän, tüýs türkmen diýdirýän, içiňden-bagryňdan parran geçip gidýän ýiti gara gözleri lowurdap görünýär. Billerinden sapy sünnälenip edilen gezlik bilen keseligine şeýlekin gysdyrylaýan mauzere gözüň kaklyşandan depe saçyň düýrügip gidýär. Gaba telpekleriniň gapdalyndan bäşataryň ajal ysly nili garalyp, göreniň howuny basýar. Telpekleriniň, murtlarynyň reňki meňzeş bolansoň, ol ikisi bitewi bir başgap ýaly görünýär. Atlylar gaty hüşgär. Birden garaşylmadyk ýagdaý ýüze çykaýdygy darkaşa girmäge häzirdiklerini soragly nazarlaryna gözüň düşenden duýup bolýar.

Üç atly obanyň darajyk gumsalt ýolundan gidip baryşlaryna, göräýmäge, diňe ýöräp barýan ýoluna seredýän ýalydylar. Hakykatynda bolsa, diňe öňe seredýän nazarlary durşy bilen hüşgärlige öwrülip, diňe iki tarapyndaky biri-birine meňzeş çatmalary synlamak bilen oňman, yzlaryndaky ýagdaýy hem bütin durky bilen duýup barýardylar. Bu mahal olaryň diňe dideleri däl, on iki synasy durşuna göz didewanyna öwrülipdi. Haýsy bir egni gysyk gara öýden birgiden maňlaýlary gyzyl bäş ýyldyzlylar çyksa çykaýmalydy. Ýöne maňlaýy gyzyl matadan edilen bäş ýyldyz bäşatar, mauzer üçin gaty amatly nyşana diýen pikir atlylaryň aňlaryna juda berk ornapdy. Olar öýleriň daşyny däl, gidip baryşlaryna öýleriň içlerini hem parran görüp, öýüň içindäki adaty durmuşy synlaýardylar. Öýleriň içindäki dürli ahwalatlaryň ýekejesi-de olaryň ünslerini çekip bilenokdy.

Beýleki öýlerden hiç babatda tapawutlanmaýan daş-töweregi ýaňyja syryp-süpürilen gara öýüň deňinde atlaryň ilki biri saklandy, soňam yzky ikisi.

Atlylar biri-biriniň ýüzüne äňedişdiler. Ýeke bir agyz sözleşmänem düşünişdiler. Ätiýaçlyk üçindir-dä, olar gara öýi, onuň töweregini ýene bir ýola synladylar. Rozugärine çulum adamyň öýi bolsun diýdirýän öý, gurply bolmasa-da, öýüň daşyndaky ähli zatlar rejelije goýlupdyr.

Öýüň içinde bäş-alty ýaşlaryndaky agtygy bilen gözüň ýagyny iýip barýan sakgaly galkan deýin döşüni örtüp duran epeý goja tirsekläp hoşnut halda çaý içip otyr. Gapböwürde bili bükülen hor, garryja kempir öýüň iki erkek kişisiniň aman-esen owkat edinip bolaryna garaşýar. Ol öýüň erkek kişilerine nämedir bir zat gerek bolsa, salymyny bermän ýetirmäge taýýar. Erkek kişilere gerekli zat ýok, iýip-içer ýaly ähli zat saçagyň üstünde ahyryn.

Agtyjagyň päkize ýüregi karar tapanok:

— Ene jan, gel-dä, senem çaý içiber-ä.

— Bolmaz, balam, bolmaz.

— Bolman näme, iýiber senem.

— Ilki siz iýip boluň. Sizden galanam bor maňa. Birden gerekli zadyňyzyň bolmagy mümkin.

— Bize hiç zadam gerek däl. Hemme zadymyz bar. — Öz aýdany bilen enesiniň tötege el uzatmajagyny aňan oglanjyk atasyna delmirindi. — Ata, enemem biz bilen naharlanaýsyn-da.

— Aýal maşgala erkek kişiler bilen saçak başynda otursa, aýyp bor, ballyja.

— Enem-ä ol, enem-ä.

— Eneň aýal maşgala-da, ballyja.

— Bolanda näme! Enem biz bilen naharlanaýsyn-da, jan ata.

— Obada üstümizden gülerler. Sen entek iliň ýaňsysynyň nähili ajy bolýandygyny bileňok. Ýogsam, näme, eneňi ataň gowy görmeýändir öýdýäňmi. Eneňe men janymy ynanýan ahyryn. Ýurtdan çyksaňam, ilden çykma diýlenligi üçin özüme zor salyp saklaýan bu dessury.

— Jan ata, enem aç oturmasyn-da.

— Ynha, ikimiz naharlanyp bolarys welin, soň seniň eneň naharlanar. Sähel gijräk naharlanany bilen hiç zat bolmaz. Men seniň bilen naharlanyp otyryn-a. Birden seniň bilen naharlanyp oturanymy görselerem halamazlar. Ata-baba gelýän düzgün şeýle. Ilki öýüň eýesi naharlanmaly. Soň çagalar, çagalardan soň aýallar naharlanmaly.

— Ata jan, hiç kim görmez, enemem biz bilen çörek iýäýsin-dä.

Daşardaky atlylar goja kömege ýetişdiler:

— Biziň bilen habarlaşyň-how.

Daşardan ses eşiden oglanjyk ylgap daş çykmakçy boldy. Garry ene ony hazzar saklady. Birhaýukdan goja daş çykdy.

— Bir çäýnek çaýberermiň, ýaşuly?

Atlylaryň ikisi içeri girdi, biri atlary saklamak, daş-töwerege göz-gulak bolmak üçin daşarda galdy. Atlara ýüklenen ýük daşarda goýup içerik giräýer ýaly ýük däldirdä.

Oglanjyk ilki atasynyň ýanynda myhmanlara seredip otursa-da oturdy welin, soň onuň içerde içi gysdy. Gelenleriň seslerini çykarman, biri-birine örän ýakyn oturyp, howlukmaç çaý içmeleri gyzykly däldi. Ondan daşardaky atlara seredeniň gowy ahyryn. Oglanjyk daşary çykyp, üsti ýükli atlary synlady. Egni tüpeňli nätanyş bilen gürleşesi geldi. Olaryň nireden gelýändigini, atlarynyň üstündäki ýüküň nämedigini, egnindäki myltygyň atylýandygyny ýa atylmaýandygyny bilesi geldi. Ýöne nätanyş oglanjygyň soraglaryna oňly jogap bermedi.

Atlaryň ýanynda duran kişi bilesigeliji oglanjyga goltugyndan çykaryp guşjagaza meňzedilip daşdan ýasalan jürlewük berdi. Özem ony çalyp görkezdi, edil guş saýran ýaly bolýar. Haýsy guşuň sesine meňzetjegini welin, teý bilmedi. Ahyr olam belli boldy. «Daşguş». Atlara garawulçylyk edýän kişiniň içerdäkiler bilen çaý içesi gelen bolmaly, ol oglanjyk bilen wadalaşdy: birden kimdir biriniň gelýändigini görseň, jürlewügiňi çalgyn, men derrew daşary çykaryn. Oglanjyk baş atdy. Garawul bir käse çaý içmek üçin içeri girdi. Oglanjygyň welin, jürlewügini çalasy geldi. Çalynmasa ondanam bir jürlewük bolarmy?! Garawul bilen eden ähdini unudyp, oglanjyk jürlewügini heziller edip çaldy. Gara öýden üç kişi ýaraglaryny gezeşip atylyp çykdy. Töweregine garanjakladylar. Daş-töwerekde bolsa yns-jyns ýok.

— Näme üçin çaldyň, hiç kim ýog-a!

— Gaty oňat saýraýar gerek?

— Dogrudanam gaty gowy saýraýar. Biz-ä bilmändirisem.

— Yzyna aljakmy?

— Türkmen beren zadyny yzyna almaýar.

Ýaňyja enesine atasy bilen naharlanmagy gadagan eden türkmene nägile bolan oglanjyk türkmeniň tüýdük meselesindäki tarhanlygyna guwandy. Şonuň üçinem tüýdüginiň hatyrasyna başky dessury üçin türkmeniň günäsini geçdi.

Myhmanlar oglanjyga nätanyş görünmese jürlewük çalmaly däldigini öwran-öwran nygtap, ýene içerik girdiler. Guş saýratmak höwesi welin oglanjygy alas-gopas edip başlady. Onuň şeýle bir guş saýradasy geldi welin, ol ozal hiç wagt hiç bir zady şeýle güýçli islemändi. Oglanjygyň erkinden islegi rüstem çykdy: myhmanlaryň nätanyş görünmese jürlewük çalmaly däldigi hakdaky nygtamalary ýatdan çykdy.

Daşguş ýene saýrap ugrady.

Myhmanlar ýene atylyp daş çykdylar. Oglanjygyň atasy azmly seslendi:

— Getir şol guşuňy!

— Ata, senem çalyp görjekmi? Men çalyp görkezeýin.

— Getir şol guşuňy!

Goja daşguşjagazy daşyň üstüne batly urdy. Daşguşjagaz bölek-bölek boldy.

Oglanjyk beýle-beýle bolar öýtmändi. Bilen bolsa, ol ýurtdan çykyp gaçmaga razydy.

Oglanjygyň gan-petden aýrylyp durşuny gören hälki daşguş beren töwella etdi:

— Sen gynanma, mende ýene biri bar. Saňa häzir şony beräýerin. Ýöne çalmajakdygyňa söz ber.

Ýaňy paýrap dökülip ugran gözýaşyny saklap bilmän duran oglanjyk ýyrş-ýyrş edip baş atdy.

Daşguş beren kişi atyň eýeriniň ganjygasyndan asan haltasyny dörmek dördi. Ýöne arzuw edilen ikinji daşguş tapylmady.

Myhmanlaryň ynjalygy bolmady. Olar atlarynyň ýüklerini öýe saldylar. Şondan soň ýazylyp-ýaýrap çaý içmäge oturdylar.

Oglanjyk, barybir, sessiz oňmady. Ýürekden söýen daşguşunyň zaryny çekip aglady.

Myhmanlar çaý içip bolanlaryndan soň, öýüň ähli goş-golamyny daşary çykardylar-da, içerden gazmaga başladylar. Oglanjyk aglap-aglap gözlerini çişirip gelende myhmanlar ýanlaryndaky ýüklerini öýüň içinde gömüp, içeriniň ähli goş-golamlaryny ýene öňküsi ýaly ýerbe-ýer goýuşdyryp ýördüler.

— Jigim, sen bize adyňam aýtmadyň — diýip, daşguş beren kişi oglanjygyň başyny sypady.

— Aýtjak däl.

— Sen gaharlanma. Geregiň guş bolsun. Ine, biz uzak bir ýere ýurt tutmaga barýas. Şondan gelenimizde, biz saňa bir guşa derek ikisini getirip bereris.

Oglanjyk basym daşguşly boljagyna begenmek begendi. Ýöne onuň begenmesi uzaga çekmedi. Obanyň oglanlary bilen çekene mallaryny baýra äkidenlerinde dagyň eteginde aýylganç bir wakanyň üstünden bardy. Üç sany adamyň maslygynyň daşynda siňekler waz berýärdi. Oglanlar okdan ýaňa persala bolan kişileri synladylar. Oglanlaryň birem olary tanamady, öz obalaryndan däldigine begendiler. Oglanjyk welin, ol üç kişini tanady hem gynandy. Olar daşguş getirmeli kişilerdi. Oglanjyk indi daşguşuň gelmejekdigine gynanyp aglady. Ol atasyna dag eteginde gören zatlaryny ýüregi ýarylan dek bolup, sakyna-sakyna aýtdy.

Üç kişiniň gelmejegini bilse-de, goja öýüň içine gömen bäş-alty halta baýlygyna el urmady. Ýogsam bir döwüm tötek tapman oturan uçurlary örän kän boldy. Enesi hem baýlygyň yzyndan gelinmejegini, şonuň üçin şol baýlykdan öz zerurlygyna ýaradylsa kem bolmajakdygyny ýagşydan-ýamandan bir gezegem atasyna ýaňzytmady. Är-aýal uzak ýaşasa olaryň diňe bir edýän pikir-hyýallary däl, ýüz-keşmerlerem biri-biriniňkä meňzejek eken.

Oglanjygyň durmuşynda daşguşjagaz ýatdan çykmajak ýatlama boldy. Ol daşguşjagazy jürküldedip uzyn-uzyn saýradan sähel salymlyk pursadyny sähel maý tapdygy heziller edip ýatlady…

Atda tapagan bu oglanjykly wakany göz atuwyna getirip oturyşyna daşguşjagazyň saýraýşyny eşiden dek boldy. Ol giň otagyň içindäki ullakan aýnanyň öňünde durup üç atlyny, oglanjygy ýene hyýalynda janlandyrdy. Bu wakanyň aňynda peýda bolmasynyň sebäbine düşünmäge çalyşdy. Bu ýakynda gören çeper filmim bolaýmasyn diýip oýlandy, beýle filmi haçan görendigini hakydasyna getirjek boldy. Ýok, bu görlen kino-ha däl. Atda şeýle epizodly kitaby ýatlajak boldy. Şol döwür

hakda «Doganlardan», «Welaýatdan» başga roman okamandy. Ol iki romandaky wakalary, näçe wagt geçenem bolsa, jikme-jikligi bilen bilýärdi. Olarda beýle waka ýokdy.

«Şol oglanjygyň kimligini saňa bilmek hökmanmy?»

«Aý, hökman-a däl».

«Atlylaryň atlaryny, oglanjygyň adyny bilmäniň üçin seni türmä basýan däldirler-ä».

«Ýok-la. Kellä gelýän üzlem-saplam, alasarmyk hyýallar kän. Olaryň haýsy biri üçin meni günäkärlejek, onsoňam meni kim günäkärlesin. Kellä gelýän günä, nädogry pikirler üçin türmä dykylýan bolsa, onda adamlaryň bary perişdeleri bilen türmede bolardy. Otuzynjy ýyllaryň wakasynyň meniň aňymda peýda bolmasyna geň galaýdym. Men ol wakanyň nirede bolanynam bilemok. Öz-ä Köpetdagyň etegindäki bir obajyk. Ol adamlaryň, Hudaýyň haky üçin, biriniňem adyny bilemok».

Aýnadaky Atdanyň gahary geldi:

«Gaty görseňem ýüzüňe aýtjak. Bolşuň akyly ýerindäki adama meňzänok».

«O gün-ä meni öwdüň. Akylly diýdiň. Sen ýatkeş diýdiň. Maňa häzirki zaman Hatam Taýy diýdiň. Seni görse, Hatam Taý hem elini göterer diýdiň. Seniň eliňem, syrtyňam açyk diýdiň. Başga-da meniň gaty köp gowy taraplarymy aýtdyň. Hemmesi ýadymda dur. Seniň ol sözleriňi Magtymgulynyň goşgularyny ýat tutan ýaly ýat tutdum-a men. Aýt diýseň, hemmesini başdan aýdyp bereýin».

«Maňa gerek ýeri ýok onuň. Uzyn boýuň bar. Özem daýaw sen. Geraklam bolsa sençeräk bolandyr-da. Görogly begiňki ýalak murt goýberseň nähili bolarkan-aý?»

«Murty halamok, eşidişime görä, iň züwwetdin kişiler züwwetdinligini ýaşyrmak üçin goýýarlarmyş ony. Üç sany gullukdaşymyň murty bardy. Şolar-a Hakykatdanam gorkakdylar. Murt sözüniň terjimesi men gorkak däl, batyr diýip ýalan sözlemekdir. Batyr adam batyrlygyny tekrarlamak üçin ýüzüniň gylyny ösdürip oturmaz. Adam mydama nämäni başarmaýan bolsa, şol zady tötänleýin oňaraýsa, oňardym diýip, köplenç, öwünýändir. — Atda filosof deýin gözlerini süzüp, elini edil talyplaryň öňünde leksiýa berýän dek galgatdy.

«Niçik? Filosofiýamy nähili görýäň?»

«Akylly ýigitdigiň ýüz-gözüňdenem bildirip dur. Men-ä saňa akademiklik at berilse-de bolarmykan diýýän. Okaňda filosofiýadan diňe bäşlik aldyň».

«Akademiýa eltip, özem Moskwanyň akademiýasyna eltip, iň güýçli filosoflar bilen jedel etdirseler, birinem gürletmen».

«Urjakmy?»

«Urjak däl, jedelde ýeňjek. Eger islesem, Gegeliň, Kantyň pikirleri esasynda täze taglymatam döredip biljek men».

«Başyňa kelleagyry satyn almasana. Yzarlajak, ýanajak köp bolar».

«Ýungyň, Şopengaueriň aýallar hakdaky pelsepeleri esasynda-da taglymat döredip biljek men».

«Rast, aýallar konsepsiýasyny döredip bilýän bolsaň, ömrüňi Şopengauere meňzetmän, özüňe bir gözel ýar tapsaň bolmaýamy? Ähli filosofiýaňy bir uzyn saçly ýara bagyş et. Meniň öňümde sömelip duranyňdan Hemra illew ýaly aýalyň öňünde sömelip dur».

«Wah, ýürejigim bolduň, Atageldi jan. Gujagy, jübüsi boş bolmaly ýigit däl-ä men — diýip Atda «ikinji» Atda mähir bilen bakdy. — Ynansaň men durmuşda hemme zady oňarýan. Islän zadymy tapyp bilýän. Ýeriň aşagyna bir zat gömüp goýsalaram taparyn. Asmanyň bäşinji ýa altynjy gatynda bir zat gizleselerem taparyn. Çünki men tapagan. Göni tapaýýan men. Ýöne öz bagtymy welin, tapyp bilemok. Gujagymy doldurjak ýarymy tapyp bilemok. Ähli zady tapýan Atda tapagan bagtyny — söwer ýaryny tapyp bilenok diýseler kim ynanar?»

«Men-ä ynanmaryn».

«Ynan, Atageldi, özüme mynasyp gyz küýseýän?»

«Saňa mynasyp bolmak üçin ol gyz nähili bolmaly? «Är dannan gyz ärsiz galar» diýýär ejem. Senem dannap ärden galýan gyzlar ýaly bolaýma? Ulumsylyk edip, gyzlara piçjiň atýan bolaýma?»

«Nätdiň-aý, Atageldi, sen meni tanaman durmuň? Maňa beled-ä sen. Hiç wagtam ulumsylyk edemok. Mekdepde söýdüm birini. Bilýäň-ä özüň. Ýöne men onuň elindenem tutup görmedim. Ony özümiňkidir öýtdüm. Kakasy haýyna-waýyna bakman, äre beripdir. Şondan soň ömrümi müjerret geçirmeli diýen karara gelim. Owganystana gitmegimiň bir sebäbem Bahargül ahyryn. Bahargül meniň durmuşymyň baharynam, gülünem özi bilen äkitdi. Durmuşyň gyzygy, öwüşgini Bahargül bilen gitdi. Bahargül meniň aň-huşumam özi bilen äkitdi. Men indi aňkasyz mangurt ýaly bir göhert».

«Ýaňyja-da keýpiň kökdi-le seniň. Näme aglajak bolýaňmy? Ýaňky samsyk diýenimi subut etjek bolýaňmy?»

«Bahargül ýadyma düşse, maňa şu giň otag, giň dünýä darlyk edýär. Onsoň möňňüripler aglasym gelýär. Bahargül üçin, gör, men näçe gezek agladym. Özem seniň ýanyňda agladym. Bileje agladyk. Maňa käte: «Sen gaty biperwaý, dünýä piňiňe däl» diýýärler. Bahargülden soň dünýe perwaýyma bolup bilermi? Şahyr: «Şahyrlyk ýangyndan başlanýan eken» diýýär. Men ýangynymy kagyza geçirjek bolup durman, seniň bilen paýlaşdym, Atageldi jan. Her kim ýangynyny özüçe egisýär. Kim ýangynyny dutar çalyp egisýär, kim goşgy goşup, kim «Isgenderiň şahy bar» diýen ýaly joşgunyny guýa aýdýar. Eger sen bolmadyk bolsaň, onda meniň ýüregim darka ýarylardy. Men muny lap edip aýdamok. Gara çynymy aýdýan».

«Ejizlejek bolmak saňa gelişýän däldir, Atda han. Hany, bir ýylgyr».

«Bumat ýylgyr diýme, Atageldi. Owganystandan gelemsoň, ýadyňdamy, ýolda Bahargüle sataşdym».

«Elbetde, ýadymda, elinde bir burny sümüklije bardy. Men-ä ony görüp tanadym. Ol öňki Bahargül däl, garry mama öwrüläýipdir-ä görgüli».

«Garry mama öwrülenem bolsa, men ony görenimden tanadym. Ýüregimi pökgi deýin bökdürýän şol owadan gözleri göni ýüregime girdi. Aýaklarym

saňňyldady durdy. Tahyram, Garybam, Artygam, Romeo hem, Otello hem, Perhat hem söýgülilerini mençe güýçli söýen däldirler. Men, gör, näçe gezek özümi öldürjek boldum».

«Bahargülüň ýanynda masgara bolduň-laý, sen, Atda han».

«Saklanyp bilmedim. «Sallah gezip ýörmän, öýlen, Atageldi. Eger isleseň, men saňa owadan, seni bagtly etjek gyz tapyp bereýin» diýmedik bolsa, aglamasam aglamazdymam. Onuň şol birmahalky mylaýym sesini eşidenimde gözýaşymyň nurbady açylaýdy. Oňa: «Indi meni bagtly edip biljek gyz bolmaz» diýjekdim. Kemligim tutup maňa hiç zat diýdirmedi. Ol bolsa, meniň hamsygyp durşumy görüp jak-jak edip güldi. Onuň gülküsi bagrymy dilim-dilim etdi. Göwün aýna diýýärler. Göwnüň aýnadygy dogry eken. Bahargülüň gülküsi daş bolup meniň göwnümiň aýnasyny döwdi. Şonda gözlerimden akan ýaşlar, gözýaş däldi. Olar döwlen göwnümiň jäjekleridi.

***Üçünji kyssa***

## ATDA TAPAGANYŇ TERBIÝELENIŞI

Her kim içerdäki zatlary paýlaşjak bolup gara başyna gaýdy. Atda gelenini bildirjek bolup birki gezek ardynjyrandan soň, öýdäkiler ony gördüler.

— Ine, söwer inimiz Atda janyň özem geldi. Goý bu zatlary söwer inimiz öz elleri bilen bize elin paýlasyn — diýip, uly bir etmişiniň üstünde tutulan dek öňki lowurdap duran ýüzi bir gyzaryp, bir gögeren, mapraç Senem

> *Aýsenem (il arasyndaky ýörgünli ady Senem başlyk) Kertik gyzy özüne göwni ýetýän aýal. Adamsy Gaýyp kolhoz başlygy bolansoň, onuň zada mätäçligi ýok. Şonuň üçin käbir ýalýagylar obada bir bolgusyzja gürrüň ýaýradypdyrlar: «Kolhozda Gaýybyň diňe ady başlyk, kolhozy dolandyryp ýören Senem başlyk». Bu zamanyň adamyna puldan-beýlekiden öň, hemme zatdan öň gybat-gürrüň gerek. Delje gürrüň tapsalar, jynazanam ertire geçirjekler. Ine, Semeniň ýanjap-ýanjap aýdýan pikiri. Jany ýanýar onuň. Ýanmaz ýalam däl. Ol-a kolhozyň adamlaryna gowusyny edýär. Adamlaram onuň gybatyny edýär. Senem adamsyna goldaw berýär. Köneden gürrüň bar-a, bir kelleden iki kelle gowy diýip, Senem hem adamsyna käbir meselede eýt-beýt diýip käte sähelçe maslahat berýär. Senem kolhozyň ähli meselesine goşulyp duranok. Ähli meselesine däl! Diňe adamsynyň sala salýan meselesine goşulýar. Onsoňam Semeniň ýanyna ol wezipe gerek, pylan meselede kömek et diýip, käte ýüzünden geçip bolmajak adamlar gelýär. Senem hem olaryň haýyşyny adamsyna ýetirýär. Ine, bar bolany! Bu ýerde näme erbetlik bar? Adamsy bilen başlyk-maşyna münüp, atyzma atyz, obama-oba aýlanýan bolsa, onda Seneme başlyk diýse-de bolar. Gaty gidýär*

*diýip gybatyny etse-de bolar. Käbir baý-feodal garaýyşly erkekler bar. Ana, şolar gybat edýär. Aýallara baý-feodal gözi bilen seredýär. Olar aýallaryň durmuşyň manysydygyny bilenok. Entek aýallar erkekleriň gözlerine basyp, durmuşdaky öz hakyky beýik ornuny eýelärler. Ýurtda aýallaryň beýikdigine ilkinji bolup düşünen Mihail Sergeýewiç boldy. Ol daşary ýurtlara gidende hökman aýaly Raisa Maksimownany hem alyp gidýär. Bileje ýurdy dolandyrýarlar. Ýogsam, SSSR ýaly uly döwleti dolandyrmak bir erkege agyr düşjegi görnüpjik dur. Gaýybam Mihail Sergeýewiçiň ýoluny ýöredýär. Nesip bolsa, bu kada entek kanuna öwrüler. Erkekleriň aýallaryň beýikdigini boýun alaslary gelenok. Senem ýeke gezegem adamsynyň maşynyna münüp atyzlara aýlanmady. Şonda-da adamlar bolsa gürrüň edýämişler: hamala Senem-ä başlyk-maşynyň öňünde, Gaýybam yzynda otyrmyş. Senem Gaýyba görkezme berýärmiş: «Bu atyza azot beriň, bu atyza suw beriň» diýip. Gaýybam eli depder-galamly ähli görkezmeleri ýazyp otyrmyş. Elbetde, Senem oba hojalygyndan gowy baş çykarýar. Ömrüni kolhoz işinde geçirdi ahyryn. Mekdepde okaýarka-da kolhozda işleýärdi. Ol haýsy atyzyň näçeräk hasyl berýändiginem bilip dur. Adamlaryň bilgeşleýinden üns bermeýän bir hakykaty bar: Gaýyp başlyk hem gowşak ýolbaşçy däl. Ol oba hojalygyny Senemçe bilýär. Ondan hem gowy bilýär. Ol ýokary bilimli agronom. Gyzyl diplomy bar. Senem başlygyň berk ynanjy bar; haýsy öýde erkek erkek gedemligini etmän, aýaly bilen äbede-jüýje bolup, ähli işde maslahatlaşsa, şol hojalyk baý bolar. Gaýyp başlyk dagy gurply ýaşaýar. Sebäbi näme? Gaýybyň başlyklygy üçinmi? Ýok, aýaly bilen agzybir ýaşaýandygy üçin. Hudaý her hojalyga rysky aýal maşgalanyň üsti bilen paýlarmyş.*

*Kolhoz başlygyň aýaly bolsaň, eliňden gelmeýän zat barmy näme! Kolhoz başlygynyň elinden käbir zatlaryň gelmezligi mümkin, ýöne Senem başlygyň elinden gelmeýän zat ýok. Şonuň üçinem ol elinden gelýän zadyny etdi: körpe dogany üçin iki sany üzümiň suwy ýalyjak gyzy saýlady. Kanun göterenok-da, ýogsam Senem başlyk olaryň ikisinem Atda jana alyp berjek. Hersi üçin köşk ýaly öýem gurup berip biljek. Sebäp olar eliňden sypdyrar, başga dözer ýaly däl. Özem olar obadaky iň owadan, iň edepli gözeller. Atdanyňky aňsat, ol ejekesiniň saýlan iki gözeliniň birini barmajygy bilen görkzäýmeli. Bolany. Galan zady — raýona ýaň berdirip toý etmegi, ol toýa-da raýkomyň birinji sekretaryny getirmegi, Öwezgeldi Tekä aýdym aýtdyrmagy Senem oňarjak. Özem aňryýany bilen oňarjak! Bu gün ol inisine şol iki perizadyň birini saýla diýip aýtmaga gelipdi.*

elindäki zatlaryny taşlady-da, körpe doganyna bakan ýöneldi:

— Doganjyklarym gelipdir meniň — diýip, Atda begenen boldy. — Dary seperdim geljegiňizi öňden bilen bolsam.

— Daryň özüňde durubersin, bäş-alty ýyldan soň öýlenmeli dagy bolsaň, özüňe gerek bolar, bize häzirlikçe şu alan zatlarymyz hem bolýar — diýip, gara dere batan Mämmet

*Mämmetgeldi Kertik ogly — 1950-nji ýylda doglan. Käri gidromeliorator, Raýwodhozyň başlygy. Puly gowy görenok, pul eliň kiri diýmegi halaýar. Ýöne «eliniň kirini» köpeltjek bolup, ertirden agşama çenli it gyrkýar. Mämmet bilen Atdanyň arasynda soňlanmaýan şeýleräk dawa bar: «Mämmet, seniň diňe eliňi däl, ýüregiňem kir baglapdyr». «Haý, samsyk inim, sen mekdepde tebigat kanunyny okamadyňmy?» «Fizikanymy?» «Eger iki sany položitel zarýad bolsa, onda toguň ýoklugy. Toguň bolmagy üçin bir položitel, birem otrisatel bolmaly. Bu Hudaýyň kanuny, Omuň kanuny däl. Meniň elim kir bolsa, ýüregim arassa bolmaly, ýüregim kir bolsa, onda elim arassa bolmaly. Iki plýus otrisatel netijäni berýär. Durmuşyň kanuny onuň şu kanunyndan başlanýar. Ýöne ony okamagy başarmaly». Kä gije daňdana çenli dawa edýärler. Mämmet inisini gowy görýär, eziz görýär. Ony öz ýoluna saljak bolýar. Atda-da oňa garşy. Ana, şonuň üçin olaryň agzalalygy şu güne çenli galman gelýär. Mämmet inisine käýinýär, käýinýär. Aý, indi urar diýip durka-da, Mämmet: «Doganjygym meniň!» diýip, Atdany berkden-berk gujaklap ogşaýar. Dünýäde dogandan gowy näme bar?! Mämmet garşysyna gidilse halanok. Oňa köpler dilewar diýýärler. Ýöne ol özüni dilewar däl-de, filosof hasaplaýar.*

gaty arkaýyn.

— Ýitigiňizi tapaýdyňyzmy?

— Dogan bolsagam tapawudymyz bar: sen-ä köçeden tapýaň, bizem içerden. Ýöne çolpyňy dolduryp duran oňaýly zat ýok. — Oraz

*Orazgeldi Kertik ogly — 1954-nji ýylda doglan. Ýokary bilimli. Geolog. Şäherde haýsydyr bir ylmy-barlag edarasynda işleýär. Näme işleýändigini özem, edarasam bilenok. Ýöne Orazyň bar pikiri-köçesi täzeje ak altynjy «Žiguly» edinmekde. Onam Atdanyň knişgesiniň hasabyna edindi. Indi ol maşynyndan uzaklaşanok. Bar pikiri özi. Eliniň egrisi özüne, juda baýasy gelýär. Gije-gündiz baýamagyň ýollaryny gözleýär. Kitap okanda-da, kino seredende-de, baýamagyň ýollaryny agtarýar. Eger baýamagyň ýoluny öwretjek diýse, ol paý-u-pyýada Amerika gidip gelmekdenem ýaltanjak kişi däl. Özüne bir peýdajygyň bardygyny aňsa, ýakalaşmakdanam, sögüşmekdenem gaýtjak ýigit däl. Ýöne, näme üçindir, näçe yhlas etse-de baýaberenok. Ol oba gelende hiç mahal boş gaýtmaýar. Ejesiniň saçagyndan çörekleri äkidýär welin, şähere boş gaýtmaýar. Bir görseň, şu çemçe-çanagam meňkidi diýip, gözüne yssy görnen çemçäni göterip barýandyr, bir görseň, ejesiniň aşpyçagyny göterip barýandyr. Aýjan eje şähere oglunyň*

*öýüne baranda: «Wiý, bu zadymyz bäri düşäýipdir-ow» diýip, ýitdi diýýän zatlary öňünden ýöne kömelek deý çykyp dur, çykyp dur, içeri asyl öz hojalygy ýaly bolup dur. Oraz awtobusa berjek puluňy maňa beräý diýip, ejesiniň iň soňkuja puluny-da alyp, özi ony öýüne getirip gidýär. Aňynda puldan başga, Hudaýyň haky üçin, ýekeje zadam ýok. Atdanyň tapýan zatlarynam ol, köplenç, Atda ýok wagty maşynyna ýükläp göni alyp ötägidýär. Gysgaça aýdanyňda, Atdanyň tapýan zatlarynyň, başarnygynyň hözirini Hemra illew bilen Oraz görýär.*

inisini ilkinji gezek görýän ýaly, çiňerilip bakdy.

— Ýoldaş komandirler, siz meniň zadymy däl-de, nätanyş adamlaryň zadyny alaýan ýaly-la?

Içerdäkiler Atdanyň şu sözi diýjegini öňünden bilýärdiler, şoňa-da taýýardylar. Mämmet bilen Oraz ýaryşýan dek, gezekleşip gürlediler. Oraz diýdi:

— Ol-a nätanyş kişiniňki eken, edil seniň özüňki bolsa-da, nesip etdiginden aljak.

Mämmet diýdi:

— Biziň üýtgedip gurmak döwrümizde kişiniň zady bilen öz zadyňa çäk goýup bilýän bolsaň, sen zor. Kişiniňki bilen özüňkiniň arasyndaky çäk bireýýäm ýitdi ahyryn, jan inim.

Oraz diýdi:

— Biziň öýümizde nätanyş adamyň zady bolmaz.

Mämmet diýdi:

— Dogry şol, biziň öýümizde nätanyş adamyň zady bolmaz. Öýümizdäki zatlar — Allanyň bize eçilen peşgeşleridir. Allanyň eçilen peşgeşini alyp bilmezlik — mahluklykdyr.

Atda iki agasynyň garşysyna gitmegiň kyn boljagyny bildi. Bilse nätsin, olar bilen düşünişjek bolmakdan gaýry çäresi ýok onuň.

— Öňüňizde tutup duran zatlaryňyz-a meniňki däl. Kakamyňkam däl, ejemiňkem. Olary men ýoldan tapdym. Eýelerini tapyp bilmänimden soň, wagtlaýynça öýe getirdim. Men bulary eýelerine gowşurmakçy.

— Eýeleri biz-dä şu zatlaryň. Şu zatlar biziň ýitirip, soňundanam tapyp bilmän ýören zatlarymyz. Saýlap diňe öz zatlarymyzy aldyk. Bize kişiň zady gerek däl. Sen şonam bileňokmy?

Mämmet Orazyň sözüne dyngy bererine mähetdel kinaýaly gürledi:

— Hudaý biziň ryskymyzy köçä taşlaýar. Saňa-da tapdyrýar. Hudaý bize nesibämizi seniň üstüň bilen berýär. Biziň ryskymyzy doganlaryňa gowşur diýip, seniň öňüňden çykarýar. Ýogsam, öňüňde bu berekediň çaşyp ýatmajakdygyna akylyň ýetmeli seniň. Sen şony bileňok? Hudaýa şükür, biz zada mätäç däl. Dokuzymyzam düzüw, onumyzam. Ýöne Hudaýyň berenini almazlyk etmäli diýdik. Bu alan zatlarymyzy garyp-gasarlara paýlamagymyzam mümkin — diýip, Mämmet örän höwesek gürledi. Doganlar bar umydyny Mämmede baglap, jedelde Mämmediň

ýeňmegini dileg etdiler. Mämmet bir zat diýdigi ýerli-ýerden goldadylar. Her sözüni bäş-alty gezek makullap, bäş-alty gezek hem baş atdylar.

— Her zat ýitiren gelip zadyny tanap alyp gidip dur. Alkyş baryny aýdýarlar.

Oraz diýdi:

— Bizem şol ýitigini alyp gidýänler geldi diýip hasaplaý. Onsoňam saňa alkyş gerek bolsa, biz ony saňa eçiläýeris. Geregiň alkyş bolsun.

Mämmet diýdi:

— Seniň alkyşa mätäçdigiňi bilmändiris, inimbaý. Ýogsam bizem, Hudaýa şükür, birki adamça alkyş aýdyp bileris. Isleseň, ýeke-ýekeden ýa hor bolup edil şumat saňa alkyş aýdyp bereli. Özem biz gül ýalak alkyş bilýäs, hezil edersiň.

— Maňa siziň alkyşyňyz gerek däl.

— Hä, doganyň alkyşy ýöremeýärmi?

— Ýedi ýady tutup getirip, saňa alkyş aýtdyraýaly, şuny men guraýyn — diýip, Oraz hyzmatyny hödürledi.

— Maňa ýedi ýadyň alkyşam gerek däl.

— Gerek däl diýme, eçilip duran wagtymyz alsaň-a gowy bor. Biz jan ýalyjak doganymyz üçin alkyş gysganjak adamlar däl.

Mämmet diýdi:

— Atageldi jan, gel düşünişeli, sen bizden özüňe duşman ýasanjak bolma. Bilseň, biz saňa iň ýakyn hossarlar. Biziň saňa ýamanlygymyz ýok. Ýöne açyk aýdaýyn. Seniň bolşuňy halamzok. Sen bize açyk aýt: sen indi Hudaýdanam akyllymy?

— Näme diýjek bolýaň?

— Görýäň-ä Hudaýam soňky döwürde hiç kime hiç zat berenok. Hudaýam Tokar magazinçi ýaly gysganç. Senden başga ile zat paýlajak bolýan ýok. Ýa soňky döwürde sen Hudaýyňam funksiýasyny ýerine ýetirjek bolýaňmy? Hudaý bermän durka, seniň ile zat berjek bolmagyňa hiç düşünip bilemok.

— Wah, Mämmet jan, sen muny adamdyr öýdýäň — diýip, Oraz odandy. — Owganda mina ýarylanda akyly üýtgäpdir-ä munuň. Munuň oturmaly ýeri dälihana. Ynan-how, aýna seredip, öz-özi bilen gürleşip otyr bi. Heý, akyly ýerindäki adam aýna seredip özi bilen gürleşermi?

— Oraz, sen Atageldi jana dogry düşün. Bu görgüli ýeke. Atdanyň ýaşynda ýekelik iň agyr jeza. Içi içine sygýan däldir jigimiziň. — Senem başlyk körpe jigisini ilkinji gezek görýän dek, boýdan-başa içgin synlady. — Atageldi jan, sen näme tapsaň, öýe getiriber. Biz tapan zatlaryň deregine şeýle bir üýtgeşik zat tapyp bereris welin, bütin ömrüňe bize alkyş aýdyp geçirersiň. Diňe özüňi tapagandyryn öýtme, bizem tapaganlardan. Özem biz senden gowurak tapagan. Biziň tapanymyzy duluňa geçireniňden soň, nädersiň, bir zat tapsaň, bize gowşurmak üçin ylgaberseň.

Senem başlyk bu sözlerine Atda begener, minnetdarlyk bildirer öýdüpdi. Atda edil eşitmedik ýaly, Senem başlygyň sözüne ähmiýet bermedi:

— Doganlar, hany, alan zatlaryňyzy alanja ýerinde goýuň. Beýdişip, gykylyklaşyp durmalyň-la.

— Biz-ä gykylyk gerek däl. Bizden partiýaň talaby-da şeýle. Ähli jedelli meseleleri hiç hili dawasyz, ylalaşykly ýagdaýda çözmeli diýip, bizden talap şeýle. — Oraz bu sözleri diýse-de diýdi welin, eýýäm gaharynyň gelendigi duýulýardy.

— Onda goýuň-da, alan zatlaryňyzy.

— Be, Mämmediň janyndan syzdyryp aýdan sözleri, Senemiň aýdan hoş habary saňa birjigem täsir etmedi. Saňa göni aýdaýyn Atda, ýerinde goýuň diýip, doganlaryň ýüzüne gelip ýer depip durmaňa meniň gaharym gelýär. Näme tapsaň, ile paýlaýaň. Egniňdäkinem ile berýäň. Aýlygyňam öýe getirmän, ile eçilýäň. Biz näme, pislenen adamlarmy? Sen näme, bizi çagadyr öýdýäňmi? Bu zatlary alan ýerimizde goýjak bolsak, almasagam bolardy. Alanymyzda ýerinde goýmajak bolup aldyk.

— Jaýyň içini tertibe saljak bolup aldyk. Sebäbi jaýyň içiniň tapyndylaryna derek janly tapyndy goýmak isleýäris. Janly tapynda ýer tapylman durmasyn diýdik. Sen maňa alkyş aýt. Orazyň diýýän şol janly tapyndysynyň ýanyndan gelýärin häzir.

— Senem, çynyňmy? — Mämmet ýylgyrjaklady. — Öýlenemsoň owadan gyzlar köpelip ugrady.

— Atageldä niýetleýän janly tapyndymyzyň owadanlygy üýtgeşik. Ýüzünden gözüňi aýyrman, ýöne seredip oturmaly. Onuň ýaly owadan gyzy men hindi kinosynda-da göremok.

— Bä, bu sähnäniň bagty çüwse-de çüwäýer-how. Ýöne özüm-ä ärden galan juda bigörk bolsamam şuňa gelmezdim. — Oraz inisine seňrigini ýygryp seretdi.

— Doganymyzyň ýigit kemi ýokdur. Munuň ýaly ýigit tapsalar, gyzlar böke-böke-de geler.

— Gyzlarda akyl ýok. Şuňa durmuşa çykmaga razy bolan gyzda-ha jinnek ýalam akyl ýokdur. Gaty bigörk bolaýanyňda-da muňa durmuşa çykmaly däl-ä. Senem bolsa, o bagty ýatjak biçäre owadanam diýýä. — Oraz hyrçyny dişledi. — Haý, gyzlaryňkam aňsat däl. Bir bagty ýatan şunam söýmeli-dä! Özüne är edinmeli-dä? Aýalym mendenem zeýrenen bolýar. Şu dagy bilen deňeşdirende, men şakolad ahyryn.

— Nätdiň-ä, Oraz, sen Atageldi janyň nämesini halaňok? Uzyn boýly, ala gözli, mähirli ýigit. Seni dagy bir elinde göterer. Hindistanyň bir obasynda gyzlar saýlaýan ekenler özlerine mynasyp ýary. Şo ýerde bolsa, Atdanyň üsti gyzyl el bolardy.

— Mämmet ikiňizem aýalsyz galardyňyz diýjek bolýaňmy? — diýip, Oraz nägileligini ýaňzytdy.

— Ýok, men hiç zadam diýjek bolamok. Ýadyma düşdi-de, aýdaýdym. Atda janyň gowy ýigitdigini nygtajak bolýan. Bilýäň, Owganystana gulluga saýlap-saýlap, iň daýaw ýigitleri alýardylar. Biziň söwer inimiz türkmeniň iň sagdyn, daýaw ýigitleriniň sanawyna düşdi. Edil Wan Damm, Şwarsneger ýalag-a biziň inimiz. Onsoň şeýle sanawdaky ýigide gyzlar näme üçin durmuşa çykmazmyş?! Ýokary bilimi bar, özem gyzyl diplomly. Atageldi jan ýaly ýigit biziň Saganalymyzda ýogam. Raýonymyzda hem ýokdur. Haýsy ýere barsam, gyzlar daşyma üýşüp, derrew Atageldi janyň waspyny ýetirmäge başlaýarlar. Şeýle bir öwýärler, şeýle bir öwýärler, heý, goýaý. Atageldi jana öz aralarynda «Wan Damm» diýýär ekenler. Şu gün

eşitdim. Atageldi jan köçeden geçip gidende gyzlar huşuny ýitirýärmişler. Men käte gyzlaryň käbirine: «Bä-ä, sen-ä meniň Atageldime mynasyp taý ekeniň» diýýän welin, asyl şol gyz soň oýkanjyrap ýanymdan aýrylmasa nädersiň, maňa ýaranjak bolup gara görgüdä görgüli.

— O guşkelle gyzlara biziň inimiz boşdur diýip aýtsaň bolmadymy? Boş göwrä ymsynyp ýörmesin görgüliler. Munuň göwresinden başga nämesini halajak. Hakykatçysyran bolýar. Tarhandökerliginimi? Hatam Taýlygynymy? Doganlaryna gezek gelende Gobsekliginimi? Suhan gatylygynymy? Halalsyran bolýar. Seniň hakykatyň, halallygyň özüňden başga hiç kime — heleýiňe-de gerek däl. Gyzlara-ha asylam gerek däl. Atda durmuşa çykjak gyz baryp ýatan samsyk diýip men köçelere bildiriş ýelmäp çykjak. Bir bendäni betbagtçylykdan saklap, sogap gazanaýyn. Görýän welin, başga iş edib-ä men sogap gazanyp biljek däl.

— Oraz, Atageldi jana gözüň öwrenişipdir seniň. Sen iniňi doly tanaňok.

— Galan samsyklyklaryny bilmäýin, bilýänimem bäş-on samsyga ýük boljak. Heý, haýsy samsyk tapan zadyny eýesine gowşurar. Şunuň ýaly owgana gidip, kellesine zeper ýetirip gelen bolaýmasa, başga hiç kim tapan zadyny eýesine gowşurjak bolup ýörmez. Men-ä ýitiren zadymy haýsydyr bir samsygyň tapyp berjegine ynanamok. Ilki bilen-ä, ýitirýän samsyk. Akylly-başly adam hiç zadyny ýitirmez. Ýitirýän bolsa bir kemi bardyr. Zadyňy ýitirdiňmi, jezaňy çek. Tapdyňmy — Hudaýyň berenine şükür et-de, aňryňa geçir. Bu saňsar bolsa köpçüligiň içinde «Kim pul ýitirdi?», «Kim gapjyk ýitirdi?» diýip, jarçy ýaly zowladyp dur. Ile-de şunuň ýaly saňsar gerek. Bir giden kişem: «Men ýitirdim-de, men ýitirdim» diýip, maýmyn bolýar. Taryhda ile zat paýlaýan bir samsyk — Hatam Taý bar. Soňam biziň mähriban inimiz Atda Taý. Hatam Taý erteki. Ol halkyň şeýle bir kişi döresedi diýen arzuwy. Durmuşda öňem, soňam mugtuna, keýpine zat paýlan adam ýok. Akyly ýerindäki adam paýlamazam. Mämmet ýaňy dogry aýtdy. Hudaýam peýwagtyna ile baýlyk paýlanok. Hudaýyň bermedigini, heý, Atda Taý berer öýdýäňizmi? Biziň inimize ne döw urdy? Ähli kişi samsyk-da, indi biziň şu saňsarymyz akyllymy? Ähli kişi bir ýaňa, bu-da bir ýaňa. Onsoň iller näme üçin beýle, men ýalňyşýan bolaýmaýyn diýip oýlanyp bolar ahyryn. Inim, aý, inim, men ilde ýok işi edip ýörmäýin diýip, heý, aýnanyň öňüne baraňda bir gezek, ýarym gezek öz-özüňe sorag berip görmediňmi? — Orazyň gahary geldi. Gürledigiçe gaharynyň gelýändigi duýlup durdy. Gözleri peträp hanasyndan çykaýarly göründi. Ol doganlaryna ýüzlendi. — Geliň, şuny ýenjeliň-laý. Şunuň edip ýören işini hiç içiňe sygdyrar ýaly däl, günäsini geçer ýaly däl. Biziň sözümizi diňlemeýän bolsa, tä diňleýänçä, mugyra gelip, siziň diýeniňiz bilen boljak diýýänçä ýenjeliň. Şeýdip, içimizi sowadalyň. Ilki men başlaýyn.

Körpe jigisini jandan-tenden eziz görýän ýuka ýürek Mämmedem Orazyň sözüne garşy bolup durmady. Dymdy. Bu onuň razylygy. Galan zady Oraz oňarjak. Atdany ýençmeli. Senem Atdanyň öňüne geçip, galkana öwrüldi.

— Men häzir doganjygymy duşuşyga äkitjek. Barmagyňyzam degirmersiňiz.

Duşuşyk diýen sözüň jadysy bar. Duşuşyk köp-köp kişiniň ýetip bilmedik wysaly ahyryn. Duşuşyk sözüni eşiden Mämmediň ýüzi nurlandy:

— Onuň ýaly bolsa, Senem, biz garaşaly. Sen muny äkit. O bagty ýatjak gyz bilen duşur. Soňundan biz erkekler bolup duşarys.

— Barmagyňyzam degirmersiňiz.

— Ah-ow, özüň eşidip dursuň-a, Senem, bu saňsaryň diýen sözüni. Alan zatlaryňyzy ýerinde goýuň diýen bolýar. Alypsyňyz diýip begenmeli ahyryn. Almasak nätjekmiş? Ýekeje agyz sözlesin, men-ä häzir bar alan zadymy goýaryn. Soň özelenip aýagymy ýalasa-da almaryn. Alla kessin, almaryn. Gelnejesine ogryn eltip berse bolsa, gelnejesini öýden kowaryn. Köpden bäri ondan bahana tapman ýörün men...

— Siz oglan oglanjyk däl. Ýakalaşyp ýörseňiz, gören-eşiden näme diýer?

— Senem! — diýip, Oraz gaharyna titir-titir etdi. — Mämmet ýaňy örän dogry aýtdy: Hudaý jan Kertigiň dogmalary hor bolmasyn diýip bu saňsaryň öňünde birgiden zat goýýar. Hudaý näme diýýär? Şu zatlary doganlaryňa paýla, olar gowy ýaşasynlar diýip berýär. Bu saňsar şoňa düşünenok. Kellesinde kem bar bu bagty ýatanyň. Owgandan öňem kellesi düzüw däldi. Gapdalynda bomba ýarylansoň bir düzeläýmeli ahyryn. Aslynda, düzeljek kelle däl eken munuň mäşirigi. Yzyna bir giden ýalýagyny düşürip, tapan zadyny — agalarynyň rysgyny illere paýlap ýör. Biz kör däl. Sabyr-takat galmady indi bizde. Mämmediň, ine, şuňa jany ýanýar. Meniň janym-a bireýýäm ýana-ýana gutardy.

— Kakam öýe haramlyk gelmesin diýdi. Bize haram zat ýokanok diýdi.

— Kakaň şo diýen sözüne toba diýip ýör. Dik başy şol sözi üçin hökgerdi onuň.

— Kakamyz aýtdy diýen şol sözüňi yzyna alsa bolýa dälmi. Ol uzak ýerde däl. Kakam seniň ile haýyr-sogap edýäniňi görenok. Görse, onuň özi depäňde bomba ýarýa seniň.

Atda aýnaly şkafdan egin-eşiklerini çykaryp, agalarynyň öňünde goýdy.

— Bularyň näme? — diýip, Oraz inisiniň getiren bir gujak egin-eşigini dörüşdirdi.

— Meniň egin-eşiklerim. Ine, şulary siz alaýyň. Gaty çynym. Men, dogrudanam, size soňky döwürde hiç hili ýagşylyk edip bilemok. Meniň bolsa, ynanaýyň, size biçak köp ýagşylyk edesim gelýär. Siziň baý bolmagyňyzy isleýän. Eger size peýdamyň degjegini bilsem, men hiç bir kynçylykdanam gaçjak däl. Nirä gitmelem bolsa gitjek, näme etmelem bolsa etjek. Sizi nähili gowy görýändigimi bir bilsediňiz. Geleniňize juda begendim. Rast, size zat gerek bolsa, men sizi boş gaýtaryp bilmen. Meniň nämämi isleseňiz alyň.

— Alar ýaly nämäň bar seniň? Şu ütül eşikleriňimi? Men bu eşikleriňi mellegimizdäki garantga geýdirmäge-de utanjak.

— Utanma, aga jan, utanma. Arkaýyn geýiber. Hany, geýip görsene — diýip, Atda göwşül penjegini Oraza geýdirjek boldy. Oraz penjegiň içinde ýylan bar dek basga düşdi, ellerini kelemenledip yza çekildi:

— Güm et bu ütüliňi. Güm et.

— Saňa gelişjegini bilip durun men. Bir geýip gör entek.

— Geýjek däl-how, aýyr penjegiňi. Bir penjek bilen sypaýaryn öýdýäňmi? Biz özümize gerekli zatlarymyzy aldyk. Bolýar şular bize. Ynsaply biz.

— Men-ä, her näme diýseňizem, kişiniň zadyny size berip biljek däl.

— Senden sorajagam däl ony.

Atda gapyny ýapdy:

— Alan zatlaryňyzy goýuň. Näçe isleseňiz meniň zatlarymy alaýyň. Isleseňiz, ine, şu egnimdäki eşiklerimi hem çykaryp bereýin. Maýkam bilen türsim galsa bolýa.

— Eý, men aýtdym-a şuny adam görmez ýaly, gyz söýmez ýaly edeliň diýip. Senem, ýaňy Atdanyň mähirli ýüzi bar diýdiňmi? Şuň ýüzüni gyz görmez ýaly persala etmek hut meniň bilen. Soňam bir şunuň ýüzüni gör — diýip, Oraz inisiniň ýakasyndan ebşitläp tutdy. — Zat tapsa öýe ylgar ýaly edeýin şuny. — Etdi, maksadyna ýetdi. Atdanyň eňeginiň aşagyna tokmak deýin ýumrugyny hütüledip goýberdi. Otag uly bolansoň, Atda uçup şkafa baryp uruldy. Şkafyň gapysy bölek-bölek boldy. Muňa hiç kimem garaşman eken.

— Tur basymrak — diýip, Oraz Atdany howlukdyrdy. Atda ýaňy turup-turmanka şeýle bir çalasynlyk bilen tapyrdy turuzdy. Boksçylaram onça çalt urup bilmez. Orazyň yhlasy ýerine gowuşdy: Atda serlip gitdi. Hana, daýaw ýigit çalam-çaş bolup ýatyr.

Oraz çustlanyp, çalaja bökmesini dowam etdirip hüjüme taýýarlandy.

— Oraz, bökjeklemäň näme-aý? — diýip, Mämmet doganynyň bökjekläp durmasyna geňirgendi.

— Myžžygyny çykaraýyn. Ýakynyma gelme. Birden elim degse, soň menden gaty görme.

Özünden maslahat soralmaýandygyna, iki sany gül ýalak gyzy razy edip gelendigi üçin üýtgeşik sagbolsun aýdylmandygyna doganlaryndan birazajyk öýkelän Senem Atda üçin döş gerdi.

— Munyňyz bolanok, hiç bolanok...

— «Erkegi ilki hyýal öldürer, soň aýal» diýip men birmahal nakyl döredipdim. Hälki Atdany öýereli diýen pikirimiz dogry. Bir gara saçly mollany getirip duluna dyksak, onsoň ol gara saçly molla biziň başarmadyk zatlarymyzyň ählijesini başarar. Inimize öwüdem berer, pendem... Birki ýyldan soň hol ýolda ýatan çöpleri ýygnap, bagryna basyp, öýüne çekip ýören Atdaň bardyr. Häzir munuň oslugy ýyly ýerden çykýar — diýip, Mämmet Senemiň öýkesini ýazmaga çalyşdy.

— Obamyzdaky Tokary tanamaýan ýok. Göräýmäge, örän sypaýy, adamkärçilikli ýigit. Ana, şol Tokar çaýyň şemmesini guradyp, şoňa on gezek çaý demläp içýärmiş. Çagalaram indi edil Tokaryň özi ýalakmyş. Çagalary çaýyň şemmesi hakda deňi-duşlaryna on bäş sagatlap leksiýa berip bilýärmiş. Men onuň bilen mekdepde bile okadym. Mekdepde Tokar tarhandöker goç ýigitdi. Öýlendi welin, tarhandökerligi başaşak bolup döküläýipdir. Tarhandökerligiň başaşak tarapam husytlyk eken. Aýalyňky ýaly güýç hiç bir zatda ýok diýip, Leonid Iliç aýdar eken. Aýal men-men diýen serkerdelere-de, patyşalara-da diýenini etdirip bilýär. Atdanam

bir husyt baýyň gyzyna öýermeli. Goý, bu-da onsoň aýalynyň husytlygyndan, sözünden çykyp bilmän, käbir adamlar ýaly, aýalynyň sözünden sitata alsyn ýörsün.

— Ýok, beýtsek, Atda inimiz bir wagt ýene biziň ýakamyzdan alar: «Ynha siziň alyp beren zadyňyz!» diýip. Ondan gowusy, Atda «Özüňe gelinlik tap!» diýmeli. Goý, özi saýlasyn, alsyn. Özi saýlap alanyň soňy puçdur.

— Bu-da nakylmy? — diýip, Oraz gyzyklandy.

— Ýok, bu durmuşy tejribäm. Erkek kişi gowşak gyza aşyk bolmaz. Owadana, özünden döwi ökdä aşyk bolar. Ana, şolam onuň işini görýär. Söýşüp toý tutanlary ýatlaýyn. Hemmesi aýalynyň ýanynda demini ýarym alyp ýörendir. Şonuň üçin Atda babatda-da mekir usul ulanmaly.

— «Pis pisi tapar» bolaýmasyn? Atda seniň usulyň garşysyna gidip, özüne kybap bir agzaçygy tapyp oturybermesin? — diýip, Oraz gaýga batdy.

— Zyýany ýok, goý, tapsyn! — diýip, Mämmet edil ekzamende bilýän soragy düşen okuwçy deýin gaty arkaýyn gürledi. — Hernäçe agzaçykdyr öýtseňem, öýüne, hojalygyna, maşgalasyna gezek gelende, hiç bir aýalam aýallygyny etmän, äriniň salpy gulagyna münmän goýmaz. «Bize hiç zadam gerek däl» diýen aýaly bu dünýädenem, o dünýädenem tapyp bilmersiňiz.

— Şunyň dogry-aý, Mämmet — diýip, Oraz buduna urdy. — Biz-ä aýalyň agzaçygyny göremzok. Iň ýuwaşam bize akademiýada sapak berjek. Özem bular puldan doýmaz eken. Menem-ä puly gowy görýän. Günuzyn bäş köpük düşürip bolmazmyka diýip ylgaýan. Aýalym ylgamaýar. Baýguşuň rysky ýaly, pul onuň öýüne barýar. Näçe pul bersemem men oňa ýaranyp bilemok. Mämmet, sen maňa käte kelläňde puldan başga pikir ýok diýip käýeýäň. Öýüňdäki aždarha gapyny açandan jübiň içine seredip dursa, diňe pul hakda oýlanarsyň-da. Ynansaň, her gün aýalym pul ýok diýip iňirdände, ýatyp arzuw edýän. Jaýyň içini puldan gömseň. Aýalyňam puluň aşagynda galsa, senem üstüne çyk. Şonda sorasaň: «Heleý han, ýene pul gerekmi saňa?» diýip. Tä boldy diýýänçä üstüne pul bassaň. Olam-a boldy diýjek jemagat däl. Puluň aşagynda takga jan berer welin, indi pul gerek däl diýmez. Aýalyňdan dynmagyň bir ýoly şu. Köpler meniň şu usulymy bilýän däldir.

Arada Hudaýberdi diýen biri aýalyny kurorta ugratmak üçin samolýota bilet alypdyr. Soňam myş-myş ýaýrapdyr: aýalymy kurorta ugratjak bolup bilet aldym. Banditler bilen wadalaşdym, şol reýsi partlatjak diýip. Bu habar ýaýrapdyr erkek kişileriň arasyna. Wezipeli, pulmes kişileriň köpüsi aýalyny kurorta ugratmak üçin Hudaýberdiniň bilet alan şol reýsine bilet alyp ugrapdyrlar. Şol reýsiň bilediniň bahasy şeýle bir ýokarlananmyş welin, müň manada Soçä bilet ýokmuş. Tanyşlyk üsti bilen Hudaýberdiniň aýalynyň biledinem satypdyrlar. Görgüli biletsiz galypdyr.

— Ýarylypmy onsoň samolýot? — diýip, Senem bilesigelijiligini saklap bilmedi.

— Hany, erkeklerde onuň ýaly bagt!

— Görüň-ä bularyň edýän gürrüňini! Aýallaryndan juda ýangynly. Meniň ärimem doganlarynyň ýanynda siziňki ýaly gürrüň edýärmikä? — diýip, Senem başyny ýaýkady.

— Allajan niýetimi aňýan bolarly, onça puly berenogam.

Aýal gürrüňe geçilensoň Atda ýatdan çykdy. Olam turjak bolanok. Ýatyr serlip, Oraz onuň arkaýyn ýatyşyna gaharlandy.

— Tur bahym!

Atda näme üçin tursun? Urulmak üçinmi? Öýlendirjek diýseňem turjaga meňzänok ol.

— Turjak däl.

— Oraz, akylyňdamy beri sen? Nä böken bolup dursuň, özüňi boksçydyryn öýdýäňmi? — diýip, Senem geňirgendi.

— Gohuňyz näme? — diýip, içeri Gaýyp başlyk — Senemiň adamsy girdi.

Oraz bökmesini goýdy:

— Inimizi terbiýeleýäs.

— Ýatyrypmy? — diýip, Gaýyp başlyk Atda elini uzatdy. — Owganda gulluk edip, üýtgeşik talant edinipsiň. Tapaganlygyň barada oblast eşideninden soň eşitdim. Nirä barsam, sen hakda gürrüň edýärler. Tapan zatlaryňy göreýin diýip geldim. Tur ahyryn ýeriňden, ber eliňi.

— Gaýyp aga, men birazajyk ýataýyn-la. Gaty gowy ýatyryn häzir.

Gaýyp başlyk içerä göz aýlady. Dogrudanam, jaýyň içi köne-küşül zatlardan doly.

— Şunça zat ýygnan ýigidi näçe ýatyrsaňam az. Mämmet dagy dogry edýär, seni şeýdip ýatyryp bakmaly.

### *Dördünji kyssa*

## TAPYNDYLAR SERGISINIŇ DABARASY

Gaýyp balygyň karary bilen her bazar güni obanyň adamlary üçin Atageldi Kertikowyň tapyndylarynyň sergisini geçirmek (Tapyndylar sergisi däl, ýok, tapylan zatlary tanap almak mümkinçiligini döretmek) işine girişildi. Başlygyň şol kararyna laýyklykda adamlar Atageldiniň tapan zatlaryny görmeli, ondan görelde almaly.

Eger şol tapyndylaryň içinde öz zadyň bar bolsa, kolhoz tarapyndan döredilen minnetdarlyk kitabyna alkyşly sözleriňi uly, düşnükli harplar bilen ýazmaly-da, ýitigiňi almaly.

Atageldiniň «Bar pikiriň tapan zadyňy duluňa geçirmek bolmaly däl-de, eýesine gowşurmak üçin çalyşmaly» diýen asylly başlangyjyndan görelde almaly.

Bir mahal stahanowçylyk we şuňa meňzeş birgiden zähmet başlangyçlary halkyň arasynda gyzgyn goldaw tapýardy we şol başlangyja ruhlanyp bütin sowet halky janaýamazakly zähmet çekýärdi. Bu gün giň Sowet Respublikalar Soýuzynyň bir künjeginde — Türkmenistanyň Jeýhun derýany ýakalap oturan Saganaly obasynda

beýik gumanistik başlangyç döredi diýip kolhozyň kararynda ýazylypdyr. Şol karara laýyklykda, obanyň adamlary biri-birleri bilen örän mylakatly gürleşmeli.

Eger bir nätanyş otluçöp (kararda hut şeýle ýazylypdyr) ýitirenem bolsa, şol otluçöpi ýüzlerçe kilometr geçibem bolsa hak eýesine gowşurmaly.

Sergide Atageldiniň Watan öňündäki gulluk borjuny ýerine ýetirip gelşi, Watan, wepalylyk, ahlak problemalary hakdaky gürrüňlerini diňlemeli. Şeýdibem, oba adamlaryny kommunistik ruhda terbiýelemeli.

Atageldi Kertikowyň leksiýalaryndan geljek girdejini oblastyň ýetimler öýüne — № 686803 hasaplaşyk sçýotyna geçirmeli.

Şeýle hem sergi mahaly zadyny ýitiren adamlara ýitigini dabaraly ýagdaýda gowşurmaly.

Obada geldi-geçerligiň, zada kommunistik garaýşyň bolmazlygynyň öňüni almak üçin utgaşykly çäre görmeli.

Şeýle çäreleri durmuşa geçirmegiň diňe bir raýonda däl, oblastda hem halanjakdygyny ýolbaşçylygyň çala bir garasyny gören her bir kişi biler.

Ine, gürrüň şu ýere gelende bir mesele ýüze çykýar. Tapyndylar sergisini bu otagda geçirip boljak däl. Onuň üçin has giň ýer gerek. Agtaranyň tapýandygyny türkmen aga bir mahal nakyl edip, aňynyň törüne geçirip goýupdyr. Şol pähimden ugur alyndy. Netijede hem çykalga tapyldy. Giň ýer hem tapyldy. Kertik aganyň — ýok, Aýjan ejäniň diýmeli, sebäbi Kertik aga mallaryny görýän, tanaýan, olara ot-suw berýän adam däl — mal ýatagynda sergi guramaly.

Sergi geçiriljek mal ýatagyny öňünden tertibe salmaly, arassalamaly.

Mal ýatagynda birje göleli sygyr bar: başga boş agylyň ýokdugy sebäpli, oňa degmeli däl, goý, olam durubersin. Onuň tapyndylara degişli däldigini gelenlere düşündirse bolar diýen netijä gelindi.

Uzynly gününi kabinetde oturyp geçirýän kontor işgärlerine uly iş tapyldy.

Olar gezekli-gezegine gelip, tapyndylar sergisiniň taýýarlygyna seredip gitdiler. Her gelen bir hili görkezme berdi. Şenbe güni sergide goýuljak zatlaryň durmaly ýerleri birin-birin belli edildi. Molap azar berip durmaz ýaly, göleli sygyra ot-suw artykmajy bilen berildi.

Sergi geçirmek üçin edilýän işleriň içinde bir iş Atdanyň aňyna syganokdy, sygjagam däldi.

Düýn onuň ýanyna raýkomyň birinji sekretarynyň ýörite tabşyrygy bilen Gaýyp başlyk geldi. Ol aýtjak habarynyň örän gizlindigini, özem bu gizlin tabşyrygyň raýkomyň birinji sekretarynyňkydygyny, şonuň üçin bu habary hut Lenin direlip gelip sorasa-da aýtmaly däldigini göni on ýedi gezek nygtap aýtdy. Atda hiç ýerde dil ýarmazlyga ant içip, internasionalist esger hökmünde söz berdi. Gaýyp başlyk örän gizlin habaryny sadaja düşündirdi:

— Seniň tapyndylaň galapyny köne-küşül, ownuk zatlar. Içinde bäh diýdirýän zat ýok. Şonuň üçin seniň tapyndylaryň içine bir maşyn tapyndy goşjak. Ol bir maşyn tapyndy, goý, sergiň iň soňuna çenli dursun. Sergi gutaransoň, ýüki elten şofýora hemmesini berip goýbererersiň. Düşnüklimi?

— Munyňyz gözboýagçylyk bolýa.

— Men bu işimiz näme bolýar diýip häsiýetnama soradymmy senden? Sen partiýaň görkezmesine garşymy?

— Ýok, garşy däl.

— Garşy bolmaýan bolsaň, meniň diýenim bilen boluber. Eger elten zatlarymyzyň käbirine eýe tapylaýsa-da, «Ýok, bu Gaýybyň getiren zatlary» diýip goh edip oturma. Kim elten zadymyza şu meniňki bolmaly diýse, sorag-ekzamen etmän göni berip goýber. Goý, goý, maňa sorag berjek bolma. Aýdanymy ediber.

— Ýest, ýoldaş komandir!

— Ine, munyň bolýar.

Dabara geçirilmeli güni daňdanlar bir maşyn ýük geldi. Ýüki bir nätanyş kişi getirdi. Ol nätanyş kişi öýlän gelip äkiderin diýip, getiren zatlaryny malagyla çekdi. Ol hem Gaýyp başlygyň sözlerini gaýtalady: «Birden şu getiren zatlaryma kimdir biri eýe çyksa, berjek däl diýip ýer depip durma, berip goýber. Maňa galany hem bolýar».

Getirilen zatlaryň içinde üç sany täzeje welosiped, iki sany tikin maşyny, sekiz top gymmat bahaly mata, bäş sany täze 100 litrlik gazan, 10 sany tozan sorujy maşyn, ýigrimi sany ululy-kiçili fabrik we el halysy, 10 sany ýapon ýüň ýaglygy, 10 sany içi mata-marlykly düwünçek we ş.m.-ler bar.

Dogrudanam, ol getirilen zatlar sergini has-da baýlaşdyrdy, malýatak hakyky sergä meňzedi.

Garaşylan arzyly sagat gelip ýetdi.

Ýekşenbe. Sagat 12.

Tapyndylar sergisiniň öňünde — malagylyň işiginde elleri gyzyl daňyly iki sany meňzeşje geýnen nobatçy dur. Olar içerik hiç kimi goýberenoklar.

Häzir raýkomyň birinji sekretary gelmeli.

Geldi.

Birgiden ýeňil maşynlar hatar bolup geldi. Baý-buw!

Medeniýet öýüniň çeper höwesjeňleri raýkomyň birinji sekretarynyň maşynyny görenden saza başlady. Näme üçindir, Bethoweniň dokuzynjy simfoniýasynyň ortasyndan çalyp başladylar.

Birinji sekretar, kolhoz başlygy, arçyn we ş.m.-ler maşyndan düşdüler. Sergi zalyna — Kertik aganyň, Aýjan ejäniň malýatagyna ýöräp ugradylar.

Agylyň depesinde bäş-alty metr töweregindäki gyzyl matanyň ýüzünde şeýle setirler bardy:

*TAPYŇ WE EÝESINE GOWŞURYŇ!*

Mal ýatagyň gapysynda gyzyl lenta lowurdap dur.

Gyzyl lentanyň öňünde kolhoz başlygy sägindi-de, çeper höwesjeňlere saz çalmalaryny goýmalydygyny ellerini hereketlendirip düşündirdi.

— Adamlar! Uzakdan we ýakyndan gelen hormatly myhmanlar. Bu gün biziň Saganaly obamyzda uly dabara, uly toý! Bu gün bizde halallyk dabarasy. Bu gün

mähriban Serdarymyz Wladimir Iliç Leniniň halallyga we baýlyga kommunistik garaýyşlarynyň täzeçe öwüşgin tapyş dabarasy. Internasionalist obadaşymyzy bu gün diňe bir biziň obamyzyň, raýonymyzyň, oblastymyzyň, güneşli respublikamyzyň zähmetkeşleri däl, eýsem giň Sowetler ýurdumyzyň ähli künjeklerinde tanaýarlar. Siz menden Atageldini Sowetler ýurdunyň ähli adamlary nädip tanaýar diýip soraň. Soraň, soraň, çekinmäň-de, arkaýyn, buýsanç bilen soraň. Men hem size buýsanç bilen jogap bereýin. Siziň sowalyňyzyň jogaby meniň elimde — diýip, başlyk elindäki gazeti galgatdy. — Siz meniň elimdäki gazeti görýärsiňizmi? Bu biziň kommunistik partiýamyzyň Merkezi Komitetiniň organy bolan «Prawda» gazeti! Bu ýöne-möne gazet däl, bu hut «Prawda» gazeti. Gazetde ullakan makala bar. Makalanyň adynam men häzir size rusçadan terjime edip bereýin. «Tapyň we eýesine gowşuryň!». Bu makala biziň obadaşymyz Atageldi Kertikow hakda «Tapyň we eýesine gowşuryň!» diýen makala bilen hut kommunistik partiýamyzyň Baş sekretary Mihail Sergeýewiç Gorbaçýow gyzyklanypdyr we Atageldiniň asylly işine guwanypdyr. Şeýle başlangyjy edil stahanowçylyk başlangyç deýin zähmetkeşler kopçüliginiň arasynda köpçülikleýin kampaniýa öwürmegi hut Mihail Sergeýewiçiň özi buýruk beripdir. Raýon partiýa komitetine hem minnetdarlyk telegrammasyny ugradypdyr. Mihail Sergeýewiçden gelen şol telegrammany biziň raýon partiýa komitetimiziň birinji sekretary Gurban Gurbanowiçe şu dabara gaýtjak bolup maşynynyň ýanyna baranda yzyndan getirip beripdirler. Geliň, eziz adamlar, şu şatlykly habar üçin gürrüldili we şowhunly el çarpalyň.

Dogrudanam, adamlar kolhoz başlygynyň bu şatlykly habaryna gürrüldili we şowhunly el çarpdylar. Gaýyp başlyk bolsa joşgunly nutugyny dowam etdi:

— Elbetde, bu zatlar hakda biziň hormatly birinji sekretarymyz öz çykyşynda aýdar. Men bolsa sizi Atageldi Kertikowiç bilen içgin tanyşdyraýyn. Atageldi Kertikowiç Owganystanda internasional borjuny ýerine ýetirip ýörkä, onuň aýratyn bir ukyby açylypdyr. Onda tapaganlyk ukyby döräpdir. Atda biziň uludan-kiçä hemmämiziň hormatlaýan ýaşulymyz Kertik aganyň terbiýesini alan ýigit. Halal ýigit. Ol tapan zadyny eýesine gowşurmasa, öýünde rahat oturyp bilenok. Atda Kertikowiçiň adamkärçilikli sypatlary — halallygy, kişi zadyna göz gyzartmazlyk häsiýeti mekdep partasynda okap ýörkä hem bellidi. Häzir ony okadan mugallymlar çykyş edip, onuň nähili okandygyny, klasdaşlaryna görelde, nusga bolarlyk bitiren işleri barada gürrüň bererler. Olaryň çykyşlary taýýar. «Guş ganatsyz bolmaz, adam arzuwsyz» diýlişi ýaly, Atda Kertikowiç hem mekdep okuwçysyka tapagan bolmagy arzuw edipdir. Elbetde, «Yhlasa — myrat» diýleni, Atda Kertikowiçiň yhlasy ýerine düşüpdir...

Sergi dabarasy kolhoz prawleniýesiniň, raýkomyň tassyk eden programmasy boýunça geçirilmäge başlandy. Dabara «Tapyň we eýesine gowşuryň!» diýen «spektakljyk» bilen tamamlandy.

*A.Kertikowyň «Tapyň we eýesine gowşuryň!» atly tapyndylar sergi dabarasyny geçirmek boýunça*

*PROGRAMMA*

1. *Kolhoz başlygy (açýar).*
2. *Raýkomyň birinji sekretary (Gorbaçýowyň gutlag telegrammasyny okaýar).*
3. *Raýon harby komissary.*
4. *Mekdep direktory.*
5. *Atdany okadan mugallymlaryň dördüsi.*
6. *Atdanyň klasdaşlary ýatlamalar bilen: 4 klasdaşy çykyş etmeli.*
7. *Kertik aganyň körpe ogluny terbiýeleýşi hakdaky tolgundyryjy ýatlamasy.*
8. *Aýjan eje tolgundyryjy çykyş etmeli.*
9. *Doganlary Mämmet, Oraz çykyş etmeli.*
10. *Mekdep okuwçylary Atda gül gowşurmaly.*
11. *«Tapyň we eýesine gowşuryň!» atly sahna.*
12. *Gurban Gurbanowiçiň dabaradan dabaraly çykyp gidiş dabarasy.*

«Tapyň we eýesine gowşuryň!» atly sahnany mekdebiň çeper höwesjeňler topary bilen kolhozyň Medeniýet öýüniň çeper höwesjeňleri bilelikde taýýarlapdyrlar.

Sahnada şeýle waka bolup geçýärdi: boýny gyzyl galstukly pioner ýoldan bir düwünçek tapýar. «Kim düwünçek ýitirdi?» diýip üç gezek gygyrmalydygyny bilensoň, «Kim, kim, kim!» diýip, ýuwaşja gygyrýar. Soňra ol hasyrdap iki ýanyna garanjaklaýar-da, düwünçegi köýneginiň içine salýar. Şol wagt ýoldan edil düwünçek tapan oglanjyk ýaly boýny gyzyl galstukly oglanjyk hork-hork edip aglap barýar.

— Eý, klasdaş, näme aglaýaň sen?

— Men näme üçin aglamaýyn. Men mähriban obama ysnat ýetirýän. Etmiş etdim. Men eziz mekdebime, eziz obadaşlaryma nädip görneýin? Menden pioner bolmaz.

— Näme boldy-how?

— Men futbol oýnuna gyzyp dünýäni unudypdyryn.

— Dünýäni unutman näme etjekdiň?

— Bir aýlap onunjy brigada-da pagta ýygdyk...

— Men senden näme boldy diýip soraýan?

— Menem saňa şony aýdýan-da. Ana, şol bir aýky pagta ýyganymyz üçin mähriban kolhozymyz bize pul berdi. Bir düwünçek pul-how. Direktorymyz hem maňa: «Bar, şu puly klas ýolbaşçyňyza eltip ber. Ol wedomost boýunça okuwçylaryň puluny paýlasyn» diýdi. Menem ol puly klas ýolbaşçymyza eltip bermek üçin öýüne barsam, ol ýok eken. Soň men ony alyp gaýtdym.

— Nämäni?

— Pully düwünçegi.

— Gelýärkäm oglanlar, ine, şu duran ýerimizde futbol oýnap duran ekenler. Soň menem oýnadym. Soňam öýe gitdim. Üç-dört sagatdan soňam ýadyma düşdi. Sen-ä şol pully düwünçegi gören dälsiň.

— Ýok, göremok, görerinem öýdemok.

— Ýaňy sen näme diýip gygyrdyň-aý?
— Men hiç mahalam gygyrmaýan, gygyranam halamaýan.
— Bir sözi üç gezeg-ä gaýtaladyň.
— Men gaýtalamagy gowy görýän.
— Men gitdim.
— Nirä barýaň?
— Atda tapagyň ýanyna barýan.
— Sen onuň ýanyna gitmesene. Sen, iň gowusy, direktoryň ýanyna git. Belki, ol seniň günäňi geçer.
— Ýok, günämi geçmez. Men pioner bolmaga mynasyp däl — diýip, pul ýitiren aglaýar. Pul tapanyň tümmerip duran garnyna seredip, geňirgenýär. — Garnyň çişik-le seniň.
— Aý, ýaňy üç sany garpyzy lak-luk ataýdym-da.
— Maňa kömekleşsene. Tapyşsana.
— Ýok, meniň işim kän. Öý işlerimi etmeli. Men Atda tapagan ýaly gowy okajak.
Oglanjyk aglap ýoluny dowam etdirýär. Onuň öňünden Atda tapagan çykýar. Ol oglanjykdan näme üçin aglaýandygyny soraýar. Oglanjyk (zat ýitiren oglanjygyň rolunda Deýkaý oýnaýar) düwünçek ýitirendigini aýdýar.

*Derkar, kolhoz başlygy Gaýybyň ogly. Atda tapagyň ýegeni. «R» harpyny aýdyp bilmeýänligi üçin, ol ady soralanda Deýkaý diýip aýdypdyr. Indi ähli kişi onuň adyny Deýkaý diýip tutýar. Ýedinji klasda okaýar. Söýgi babatda özüni akademik hasaplaýar. Ýalan sözlemeli, aldamaly bolsa, öňüne adam geçirer ýaly däl.*

Atda tapagan geçip barýan garny pökgerip duran oglanjygy saklaýar. Onuň köýneginiň içinden pully düwünçegi alyp Deýkaýa uzadýar. Deýkaý begenip Atda tapagany gujaklaýar.
— Seniň ýaly okamaga, seniň ýaly işlemäge, seniň ýaly göreşmäge, seniň ýaly halal ýaşamaga, seniň ýaly tapan zadyny hak eýesine gowşurmaga pioner kasamymy edýärin.
Sahnanyň gidip duran ýerinde seteran duran okuwçylar Derkaryň sözüni gaýtalap kasam edýärler.
Atda tapagan tapan zadyny eýesine gowşurmagy, halal ýaşamagy, lebizli bolmagy, ýaşululara kömek bermegi, mekdep okuwçylaryna, sergä gatnaşýanlaryň ählisine wagyz edýär.
Saganaly obasyndaky 28-nji orta mekdebiň okuwçylary Atda gül desselerini gowşurýarlar.
28-nji orta mekdebiň çal saçly direktory çykyş edip, okuwçylaryň islegi boýunça mekdepde Atda tapagançylar toparynyň döredilendigini habar berýär. Bu toparyň timurçylar toparyndan birjik-de kem bolmajakdygyny ynamly aýdýar.

Programma laýyklykda, çykyş etmeli adamlaryň ählisi çykyş etdi. Çykyşlar Hakykatdan hem örän tolgundyryjy, täsirli boldy. Çykyşlardan soň raýkomyň birinji sekretary dabaraly ýagdaýda gyzyl lentany kesdi.

Obada adam galmandyr. Ähli kişi eňäýipdir tapyndylar sergisine. Kolhoz prawleniýesiniň we Oba sowetiniň guramaçylyk topary gelen jemagaty birden içeri goýbermedi. Olary topar-topar edip mal ýatagyna — tapyndylar sergisine goýberdi. Ýörite goýlan stolda Atda Kertikowiç bäş sany komissiýa agzalary bilen bilelikde oturyp, ýitigini tapan adamlardan ekzamen alýar.

Ýitigini tapan adam kän boldy. Kän adam ekzamenden geçdi. Ýigrimi dört gapjygyň hak eýesi tapylyp, dokumentleşdirilip eýesine gowşuryldy.

Üç telpek eýesini tapdy. Dört sany göwher ýüzük, on dört gulakhalka, içi täze egin-eşikli on üç sany düwünçek eýesine gowşuryldy.

Ýitigini tapanlar minnetdarlyk kitabyna öz minnetdarlyklaryny ýazdylar. Şeýdip, her bir tapyndynyň eýesine gowşurylyşy dokumentleşdirildi, akt düzüldi. Kolhoz prawleniýesi we Oba soweti tarapyndan döredilen komissiýanyň agzalary aktlara gol çekdiler.

Gelenleriň içinde bir owadan gyz peýda boldy. Eý, Hudaý! Owadan sözüň bu gyzyň waspy üçin gaty ejiz gelýär. Bu gözel gyzyň gaşynda durmaga Atda ejiz gelýär. Bu gyz kimkän?! Kimiň ýarykan bu perizat?! Ä? Senem inisiniň gulagyna çawuş çakdy:

— Gelinligiň şü?

Atda Gözeli ýene boýdan-başa synlady. Hyýalynda ony derrew öz öýüne saldy.

«Hany, aşak otur!» diýdi.

Gözel oturdy. Soň Atda onuň elinden çekdi-de basdy bagryna. Eý, aman, eýler aman. Bu gujak üçin ol-a muzeý eken, Kertik aganyň öýüni ähli paty-putusy bilen bermäge taýýar. Diňe Kertik aganyň döwleti az bolsa, goňşy-golamlaryňam paty-putusyny, malyny-engamyny karzyna alyp bermäge taýýar. Eý, Hudaý jan, Gözel jan ekzamenden geçsin-dä! Eý, Perwerdigär, gaýrat et, ýigrimi alty ýaşadan Atdaňa şu gözel ýaly Gözel gyzy eçil! Seniň eliňden gelip dur, jan Hudaý, janlar Hudaý, aýagyňa ýykylaýyn. Gözel ikiňiziň aýagyňyza ýykylýan. Meniň işim bitsin».

— «Ejesi bilip dakypdyr adyny».

— Kimiň adyny? — diýip, Gözel gyz geňirgendi.

— Eşidäýdiňmi? — diýip, Atda ogurlygyň üstünde tutulan dek aljyrady. Bu peri-peýker meniň ýaly jahylyň içki pikirini edil kitap okan ýaly okap bilýärmikän? Atda aljyrap içki pikirini daşyna çykaranyna düşündi. Köpçüligiň içinde atanlykda delje ses çykaranam bolsa, munça utanmazdy. Ýöne nätsin-dä! Atda özüniň şeýleräk bir asgynlygynyň bardygyny bilýärdi. Şol asgynlyk hökman Gözel gyzyň göwher gaşynda gaýtalanaýmalymy? Indi nätmeli? Atda özüni ele almaga çalyşdy. Şeýle çykgynsyz pursatda ol özüne göwünlik bererdi. Onuň özüne göwünlik berýän öňden taýyn sözlerem ýadynda dur. «Atda tapagan, sen internasionalist esger ahyryn. Sen Owganda gulluk eden, ot içinden gelen ot ahyryn. Saňa aljyramak gadagan. Sen her bir zatdan hökman çykalga tapmaly».

Gör, meniň berebekgeýdigimi! Soragam eden bolup durun-a. Berip goýbermeli ahyryn. Bu ýüzük şu gözelden başga hiç kimiňki bolup bilmez. Bu göwher diňe şu perizada mynasyp! Diňe bujagaz göwhere däl, tonna-tonna, depe-depe göwhere mynasyp! Beýle owadan gyzlar nädip döreýärkän?

Özem bu hakyt Bahargüle meňzeýär. Bahargül bolaýmasyn?

— «Hakyt Bahargülüň özi-dä!»

— Men Gözel!

— «Sen Bahargül! Sen Bahargül jan!»

— Häzir Bahargülüň adamsy gelip, janyňy alaýmasyn! — diýip, Senem başlyk inisiniň böwrüne hürsekledi.

Atda tapagan edil ukudan oýanan dek boldy. Diýen sözlerine çym-gyzyl boldy.

Gapdalda duranlar gyzyl-gyran gülüşdiler.

Gözel göwher ýüzügini alyp, gözüne ýaş aýlap, köpçülikden saýlandy.

— Senem, men aýtdym-a saňa şunuň kellesi ýerinde däl diýip. Kellesi ýerinde däl adamlaryňam şahy bolanok. Olaram daşky görnüşi boýunça edil beýleki adamlar ýaly bolýar — diýip, Mämmet Atdany gözleri bilen düýt-müýt edäýerli göründi.

Gözel gyz aglap gidensoň duranlaryň hem öňküligi bolmady. Sergi zalyna dym-dyrslyk aralaşdy.

Atdanyň nazary Gözeliň duran ýerindäki aýal sumkasynda saklandy.

— Gözel sumkasyny galdyryp gitdi — diýip, Atda sumkany eline alyp Gözeliň yzyndan gidäýerli göründi.

— Gözeliňki däl bolaýmasyn?

— Onda kimiňki bu sumka?

Atda birden her gezek zat tapanda aýdýan ata-baba däbi boýunça zowladyp goýberdi:

— Kim sumka ýitirdi? Kim sumka ýitirdi? Ah-ow adamlar, şu sumka haýsyňyzyňky?

Atdanyň gygyrmasyna Mämmet bilen Oraz utanyp çym-gyzyl boldular.

Senem başlyk süýem barmaklaryny entegem gulagyna dykyp dur.

— Gygyryp boldy, indi barmaklaryňy çykaraý — diýip, Oraz Seneme aýtdy.

Sumkanyň Gözeliňkidigini eşidensoň, Atda görgüli ot alaýdy. Ol ylgap köçä çykdy. Köçede adam ýok, ähli kişi sergide bu mahal. Eli aýal sumkaly Atda eňdi Gözelleriň öýüne.

Gözelleriň öýünde dört-bäş aýal nämedir bir zada gyzyl-gyran gülşüp oturan ekenler.

— Essalawmaleýkim?

Aýallar Atdanyň salamyny başly-barat alyp, ony synlamaga durdular.

— Maňa Gözel gerek.

— Sawçylyk üýtgäp ýör oguşýan — diýip, aýallaryň biri ýakasyna tüýkürdi.

— Bu habary aýtmaga öýüňde özüňden başga adam tapylmadymy?

— Aýal sumka göterip gelmäň näme seniň, oglan?

— Men howlugýan...

— Näme, göni alyp gidiberjekmi häzir?

— Ýok-la, ýaňy Gözel meniň sergime baran eken. Ana, şol ýerde-de sumkasyny, ine, şuny goýup gaýdyberipdir. Men onuň sumkasyny getirdim. Haçan gelse, siz onuň sumkasyny özüne gowşursaňyzlaň. Ol sumkamy nirede galdyrdymkam diýip örtenip ýörmesin. Men howlugýan. Gitdim. Maňa garaşýandyrlar. Olary garaşdyrmak gelşiksiz ahyryn.

— Atda jan, çaý içip ötägit.

— Sag boluň. Men entek köp gelerin. Kowsaňyzam gelerin.

Atda tapagan aýallaryň näme diýýänlerini hem diňlemän köçä çykdy.

— Nirä ýitirim bolduň? — diýip, Mämmet alakjap gelen Atdanyň öňünden çykdy.

Nirelerdendir bir ýerden Hemra illewiň alakjap gelmegi duranlaryň ünsüni çekdi. Onuň bolup gelşi alha-allykdan galana meňzeýärdi. Agylyň işiginiň agzyndaky nobatçylar onuň döşünden itdiler.

— Nobatyňyz bilen giriň.

— O nämäniň nobaty? Ä, o nämäniň nobaty diýýän men saňa? Men Beýik Watançylyk urşunyň weterany. Men weteran. Men zähmet weterany. Men Watany goradym. Indem sen maňa nobata dur diýmekçi bolýaňmy? Men siziň üçin bäş ýyllap sowuk okopda ýatdym. Sizi Gitlerden halas etdim. Näme, men size döşümden itdirmek üçin Gitleriň syrtyna depdimmi men. Gitlerem döşümden itip bilen däldir meniň. Gaýtam, men itdim onuň döşünden! — diýip, gyzyl knişgesini galgatdy. — Şu gyzyl knişge oçura durulmak üçin berilýänmidir?! Eý, jüýkburun, şu gyzyl knişgäni Hemra agaň Güne ýatyp alandyr öýdýäňmi? Bilip goý, eý jünnegi sary, men söwer dostum Kertigiň agylyna islän wagtym girerin. Düşnüklimi size! Kertigiň agylyny guran kim? Men! Men gurdum şu agyly! Indem men muňa oçur bilen girerinmi?

Nobatçylara bar zat düşnükli boldy. Uruş we zähmet weteranynyň düşündirişinden soň, Hemra illewiň bir mahalky ýasan agylynyň işigi giňden açyldy.

— Giriň, Hemra aga!..

— Bagyşlaň, Hemra aga!..

— Hoş geldiňiz, sapa geldiňiz. Sag-aman geldiňizmi? Gelen ýeriňiz bolýa bize!

Agylyň içinde her kim bir zatlary elleşdiren bolup, gören bolup dur. Ellenmän, görülmän galan diňe göleli sygyr. Hemra illew sygryň ýanynda adamyň ýokdugyna begenip, ugurylla onuň şahyndan aslyşdy.

— Meniň sygrym, gölesem meniňki! Gör, siz nirede ekeniňiz! Tapjak bolup agtarmadyk ýerim galmady. Wah, men size döneýin, nesibäňiz aýrylman eken.

Atda tapagan agasynyň iňirdisinden dynmaga bahana tapylanyna begendi:

— Eý, Hemra aga, sygra degmäň.

— Saňa peşgeş bereýinmi? Öz sygryňa el degrip bolmasa öljekmi-ýitjekmi? Adamlardan ynsap göterilipdir.

— Sygyr siziňki däl...

— Utan inim, utan. Özümiňki bolmasa, şu ýaşda kişiniň sygrynyň şahyndan aslyşar durarynmy? — Hemra illew sygryň şahyndan tutup duranyny az görüp göläni sypajak boldy.

Sygram gölesini gabanyp, haşlap gördi. Kellesini silkip gördi, bolmady. Adamlara üns bermän duran Hemra illew sygra üns berermi! Maňa degme diýmesine, göläme degme diýmesine pitiwa edilmänsoň, sygyr sygyrlygyny etdi: bat alaga-da, Hemra illewiň syrtyndan hütüledip süsüp bir goýberdi. Tos-togalak Hemra illew näme bolanyna düşünmedi. Onuň bar ünsi şu göleli sygryň özüniňkidigine Atda tapagy ynandyrmakdady. Munuň üçin ilki sygryň özüni ynandyrmaly bolar diýen pikir bolsa, näme üçindir, onuň kellesine gelmän eken. Ýöne dört aýagyna pugta direnip şahyny aşak egip, täzeden hüjüme geçmäge häzirlenip duran sygra gözi düşende, ýaňky pikir Hemra illewiň bada-bat kellesine geldi. Bu kelesaň sygry ynandyryp bolmajagyna-da bada-bat düşündi. Ol bir batly hütdüldini eşidip galdy. Bary şol. Gözüni açsa, tapyndylar sergisiniň daşynda ýatyr eken. Birki sany ýigit daşyny gallap dur.

Hemra illewiňki şu gün boljak däl. Ol bütin ömrüne ile sözüni düşündirip geldi. Asyl ýaşamak ile sözüňi düşündirmek eken. Ol ýalan sözünem ile düşündirip, ynandyryp bilýärdi. Ýöne adamyň ynananyna haýwan ynanmaýan, düşünmeýän eken. Adam bilen haýwanyň tapawudy, gör, nämede eken! Adamy aldap bolýan eken, haýwany aldap bolmaýan eken. Adam bilen haýwanyň tapawudyna giç düşündi ol.

Tapyndylar sergisiniň guramaçylykly geçmegine jogapkär adamlardan ikisi Hemra aganyň goltugyna girip öýüne äkitmekçi boldy. Görgüli özüne doly gelip aýnalyp bilenok welin, alasarmyk halda bolsa-da, gözi agylyň içinde. Gözleri bilen agylyň içindäki ähli tapyndylary: «Bularyň hemmesi meniňki. Allajan kessin, bularyň hemmesini men ýitiripdim» diýip, ýatan ýerinden gygyrmaga başlady. Ellerini hereketlendirip, agylyň içindäki zatlaryň baryny bagrynyň aşagyna almakçy boldy.

Jogapkär kişiler Hemra illewiň goltugyna girip malagyldan daşlaşmak bilen boldular. Hemra illewiň ýüzi tersine — malagylyna bakan öwrüldi.

— Meniň zatlaryma eliňizi degirmäň, ynsapsyzlar. Aýrylyň, aýrylyň. Hemmesi meňki.

Atda tapagyň Hemra goňşusyna nebsi agyrdy. Onuň naýynjar özelenmesine bogazy dolup, aglasy gelip dur. Oňa nähilidir bir ýagşylyk edesi geldi. Birdenem raýkomyň «tapyndylarynyň» ýaglyga dolangy bir düwünçegini aldy-da, Hemra aganyň yzyndan ylgady.

Ullakan düwünçegi bagryna basan Hemra illew birmeýdan köşeşdi, ol Atda tapagyň yzyndan gygyryp galdy:

— Şujagaşmy indi maňa bar berýäniň? Meniň eden ýagşylyklarymy eýýäm unudaýdyňmy? Utanaňokmy? Seniň üçin men, gör, näçe yhlas etdim. Adamlar ýekeje zadam ellemesinler. Men häzir eşigimi çalşyrdygym barjakdyryn. Adamlarda ynsap ýokdur. Sen olara göni aýt. Ýekeje zadam ellemäň diý. Bu zatlar Hemra agam janyň ýitiren zatlary diý. Meniň göleli sygrymy bolsa özüň elin getirip git. Ýogsam gelnejeň ýüzüňi sypamaz, seniň. Ylga, adamlary kow agylyň içinden. Ýok boluň diý.

Atda tapagan tapyndylar sergisine geldi. Ýöne Hemra goňşyň haýyşyny welin bitirmedi.

Hemra illewiň gideni bilen adam azalmady. Çar ýandan adam bary gelip durdy. Tapyndy kändi. Bu taýda bitaý köwüşden başlap göwher monjuga çenli bardy. Käbir adamyň bir däl, birnäçe zadam çykdy.

Ynha, Şanazar aganyň iki bitaý köwşi, iki telpegi, üç sanam hasasy. Astan goňşynyň çagalarynyň hersiniň bir taý köwşi.

— Bu Mergeniň şol eýesiz itiniň işi bolmaly — diýip, Şanazar aga jibrindi. — Ýeri, indi bu köwüşlerden bize ne peýda? Biz bularyň beýleki taýlaryny zyňdyk ahyryn. Häh, şoň ýaly iti bar-a, wah, köpçüligiň içi bolýa-da... ýa satyn alaga-da atsaň...

— Şanazar aga, sen entek gyssanma! Ol it, belki, siziň zyňan köwüşleriňizem tapyp getirer — diýip, Öwez magazinçi gözlerini güldürdi.

Şanazar aga biraz pikirlenip, ýiten bitaý köwüşleriniň taýlarynyň tapylar umydy bilen hälki atuwa höküm eden itiniň günäsini geçmeli diýen karara geldi.

Agsaklap, gözlerini elek-çelek edip Hemra illew geldi. Ol hiç kime-de seretmän, göni tapyndylar sergisine kürsäp girdi. Bu gezek ony saklamaga hiç kim hem het edip bilmedi.

Bir maşyn «tapyndynyň» göteribilenini bagryna basdy:

— Meniňki, meniňki! — diýip, ol töweregindäkilere hemle urdy. Hiç kim sesini çykarmady. Ol bagryna basan zatlaryny öýüne äkitdi. Sähel salymdan hem ogly Ýolbars bilen geldi.

Bir maşyn «tapyndynyň» ählisini bir gezek uly ogluny, soň iki ogluny yzyna tirkäp gelip äkitdi. Soňky gezek ähli çaga-çugasyny agtyk-çuwlugyny, ondan soňky gezek aýalyny yzyna tirkäp gelip, maşynda gelen tapyndylardan äkitdi. Tapyndylar zalynda meňki bolsun diýer ýaly zat galmansoň, Hemra illew biraz arkaýynlandy.

Hemra illewiň bolşuna geň galan Atda gaşynda Gözeliň durandygyna aljyrady.

— Gözel-l, salam... Geldiňmi?..

— Men sumkamy galdyryp gidipdirin.

— Sumka?!

— Hawa, hawa, gara sumka bolmaly.

— Men ony eltip berdim-ä.

— Nirä?

— Bir mint garaş! — diýip, Atda tapagan Hemra illewiň öýüne ýumlukdy.

— Atda jan, inim, men saňa näme diýipdim.

— Haçan?

— Men saňa: «Atda jan, meniň aýdanym bilen bolubergin. Meniň aýdanym bilen bolsaň, adam bolarsyň» diýdimmi ýa diýemok.

— Diýdiňiz öýdýän.

— Öýdýän diýme. Sen maňa anyk aýt. Men saňa «Atda jan, meniň aýdanym bilen bolubergin. Meniň aýdanym bilen bolsaň, adam bolarsyň» diýdimmi ýa ýok.

— Diýdiňiz.

— Ine, munyň dogry. Seni özüm adam edendirin. Ýöne sen-how, inim, sadagaň bolaýyn, sergi gurajak bolsaň ilki meni çagyrmaly ahyryn ýanyňa. Hormatly Hemra aga, ine, şeýle-şeýle tapyndylarym bar. Şu tapyndylaryň sergisini gurajak bolýan diýip maňa sala salmaly ahyryn sen. Haý, sen ýaşlyk edýäň-ow. Maňa sala salmasaň, işiň ýalňyşmak bolar.

— Hemra aga, men bir haýyş bilen geldim.

— Akyl soramaga geldim diý.

— Akyl soramaga geldim.

— Aýdyber onda. Maslahaty menden al.

— Hälki alyp gaýdan tapyndylaryňyzyň içinde bir ýapon ýüň ýaglygy bardy. Ana, şol ýaglyk maňa gerek.

— Utanaňokmy, maňa gerek diýmäge. Ol seniň gelnejeň dakynyp ýören ýaglygy ahyryn. Men ony saňa nädip bereýin.

— Hemra aga, maňa şol ýaglyk gerek. Özem çalt gerek.

— Ýok, men gelnejeň ýaglygyny berip bilmen. Akyl bereýin, ýaglyk ber diýme.

— Siz maňa sataýyň.

— Näçä aljak?

— Tapawudy ýok. Näçe diýseňiz aljak.

— Men munuň bahasyny bilemok-da. Men saňa bir baha aýtsam, olam arzan bolsa, soň näderin?

— Siz artygy bilen aýdaýyň.

— O ýaglyk otuzdan-a arzan däldir.

— Bolýa, men otuz bereýin.

— Dur entek, ol otuzdan gymmatdyr. Göreňokmy onuň lowurdap durşuny. Özem-how, Ýaponiýadan gelen ýaglyk, otuz manad-a onuň diňe ýoluna-da çykandyr. Elliden bir köpük arzan bolsa-da satjak däl.

— Hemra aga, gozgansana, men howlugýan. Bol bahym, puluňy birki günden alarsyn.

— Aý, ýok, men birki gün garaşyp biljek däl. Ertirden uzaga çekjek bolsaň, men saňa hiç zadam berjek däl.

— Hemra aga, men-how şu ýaglygyň bahasyny iki esse edip bereýin. Ýöne bahym bol.

— Iki essemi? Ýüz manat berermiň? Häzir ber onda.

— Häzir ýanymda ýok.

— Git-de getiräýsene, inim. Men sen gelýänçäň ýaglygy gazede dolapjyk goýaýyn.

— Hemra aga, düşüniň-how, maňa gaty gyssagly gerek.

Göni bir sagat on sekiz minuda çeken çekeleşikden soň, Atda tapagan eli ýapon ýüň ýaglykly Hemra illewlerden atylyp çykdy.

Gözel gyz garaşmakdan ýaňa surnugyp gidipdir.

Atda tapagan dabara bilen ýüň ýaglygy Gözeliň egnine atdy.

— Men sumkamy soramaga geldim.

— Gözel, sumkaňy men öýüňize eltip berdim-ä.

— Eltip berdim diýip aýdaýmaly ekeniň-dä. Bu ýaglygyň näme?

— Saňa sowgat berýän men şu ýaglygy.

— Maňa sowgat gerek däl. — Köpçüligiň içinde sowgat almagy gelşiksiz hasaplandyr-da, ýüň ýaglygy Atda gaýdyp berdi. Atda almajak boldy. Gözel hem almajakdan.

Atdanyň yzysüre gelen Hemra illew nämäniň-nämedigine düşünip, eger ýaglyk alynmasa, uly peýdadan galjagyny aňyp, Gözele ýalbaryp, töwella edip ugrady.

— Gözel, gyzym, sen meni diňle. Men seniň kakaňy adam eden adam. Meniň diýenimi etseň bereket taparsyň, bagt taparsyň. Kakaňdan sorap gör. Seni kim adam etdi diýip. Häzir meniň aýdanymy etseň, soň bütin ömrüňe maňa alkyş okarsyň. Eger meniň aýdanymy etmeseň, soňundan ökünersiň. Bu ýaglyk üýtgeşik ýaglyk. Gülleri dagy köz ýalak. Al, gyzym, al.

Gözel-ä almajakdan, Hemra illewem berjekden.

Garaňky düşensoň Gaýyp başlygyň tabşyrygy boýunça bir maşyn «tapyndy» getiren kişi ýanyna iki sany kömekçi alyp geldi. Getiren zatlaryny äkitmekçidigini aýtdy.

— Siziň o getiren zatlaryňyz Hemra agaň ogullarynyň zatlary eken-ä.

— Kim ol Hemra aga diýýäniň?

— Goňşymyz. Siz bir öý ýalňyşyp getiripsiňiz ol zatlaryňyzy.

— Biziň zatlarymyz diýdimi?

— Elbetde, öz zatlaryny tanady olar. Ýolbars antam içdi.

— Kim ol Ýolbars?

— Hemra illewiň uly ogly.

— Haý, Ýolbars bolaýşyny onuň?

— Siz Ýolbars ol zatlaryň eýesi däl diýjek bolýaňyzmy?

— O nädip Ýolbarsyň zady bolsun? O zatlar, jan inim, raýponyň skladyndan alnan täzeje zatlar ahyryn.

— Siz eýesi tapylsa, alybersinler diýdiňiz-ä.

— Men o sözi eýesiniň tapylmajagyny bilemsoň diýdim-dä! Näbileýin sizde beýle hajymelikleriň bardygyny.

— Men-ä onda size näme diýjegimi bilmedim.

— Nädip tanady olar «öz zatlaryny?»

— Ilki matalaryny tanadylar, ýarym sagatdan soň welosipedlerini, gazanlaryny tanadylar. Bir sagatdan soňam ähli doganlary üýşüp geldiler-de, zatlarynyň baryny tanap, alyp gitdiler. Sag bolam aýtmadylar.

— Sen-ä meni geň galdyrdyň, Tapagan!

— Bä-ä, Hemra aga meni onda aldaýdymykan-aý? Büý-ä gelşiksiz. Raýponyň zatlary bolsa, ony yzyna almasak bolmaz. Hökümediň zadyny alyp bolmaz-a. Bir ýüň ýaglykdan özgesini men häzir olardan alyp bereýin.

— Ýüň ýaglyk näme?

— Ýüň ýaglygy, bagyşlaň, men ony Hemra agadan alyp başga birine berdim. Bir gözele berdim. Ony men yzyna alyp biljek däl. Näçe manat bolsa, bahasyny töläýin. Ýörüň.

— Nirä?

— Hemra agalara.

— Sen akylyňdan azaşdyňmy? Nähili adam-aý sen.

— Olar aldap almaly däl ahyryn.

— Elbetde, aldap almaly däl. Ýöne, rast, aldap aldylarmy, noş bolsun. Biz bu syry hiç kime aýdyp bilmeris. Eger aýtsaň, obanyň içinde wejera bolarys. Raýkom masgara bolar, raýpo masgara bolar, kolhoz prawleniýesi masgara bolar, hökümetimiz masgara bolar.Eger Hemra agalara baryp alan zatlaryny ber diýseň, bilýäňmi, ertir ikimizi nireden çykararlar?

— Nireden çykararlar?

— Sibirden çykararlar. Sibiriň türmesinde ýatasyň gelýämi?

— Ýok.

— Onda demiň çykmasyn.

— Ýok, men muny beýle goýup bilmen. Hemra aga bilen düşünişmesem bolmaz, goý, ol meni aldamasyn.

Şofýor Atdanyň elinden şapba tutdy.

— Isleseň aýagyňa ýykylaýyn.

— Ýykylsaňam men göni baryp: «Hemra aga, Ýolbars, siz ýalançy ekeniňiz diýmesem rahatlanmaryn, goýber meni».

### *Bäşinji kyssa*

## MÖJEGE MEŇZEŞ ITIŇ TARYHY

Aslynda, Mergen aganyň şol itiniň durmaly ýeri — Atda tapagyň häzirki sergisidi. Ýöne ony hiç kim tapmady-da, özi tapyldy...

Bir gezek Mergen aga gumlugyň içinden eşeklije gelýärkä onuň gapdalyndan ite meňzeş möjekmi ýa-da möjege meňzeş başga bir jandarmy — bir ýyrtyjy çykdy. Eşeg-ä muny gördi-de, hynçgyryp, kürtdürip duruberdi. Soňam birden uzyn-uzyn aňňyrdy-da berdi tapyrda. Eşegiň üstünde pinekläp gelýän Mergen aga-da sermagallak bolup gaýtdy arkanlygyna. Hälki möjek-it bolsa seňkildäp geldi-de, guma bulaşyp ýatan Mergen aganyň aýagyndaky mesi-galoşyny ysgaşdyryp ugrady. Ysgady-ysgady-da onuň gapdalynda ýatyberdi.

Bir salymdan essine gelen Mergen aga gapdalynda gysmyljyrap ýatan jandary görüp, birbada zähresi ýaryldy. Zähresi ýarylsa-da bendäniň edip bilýän alajy ýok, zähresi ýaryklygyna ýatyr. Ol çagaka-da itden gorkýardy. Adam garrasa-da gorkjak eken. Ýöne it çaga bilen garra degmezmiş-ä diýýärler. Çünki çaga-da, garry-da biçäre.

Itiň oýny biçäre bilen däl, çäreli bilen. Mergen aga-da galdy bir basga. Kelemesini çöwürmäge başlajagyny-başlamajagyny bilmän kösendi. Gaçyp gutulmajagyn-a ol bilipjik dur. Item bilýän bolmaly, gaty arkaýyn ýatyr ol. «Ýa Allajanlarym, gel-gel, indi ahyr ýaşymda, şu çölüstanlygyň içinde, bir aç möjege şam bolmaly boldum-ow» diýip, gözüni ýumdy. Göz öňünde agylyndaky dört sany toklusy janlandy. Wah, möjek islese, öz janyny şol dört tokla çalyşjag-a ol. Ýöne bu jandaryň arkaýyn ýatyşy hiç bir eglişige — alyş-çalşa, bartere gitjege meňzänok. Ýazgytdan gaçyp gutulma ýok. Mergen agany obanyň gapdalynda it iýipdir diýseler, ana, şol ýaman. It iýip ölen diýerler. Şu ýere-de: «Mergeni itiň iýen ýeri» diýip at beren bolarlar. Ähli kişi üstünden güler. Wah, Mergen diýen adym hem bar. Italmaz, Mürşük, Kertik dagy bolsa owarramam welin... Haýsy ýerimden çekip başlarkan? Mergen aga garaşdy. Ýok, it garaşdyryp süýjüdip iýjek bolýarmy, nämemi, başlaberenok. Mergen aga süýnüp ýatyşyna sag gözüni çalaja açyp, äpet möjege seretdi. «Bä, Allajanlarym, munuň ýatyşy-ha itiňkä meňzeýän ýaly... Onsoňam, bu möjek bolaýan bolsa, birçak meniň içegämi silkip gitmezmidi?»

Hälki ite meňzeş peläketem Mergen aganyň gymyldanyny gören bolarly, garysyna galyp, ýene Mergen aganyň galoşyny ysgady, «pahmel» edýän ýaly onuň bolşy, soňam meýmirän şekilli, gözlerini süzdi.

«Bu, eger it bolaýanda-da türkmen itine-hä meňzänok. Munuň bilen türkmençe gürleşip bolaram öýdemok. Orsýetiň itine meňzeýär» diýip, Mergen aga-da aldygyna içini gepletdi. Soňra ol frontda öwrenen sögünçleriniň iň haýbatlyraklaryndan birki sanysyny ýatlady-da, birdenem:

— Poşol ty na ... — diýip, duýdansyz haýkyrdy.

Hälki jandar bu gaba telpek, salyhatly ýaşuludan beýle sögünje garaşmadyk bolara çemeli — gözlerini petredip, arkan serpildi-de, gojanyň ýüzüne geň galyjylyk bilen äňetdi. Beýle hapa sögünç saňa gelşenok diýýän dek, başyny ýaýkady. Utandyrjak bolýarmykan bü?

Mergen aga bolsa, hyk-çoklap, ýerinden galdy-da, häki it şekillä ünsem bermän, eşeginiň giden yzy bilen keýtikläp ýöräberdi. Bir salymdan soň ýeňsesine gaňrylyp seretse, ýaňky it sypatly jandar ýene-de munuň yzyndan seňkildäp gelýär. Ýaňky sögünje düşünmedik bolmaly, düşünen bolsa-ha ol it gaýdyp dagy-duwara Mergen aganyň ýüzüni görmeli däl.

It Mergen agany tä öýüne çenli ugratdy, soňam onuň bosagasynyň agzyny ýassanyp ýatyberdi.

Näçe ýyl bäri tamjagazynda ýeke özi ýaşap ýören Mergen aga-da her hili sögünje kaýyl, binamysrak bu janawaryň özüne ýoldaş çykmasyna garşy bolup durmady. Üstesine-de bu janawar gaty ukyply bolup çykdy.

Garrasaň, diňe dişiň däl, huşuň hem gaçar eken. Garrasaň, senden gaçýan zadam, gaçýan adam hem köp bolar eken. Ýöne dogrusyny dogry aýtsaň-a, Mergen aganyň men-men diýen çaglaram üýtgeşik bir huşy ýokdy. Ýadyna salýan zadyndan, çykarýan zady köp bolardy.

Mergen aganyň baran ýerinde bir zadyny — ýa hasasyny, ýa telpegini, ýa köwşüni galdyryp ýa-da çalşyp gaýdybermek gylygy bardy. Aýagy mesili bolansoň, ol, köplenç, baran ýerinde galoşyny galdyryp gaýdyrdy. Şonuň ýaly ýagdaýda ýaňky ite ýüzlenip:

— Idi, idi! Kaloş, kaloş! — diýseň, ol janawar kellesini aşak egip, burnuny ýere degrer-degirmez edip, göýä yz çalýan ýaly, seňkildäp giderdi-de, Mergen aganyň galdyran köwşüni tapyp geläýerdi. Eger tapmasa-da, goňşy-golamyň gapysyndan bir zatlar alyp gaýdardy welin, garaz, boş-a gelmezdi.

Tüýs döwrebap it bu...

## *Altynjy kyssa*

## SENEM BAŞLYGYŇ ATDANY ÖÝERJEK BOLŞY

— Atda akga, sen derrew bize barmaly. Ejem saňa hiç ýerde durman, demini alman, derrew ylgap gelsin diýdi — diýip, gözleri ýeserlik bilen oýnaýan, ýaşyndan ekabyr görünýän, on üç-on dört ýaşlaryndaky Deýkaý Atdanyň gaşynda häzir boldy.

— Häzir bir käse çaýymy içeýin, derrew bararyn. Ejeňe häzir gelýär diýip aýdaý.

— Bolmaz şonyň-a. Ejem çaýyň gaçyp gitjek ýeri bolmaz diýdi. Meniň yzym bilen uçup gitmeli.

— Onuň ýaly näme gyssag iş bar? Bilýäňmi?

— Bilmesine-hä bilýän. Ýöne men düşünmedik bolup ýörün-ä. Sebäbi men kämillik ýaşyna ýetmedik diýilýänlerden.

— Maňa ogrynça aýdaý.

— Näme üçin ogrynça?! Men aýtsam ogrynça däl, dogry aýdaryn. Ýöne bir şert bilen.

— O nähili şert?!

— Men özümi islän gyzyma söýdürmegi başarýan. Ynanmasaň, syna-da göräý. Sen maňa bir owadan, tekepbir gyzy görkez-de: «Ine, şu tekepbir gyzy mugyra getir» diý. Men ony sähel salymyň içinde üstümde kökenek gerip duran edeýin. Ýöne men seň ýaly, köçeden pul tapmagy başaramok. Sen meniň çöwre ýüzüm. Göni ýüzüňe aýdaýyn: seniň ýaşaýşyň bolanok. Pul tapmagy başarýaň, ýöne ony peýdalanmagy, özüňi söýdürmegi, söýmegi başaraňok. Seniň başarnygyň mende bolsady!

— Näderdiň?

— Ilki bilen özüme Täçmahal ýaly köşk gurdurardym.

— Soň näderdiň?

— Soňmy? Soň Togrul begiňki deýin dünýäde iň uly toý ederdim. Bir aýlap toýumyň myhmany egsilmezdi. Diňe bendesi ýalňyşýandyr öýderdim. Seni görüp, käte Hudaýyňam ýalňyşýandygyna düşündim.

— Hudaý ýalňyşypmy?

— Elbetde, ýalňyşypdyr. Tapaganlygy saňa bereninden ne Hudaýa, ne özüne, ne-de adamlara oňly peýda bar. Seniň talantyň şemalyň ugruna dereksiz pytyrap ýatyr. Seniň bolşuňa, ynan, meniň nebsim-janym agyrýar, nädeýin. Elbetde, sen doglaňda adamlaň janlaryny ýakmak üçin doglan bolsaň gerek.

— Eý, jünnegi sary, sen nämeleri samrap otyrsyň? Kim seni okadyp goýberdi. Bu sözler seniň diýjek sözleriň däl. Ejeň öwretdimi? Ýa kakaň öwredendir? Ä?

— Sen çöregiň üstünde oturyp, ömrüňi aç geçirjek ýigit. Meniň şu sözlerimi ýadyňda bek sakla. Deýkaý dogry aýdan eken diýersiň ýene otuz ýyldan. Wah, ejemde akyl ýok.

— Näme, näme?

— Ol seniň iki gözüňi dört etjek bolýa.

— Şonuň üçin ol akylsyzmy?

— Ol seni öýerip, bir bal ýaly gyzyň bagtyny ýatyrýa.

— Näme diýdiň?

— Bagyşla, bagyşla. Men gatyrak gitdim. Men bir kämillik ýaşyna ýetmedik jüýje. Sen menden gaty görme. Ýöne gel ikimiz şertnama baglaşaly.

— O nähili şertnama?!

— Birek-birege tejribelerimizi öwretmek barada ylalaşyga geleli. Şeýtsek, ikimiz üçinem gowy bolar. Biz birek-birege öz tejribämizi öwretsek, onsoň biziň öňümizde döwem durup bilmez, perizadam. Maňa açyk aýt, pul tapmagy öwredermiň?

Atda tapagan gulagynyň eşidýän sözlerine ynanmajak boldy. Ol ýegençisini entek oglan-oglanjyk hasaplap ýördi. Ýöne onuň diýýän sözleri «kämillik ýaşyna ýetmedik» oglan-oglanjygyň diýjek sözleri däl. Tüweleme, kämil çykypdyr bu.

— Öwrederin.

— Erkekmi?

— Erkek.

— Ejem saňa gyz saýlapdyr. Häzirem seni şol gyz bilen duşurýar. Menem ejemiň ýanynda hiç zada düşünmedikden bolýan. Goý, ejem jan hoş bolsun.

— Kim ol gyz?

— Ol gyzyň adam, özem Gözel. Gözel! Woo! — diýip, Derkar başam barmagyny çommaldyp görkezdi. — Şony sypdyraýmagyn.

— Maslahat berýäňmi?

— Onuň ýaly bagt Orta Aziýada, Ýaponiýada, Hindistanda başga ýokdur. Ýekeje ol. Orta Aziýadaky iň owadan bagt mende diýip döşüňe arkaýyn urup bilersiň, eger onuň ýüregini eredip bilseň. Eger saňa göwün bermese, onda ony men sypdyrjak däl.

— Sypdyrman nätjek?

— Ähli söýüşýänlerimi taşlap oňa öýlenjek, ol kesekä gitmeli gyz däl, men gyzlary gaty gowy tanaýan.

— Sen entek mekdepde okap ýörsüň, ol mekdebi gutaran. Onsoň sen oňa nädip öýlenjek?

— Daýy, sen meni alada etme, men öz günümi görerin. Ýöne bagtyňy synap gör. Eger Gözel razy bolsa, men seniň hatyraň üçin yza çekilýärin.

— Ýumruk ýaly halyňa sen munça zatlary nireden bilýäň?

— Seniňki ýaly boş göwreden ne peýda? Göwresi uly akylly bolýan bolsa, Hemra illewiň kakasy dünýäni tutardy. Görgüliniň agramy 561 kile eken. O görgüli ýogalanda bir obaň gölegçisi azlyk edipdir. Hemra illewiň özem-ä 150 kile bardyr, Hudaýdan dilegim, şol ölende men bir gölegçi bolmaýyn. Eger Hemra illewi hasap etmesek, obamyzda seniň ýaly daýaw kişi başga ýok, göwre boýunça akyla baha berilýän bolsa, bu gün sen obamyzda iň akylly adam bolmaly. Ýöne beýle däl-ä. Göwre, güýç orta çykyp göreş tutjak bolsaň gerek, men göreşi akyl meýdanynda tutýan. Gyzlaryň sypamagy üçin meniň kelläm örän amatly. Olar bilen gujaklaşmak, posa alyşmak üçin meniň göwräm abaý. Seniň bilen gujaklaşmak amatsyz. Sebäbi göwräň daýaw. Biliňe gyzlaryň eli ýetjek däl.

— Sen gyzlar bilen gujaklaşýaňmy? Sen entek jünnegi sary ahyryn.

— O nähili jünnegi sary bolýan men? Ýedinji klasda okaýan-a. Oglanlar birinji klasdan söýşüp başlaýarlar.

— Senem söýüşýäňmi?

— Berýän soragyň nähili-aý seniň. Men nä söýüşmän kemismi? Erkek dälmi? Deňi-duşlarymdan meniň näme kemim bar? Kem ýerim ýok. Gaýtam, artyk. Men kolhoz başlygynyň ogly. Baý ýeriň ogly. Şonuň üçinem deň-duşlarym biri bilen söýüşse, men dördüsi bilen söýüşýän.

— Dördüsi bilen diýýäňmi?

— O dünýäde önüp-ösüp gelen ýaly-laý sen. E-eý, sen düşün. Sen o dünýäde ýaşamadyň. Bary-ýogy iki ýyl Owganystanda gulluk edip geldiň. Dördüsi bilen diýýänimi näme üçin geň gören bolýaň. Men saňa bu zatlary düşünmegiň üçin aýdýan, ýogsam men bu zatlary gaty gizlin saklaýan. Bir ýerde diliňden sypdyraýma. Men dört gyz bilen söýşüp ýörün, taşlanlarymam şonçarak bardyr.

— Nädip taşlaýaň?

— Eý, dogrymy aýdaýyn, saňsar-aý sen. Söýüşmäni goýsaň, taşladygyň bor-da. Taşlamak nä görülmedik-eşidilmedik zatmy? Taşladym — sebäp olaryň käbir bolşuny halamadym, wessalam.

— Eý, gürrüňiň kän-ä sende eken.

— Bolýa-laý, mölterilip durma-da, düş yzyma. Gözeli köp garaşdyrma — diýip, Derkar yzyna öwrüldi.

— Ýegençi jan, dursana.

— Men duraryn, ýöne Gözel durmaz. Meniň bilen näme gürrüňiň bolsa soň ediber. Häzir Gözel bilen etjek gürrüňiň hakda oýlan.

— Nämesini oýlanaýyn?

— Men bolsam, oýlanmasam hem bolýar. Sen oýlanmaly. Seniň tejribäň ýok. Sen entek söýgüde jüýjejik.

— Beýle aznawur bolsaň, Gözeliň ýanyna barmaly bolanymda ýanymda dursana. Men onuň bilen näme gürrüň etjegimi, walla, bilemok.

— He-he. Gorkýaňmy? Gorkmagyn.

Atda tapagan ýegeniniň yzyna düşdi.

Derkar uçup barýar. Atda-da ondan kem däl. Ýarpy ýoly ýaňy geçenlerinde Atda saklandy.

— Ýegençe, dursana, bir bende ýaglyk gaçyrypdyr. — Atda tapagan ýaglygynyň tozanyny kakyşdyrdy. — Nätsekkäk?

— Zyňsana!

— O nähili zyňsana? Bu bir bendäniň zady ahyryn. Gel, munuň eýesini tapyp gowşuraly. Saňa tapaganlygy öwretmäge söz berdim. Goý, şu ilkinji sapagym bolsun.

Derkar ýegen ylgap geldi-de, daýysynyň elindäki ýaglygy kakyp aldy:

— Belki, «Kim ýaglyk ýitirdi?» diýip üç gezek gygyrarsyň?

— Gygyraýaryn.

Derkar ýegen ýaglygy eliniň tersi bilen zyňyp goýberdi.

— Edýäniň näme seniň, Deýkaý ýegen. Ol ýüň ýaglyk. Ýapon ýaglygy. Ony ýitiren görgüli kösenip ýörendir — diýip, Atda tapagan ylgap ýaglygy ýerden göterdi: — Eýesini tapyp gowşurmasak, bolmaz ahyryn.

— Seniň borjuňmy şol?

— Eýsem näme?

Derkar ýegen ýaglygy aldy-da, guma bulamaga durdy.

— Edýäniň näme seniň, Deýkaý ýegen?

— Edýänimmi? Saňa kömek edýän, tapan ýaglygyňy guma bulaýan — diýip, Derkar ýegen ýaglygy iki böljek, ýyrtjak bolup çytraşdy. Ýyrtyp bilmedi.

— Bir bendäniň zadyny beýtme ahyryn, Deýkaý ýegen.

— Beýtdirmejek bolsa, goý, ýitirmesin.

— Saklan, Deýkaý ýegen, saklan. Men onuň eýesini derrew taparyn.

— Saňa Gözel garaşyp dur, Gözel. E-e-eý, bagtyň garaşyp dur. Bagt garaşdyrylsa halamaýar, bagt garaşmaýar. Edil gyza garaşan dek, bagta biz garaşmaly.

— «Bagt garaşdyrylsa halamaýar» diýýäňmi?

— Hawwa, bagt garaşdyrylsa halamaýar diýýärin. Bir giden bagtam soň gaýdyp getirip bilmersiň. Bir agzaçygyň ýitiren köne ýaglygy üçin bagtyňy gidirme.

— Köne däl-ä. Täzeje ýaglyk eken. Ýöne sen ony görer ýaly etmediň.

— Seniň göwnüň Gözele däl-de, ýaglyk ýitirene atygsaýar. Şeýlemi?

— Men Gözeli uzak garaşdyrmaryn. Ýaglyk ýitiren bir ýerde oturyp karar tapýan däldir.

— Gözel bizde oturyp karar tapýanmydyr?

— Sen bu ýaglygy görmez ýaly edipsiň. Men indi ýaglygyň eýesine näme jogap bereýin?

— Näme jogap berseň, şony jogap ber — diýip, Derkar ýegen gahardan ýaňa titredi. — Men gitdim. Senem nätseň, şeýt. Meniň Gözele aýtjak zadym bar. Sen ýaglygyň eýesini gözläber. Öýe barybam oturma.

— Deýkaý ýegen, bu näme diýdigiň bolýar? Gözel garaşýar diýdiň. Indi öýe barybam oturma diýýäň.

— Gözele özüm düşündirerin.

— Deýkaý ýegen, Deýkaý ýegen — diýip, guma bulaşan ýaglygy alyp, ýegeniniň yzyndan ylgady. — Gaharlanmasana, Deýkaý ýegen. Sen Gözele näme diýjek bolýaň?

Gahardan ýaňa sandyr-sandyr edip barýan Derkar ýegen bada-bat jogap beräýmedi. Daýysy zol-zol sorap yzyndan galmansoň, ol aýak çekdi.

— Men Gözeliň bagtynyň ýatmagyna sebäp bolup biljek däl.

— Men Gözeliň bagtyny ýatyrýanmy?

— Entek ýatyraňok. Ýöne saňa durmuşa çyksa, bagtynyň ýatdygy. Saňa durmuşa çykandan, goý, Kertik aganyň garantgasyna durmuşa çyksyn. Seniň ýaly samsygy şu ömrüme göremok men entek. Gözel şol gözelligi, şol akyly bilen, goý, seniň ýaly samsyga durmuşa çykmasyn. Ol gaty owadan gyz, ol gaty akylly gyz.

— Men indi kakamyň garantgasyça-da ýokmy?

— Garantga hiç zat tapanok. Sen zat tapyp, hemme zady bulaşdyrýaň. Men Gözele göni: «Atda durmuşa çykma, ol samsyk» diýjek.

Senem başlyk özara dawalaşyp gelýän daýydyr ýegeni daş işikde garşylady:

— Geler ýerde gelmediňiz-le. Nirede bolduňyz?

Derkar kinesini içinde saklajak bolup durmady:

— Aý, seniň tapagan doganyň ýoldan köne bir ütül tapyp, «Kim ütül ýitirdi» diýip üç ýüz gezek zowladyp gygyryp güýmendi. Eýesi tapylmansoň, öýme-öý girip çykmaly bolduk.

— Ütül däldi bi — diýip, Atda tapagan ýaglygyň tozanyny kakyşdyrdy.

— Kakyşdyryberseň-ä ýaglyga-da meňzejek bu — diýip, Senem inisiniň elinden ýaglygy aldy, soňam ony hapa-hupa saklanýan sebede zyňyp goýberdi.

— Indi bildim, ogluň saňa meňzeýän eken — diýip, Atda tapagan gaharlandy. Baryp ýaglygy aldy. — Bir bende agtaryp ýörendir muny.

— Şunuň üçin gijä galdyňmy, Atageldi? Ä? Derkaryň diýýäni çynmy?

— Men tapamda, bu täzeje ýaglykdy, Senem — diýip, Atda düşündirmäge durdy. — Ýöne...

Derkar ony gürletmedi:

— Eje, aý eje, hany Gözel?

— Uzyn günläp Gözel garaşarmy? Gitdi ol.

— Wiý, biz ylgap geldig-ä. — Atda tapagyň elindäki ýaglygy gaçdy. — Garaşaýmaly eken ol.

— Atda ütüliň eýesini tapdygy geler diýmeli ekeniň-dä, eje.

— Sen bir ýere baransyň, güýmenensiň. Wah, men beled-ä saňa. Ýogsam kyrk gezek gidip gelerçe wagt boldy. Gözel görgüli garaşyp bildi-le. Nätsin, gelmeseňiz.

— Senem, indi nätsekkäk? — diýip, Atda elewredi. — Men derrew geldim-ä. Indi onuň bilen duşuşyp bolmazmyka?

— Duşasyň gelýär-ow? — diýip, Senem göwnühoş ýylgyrdy.

— Duşuşmak üçin sowgadam getirdi şo ýaglygy — diýip, Derkar ýylgyrdy.
— Bes et, Deýkaý.
— Senem, indi bary gutardymy?
— Gutarara entek başlan zat ýog-a.
— Onda gitmeli däl eken-dä. Indi nädip duşuşyp bolarka?
— Duşuşjagyň çynyň bolsa, ertir sagat on iki nol-nolda öýde bol. Şu öýde.
— Gelermi?
— Geler.
— Hökman gelermi?
...

### *Ýedinji kyssa*

## HAKYKAT — GULP, ÝALAN — AÇAR

Saganaly obasynyň ilersinden — çöletekden täsin bir kerwen gidip barýardy. Iň öňde Atda, onuň gapdalynda-da başy saman şlýapaly, aýagy brezent ädikli, gözi gara äýnekli, eli kartadyr kompasly bir şilliň uzyn pyýada, bularyň yzynda-da üsti äpet butkaly ýük maşynmydyr, tanka meňzeş traktormydyr — uly sürrene, alatozan.

Öňdäki iki pyýada dursa — maşyndyr traktorlaram durýar, ýörese — ýöreýär.

— Bu ýollary biz öňem geçdik, barladygam. Asyl, bu ýerlerden nebit çykjaga meňzeş däl welin, şonda-da ýolbaşçylarymyz «Ýok, şo ýerden tapmaly, bu biziň bäşýyllyk planymyzda bar» diýip, ýer depişip durlar. Biziň, ynha, günümiz şu-da! — diýip, şilliň uzyn pyýada jibrindi.

— Men-ä, how, şol nebit diýen zadyňyz bilen birinji gezek iş salyşýan. Ýöne özelenip duraňyzsoň, gaýdyberdim. Galanynam näme, nesibäňiz bilýä...

— Sen türkmen Urisisiň. Menem saňa bir welilik sataýyn. Uri nebit magnatlaryna nirede nebitiň bardygyny aýdyp baý bolan bolsa, sen Türkmenistandaky nebit bilen gaz känleriniň nirededigini aýdyp tütjar baý bolarsyň. Sen yzraýylly Uridenem zor bolarsyň, enşallasa!

— Nebit tapylsa hemme üçin bähbitli. Il bähbitli iş bitirip bilsek, başga armanymyz ýok. Ýöne size ýüregimi aýdaýyn. Men hemişe adamlara ýok diýip bilmän, soňundan bela galýan. Ine, siz birgiden adam, uly ynam bilen gelipsiňiz. Size ýok, aýdanyňyzy etjek däl, gaýdyberiň diýmek aňsat däl. Ýöne men içki ynanjym boýunça şony diýmelidim. Diýip bilmedim. Indem siz bilen gidip barşyma haçan metdi-masgara bolarkam diýip oýlanyp, garaşyp barýan.

— Biri göwnüňe degipdir seniň. Ýöne işimiz şowly bolsa, biz seniň sylagyňy ýetireris. Masgara bolmarsyň. Gaty arkaýyn bol.

— Meniň berk ynanjym bar.

— Şonuň barlygyna şükür et. Ýok bolandan, bar bolany gowy. Ýöne şu ömrüme men «Berk ynanjym bar» diýen adama gabat gelmändim.

— Häzirki döwürde iň uly abraý, iň uly bagt, rahatlyk — hiç zat tapmazlyk. Her bir tapan zadyň yzy biabraýlyk bilen gutarýar.

— Ine, men seniň munyňa nähili ynanjyň bolsa-da hä diýip biljek däl.

— Arada bir düwünçek tapdym. Içem durşuna pul. Düwünçegiň eýesi köpeldi. Üç sany eýe tapyldy. Turdy bir dawa, turdy bir dawa. Üç kişi üç ýerden biri-birine ýumruk salýar. Biriniň kellesini ýardylar. Meni bir aýlap milisiýa gatnatdylar. Düşündiriş ýazyp ýadadym. Başga bir kişiniň zadyny tapyp berdim. Onuňam asly ogurlyk eken. Onuň üçinem düşündiriş ýazmaly boldum. Nikolaý aga, kelläňi agyrdyp nädeýin, şeýle wakalar mende kän boldy. Tapan zadym başyma bela bolup dur. Şonuň üçin iň uly bagt — tapmazlyk diýen netijä geldim. Men Owganystanda sapýor bolup gulluk etdim. Şonda oglanlaryň gürrüňem şeýledi. Mina tapmak — päliňden tapmak. Tapylan minany zyýansyzlandyrjak bolup gaty kän oglanlarymyz asmana uçup gitdiler. Gullukda bolanymyzda bar arzuwymyz tapmazlykdy. Eger tapmasaň bolmaýan bolsa, onda diňe bahana tapmaly.

— Ynanaý, Ataşka jan, ýeriň aşagyndan tapan nebitiňden biabraýlyk gelmejekdigine men garant.

— Aý, indi maňlaýymyzda näme bar bolsa görübiýris. Meni wagtynda öýüme eltseňiz bolýa. Gijä galsam-a, soň gürrüň köp bolar.

— Seni öýüňe islän wagtyň hökman elteris. Gerek bolsa, iki gözüňi dört edip elteris. Sen ýaş ýigit, bizde-de ýaş gyzlar bar.

— Aý, Nikolaý aga, olaryňyz garadskoý ýaly-laý bary?! Biz bolsak, bir sada oba ýigidi...

— Ýok, ýok, beýle däl, Ataşka! Olaryň içinde siziň obaňyzdanam biri bar...

— Haýsy?

Atda tapagan gaty geň galdy. Içindenem: «Allajan, hernä şol bolaýbilsedir, şo bolaýbilsedir, şo bolaýbilsedir» diýip, aldygyna gaýtalady. Ýüregem şol bolaýbilsedir diýip, gürs-gürs edip gaýtalady durdy.

— Hä, şomy?.. Onyňyz-how, hol tewtonlaryň atlysy ýaly, diňe gözi görünýär-ä. Men näbileýin...

Bu ikisi düýn tanşypdy. Atda tapagan Gözel bilen duşuşyp bilmänsoň, lapykeç halda öýüne gelipdi. Hyýalynda Gözel bilen duşuşýardy. Gözel näme diýersiň diýip onuň ýüzüne bakdy durdy. Ol bolsa, tapagam bolsa diýere söz tapanok. «Äl, tapagan bolaýşyňy!» diýip, Atda tapagan öz-özüne igendi. Gapdalynda bir ýassyk goýdy. Özüne-de bir ýassyk aldy-da aşak çökdi. Gapdaldaky ýassygyň näme üçin getirilendigi belli däl. Gözeliň gelip tirsek urmajagy belli.

Atda tapagan oňly oturyp-turmanka daşardan hümürdi eşidip, ýerinden turdy.

Ynha, daşarda şilliň uzyn çypar pyýada dur. Yzam tankly diwiziýa ýaly, durşuna tehnika!

Şilliň uzyn kişi arzyny aýtdy.

— Maňa Nikolaý Zolotarýow diýýärler. Özüm geologiýa ekspedisiýasynyň naçalnigi. Biz şu töwerekden — çöletekden nebit gözleýäris.

Soň Zolotarýow geljekde şu töwerekden uly bir nebit turbasynyň geçjekdigini, eger şu töwerekdenem nebit tapylyp, o-da şol turba çatylaýsa, onda bu turbanyň bäşýyllyk planda göz öňünde tutulan derejesine ýetjekdigini düşündirdi. Eger şony edip bolsa, Saganaly obasynyň gülläp ösüp, şähere öwrüljekdigini ýatlatdy. Öňünde topografik kartany ýazyp, çak edilýän ýerleri görkezdi. Atda tapagan hem uly goşun serkerdesi Žukow deýin karta göz gezdirdi. Köçede bolsa bir giden tehnika Atda Kertikowiçiň geljek netijesine garaşyp sary sadylla bolup dur.

— Niýetiňiz gowy eken — diýip, Atda ekspedisiýa naçalniginiň hasabatyny diňläp, gelen netijesini aýtdy.

— Biz ýanyňa haýyş bilen geldik, Ataşka. Saňa tapagan diýdiler. Bize seniň kömegiň gerek. Ekspedisiýamyzyň ähli agzalary bilen ýanyňa geldik.

Atda Kertikowiç kartadan başyny galdyrdy-da, köçede hataran duran maşynlara nazar aýlady. Maşynlaryň üstem boş däl. Olaryň üstünde jinsi balakly, ýüzleri ýaglyk bilen daňylan aýal maşgalalaram bar.

— Be, men, dogrusy, şu wagta çenli diňe ýeriň üstündäki zatlary tapýardym, ýeriň asty eýgerdermikä?

— Maňa gowşan ynamdar informasiýa görä, saňa eýgerdäýmeli. Ýeriň asty gaty ýönekeý-ä, üsti bulaşyk munuň, üsti!

— Ýoldaş Nikolaý aga, beýdip atly-ýaragly, tehnikaly, ýörite geleňizsoň, men size berlen ynamdar informasiýanyň garşysyna gidip durmaýyn. Oňa haçan gitmeli?

— Želatelno, ertir!

— Ertir sagat on iki nol-nolda meniň örän möhüm duşuşygym bar. Ondan gijä galsam-a, Nikolaý aga, bolmaz.

— Biz irden gideli. On ikiniň ýaryna-da biz seni öýüňe getireli. Möhüm duşuşygyň gutaransoň ýene gidibiris. Nähili, boljakmy?

— Boljak. Hany, onda çaý içip gidiň.

— Ýok, Ataşka, biz — köplük.

— Köp bolanyňyzda näme? Jygaly babamyz bir sygyr bilen kyrk galandary gaýtarypdyr-a, bizem taparys sygyr...

— Sen gowy oglan, babaňam ýagşy adam eken. Biziň öz bazamyz bar, şoňa gideris, ertirem alty bolmanka geleris…

Şol gepleşik bilenem Atda tapagan çöle çykdy. Atdanyň üsti adamdan doly ýük maşynynyň öňräginde, ýüz-gözi ak ýaglyk bilen daňylan, başy ullakan saman şlýapaly, egni kombinzonly bir çepiksi zenan maşgalanyň gapdalynda oturtdylar.

Atda tapagan Owganystanda sapýor bolup gulluk edişini ýatlady. Sapýoryň guraly niçik bombanyň — demriň üstünden bardygy gyzaryp signal berip ugraýar. Çepiksije gyzyň ýanynda oturandan Atda tapagan gyzaryp signal berýän sapýoryň guralyna öwrülene döndi. Atda tapagyň sag tarapy — gyzyň oturan tarapy gyzyp ugrady. Gulagyna şol birmahalky tanyş signal eşidildi.

Atda zähresi ýarylan dek böküp ýerinden turdy-da, çepiksi gyza ýüzlendi.

— Sizde bomba barmy?

Çepiksi gyz ör-gökden gelip, Atdanyň ýüzüne seretdi.

Ýigidi gorkuzan bomba çepiksi gyzyň didesinde eken.

Ýigidiň nazary bomba — didä düşdi.

Bomba ýaryldy.

Gözden çykan bombanyň gyýçaklary Atda tapagyň ýüregini gyýym-gyýym etdi.

— Bomba diýdiňizmi? — diýip, çepiksi gyz gyzardy.

Maşynda oturanlar welin, Atda tapagyň sözüne gyzyl-gyran gülüşdiler.

Atda tapagan ömründe hiç ýerde-de şeýle utanan däldir. Belki, utanandyr. Ýöne her sapar şeýle oňaýsyz ýagdaýa düşüp utananda, ömründe birinji gezek şeýle ýagdaýa düşenden bolýar. Onuň maşyndan böküp düşüp, zut gaçasy geldi. Turjak boldy. Geň, aýaklary oňa ilkinji gezek, keseki deýin ikilik etdi: gozganmady. Göwresi oňa ikilik etdi: gozganmady. Hyýaly welin, maşyndan böküp düşüp, masgaraçylykdan gaçdy. Allowarra gaçdy. Hyýaly oňa wepaly bolup çykdy. Ýöne wepadar hyýalam uzaga gaçman eken, geldi yzyna. Hyýaly beterinden-beterini tapýar. Ine, şu oturan perizat seniň söwer ýaryň bolar diýýär. Ony bagryňa basarsyň, ballyja dodagyndan şeýle bir sorarsyň diýýär. Ter mämelerini döşüňe basarsyň diýýär ol. Başga-da kän zat diýýär ol. Utanman diýip otyr ol.

— Biziň perizatlarymyzyň gudratyny sen entek bileňok. Bir garaýyşda, Mähri jan kalbyňa bomba düşen ýaly edäýendir görseň — diýip, Zolotarýow güldi.

Çepiksi gyz boýnundaky altyn zynjyrjygyň ujundaky bombanyň şekilini görkezdi.

— Siz muny nädip bildiňiz? — diýip, çepiksi gyz geň galmasyny ýaşyrjak bolup durmady.

— Men ony bilemok — diýip, Atda tapagan boýun aldy.

— Mende şundan başga bomba ýok — diýip, çepiksi gyz birgeňsi ýylgyrdy.

Çepiksi gyzyň nazaryna ikinji gezek nazary kaklyşan Atda tapagan simap deýin eräp akandyryn öýtdi. Ol nazaryň öňünde demrem bolsaň, daşam bolsaň, poladam bolsaň eräp akaýmaly. Megerem, adam demirdenem, daşdanam, polatdanam gaty bolmaly.

«Be, bujagaz gyzyň gözleriniň owadandygyny!». Atda geň galdy. Ol «Be, bujagaz gyzyň gözleriniň üýtgeşik owadandygyny!» diýip, içinden aýdypdy ahyryn! Içinden aýdan sözüňi daşyňdan aýdaýan bolsaň, bu gije düýşüňde şeýtana aldanan ýaly bir zat bolýar ahbetin! Atda tapagan görgüliniňki ýene bolmady!

— Biziň gyzymyza göwnüýetmezçilik etjek bolýaňmy? — diýip, maşynda oturan ýigitleriň biri Atdanyň al-petinden aldy.

— Men hiç zat diýmedim-ä.

— Näme, bizi kerdir öýdýäňmi?

— Men içimden aýtdym.

Maşyn saklandy. Ähli kişi maşyndan düşdi. Atda tapagan otyr. Wah, ol turjak-la, turup bilse. Onuň göz öňünden şol mährem gözler aýrylanok. Ol gözler seredip durka-da ýeriňden turar ýaly däl. Atda tapagan gözüni ýumdy.

— Eliňi uzat, oglan!

Eý, Hudaý, Atda tapagyň gaşynda çepiksi gyz gözlerini güldürip dur. Özem ol perizat öz dilleri bilen, hakyt öz mährem dilleri bilen: «Eliňi uzat, oglan!» diýýär.

Atda tapagan, heý, onuň ýaly peri-peýkere elini bermezmi! El dagy näme, gerek diýse kellesinem sogrup berer ol periniň eline, ýüreginem! Başga-da haýsy synasy gerek bolsa soguryp-ýolup berjek ol. O gyzyň diliniň geplän ýeri bolýar! Atda tapagyň eli dagy näme, dünýäni bermezmi oňa Atda tapagan! Ol bu mahal ho özüniň tapyndylar sergisindäki göwheri bermedik Atda däl: ýaranyp bilse, Ýer şarynam bir desse gül deýin geirip şu perizadyň eline elin gowşurjak!

— Me, alyň! — diýip, Atda çepiksi gyza gataňsy elini hil bir zat berýän dek uzatdy.

Çepiksi gyz — Mähri onuň elinden emaý bilen çekdi. Çekdi. Atda edil gop berlen dek laňňa galaýdy ýerinden! Dert beren Hudaýjan dermanynam bile berjek eken. Dermanyňa döneýin, Hudaýjan! Şeýle derman döredişiňe aperin, Hudaýjan! Şeýle dermanyň elini maňa uzadyşyňa döneýin, Hudaýjan! Hudaýjan Mähriniň eli bolup, Atda elini uzatdy. Indi onuň açylasy gelip, ýöne açylmanyň ebeteýini tapman duran bagty çarpara açylar ötägider. Hudaýjanyň ediberişine döneýin!

Ine, Atdanyň bagty. Bu bagty sypdyrmaly däl. Atdanyň bihal ýigit däldigini bu gözele nädip görkezip bolarka Alla janlarym!

Atda tapagan maşyndan sypyrylyp düşjek bolup durmady. Ol bu gözel gyza özüniň ökdedigini görkezmeli ahyryn. Maşyndan sypyrylyp düşse, onda ondan Atda boljakmy?! Ol edil suwa böken ýaly, aşak böküp goýberdi. Hudaý diýen ýeri bar eken, hiç ýeri agyrmady ýa agyrsa-da Atda ony duýmady.

— Bir ýeriňi agyrdarsyň, oglan.

— Menmi? Ýo-ýok, men hiç ýerimi agyrtmaýan. Men hemişe maşyndan şeýdip böküp düşýän. Samolýotdanam şeýdip bökýän men.

— Owganystanda öwretdilermi?

— Kim öwretsin?! Özüm öwrendim.

Atda öz-özüne käýindi: «Kim senden nädip bökýäniňi sorady. Nä jypdyryp dursuň? Samolýotdan bökýän diýmäň näme, eý sähne. Haçan samolýotdan bökdüň sen?».

— Owganystanda samolýotdanam bökdüňizmi? Desant bolduňyzmy?

Ýok, bolamok, jypdyrdym diýmelimi? On-a diýip bolmaz. Atda tapagan şagga derledi:

— Desant boldum. Men hemişe birinji bolup bökýärdim. Ýanymdakylara siz duruň diýip men bö-öküp goýberýärdim. Men hiç gorkmaýardym.

Batyr ýigid-ä äl gürledi! Ä, gorkaňokmy sen? Ökde ekeniň onda. Atda hyrçyny dişledi. «Samahyllama» diýip, özüne käýindi. Zolotarýow geldi-de, Atda tapagy masgaraçylykdan halas etdi.

— Urijan, ine, biziň çak edýän ýerimiz. Biz häzir şu ýerde durus — diýip, naçalnik galam bilen kartadan görkezdi.

Şondan soň ikisi maşynyň öňünden pyýada ýöräp ugradylar...

Zolotarýow käte aýak çekip, elindäki karta seredýärdi-de, galamy bilen bir zatlar belleşdirýärdi.

«Şyhymyň» ileri tarapynda ýagjaryp ýatan ýer bar diýýärdiler. Bularyň agtarýany hem şol ýagjaryp ýatan ýer bolaýmasyn?» diýip, Atda oýlandy. «Göni şol ýere äkideýin».

— Nikolaý aga, hany, ilerik gideli.

— Äh-ä, biljek bolýaňmy?

— Äý, ýok, enteg-ä... Ýöne göreli!

Bir belent alaňyň üstünde Atda tapagan aýak çekdi-de, elini gözüniň üstünden kölegeledip, birsalym daş-töweregi synlady. Soňam:

— Hany, Nikolaý aga, sen şu taýda birsellem dynjyňy al, men bir aýlaň-çaýlaň edeýin! — diýdi-de, aşak düşüp gitdi.

Atda tapagan öň görmedik oýunyň üstünden bardy. Bu oý, megerem, şol gürrüňi edilýän, ýagjaryp ýatyr diýilýän oý bolmaly. Ýöne oýa özüňe hem ulagyňa gaty göwnüň ýetäýmese, girip-çykar ýaly däldi.

Atda oýuň ortaragyna bardy-da, töweregine garanjaklady, soň eýläk-beýläk ýöräp, aýak çekdi, aşak oturdy, edil dokumental kinolaryndaky ýaly! Bir gysym çägäni alyp ysgap gördi.

Atda tapagan alaňyň üstünde keýerilip duran Zolotarýowa elini bulady. Zolotarýow bürgüt kimin alaňdan aşaklygyna şaglap gaýtdy.

— Hany, Nikolaý aga, demir diwiziýaňy sür şu taýa! Gazyp göreli sisterna ýaly ullakan gapda nebit bara meňzeýär.

— Dogry aýdýaň, ýeriň aşagynda nebit, gaz edil äpet bir sisternaň içinde ýaly bolup durýar — diýip, Zolotarýow nebitiň ýeriň aşagynda ýerleşişini düşündirdi. — Biziň bir ýylda tapyp bilmän ýören zadymyzy sen iki sagadyň içinde tapaýdyňmy? Gör-ä munuň aňsatdygyny! Ine, ökdelik diýip şuňa aýtmaly. Sowet sistemasy Uri ýaly, seniň ýaly ökde ýigitlere ýol berenok. Böwet kän. Ýogsam, meniň özüme galsa-ha, müň işgäre derek diňe seni saklajak. Tapan baýlygyň 20 göterimini berjek. Wah, biziň ministrligimiz ederini bilenok. Walla, bilenok. Müňläp geolog saklap ýörmän, mahmal düşekçäniň üstünde çaýyňy-suwuňy ýetirip, diňe seni saklaýmaly ahyryn.

— Entek belli däl...

— Belli! Belli! Sen sypaýyçylyk saklaýaň, hormatly türkmen Urisi! Görnüp dur-a, ýerasty zapas ýüze çykypdyr. Çäge ýagjaryp dur — diýip, Zolotarýow çägäni ep-esli köwdi. — Görýäňmi, bu ýöne bir dökülen ýag däl. Munuň ýatagy has aşakda, Uri jan!

Zolotarýow rasiýa bilen diwiziýasyny çagyrdy. Uly zenzele turuzyp, maşynlar olaryň deňinde saklandy.

— Mähri, şeýle ajap fenomeniň bardygyny näme üçin öň aýtmadyň. Kösenip ýörmeli däl ekenig-ä! Iki sagadyň içinde seniň gudratly obadaşyň nebit ýatagyny tapyp berdi. Berekella saňa, türkmen Urisi! Ýok, Uri hem sençe ýokdur. Sençe bolup biljek kişi ýokdur!

Geologlar hem edil Zolotarýowyň edişi dek, ýeri köwüşdirip ysgaşdyryp gördüler. Olaryň soragly ýüzlerine ýaz çaýyldy. Şeýle bir uly şowhun bilen Atda tapagy gujakladylar, ýokary göterip gapdylar. Mähri hem gül-gülälek bolup açylypdyr. Indi onuň bir ýüzi däl, bugdaýreňk ýüzi lowurdap dur. Rafaeliň sikstin madonnasy ylla janlanan ýaly bolaýypdyr. Mähri hut şol madonna meňzeýär. Görüň-ä beýle meňzeşligi! Türkmen hudožnikleriniň bagtlydygyny! Olar gyz owadanlygyny çekjek bolsalar, Mähri ýaly gyzyň suratyny çekäýmeli. Olaryň çeken suratyna dünýä ýüzi haýran galar! Suraty million-million dollara satyn alarlar.

Atda Mähriniň kaddy-kamatyna aňk bolup galypdyr. Aşaky äňi Brežnewiň äňi dek tas ýere gaçan eken. Zolotarýow ony wagtynda saklaýdy.

— Atageldi Kertikowiç! Hormatly we mähriban türkmen tapagany! Ine saňa maşyn! Biz seni şu günden başlap işe alýarys. Sen geolog! Eşidýärmiň? Men seni özüme geolog edip işe alýan. Başlyklar bilenem özüm gürleşerin. Mende maşyn bar, şonuň üçinem saňa öz maşynlarymyň birini berýän. Sen sylaga-hormata mynasyp adam. Ilki bilen-ä, täze wezipäň bilen gutlaýan, ikinjiden hem şu «GAZ-69» seniň gulluk maşynyň bolar. Ynha, şu ýigit hem seniň şofýoryň. Nirä sür diýseň, şol ýerik hem sürer. Şofýoryň ýigidiň gülüdir. Ýöne şofýorymy täzelejek diýseň hem özüň çöz. Maňa tapawudy ýok. Häzirki şofýora özüm başga iş taparyn. Sen häzir oba git. Duşuşygyňdan gijä galma. Duşuşmaly ýaşulularyň bilen duşuşanyňdan soň, ýene gel. Biz saňa garaşarys.

— O nähili ýaşulular bilen duşuşyk?!

— Onda gyz bilen duşuşygyň barmy? Duşuşygym bar diýdiň-ä?

— Men diýäýdimmi?

Onuň aljyramasyna üns beren bolmady. Zolotarýow burawa başlamak bilen başagaýdy.

Atda çekinjeňlik bilen «GAZ-69»-yň gapysyny açdy.

— Ýoldaş geolog, biz size garaşarys!

Bu mährem sözleri kim aýdandyr öýdýärsiňiz?

Bu sözleri diýen hakyt Mähri!

Hakyt Mähri diýdi bu sözleri ýylgyryp!

Hakyt sikstin madonnasy diýdi şony ýylgyryp.

Atda Kertikowiç maşyndan düşdi ýylgyryp!

Oba gitjege-de meňzänok ol indi. Agzyny açyp gitjegem däl ol. Ýeke agyzam gürlänok ol. Bir başarýan zady ýylgyrmak onuň. O ýylgyrmasynda-ha eger-eger kemini goýanok. Agzyny açyp, durşuna eren bolup dur.

— Gijä galaýmaň, Atda Kertikowiç!

Bu sözleri ýene Mähri diýdi mähir bilen!

Täze geolog Mährä bakan birki ädim ätdi.

Mähri indi gürlese, Atda tapagan ony baryp garsa gujaklajak asyl!

Arman, Atdanyň içini ýakyp Mähri garaşyp durmady-da, burawa bakan messan-messan ýöräp gidiberdi.

Atdanyň aýaklary Mähriniň yzyna kelte tirkelen ýaly bolup barýar. Atda aýaklarynyň gidip barýanyndan bihabar täze başlygynyň aljyraňňylygyny aňan bolsun gerek, şofýor birki gezek signal berip gygyrdy:

— Başlyk gideli, sagat on bir boldy!

Başlyk yzda otyr. Aňynda öňde bolsa mähirli Mähri!

— Başlyk, magnitafony işledeýinmi?

— Ony işledip bolmaz. Işletmäge dözer ýaly däl-ä ol. Ony depäňe täç etmeli. Gorbaçýowyň bir kemçiligi bar: olam şulary işledýänligi. Ata-babalarymyz, oguzlar bulary işletmändir-ä! Bizem işletmeli däl. Aý, ýok, işledip bolmaz.

— Näme işletmän. Dedesini ýandyrybam işledip bor. Gowy aýdymlar aýtdyraýynmy?

— Aýdym aýt diýseň, aýdyberýärmi ol?

— Näme aýtman, bökerem. Aýdym aýtdyrmajak bolsam, almasamam bolýar. Çölüň içinde içiň gysýar. Onsoň men-ä muny ýanymdan aýramok, islän wagtym diňleýän.

Atda täze şofýoryna nägilelik bilen bakdy. Ony halamady. Zolotarýow şeýle nejis, baý-feodal garaýyşly adamy näme üçin ýanynda sakladyka diýip oýlandy. Heý, mundanam bir ýigidiň güli bolarmy?! Bu ýigit bilen uzak oňşup bolmaz.

Dogrusyny aýtsaň, Atda Kertikowyň oba gidesi, bu edepsiz şofýory barada oýlanasy gelenok. Gaýta oýdan daşlaşdygyça ýüregine dowul düşýär. Özi maşynyň yzky oturgyjynda amanat ýaly bolup oturan hem bolsa, onuň bar küýi-köçesi, huşy-düýşi mähriban Mähriniň ýanynda! Näme üçin şeýle gyzgalaňly pursatda oba gitmeli?! Näme üçin ol üzümiň suwy ýaly gyzyň ýanyndan gitmeli?! Ol kowmady ahyryn. Gaýta ol: «Men saňa garaşjak» diýdi. Näme üçin şeýle gözel gyzy garaşdyrmaly. Obada näme işlemeli! Ä? Atda tapagyň nebit çogduryp duran kellesi oba näme üçin barýandygyny teý bilmedi.

— Biz nirä barýas? — diýip, ol gelşiksizem bolsa şofýoryna ýüzlendi.

— Oba — duşuşyga barýas.

— Obamy? Duşuşygamy? — Atda tapagan agyr oýa batdy. Bildi. Onuň göz atuwynda Derkar ýegen peýda boldy:

«Daýy, meniň öwreden zatlarymy ýadyňdan çykaran-a dälsiň-dä?»

«Ýok, ýadymdan çykaramok. Onam, heý, ýatdan çykaryp bolarmy, Deýkaý ýegen».

Şofýor başlygynyň ýüzüne gözlerini petredip seretdi-de, tormoza basdy.

Başlygyň daýaw göwresinde walla agram ýok eken, ol kellesini hyýalynda — öňde Mähri gyzyň oturan ýerindenem geçirip aýna hütüledip urdy. Maşynyň aýnasy kül-uşak boldy.

— Başlyk, başlyk jan, size näme boldy? — diýip, şofýor zähresi ýarylan dek bolup elewredi.

— Maňlaýymy ýardyň — diýip, Atda maňlaýyndan akýan al gany eli bilen saklap, şofýoryna alarylyp bakyp, onuň bimahal beren sowalyna jogap berdi. — Adyň näme seniň?

— Taňňymyrat. Taňňy diýseňizem bolar.

— Meniň maňlaýymy taňňyrdyr öýtdüňmi, Taňňymyrat? Bu ýüzüm, maňlaýym bilen nädip oba baraýyn? Etmişiňe gynanaňogam sen.

— Gaty gynanyp durun men. Ýöne hiç kim ýüzümden hiç zat aňyp bilenok, meniň ýüzüm şeýleräk.

— Meniň ýüzümem özüňkä meňzetjek bolýaňmy?

— Meňkä meňzemegi üçin ýene ýedi awariýa gerek.

— Şu edeniňi az görýäňmi?

— Ýok, ýok, az göremok. Indi beýle zatlar gaýtalanmaz. Men size düşünmedim. Derrew durmalydyr öýtdüm.

— Dur diýemde, maňlaýymy ýaryp durmalymy? Onsoňam men dur diýemok.

— «Onam heý ýatdan çykaryp bolarmy, Deýkaý ýegen» diýdiň.

— Senem-ä ýatdan çykaryp bolmaz ýaly etdiň?

— Bagyşla, başlyk, bagyşla. Tötänleýin boldy. Öz-özüň bilen gürleşýändigiňi bilmändirin.

Atda Kertikowiç maňlaýyny tutup, ýene yzky oturgyçda oturdy.

— «Beýle ýagdaýda Gözele görnüp bolarmy? Ol näme diýer? Iň gowusy, men barmaýyn. Aý, meniňki boljak däl öýdýän. Gözel näme diýer?»

«Hiç zadam diýmez. Arkaýyn bolaý». — Derkar ýegen ony köşeşdirdi.

«Beýdip barsam halamaz-a».

— Kim ol halamajak, başlyk?

— Näme kim? — diýip, geolog şofýorynyň soragyna geňirgendi.

— «Beýdip barsam halamaz-a» diýdiň. Kim ol halamajak?

Atda tapagan içki pikirini daşyna çykaranyna düşündi. «Eý, Hudaý, meniň aljyraňňylyga düşerligim ýog-ow. Aljyraňňylyga düşsem, syrtym açylaýjak meniň. Indi muňa näme diýse bolarkan? Hiç zat diýemok diýip kes-kelläm boýun gaçyraýsam näderkä?»

«Onsoňam bu sülçümi ýa şofýor?»

— Men şofýor. Seniň şofýoryň, başlyk.

— Onda men senden zat soramasam şükür et.

— Düşnükli, başlyk, düşnükli.

— Menden hasabat sorasaň, kim ol diýjek bolsaň, geplesem maňlaýymy ýarsaň, ikimiz uzak işleşip bilmeris.

— Dagy-duwara gaýtalamaryn, başlyk — diýip, Taňňymyrat sandyrady.

*Taňňymyrat — ýigrimi bäş ýaşlaryndaky lopuş kişi. Gürlemegi, süýji-süýji iýmegi, maşynyny syryp-süpürip, abat saklamagy gowy görýär, başarýar. Köp şofýora ýetmeýän artykmaç ukyby bar: başlygyna ýaranjaňlyk*

*etmegi, onuň öýüniň ähli keşigini çekmegi, başlygynyň syryny saklamagy başarýar. Şonuň üçinem ony başlyklar gowy görýärler.*

«Dagy-duwaga gaýtalamaryn» diýse-de, men geolog boljak bolsam, şofýory täzelemeli bolaryn. Bu Taňňyr-tuňňur goňşy obadan bolmaly. Şofýor öz obamyzdan bolsun, islän wagtym iş buýrar ýaly. Hemem aňyrsyna belet adamymy işe alaýyn. Allajanlarym, kimi alsamkam? Iň gowusy, öz garyndaşym bolaýsa.

Atda tapagan öz garyndaşlarynyň, ilen-çalanlarynyň içinden özüne şofýor bolup kimiň işläp biljekdigi hakda oýlandy. Özüne şofýor bolup biljek garyndaşynyň, ilen-çalanynyň ýokdugyna gynandy. Soňundan öz köçesiniň erkek göbeklilerini birin-birin ýatlap ugrady. Ilki köçäniň sag tarapyny öýme-öý dörüp çykdy, soň köçäniň çepine geçdi. Ýadyna düşen göwnemakul şofýor bolmady. Adam bar, ýöne olaryň işläp ýören ýerleri gowy. Ýük maşynyny sürýän dört sany ýigit bar. Olar sürýän maşynlaryny diňe öz peýdalaryna gije-gündiz durzanoklar. Plan edarada işleýär diýer ýaly däl olara. Onsoň olar pulluja işlerini taşlap, aýlygy gowy eken, başlygy gowy eken diýip, seniň maşynyňa işe geçmezler.

Onda näme etmeli?

«Hemra illew näme? Ýaşuly adam. Ýaş wagty çölde şofýor bolup işläpdir-ä. Iki adamyň başy birikse, bar gürrüňi çöl. Bar arzuwam şofýor bolup çöle çykmak. Suwçulykdan elli bizar ol. Goý, Hemra illew şofýorym bolsun. Ýöne men maşyny özüm süreýin, Hemra illew bolsa aýlygyny alybersin. Şeýtsem, kakamyň ýanynda-da dilim uzyn bolar. Dostuny işe alsam, ol menden — körpe oglundan minnetdar bolar-a. Ine, şu pikirim-ä gowy» diýip, Atda tapagan gelen netijesine begendi.

— «Indi men garradym, bu ýaşdan soň maşyn sürüp ýörmäýin diýse nätsemkäm?»

— Kim ol men garradym, bu ýaşdan soň maşyn sürüp ýörmäýin diýjek? Haýsy maşynyň gürrüňini edýäň, başlyk? — diýip, Taňňymyrat başlygyndan sorady.

Atda tapagan geň galdy:

— Men Hemra agany şofýor edinjegimi daşymdan aýdaýdymmy?

— Hemra aga indi garry adam ahyryn.

— Başga adam tapmadym-da — diýip, Atda tapagan boýun aldy. Soňam öz-özüne käýindi. «Näme samahyllap otyrsyň. Sen nä şofýora hasabat bermäge borçlumy?» — Onuň bilen işiň bolmasyn.

— Işim bolmaz, başlyk.

Maşyn Kertik agalaryň öýüniň deňinde saklandy.

— Sen näme üçin öýe geldiň? Men saňa näme diýdim? Ýa ol eýýäm kelläňden çykdymy? — diýip, Atda tapagan gaharlandy.

— Sür diýen ýeriňize sürdüm men-ä, başlyk.

— Indi sen meni näme diýenini bilmän ýören samsyk hasaplaýaňmy?

— Beýle hasaplasam bolmaz-a, başlyk.

— Onda näme sür diýen ýerime süreňok?

— Başlygyň öýüne sür diýdiň. Ynha-da gelşim.

— Başlygyň öýümi indi şü?
— Elbetde, başlygyň öýi.
— Bu biziň öýümiz.
— Meniň üçin diňe bir başlyk bar. Olam siz, hormatly Atda Kertikowiç!
Atda ýalňyşyna düşündi. Biygtyýar samyrdady.
— Şeýlemi? Dogry öz-ä...
— Meniň üçin sizden başga başlyk ýok, ministrem. Siz meniň üçin başlyk, ministr. Siz näme et diýseňiz, hut şonuň ýaly-da ederin, Atda Kertikowiç!
Atda tapagan şofýoryny ilkinji gezek görýän dek çiňerilip bakdy. «Bu zaňňar dogrusyny aýdýar».
— «Samsyk däl ýaly-how şu».
— Samsyklygymy bagyşlaweriň, başlyk. Men häzir nirä süreýin?
— Kolhoz başlygynyňka.
— Ýest, başlyk — Atda Kertikowiç!
Atda Kertikowiçiň ini jümşüldäp gitdi. Ol duşuşyga barýar ahyryn. Özem Gözel diýseň, tüýs Gözel gyz bilen, seredip on-on bäş ýylda ganyp bolmajak gyz bilen duşuşyga barýar. Galpyldy ony ýene gaplady. Derkar ýegeniň pendini ýatlap, özüni ele aljak boldy. Aňsat däl-how. Derkar ýegeniň ýanynda bolsa, duşuşygyň mügili ýok. Ap-aňsat edip otyr. Hernä, şonuň barlygam gowy. Ýogsam dagy ol Gözeliň ýanynda nädip, näme diýip gürlejeginem biljek däl eken. Derkar ýegeniň öwreden zatlary asyl Atda tapagyň kellesine geljek sözler däl-ä.
Düýn Senemlerden öýüne gaýdyp rahatlygy bolmandy. Galypdy bir uly basga. Onsoň, ýüregini bire baglap, Derkar ýegeniň yzyndan çapar iberipdi. «Köp duşuşyp gören goç ýigit bolýan bolsaň, sen maňa nädip gürleşmelidigini, nämeler diýmeli däldigini öwret!»
«Gorkýaň-ow. Kakaň bilen gürleşýän dek arkaýyn gürleşibermeli-how».
«Wah, ýönekeý warsaky bolsa, men gyzlar bilen dünýäniň ýok gürrüňinem edişerin. Ýöne söýgi hakda gürleşmeli bolsa, onda, duranja ýerimdir. Oňaramok» diýip, Atda tapagan boýun burdy.
«Onda wadalaşaly. Sen maňa ertirden başlap, ýoldan pul tapmagy öwredýäň, menem saňa gyz bilen gürleşmegi öwredeýin. Meniň programmam boýunça gyz bilen duşuşsaň, şol gyzy islän minudyň ogşabam bilersiň, duluňa geçiribem. Ondan başga-da göwnüňde näme bolsa, onam edip bilersiň.
Meniň programmam Gitleriň Barbarossa plany ýaly, ýyldyrym çaltlygynda maksadyňa ýetmek. Onuň üçin diýmeli sözleri bolsa ýat tutmaly».
«Hany, onda başla Barbarossa planyňa. Men sagat on ikide barýan, olam garşymda sülmüräp dur. Men oňa «Salam, Gözel» diýýän. Onsoň näme diýeýin? Yzyny özüň dowam etdir, hany».
«Sen oňa «Salam, Gözel» diýeňok. Sen çalaja ýylgyryp baş atýaň. Hany, egil. Ýok, ýok, bu bolşuň bolanok. Içiňde gazyk barmy seniň? Hany, gatyrak egil. Ýüzüň nähil-aý seniň. Ýylgyr-da biraz. Bu ýüzüň bilen ýasa-da eltmeýärler. Ýasama

ýylgyrýandygyň bildirýär. Ýürekden ýylgyr. Agzyňy açyp ýylgyrma, dişiň köp görünmesin. Hany, täzeden gaýtala. Egil biraz, çalaja ýylgyr».

«Baş atyp diýme, eglip salam bermeli diý-de, gutar-da. Ondan, «Salam, Gözel» diýenim gowy dälmi?

«Onyň suhoý bolýar».

Derkar ýegen üç sagatlap repetisiýa geçdi. Atda tapagam ýadady, Derkar ýegenem. Ýadap, soňundan oturyp çaý içdiler. Özüňi nädip alyp barmak baradaky öwrediş gutaransoň, Gözel gyza diýmeli sözleri ýat tutmak başlandy. Atdanyň ýatkeşligi işi ýeňilleşdirdi. Wah, olar soňam repetisiýa täzeden başlajakdylar welin, gapyny kimdir biri gaty-gaty kakdy.

«Atda, aç gapyny».

Atda gapyny açdy. Görse, garaňky düşüp gidipdir. Daş işikde Gaýyp başlyk dur gözlerini elek-çelek edip.

«Derkar, sen näme iş edýäň bu ýerde. Derrew öýe ugra. Atda, şu ýumruk ýaly çaga bilen dostlaşyp ýörmüň?!»

«Atda daýym maňa matematikadan öý işime kömekleşdi».

«Atda, kömekleşme. Goý, özi etsin. Derkar, öýe ugra. — Derkar çykyp gidensoň, Gaýyp başlyk töweregine garanjaklap howatyrly gürledi. — Men seniň ýanyňa möhüm bir tabşyryk bilen geldim. Ýöne ol barjak ýeriň hakda, duşuşan adamyň hakda hiç ýerde kelam agyz gürlemeli däl. Düşnüklimi?».

«Näme üçin gürlemeli däl?»

«Tabşyryk şeýle. Ýaşuly gürrüňiň il arasyna ýaýramagyny islänok».

«Haýsy ýaşuly?»

«Raýonda iki ýaşuly ýok. Ýeke ýaşuly bar. Raýkom. Onuň seniň bilen gürrüňi bar. Sen ertir sagat on birde hökman onuň ýanyna barmaly».

— Hormatly Atda Kertikowiç, kolhoz başlygynyň öýüne geldik.

Dogrudanam, gelipdirler. Senem başlyk daş işikde onuň maşyndan düşerine garaşyp dur.

— Wah, wah-heý, Atageldi jan, doganjygym, maňlaýyňa näme boldy?

— Gözel geldimi?

— Maňlaýyňa näme boldy?

— Gözel geldimi?

— Geldi.

— Gözel nirede?

— Içerde. Üst-başyň gan-la seniň?

— Gözel kän garaşdymy?

— Ine, munyňy haladym...

Atda tapagan içeri girdi. Onuň içeri girenini gören Gözel sarç keýik deýin keýerjekläp ýerinden turdy. Atda tapagan eglip, «dişinem juda bir görkezmän» Gözele salam berdi.

Atda derledi. Dym-gyzyl boldy. Gürrüňi nähili başlajagyny bilmän derledi. Derkar ýegeniň öwreden sözlerini aňynda birin-birin ýatlady. Ýadyndan-a çykmandyr, Derkar ýegeniň öwreden zatlarynyň bary ýadynda dur. Ýöne ony sen-men ýok başlabermegiň ebeteýini tapmady. Birden gelşiksiz bolaýsa, Atdanyň aýdan sözleriniň üstünden gülse näme? Derkar-a üstüňden gülmez, arkaýyn bolaý diýip ony gaty ynandyrypdy. Ýa sen-men ýok, başlabersemmikä?!

Ine, Gözel perizat sülmüräp otyr. Özi başlabermeli ahyryn. Atdany horlap oturman. Içeri dym-dyrslyk. Näçe wagt geçdikä?! Beýdişip dymşyp oturmag-a bolmaz.

Ep-esli wagt geçensoň Atda utana-utana, ýaýdana-ýaýdana dillendi:

— Gözel!..

— ...?!

— Özüňem gürle-dä!

— Men-ä seniň gürläriňe garaşýan. Iller saňa dymma diýseler, men ynanmandym.

— Aý, men juda bir dymma däldirin. Ynha, görersiň häzir.

— Görkez-dä onda dymma däldigiňi.

— Onda başlabereýinmi? — diýip, Atda töweregine garanjaklady.

— Nämä başlajak bolýaň?

— Saňa aýtmaly gürrüňlerime başlabereýinmi, Gözel... Gözel jan?

— Isleseň, başlaber.

— Isleýän. Başlasam, onda şeýle, Gözel! Hawa, Gözel, şeýle. Sen, Gözel, şeýle, onsoň. Gözel, aýtsam ynanmarsyň, men seni üç aý mundan öň ýoldan gyzlar bilen geçip barýarkaň görüpdim. Ondan seniň habaryň ýokdugynam bilýän. Ýöne şondan bäri men ylla asmanda ýüzüp ýörün. Men, ana, şol güne çenli durmuşa düşünmändirin. Ýöne şonda — üç aý mundan öň gyzlar bilen barýarkaň seniň gözleriňe gözüm düşende, dünýäniň perdesi sypyrylan ýaly boldy. Dünýäniň perdesiniň aňyrsynda hem seniň jadyly gözleriň bar eken. Dünýä seniň jadyly gözleriň eken asyl. Dünýä diýmek — Gözel diýmek eken. Men dünýä — ýagny seniň jadyly gözleriňe täzeden gelen dek boldum. Meniň dünýäme täze gözel nur çaýyldy. Ol gözel nury seniň gözel nazaryň çaýdy, meniň garyp dünýäme. Seniň bihuş ediji gözleriň, seniň mährijemalyň meni bütinleý başga adama öwürdi. Men dünýäde seniňki deýin gudrat bardyr öýtmändim. Söýgi hyýaly gürrüňdir öýdüpdim. Ýöne onuň düýpden başga gudratdygyna, hut seni görüp göz ýetirdim. Men söze çeper däl. Men sataşan derdimi Seneme aýtdym. Ol maňa ymgyr uly kömek etdi. Meni ýene seniň gözel didaryň bilen duşurdy. Men seni ilki görenimde akylymy ýitirdim. Onuň şol ýitişi. Tapagam bolsam, ýiten akylymy tapyp bilemok. Sen özüňiň şeýle owadandygyňy bilýänem dälsiň. Sen meniň durmuşymy bütinleý üýtgetdiň. Kellämde diňe sen. Diňe sen hakda pikir edýän. Gije bir minut hem ýatman, seni ýatlap oturýaryn. Häzir kelläm ýarylaýsam diýýär. — Atda kellesini tutdy. — Ýaryldam asyl.

— Kelläňe näme boldy, Atda? Üst-başyň gan-la seniň?

Beýle sorag Derkar ýegeniň ssenarisinde ýokdy. Şonuň üçinem ol dalda isläp töweregine garanjaklady. Derkar ýegeni agtardy. «Wah, içigargalan, Deýkaý ýegen ýok-da, ýogsam ol näme jogap bermelidigini aýdardy».

— Kellämmi, men-ä näme bolanynam bilmän galdym, Gözel ýegen.

— Daýym seni görenden bäri näme goýanyny bilenok. Gözi ýok ýaly, oňa-muňa özüni urup ýör. Kakasyna-da «Gözel!» diýip dur. Maňa bolsa Gözel ýegen diýýär.

Deýkaý ýegen! Diliňe döneýin! Bagty daş ýarýan kişiniň aznawur ýegeni bolar. Deýkaý ýegeniň sözleri dogrudanam Gözele ýarady: ol jykyr-jykyr edip güldi. Onuň gülälek gülküsine Atdanyň keýpi çag-çag boldy.

— Deýkaý ýegen, sen nä o ýerde bukulyp dursuň? Seniň ýaly çaga bigam bolar daşarda oýnar. Ýaş entek sen, bu zatlara düşünmersiň. Haý, garagol diýsänim! Bar, çyk daşary!

Derkar Atda siňe-siňe seredip, daşary ugrady. «Wah, Deýkaý ýegen dilini goýup gidäýse boljag-a! Hany, ol bolup durmy!».

Atdanyň göz atuwynda Garagumuň içinde galan eýjejik Mähri peýda boldy. Ol albaý bulap çagyrýan dek birahatlandy. Derkar ýegeniň öwreden zatlary ýadyndan çykan, ümsüm durmagam gelşiksiz gören Atda Gözel bilen nähilidir bir gürrüň etjek boldy. Näme gürrüň etjegini bilmedi. Aýdylmaly esasy gürrüň gutardy. Göräýmäge, Derkaryň öwreden sözleri azam-a däldi. Indi görüp otursa, Atda o ýat tutan sözlerini bir demde gutaraýypdyr-a. Indi diýere söz galmandyr. Eý, Hudaý, günuzyn gürleşip oturýan adamlar bolýar. Olar günuzyn näme hakda gürleşýärkäler? Hudaýyň haky üçin ýekeje söz hem bu mahal Atdanyň ýadyna düşenok. Näme aýtjak bolsa, ýasama ýaly bolup dur. Gürlemegiň hatyrasy üçin gürläniňden, iň gowusy, dyman gowy. Sebäbi bir ýalňyş sözi diýmegiň mümkin. Ýa bir sözüňi Gözel gyzyň halamazlygy mümkin. Kakasy aýtdy ahyryn: «Bar kemçiligiň dymmalyk bolsa, ony öz artykmaçlygyň bil. Dymmalykdan biabraýlyk gelmez».

Ýene ümsümlik başlandy. Gözel gürläýmeli ahyryn. Olam gürlänok. Öwreden zatlarynyň gutarandygyny bilendir-dä, Derkar ýegen içerik girdi.

— Atda daýy, aý, Aýtda daýy, öýüňize bir giden başlyk gelipdir.

— Kimkän-aý — diýip, Atda oýlandy.

— Men-ä içinde birinji sekretaram bar ýaly gördüm. Olar senden bir möhüm maslahat sorajakmyşlar.

— O nämäniň maslahaty? Göreňokmy, men Gözel bilen maslahatlaşyp durun-a. Bar, olara aýt, Atda daýym zanit diý.

— Meniň üçin olary garaşdyrma, Atda.

— Goý, garaşsynlar. Olaryň seniň basyp giden yzyňa degmeýändigini men bilýän.

— Atda daýy, ýör, ýör. Olar saňa derrew gelsin diýdi. Gözel, bagyşla. Men Atda daýymy ýene bir sagatdan edil bilbil ýaljak edip getirerin.

— Gözeli goýup gitmek birhili-how.

— Öýüňde myhmanlary garaşdyryp, duşuşykda bolmak birhili dälmi?

— Men-ä Gözeliň ýanyndan gitjek däl.

— Daýy, meni diňle! Meni diňleseň ýalňyşmarsyň. Düşünýärmiň sen maňa. Ýa sen hiç zada düşüneňokmy? Sen häzir hökmany suratda meniň bilen öýüňe gitmeli. Düýnki kakam gelmezden öňki öwrenen zatlarymyzda-da birazajyk kem bar. Ýör, adamlary garaşdyrmaly.

Atda «Tiz kömegiň» gelendigine düşündi:

— Onuň ýaly bolsa, ýör. Gözel, sen menden aýyplaşma. Men şu gün geolog bolup işe girdim. Meniň işe girmek niýetim ýokdam. Ýöne özleri gir-gir diýip duransoň, Mährem gir diýip duransoň razylyk beräýdim.

— Atda daýy, köp gürleme! Ýör çaltrak!

— Gözel, bagyşla, doly gürleşibem bilmedim. Men dymma däl, tiz görersiň. Men gaty geplemsekdirin.

— Men saňa ynanýan, Atda.

— Ine, munyň gowy. Maňa ynangyn.

Derkar Atda tapagyň elinden çekip daş çykdy.

— Wiý, Atageldi, eýýäm gidip barýaňmy? Ynha, men çaý demlejek bolup otyryn-a. Otur-da, bir käse çaý iç.

— Öýe ýolbaşçylar gelipdir. Menden möhüm bir maslahat sorajakmyşlar. «Derrew gelsin!» diýip, ine, yzymdan Deýkaý ýegeni iberipdirler.

— Derkar-a ertirden bäri öýden çykanok.

— Eje, men häzirjik baryp geldim.

— Sen-ä häzirjigem öýdediň. Näme ýalan sözleýäň?

— Senem, Deýkaý ýegen erkek bu, ýalan sözlemeýär.

— Ýegeniň, görýän welin, seniň gulagyňa münüpdir-ow.

— Müner ýaly ýer tapsa, nire bolsa-da münjek ýigit bi.

— Onuň ýekeje sözüne-de ynanma, zypdyrun-a ol.

— Wah, Senem, gaty köp meseläni ýalanyň çözýändigini sen bileňok. Ýalan bilen dünýäni alyp bolýan eken. Çyn bilen ýeke galada alyp boljak däl. Deýkaý ýegen örän dogry aýdýa: «Hakykat — gulp, ýalan — açar» diýip.

***Sekizinji kyssa ýa-da ikinji kyssanyň dowamy***

## ATDANYŇ ÖZI BILEN IÇDÖKÜŞLIGI

Eý, Hudaý, atam döwründe üç atlynyň bir gojanyň gara öýünde gömüp giden baýlyklary Atdany hiç gününe goýanok. Özüniň söýgüli aýnasynyň öňüne geldi welin, äpişgeden düşýän Günüň altyn şöhlelerine Atdanyň öňünde — aýnada üç atlynyň tyllalary lowurdaşyp göz gamaşdyrýar.

Eý, Hudaý, ol tyllalar bu ýerik nädip düşüp ýörkän?! Bu tyllalar bilen Atdanyň näme baglanyşygy barkan? Her bir tapyndynyň aňyrsynda özi üçin bir betbagtçylygyň

bukup ýatandygyna, indi Atda doly ynanýar. Eger her bir tapyndy betbagtçylyk getirýän bolsa, üç atlynyň tyllalary Atda nähili betbagtçylyk getirerkä? Belki, ol tyllalar Atdanyň ömrüni edil häzirkisi deýin lowurdadyp goýberjek bolaýmasyn?! Ömrüň şu tyllalaryň lowurdysy dek bolaýsady!

Özüni şu tyllalar bilen nämeleriň baglanyşdyrýanlygyny bilmek isläp, Atda tapagan ýene öňünde lowurdaşyp duran tyllalara — aýna seretdi. Ol aýnada öňler öz keşbini — syrdaşyny, özem özüne gaty ýowuz daraşýan syrdaşyny görerdi. Häzir, geň galaýmaly zat, aýnany tutuşlygyna tutup duran tyllalaryň köplüginden ýaňa ikinji Atda görnenogam. Syrdaşyň üstüni basyp duran, özem ýagşydan-ýamandan hiç zat aýtman, görünmän duran güýjüň haýsy güýçdügini halysalla bilesi geldi. Şu niýet bilenem gözlerini süzgekledip oýa batdy. Onuň göz atuwynda tyllalaryň gömlen ýeri ýene janlandy. Ýöne bu gezek başga röwüşde. Bu gezek üç atlam ýokdy (olar nähili bar bolsun, olaryň endamynyň elek deýin bolanyny o gezek Atda şol ezýaka köýneklije oglanjygyň gözleri bilen açykdan-açyk görüpdi ahbetin), peşeneli, sakgaly repide deýin goja-da ýokdy, ol ezýaka köýnekli oglanjygam. Ondan bäri döwür-döwran üýtgäpdir. Goja kempiri bilen ýurduny täzeläpdir. Oglanjyga — ýetim çaga hökümet eýe çykypdyr. Köneden galan zyýanly galyndy hökmünde gara öýi hem ýok edipdirler. Tyllalaryň gömlen ýerinde kaşaň öý gurlupdyr. Bu öý beýleki öýlerden saýlanypjyk dur. Ýöne ol tyllalar öý eýesine kaşaň öýden başga hiç hili zat bermändir. Gaýtam, döwletli hojalyga betbagtçylyk getiripdir. Eýesini bagtly etmedik, kesekini nädip bagtly etsin?! Ol tapylan tyllalar, gör, ol haýsy bendäniň betbagtçylygydyr. Eger betbagtçylygy bolmadyk bolsa, ol ýerde ýatmazdy.

Tylla — aždarha. Ol ýeriň aşagynda ýatyp-ýatyp, birdenem ýokaryk çykýar. Kimiň eline düşse, onuň başyna hupbat inderip, betbagtçylyk inderip, ýene ýere dulanýar.

Tylla aýdarmyş: «Kim meni tapsa, reňkime meňzederin, göterinip bilmedigiň burnundan ik ýaly gan getirerin, göterinip bileni gyzyl ýüzli ederin». Bu tyllalary tapanyň maşgalasynyň burnundan tylla meňzeş gan geldi.

Bir mahalky döwletli ojakda dört naçar — gojanyň aýaly, gyzy, iki sany agtygy galdy.

Gojanyň aýaly hem şondan soň ýerinden galmady.

Eklenç endişesi ýaňy mekdebi tamamlan gyza düşüpdi.

«Bu zatlaryň aýnada görünmegi nämäniň alamatykan?» diýen pikir Atdanyň aňynda ýene peýda boldy.

Atda ýakyn günlerde şol üç atlynyň tyllalary ýalyrak baýlygyň üstünden barjak bolaýmasyn? Aňynda at çapan wakalaram şol tyllalary alsaň, hälki bir gysym bolan kişiniň gününe düşersiň diýip Rebbiň duýduryp durdugy bolsa näme? Ýogsa-da o kişi kim? Ady näme?

Atdanyň bu soragyna jogap berip biljek kişi ýok.

Saganaly obasynda iki adam tylla tapypdy. Olaryň biri Hemra illew, beýlekisi Nazar aga. Nazar aganyň ogullary tylla üçin özara dawalaşyp, körpe doganyny öldürdiler. Bu waka hem hakykatynda aýnada görnen ýaly bolan bolaýmasyn? Belki,

oba adamlary hakykaty bilýän däldirler? Olaryň ejelerem ýogaldy. Iller-ä keselläp ýogaldy diýýärler. Güller ejäni jaýlamaga Atdanyň özem gatnaşypdy ahyryn. Hiç hili gan ýokdy.

Hudaý maňa baýlykdan — gyzyldan gaça dur diýýän bolaýmasyn?!

Eý, Hudaý, gyzyldan gaça duraryn, ýöne maňa gyzyl-çyzyldan gaçarak dur diýmeseň bolýar.

Meniň bagtymy açyp goýber, eý, Rebbim!

Tylladan gymmatly, tylladan eziz bir gözel gyzy gujagyma sal, eý, Rebbim!

Maňa tylla gerek däl. Alla kessin, gerek däl, halta-halta, depe-depe bolup öňümde çaşyp ýatsa-da, el uzatmaýyn. Eý, Hudaý jan! Söz berýän. Ant iç diýseň, ant içeýin.

Sen maňa tylla-da bereňok, tylla ýaly gyzam. Ikisinden kesme meni, diňe birinden kesäý.

— Be, Hudaýa öwredip otyrsyň-a sen — Syrdaş aýnada peýda boldy.

— Men öwredemok, Hudaýa ýalbarýan.

— Köçede yzyňa bir süri adam düşürip ýörmän, gyzlar bilen duşuşygyň alajyny ederler.

— Wah, ol yzymdaky adamlar obanyň iň gözel gyzlary bolsa bolmaýamy?

— Onça gyzy yzyňda ser-sepil edip nätjek?

— Goý, bolsunlar. Rast özleri meni köseýämi, menem olary kösejek. Bahargülüň gözi gitsin. Bahargülüň gözi gitsin.

— Seniň üçin özüni kösejek gyz bardyr öýdemok men-ä.

— Beý diýme. Meniň öýlendigim seniňem öýlendigiň-ow, samsyk. Senem menlik bol.

— Gyzlary özüňden gaçar ýaly edýäň.

— Men hiç zadam edemok. Gyzlaryň özleri bir sebäp bilen daşlaşyp gidiberýärler. Bahargül durmuşa çykansoň, ömrümi müjerret geçirmekçidim. Ýöne ynansaň, meniň soňky döwürde öýlenesim gelýär. Deňi-duşlarymyň arasynda öýlenmedik diňe men. Öňler ýigit öýlenesi gelse, sesini üýtgedip, «Eý, huşsuz garrylar! Gül ýalak ogluňyzy näme üçin öýermän otyrsyňyz? Ogluňyzy şu aýyň on bäşine çenli öýermeseňiz, öýüňizi otlaryn» diýip gygyrar eken. Onsoň «huşsuz» garrylar ýokardan, Alladan gelen buýruga boýun sunup, haýdan-haý ogullaryny öýermegiň ugruna çykar ekenler. Arada aýal doganym gelip gitdi. «Saňa iki sany gözel gyz saýladym» diýdi. Begenmek begendim. Men Senemiň saýlan gyzlarynyň ikisinem gördüm. Ikisinem haladym. Men olaryň her birinde özümiň ilkinji söýgimiň alamatlaryny görýärin. Näme üçindigini-hä bilmedim welin, men soňky döwürde owadan gyz görsem söýýän. Birinden başgasyny söýmeli däl ahyryn.

— Seniň söýgiň tormozy döwlen bolaýmasyn?

— Gyzlary söýmez ýaly däl-how. Gözeli nädip söýmejek? Mährini nädip söýmejek? Olar ylla Bahargül ahyryn. Şol gülküsinden soň Bahargül meniň aňymdan biraz daşlaşdy. Ýöne gyzlara aýratyn hormat goýýaryn. Gyzlary diňe söýmeli. Gyzlary aýaňda götermeli. Gyz diýmek — söýgi diýmek. Gyz diýmek — gözellik

diýmek ahyryn. Käbir kişiniň kalbyny tebigatyň gözelligi göterýär. Meniň kalbymy gyzlaryň gözelligi, ezizligi göterýär. Syrdaş, sen şol perizatlary görmediň-dä. Men saňa görkezeýinmi ol perizatlary.

— Görkez, görkez!

— Gözel, gelsene! — diýip, Atda gapa bakan elini uzadyp seslendi.

Gözel jilwe-näz bile ýöräp onuň ýanyna geldi.

— Geldiňmi, Gözel, seni Syrdaşym görsün, ýakynrak aýnanyň öňüne gelsene! Syrdaş seniň nähili gözeldigiňi bilenok.

Gözel baş atdy.

— Ýakynragyma süýşsene.

— Syrdaş, Gözel jan ikimize seret! Ilki Gözeli gowuja synla. Gözüňi aýryp bilmän durubiýrsiň.

Gözel Atdanyň gapdalyna gelip durdy. Atda aýna seretdi. Aýnada Gözeliň keşbi görünmedi. Oňa derek Atdanyň ýeke özi durdy.

— Göreňokmy? — diýip, Atda Syrdaşdan sorady.

— Göremok.

— Ynha, ýanymda dur-a ol meniň.

— Onuň aýnada maňa görünmeýşiniň sebäbini bilýäňmi?

— Bilemok.

— Ol saňa durmuşa çykmak islänok.

— Ol menden sergi güni öýkeläýdi-dä. Senem aýtdam-da şonda. Men onuň bilen gürleşdim. Doly gürleşmäge ýetişmedim. Onuň jadylaýjy gözleri bar. Ol gözleriň öňünde döwem durup bilmän, eräp akar. Ol gözellige Gözel at az bolýar. Wah, dilime söz gelenok. Ol gözel diýen düşünjedenem gözel. Men edebiýatçy däl-dä! Baýron bolanlygymda, Geýne bolanlygymda, Lermontow bolanlygymda, Mollanepes ýa Nobatguly Rejep bolanlygymda men ähli kele-külämi taşlap, ömrümi Gözeliň gözelligine bagyş ederdim.

Aýnada Gözeliň görünmändigine Atda juda gynandy. Belki, onuň maňa göwni ýokdur. Onda men müjerret geçmelimi? Belki, Mähri meniň bagtym bolaýmasyn?!

— Mähriniem söýýäňmi? — Syrdaş öňünde sömelip duran ýigide tiňkesini dikdi.

— Onda-da nähili söýýän? Ony görenimde akylym etegime gaçýar.

Atda Gözel bilen duşuşyp, çöle gidişini ýatlady. Ol şonda ilki bilen Mähriniň ýanyna barypdy ahyryn.

Mähri bir mähnet ojaryň saýasynda ýüzündäki ýaglygyny, başyndaky şlýapasyny aýryp, saçlaryny örüp oturan eken. Saçlary ýüpekden, ýaňaklary almadan, alkymlary gardan eken...

Ana, şol perizat — saçlary ýüpekden, ýaňaklary almadan, alkymlary gardan dörän perizat. Gyz eda bilen gapyny açyp içeri girdi. Onuň ýanynda Atda edil lal-jim, gepläbem bilenok. Dur som-saýak bolup. Onuň perişanlygyny duýan Mähri Atdanyň gapdaljygyna gelip gysmyljyrady. Onuň sandyrap duran elinden aljyrama diýýän äheňde näzijek elleri bilen gysdy-da, aýna bakdy.

Atda aýnada iň soňky umydyny — Mährini görüp bilmedi.

— Mähri jan, görünäý-dä! Eger senem meni taşlasaň, onda meniň üçin bu giň dünýäniň giňliginiň manysy doly gutarýar.

— Sen gowy ýigit, Atda. Ýöne biz aýry-aýry dünýädäki adamlar.

— Mähri jan, sen meniň dünýäme üns berme. Atdanyň dünýäsi ýok diýip hasap edäý. Sen haýsy dünýäde bolsaň, menem edil agam Mämmediň aýdyşy ýaly, şol dünýäde ýaşaryn. Seniň diýeniň bilen, seniň edeniň bilen bolaryn. Isleseň, dek häzir boýnumdan ýüp daňyp eliňe bereýin. Haýsy tarapa çekseň, şo tarapa giderin men, jylawym eliňde bolsun.

— Men beýle nalajedeýinleri halamok.

— Onda tersine bolsun.

— Meniň boýnuma ýüp daňjakmy?

— Ýok, ýok.

— Onda nädip tersine etjek?

— Seniň isleýşiň ýaly bolaýyn diýjek bolýan.

— Özüňde pikir ýokmy?

— Men seniň pikiriň bilen ýaşajak. Seniň pikiriň juda gowy ahyryn.

— Meniň pikirimi sen nädip bilýäň.

— Ýüzüňden bilýän. Ýüzüňden nur ýagýa. Ýüzüňden mähir ýagýa. Ejeň adyňy bilip dakypdyr.

— Meniň adymy kakam dakypdyr.

— Kakaň hasam akylly seniň. Men seniň kakaň diýenindenem çykmaryn. Kakaň, nesip bolsa, meni gowy görer. Ejeň bolsa: «Meniň mähriban Tapagan giýewim!» diýer. Meniň oturjak ýerime gat-gat düşekçe ýazarlar. Men kakaň bilen ejeňi derrew razy ederin.

— Ýok, ýok...

— Isleseň, men seniň aýagyňa ýykylaýyn. Aýajyklaryňdan ogşaýyn. — Atda aşak eglip Mähriniň aýaklaryndan şapyrdadyp ogşamaga durdy.

Mähri yza çekildi. Atda emedekläp onuň yzyna düşdi. Mähri daş çykyp gözden sumat boldy.

— Mähri, Mähri! — diýip, Atda daş çykdy. Pete-pet garşysynda duranyň Mähri däl-de, mähriban kakasydygyny görüp, şarkyldadyp gapyny ýapdy.

— Atageldi jan, nämeler samrap dursuň? Kim bilen gepleşýäň, oglum? — diýip, Kertik aga oglunyň bolşuna ör-gökden geldi.

Ýöne ogly onuň soragyna jogap bermedi. Bu mahal onuň aladasy özüne ýetikdi. Ol başyny aşak salyp, köneje dostunyň gaşyna bardy.

— Mähri gitdi. Bagtymam gitdi. Indi ol bagtymyň Garagumuň haýsy çöpüne ilteşip galjakdygyny Alla bilýär. Bagtym ýatdy, bagtym ýatdy. Indi men müjerret ötmelimi?

— Dowla düşmesene. Hemme zat düzüw, seniň bagtyň ýatanok. Seniň bagtyň ýatjak bagt däl ol. Seniň bagtyň aýlawa goýberilen bedewleriň içinde iň öňde gelýär. Seniň öňden gelýän bedew pisint bagtyňa kopleriň gözi gidýär.

— Üstümden güljek bolýaňmy?

— Ýok, men çynymy aýdýan. Isleseň, men saňa ömrüňi bileje geçirjek perizadyňam görkezip biljek.

— Görkez-dä onda.

— Howlukma gözüňi ýum — diýip, Syrdaş Atda buýurdy. Bir minutdan soňam ýuwaşlyk bilen gözüňi aç. Maňa seret.

«Gudrat görseň daglara bar» diýen nakyly döreden kimkä? Bu nakyly döreden edil Gara Seýitliýew ýaly ýalňyşan bir kişidir. Zolotarýow dogry aýdýar: geologiýanyň taryhynda entek dagdan nebitiň çykan ýeri ýok, dagdan nebit çykmaýar. Onsoňam nebiti her näçe zor oglanam bolsa çykaryp bilmeýär. Nebiti oglanlykdan ýigitlige ýetişen kişiler çykaryp bilýär. Edil şonuň ýaly, gudrat görjek diýip, menzil aşjak bolup ýörmeli däl. Mämmediň bu giň otaga bir gelin-ä däl, on gelnem ýerleşjek diýýän şu giň otagyna — Atageldi janyň otagyna geläýmeli. Şonda ol türkmen ertekilerindäki Aý diýseň, agzy bar, Gün diýseň, gözi bar diýip waspy ýetirilýän perizadyny görüp bolýar. Görogly beg Agaýunus periniň gözelligine aňk bolanda, edil Atdaça-ha aňk bolan däldir. Çünki Atdanyň gaşynda duran perizat entek hiç bir şahyryň, ýazyjynyň ýazyp beýan edip bilmedik, edibem bilmejek perizady. Eý, Hudaý jan, bu perizada külbike barmagyny dagy degrip, şol süýjülikde tarka jan beräýseň! Ondan ýokary lezzet, bagt bolmajakdygy düşnükli. Şonuň üçin şondan soň ýaşabam oturmaly däl.

Atda Wagneriň pikirini ýatlady. Bahargülden — söýgüsinden jyda düşensoň tapaganlyk ukyby döredi ahyryn. Söýgüden daşdalygy üçin şeýle başarnygy bar bolsa nä bilýäň. Wagneriňkiniň dogry bolmagy-da mümkin. Söýgi ýangyndan başlanýar ahyryn. Paşmadyk söýgi, gör, näçe kişini şahyr etdi, Atdany — tapagan. Ol edil Bahargüli ýatladyp duran bir perizady bagryna bassa, belkem onuň tapaganlyk ukyby ýitäýse nä bilýäň!

— Sen-how, gaşyňda duran gözeli göreňokmy? — diýip, Syrdaş gykylyklady.

Atda görgüli ol-a geplemek eken, deminem alyp bilenok. Haçan dem alanynam ýadyndan çykardy.

— Eger geplemejek bolsaň, bu perizat gidibersin.

Gepleşmek hökmanmy?!

O gözel gyz bilen Atdanyň ýüregi äbede-jüýje bolşup gürleşip durlar ahyryn. Adamlardan öň ýürekler tapyşýar, ýürekler gürleşýär. Ýürekler düşünişip, bir netijä gelenlerinden soň, adamlar gürleşen bolýarlar. Olaryň diýmeli sözlerini ýürekler diýip, gelmeli netijelerine ýürekler gelip goýdular ahyryn. Adamlar ýürekleriň telwaslaryny bary-ýogy ýerine ýetiriji robotlar ahyryn!

Bu nätanyş gyz Owganystandan geleninden bäri onuň gaşynda peýda bolup, Atdanyň özi bilen däl-de, onuň ýüregi bilen gürleşip gidýär ahyryn. Özem ol indi Atdanyň ýanyna üçünji gezek gelýär.

«Sen sebäpli men il içinde metdi-masgara boldum».

«Masgara bolanyňa gynanýaňmy?»

«Ynanaý, birjik-de gynanamok. Seni görmek üçin men ähli masgaraçylyklara kaýyl».

«Meni görüp näme etjek?»

«Etjek işim-ä ýok, ýöne seni itden geçirip goýbersem, şeýdibem seniň sagbolsunyňy alsam, maňa ýeterlik».

«Ýene meniň bilen gidermiň?»

«Giderin».

«Bu gün meniň doganymyň doglan güni. Men doganyma sowgat alyp barýan. Sen meniň sowgatlarymy göterişäý».

«Ýör!»

— Atageldi. — Kertik aga içeri girdi. — Näme iş eden bolýaň, oglum?

Atda tapagan birhaýuk kakasyna seredip durdy. Soňam töweregine garanjaklady. Ol nätanyş gyzy agtardy. Ony tapyp bilmän, lapykeçlik bilen öwhüldedi. Kertik aga soragyny ýene bir gezek gaýtalamaly boldy.

— Aýna sereden bolup durun, kaka.

— O duran ýeriňde aýna ýog-a.

— Bä-ä, ünsem bermändirin, öň bardy ahyryn.

— Agaň Oraz ertir irden gelip, ony öýüne äkitdi.

— Bermeli däl ekeniňiz-dä, kaka.

— Aý, ol meniň gepimi diňlemedi. Atda tapar diýýä. Şähere gitseň, menem äkit, oglum.

— Şähere gidip geldiň-ä, kaka.

— O nähili şähere gidip geldim? Şäherde bolmadym men. Men Arçmanda bolup geldim. Düşünýäňmi?

— Düşünýän.

— Men ejeňe «Öýde oturyp ýadadym. Şähere çykyp, göwün açyp gaýdaýyn» diýdim. Goý, ejeň adamym-a şäherde bolmandyr, Hakykatdanam Arçmana gidipdir diýip pikir etsin. Hakykatda meniň şähere gidesim gelenok. Ýöne ejeň üçin bir syýasatjyk ýöreden bolýan. Erkek kişiniň ömri aldaw bilendir. Aýalam aldanandan bolýandyr. Durmuş bi. Ejeň eşidäýmesin, biläýmesin.

Eý, Hudaý, kakam altmyş ýaşdan soňam aýalynyň gözüni güýdüşdirip ýör. Ýa ähli erkek kişem şeýlemikän?!

### *Dokuzynjy kyssa*

## ATDA TAPAGANYŇ ÝALŇYŞY

— Atda jan, derrew gelsin diýipsiň. Uly bir bähbidimden galmaýyn diýip, iýip oturan bal ýalak palawymy taşlap gaýdandyryn. Eýle-beýle zat, ýa alan ýüň ýaglygymyň bahasyny bereýin diýen ýaly ownugrak zatlar üçin çagyrmajagyňy bilýän-ä men seniň. Hemra agamy ýalkaýyn diýdiňmi?

— Hemra aga, sen öň çölde işlän adam. Şofýorçylyk edipmidiň?

— Hawa, hawa, şofýorçylyk edipdim. Ähli kişi meniň maşyn sürşüme aňk bolardy: «Maşyn sürseň, Hemra aga ýaly sürmeli. Ýogsamam men şofýor diýip ýörmeli däl» diýerdiler. Kolhozyň ähli şofýory menden maslahat soramak üçin oçura durardy. Biri «Hemra aga, aýtsana, maşynym gidip barýarka birden öçäýýär. Näme üçinkä?» diýip sorar. Beýleki biri ýene bir zat sorar.

— Gürrüňi uzaga çekip durjak däl, Hemra aga. Siz maňa anyk jogabyňyzy aýdyp, palawyňyzy iýmäge gidiberiň. Size pul gerekmi?

— Gerek, Atda jan, gerek. Altmyş ýyllap kowaladym, ýetdirmedi. Indem ýetdirjege meňzänok. Özüň öz eliň bilenjik elin tutup ber şony.

— Gerek bolsa, men sizi öz ýanyma işe alýan. Aýlygyňyz gowy bolar. Maşyny kä gün sürseňiz bor. Haýsy günler sürmelidigiňizi özüm aýdaryn. Sizi kösäp ýörmän, maşyny özüm sürerin. Aýlygyňyz bolsa, ýörär durar.

— Hökümet tapaganlygyň üçin başlyk edäýdimi seni. Gorbaçýow ýaşasyn. Aýaly Raisa Maksimownanyň ömri uzak bolsun. Bir ukybyň bolsa, hökümet derrew duýýar. Gadyryňam bilýär.

— Men geologiýa ekspedisiýasyna işe geçdim.

— Köpden bäri maşyn süresim gelip ýördi. Meniň islegimi nädip bildiň, Atda jan? Aý, hawa-da, bilýänligiň üçin Atda tapagan-da sen.

Atda gürrüňi jemledi:

— Onda gürleşdik. Ertir sagat altyda öýe — işe gel. Maşyny kabul edip alarsyň.

— Bolar, Atda jan, bolar. Kabul edip almaga men äl ökde. Häzir baryp gelnejeňi begendireýin. Kim bilen gürleşýändigini gowuja bilsin. Indem iňňirdesin şol! — Gökdäki dilegi ýerde gowşan Hemra illew begenjini içine sygdyryp bilmän, öwran-öwran ýuwdundy. — Atda jan, eýýäm başlyk bolaýdyňmy?

— Başlyg-a däl...

— Başlykmaşyn beren bolsalar, başlyk bolanlygyň şol. Kakaň ikimize berenoklar-a.

— Geolog bolup işe girdim.

— Geolog diýdiňmi? Bilýän, bilýän, geolog diýmek başlyklaryň depesinden garaýan diýmek ol. Beýle zatlary sen çekinmän menden göni sorabergin.

— Nebit, gaz agtarýanlara geolog diýýärler.

— Sen ýaş halyňa meni okatjak bolma. Sen entek arlygyňy öl-myžžyk edip ýören bäbek wagtyňam geolog-pedagog sözlerini obada diňe men bilýärdim. — Hemra illew begenjine guş deýin uçaýjak boldy. — O gün ýadyňdamy, men saňa näme diýdim?

— Bilmedim men-ä.

— O näme üçin bileňok. Bil. Men saňa: «Meniň pendimi tutsaň adam bolarsyň, başlyk bolarsyň diýdim. Eýýäm başlyk bolaýansyň görseň. Meniň diýenim bilen bolsaň, nesip bolsa, sen ýene-de ösersiň. Ýadyňdamy, köpçüligiň içinde saňa göni diýen sözlerim? Ä? Ýadyňdamy şonda, o çatrykda diýen sözlerim? Näme diýdim men saňa şonda?

— Ýadymda, Hemra aga, ýadymda.
— Ýo-ýo-ýo, ýadymda diýeniň bolmaýa. Sen maňa diýen sözlerimi doly aýt.
— «Atda, ýüzüňe aýtjak» diýdiňiz.
— Dogry, diýdim. Soň näme diýdim. Aýdyber, aýdyber.
— «Kakaň hatyrasy üçin men saňa bir akyl bereýin» diýdiňiz.
— Sen näme diýdiň?
— «Birisini däl, onusyny beriň, Hemra aga» diýdim.
— Men näme diýdim?
— «Ýok, onusyny berjek däl, ýekejesini berjek. Akyl bersem; gaty akyllyja bolgun. Ile kömek etjek bolgun. Ile kömek etseň, il ogly bolsaň, tükeniksiz döwlet taparsyň» diýdiňiz.
— Dogry, bildiň. Aýdyber yzyny.
— «Şeýtseň döwletem, halkam seniň gadyryňy biler» diýdiňiz. Adamlaram: «Bä-ä, Hemra agaň akylyndan soň, Atda jan sen hökman başlyk bolarsyň» diýdiler.
— Indi gördüň dälmi, men akyl bersem, derrew başlyk bolaýansyň.
— Siz duýan ekeniňiz, Hemra aga.
— «Duýan ekeniňiz» diýip gümansyratmaň näme seniň. Men duýamok, men oraşan görýän, men oraşan bilýän. Hawa, hawa, men şeýle-dä. Hemra agaňa seniň gözüň öwrenişipdir. Gelnejeňem maňa gözi öwrenişipdir. Hemra agaň bihal adam däldir, görseň. Sen hiç wagt unutmagyn. Seni men başlyk edendirin.
— Sag boluň, Hemra aga. Gadyryňyzy bilip, menem sizi işe alyp durun-a.
— Dogry edýäň.
Hemra illew Atdanyň başlyk bolanyna begenmek begenip, işe alanyna alkyş baryny aýdyp, özüniň ýönekeý adam däldigini öwran-öwran tekrarlap, öýüne gaýtdy. Daň bilenem dylym-dylym edip, Atdanyň ýanyna geldi.
— Atda jan, sen-ä meni begendirdiň. Ynansaň, uzak gije maşyn sürüp çykdym. Gelnejeňem gapdalymda. Başlyk ýaly bolup otyr ol. Maşyna mündürjek, gyzyňka maşynly äkiderin diýip söz berendirin. Aý, erkek kişiniňki mydama söz bilendir. Aýyn bolmasa, ol aýalyna söz beren bolar. Beren sözünde-de durup bilmez. Ana, onsoň aýalynyň gyjalatyny gulagyny sallap diňläp oturmaly bor. Şu gezek, enşallasa, heleýimiň ýanynda dilim gysga bolmaz. Ol entek ärini tananok. Ediberişim bardyr meniň. Işe öýüň deňinden geçip gidiň diýdi gelnejeň. Öýüň deňine baranymyzda maşyny üç gezek «düýt-düýt-düýt» etdirmeli borus, Atageldi jan. Söz berlendir, söz. Meniň söz berdigim, seniň söz berdigiňdir.
— Hemra aga, meniň bilen maslahatlaşman adam ogluna söz bermäň.
— Adam ogly däl ol. Gelnejeň ol, gelnejeň.
— Hemra aga, maňa aýtman hiç kime söz bermäň.
— Meniňem gowşak tarapym bar: aýalymyň ýanynda söz bermän hiç durup bilemok. Goý, olam begensin. — Hemra illew Atda ýakyn geldi: — Atda jan, işi oňarmaryn diýip gorkmagyn. Men ýanyňda bolsam, seni hor etmerin. Meniň diýenim bilen bolubergin. Men köpi gören adamdyryn. Näme etjek bolsaň, gypynç etmän menden göni sorabergin. Gözüňi meniň gözümden aýyrmagyn. Eger men

makullasam, göz gyparyn, göz gypdygym edibergin. Meniň akylyma eýerseň, bir ýylyň içinde ministr bolarsyň, enşalla. Ministr bolaňsoň mesele biraz kynlaşjak. Men munuň pikirini kän etdim gije.

— Näme ol kynlaşjak zat?

— Ministr belleseler, obada ýaşaryňa bolmaz. Goş-golamyňy alyp, Aşgabada gitmeli bolarsyň. Men bolsa, bu ýaşda Aşgabada gidip oturmaýyn. Ýöne her altynjy, bazar günleri gelersiň. Ana, şonda bir hepdeläp etmeli işleriňi maslahatlaşaýarys. Onsoňam meniň öýüme ekstrenniý ýagdaýda telefon çekmeli bolarsyň. Çykgynsyz ýagdaýa düşseň, göni jaň edäýgin. Özüm-ä uzynly gün öýde oturyp bilmen. Gelnejeň günuzyn öýde. Ol meniň sekretar-kömekçim bolar. Näme meseläň bolsa, ilki şoňa aýdarsyň. Meniň haçan öýde boljagymy sorarsyň. Men gelnejeňe öýde haçan boljagymy aýdyp giderin. Sen meniň öýde boljak wagtymy bilip, soň jaň edersiň...

— Biderek gürrüňleriňizi...

— Dur, dur, biderek diýen sözüňi yzyna al. Hany, üç gezek toba etdim, toba etdim, toba etdim diý.

— Diýmesem näme bor?

— Diýmeseň, bitäýmeli işleriňem bitmez. Ministrem bolmarsyň, başlygam. Hiç işiňem bitmez. Bol bahym toba etdim diý.

— Meniň-ä diýesim gelenok.

— Meniň akylymy almasaň, hor bolarsyň. Görersiň entek. Gör, ogullarym itiň art aýagyndan suw içýärler. Sebäbi meni diňlänoklar. Görersiň entek. — Hemra illew närazylyk bilen täze başlygyna bakdy. Soňam uzyn gije sürüp çykan maşynynyň gelerine garaşdy. Elinde-de bir giden mata-marlyk.

— Hemra aga, eliňdäki letdeler näme?

— Muny gelnejeň köneräk köýneklerini ýyrtyp berdi maşynyňy arassa sakla dýip. Nesip bolsa, işläp ýörsem, gelnejeňe köýnegi köp alyp bererin.

— Maşyn münjek diýip gelnejem köýneksiz galandyr-ow.

Aýalynyň abatja köýneklerini ýyrtyp maşyn süpürjek diýip alyp gaýdan Hemra illew aýaly yzyndan geläýen ýaly ýalpa yzyna seretdi. Hiç kimiň ýokdugyny görüp, biraz rahatlandy. Sürjek maşynyna garaşmaga başlady.

Sagat alty boldy. Soň ýedi. Ýöne maşyn gelmedi.

Sagat sekizde-de, dokuzda-da üç gezek düýdüldemeli maşyn gelmedi.

— Atda jan, seni işden çykaran bolaýmasynlar?

— Men işe düýn girdim-ä.

— Ertir işe girip, öýlän işden çykan saparlarym hem bolupdy meniň-ä.

— Mende onuň ýaly bolanok.

— Ýaş başyň bar, sende-de bolar. Işden çykaryň diýip ýazmadyk bolsaň-a profsoýuzyň üsti bilen işiňi dikeltse bolar.

— Entek işe girjek diýibem arza ýazamok.

— Onda nä meni daňdandan bäri gapyňda galpyldadyp saklap otyrsyň?!

— Özleri nebit tapyp ber diýip geldiler. Men olara nebit tapyp bereýin diýemok, meni işe alyň diýemok.

— Onda sen nädip başlyk bolduň?

— «Şyhym» oýunyň ýanyndan nebit ýatagyny tapyp berenimden soň, meni işe aldy olar. Baş geologda iki sany maşyn bar eken. Ol maňa seni şu günden başlap işe alýas diýdi. Maşynlarynyň birini görkezip, ine, şu ýeňil maşynam seniň hyzmatyňda bolar diýdi, nirä sür diýseň, sürer diýdi, şu şofýoram seniň huzuryňda bolar diýdi. Hut düýn diýdi şu zatlary.

— Dur entek, dur, Atda jan. Ikimiz düşünişmeli. — Hemra illew birden saňňyldap ugrady.

— Ikimiziň düşünip-düşünmez ýaly, dawamyz ýok, ýöne şofýor gelse, göni kowup goýberjek. Ony jynym almady meniň.

— Dur entek, dur, Atda jan. Sen meniň bagtymy ýatyraýan ýaly-la? Sen-how meni işe alman, türmä salan ýaly-la! Meniň-ä işimi gördüň sen. Ir bilen ölmeli boldum-ow. Hany, täzeden aýt, nebiti nireden tapdyk diýdiň?

— «Şyhym» oýunyň ýakynyndan.

— Iki kilometr günbataryndanmy?

— Ony siz nireden bilýäňiz? — diýip, Atda tapagan ör-gökden geldi.

— Şol ýagjaryp ýatan giň oýdanmy?

— Ýagjaryp duran giň oýdan, hawa. Ol ýerden ýakyn günlerde nebit çykar. Nebitiň ýatagy örän ýokary gatlakda eken. Ol ýerde bütin Türkmenistany ýigrimi-otuz ýyl arkaýyn ekläp biljek nebit zapasy bar eken.

— Eh, Atda jan, sen meniň işimi gördüň. Saňa öňem bir göwnüm ýetip baranokdy meniň. Sähraýylygyň bir belanyň üstünden elter diýip pikir edip ýördüm. Men ýetişen adam bolmaly, pikir edişim ýalam boldy, meniň bagtymy ýatyrdyň. Maşyn sürmek nesibämde ýok eken meniň. Wah, maşyn sürmänem oňjak-la. Ýöne men seniň gepiňe ynanyp, heleýimiň ýanynda güpülän boldum. Janymyň ýanýan ýeri, mydama aýalymyň diýeni dogry bolaýýar. Käte ýalňyşyp meniň diýenim hem dogry bolaýsyn-a — diýip, Hemra illew köçä bakan ugrady.

— Hemra aga, nirä barýaňyz?

— Öýe barýan, goş-golamlarymy ýygnajak. Ät galmaýyn. Tapanyň şol nebit bolsa, maşyn yzyňdan gelmez. Arkaýyn bolaý. Näçe ýyl berjeklerini bilmedim, ýöne meniň yzymdan gelerler. Ynha, görersiň, Hemra agam weli adamdy diýip yzymdan ýatlaň.

— Düşündirsene, Hemra aga!

Hemra illew gaharyna saňňyl-saňňyl edip yzyna öwrüldi.

Atdanyň alkymyna dykylyp gelip, agzyndan köpük syçradyp gürledi:

— Men saňa ilki başga bir zat aýdaýyn.

— Aýdyň, Hemra aga.

— Men saňa üç gezek toba et, toba etmeseň bitäýmeli işiňem bitmez diýdimmi?

— Diýdiňiz, Hemra aga.

— Sen näme diýdiň? Aýdyber, aýdyber.

— «Meniň-ä diýesim gelenok» diýdim.

— Hawa, işiň bitdimi onsoň?

— Bitmedi, Hemra aga — diýip, Atda perişan halda aýtdy. — Indi toba etsem giç bolarmy?

— Indi giç.

— Gijem bolsa, men-ä diýjek, Hemra aga. Toba etdim, toba etdim, toba etdim.

— Toba bilen düzeljek zat däl eken seniň bu işiň.

— Onda men nähak toba etdimmi?

— Hemra illew birmahal tütjar baý bolupdyr diýip eşidipdiňmi?

— Öňmi? Öň baý bolanmyşyňyz, eşitdim. Kän eşitdim.

— Başga näme eşitdiň?

— Nazar aga bilen hum tapanmyşyňyz diýip eşitdim.

— Nazar-a tapan tyllalaryna jaý gurdy. Hany, meniň tyllalarym?

— Men bilmedim, Hemra aga. Men bilmedim.

— Wah, sen bileňok-da. Sähet ferma ir öldi. Näme üçin?

— Arak içipdir diýýärler, kesel bolupdyr. Ekenokok diýen kesele sataşypdyr.

— Sataşypdyr. Guran jaýy nähili?

— Gül ýalak, iki gatly köşk.

— Iki sany «Žiguli» aldymy?

— Aldy.

— Muhy näme üçin öldi?

— Çölde çopan bolup işlän Muhy agamy? Arak içipdir. Içi ýöne gutaraýan eken görgüliniň diýdiler.

— O aragyň puluny nireden alanmyş? Ä? Nireden alanmyş ol her gün iki çüýşe arak içer ýaly, puly?! Körgarganyň saçagy ýokdy ahyryn onda.

— Bilmedim men-ä, Hemra aga.

— Bileňok. Dogry, bileňok, bilmersiňem.

— Nämäni?

— Adama sütem etseň, soňy nähili bolýar? Ä? Soňy nähili bolýar? Hany, aýt.

— Erbet bolaýmasa.

— O nähili erbet bolaýmasa, hakykaty gümansyratma, erbet bolýar diý.

— Erbet bolýar.

— Ine, munyň dogry — diýip, Hemra illew bikeýp öýüne gaýtdy. Ol köp zatlary aýtman gaýtdy. Atda üçin düşnüksiz zat kändi. Ýöne, Hemra illew o zatlary doly aýtjak adama meňzänokdy. Aýtsa gözenegiň aňyrsyna geçäýjek ýalydy. Ol telewizorda köp gördi: men-men diýen wezipeli adamlaryňam eline gandal urup, göni alyp gidiberýärler. Ele gandal urulýan wakaly kino görende Hemra illew her gezegem ziňk edip giderdi. Ol oturan-turan ýerinde özüni arkaýyn, hiç hili günäsiz kişi ýaly alyp barsa-da, mydama böwründen kimdir biri oslagsyz hürsekläýjek ýaly bolar durardy. Onuň Atdanyň ýanyndan howlukmaç, bar zady şänik döwen ýaly etmän gaýdyşynyň düýp sebäbem diňe şol zatlar üçindi. Ol Atdanyň ýanyndan birmahalky eden etmişiniň ýanyndan zut gaçyp gaýdyşydy. Gaçyp bolýan wagty gaçan ýagşy. Etmişiň gowusy-ha ýokdur welin, sypyp bolýan etmişiň hem höziri erbet däl eken.

Hruşýow ýyllary Hemra illew çopan goşlaryna solýarka daşaýardy. Uly ýük maşynyň üsti ullakan sisterna ýüklenendi. Ol sisterna-da solýarkadan doludy. Gyrkym döwrüdi. Gyrkymçylar-a gyrkym bilen başagaý. Solýarka getiren şofýorda näme iş bolsun? Biraz oturyp dynç alansoň, böwri byjyklap ugraýar. Hemra illew üç-dört ülpedi bilen gyrkymçylardan gaçyp, Atdanyň «nebit» tapan şol ýerine keýp çekmäge, has takygy, arak içmäge gelipdiler. Bir ýaşşik aragy içip, kellelerini sämedipdiler. Meý-mes bolup keýp çekipdiler. Gaýtmakçy bolanlarynda gözlerine ynanmadylar. Serhoşuň gözüne görünýändir öýtdüler. Ynanar ýaly däldi: Hemra illewiň äpet maşynynyň ýarpysy çägä gömlüpdir. Ýene dursa, galanjasam aşak çümüp gitjek. Içilen arak zym uçan dek bolupdy. Daňdanlar «S-100» traktoryny getirip, maşyny süýräp çykarjak boldular. Eger-eger çykarar ýaly däl. Onsoň, sisternany çekip düşürdiler. Şondan soň maşyny oýdan zordan çykardylar. Sisternanyň üstüni gömdüler. Bu hakda hiç ýerde dil ýarmaly däl edişdiler. Üç ülpediň «S-100» traktoryň traktorçysynyň dymmagy üçin Hemra üç-dört ýaşşik arak eçilmeli boldy. Şondan soň ýüregim agyrýar diýen bahana bilen Hemra illew işden çykypdy. Çölde işlemesini goýupdy. Ýüregi agyrýan şofýora çölde işlemek bolmaýar diýip bir tutaryk hem tapdylar. Ýöne ony geň galdyran zat: bir ýyllap şol sisternany soran-idän adam bolmady. Hemra illew kolhozda iňňe ýitse-de, yzyndan jogap bermelidir, hasaby bardyr öýderdi. Asyl sisterna ýitse-de bilinmejek eken. Hemra illew sisternanyň ýiteniniň bilinmändigine begenmek begendi.

Käte bir zada aşarak begenseň, şol zadyň ýazzy maňlaýyna boran ýagýar. Hemra illew hem gömlen sisternanyň jebrini bir ýyldan soň çekip ugramaly boldy. Oňa-da täze ýer açyp ýörkäler Nazar diýen obadaşy bilen bir giden baýlygyň — birki küýze tyllanyň üstünden barmasy ol tyllalary hem paýlaşyp, ilden ogryn öýüne çekmesi boldy. Adamlar ýaponlaryň UZI-sindenem ökde. Senden alysda bolsalaram içiňi, jübiňi öz içlerinden, öz jübülerinden gowy bilýärler. Niçik sende bäş şaýynyň bardygyny bildikleri siňek deýin daşyňdan daşlaşmazlar. Her hili ýol bilen jübiňe hüjüm ederler. Özem şeýle bir ýol taparlar, senden peýda, bäş şaýy görmek üçin adamlaryň tapýan ýollaryny, walla, Allatagala-da ýere düşäýse, tapyp bilmez. Tapyp bilmejekligi üçin ol soňky döwürde ýere düşenok. Öz döreden bendeleri özünden ökde geldi onuň. Ol öz döreden bendeleriniň ökdeligine telpek goýup, telpeksiz galan bolmaly. Onuň döredenleriniň bilmeýän we bilmejek zatlary ýok-how. Biziň döwrümiziň adamlarynyň hemmesi wunderkind.

Göräýmäge, tapyndy hakda Nazar ikisinden başga hiç kim bilmeli däldi. Ýöne şol tapylan tyllalar edil dil açan dek boldy. Ol ikisiniň tylla tapandygy hakdaky habar Amyderýaň joşguny deýin, Saganaly obasyna sygman raýonyň içine doldy. Iki kişiniň başy birikse, Nazar bilen Hemra ylla «S-100» traktoryň möçberiçeräk tylla tapanmyş diýip gürrüň etdiler. Gürrüňlerem dilden-dile geçiberse, şar deýin çişer eken. Ahyr olaryň hersiniň tapan tyllasy birki wagona bardy. Hakykatynda bolsa, hersine bäş-alty litr möçberindäki iki küýze tylla ýetipdi. Olam az däl-ä, eger şol tapylan baýlyk özüňe nesip etse! Nesip etmese, wagon-wagon baýlygyňdan ne peýda! O tyllalara hyrydar köpeldi. Ilki çöldäki maýda mallaryň fermasynyň müdiri Sähet bir gün ýüzüni ak tam

edip geldi: «Barlag geldi, sisternany biljek bolýarlar. Birazajyk emlemesek boljak däl» diýip, üç-dört tylla alyp gitdi. Bir gün gelip, kolhoz başlygy şol sisternany soraýar, sorama diýip biraz emläýmesek boljak däl diýip äkitdi. Ýene bir gün OBHSS (Hemra aga bu sözi ilkinji gezek ferma müdirinden eşidipdi) barlaga geldi diýip üç-dört tylla äkitdi. Wah, bar ýagy ferma müdiri däldi-le. Muhy çopan hem: «Men dilime bek däldirin. Ýöne arak içirseň aýtmaryn» diýip, bar eklenjini, içgisini Hemra illewiň üstüne ataýdy. «Tyllanyň nähili zatdygyny göremok, on sanak tylla berseň, balyk gürlese-de, men gürlemerin» diýip, Muhy hažžyk-hužžuk bilen on tylla aldy. Hemra illew Muhy çopanyň öňünde iki-üç ýaşşik aragam goýup gördi. Köp wagt geçmänkä ýaşşik boşady. Iki adamyň başy birikse, Muhy çopan Hemra illewe kakdyryp gürlemäge başlady: «Aý kolhoz dagan-laý. Nämesini alsaň alybermeli. Bilýän ýok. Ynha, men bir sisterna bilýän. Nirede gömlendiginem bilýän. Kimiň gömendiginem bilýän. Näme üçin gömendiginem bilýän. Ýöne aýdyp ýöremok. Şeýle jenaýat eden kişileri sud etmeli, türmä basmaly. Ýöne ony degişli ýerine aýdýan ýok. Aý, aýtjak däl».

Adamlar ýerli-ýerden Muhy çopany gürletjek bolarlar:

«Aý, munyňyz-a bolmaýar. Aýtmaly. Goý, jezasyny bersinler».

«O nädip jezasyny bersinler diýjek, eger şol işi eden jan ýaly dostuň bolsa?»

«Dostuň bolsa-da, degişli ýerine aýtmaly».

«Menem şeýle pikirde. Degişlije ýerine aýdarmykam diýýän. Aý, ertir aýdaryn-da».

Ana, şondan soň iki çüýşäni goltgyna salyp, Muhynyň ýanyna barybermelidir. Ol bolsa öýünde «zakuska» taýýarlap, ýuwdunypjyk — garaşypjyk oturandyr.

Bu zatlary Atda tapagan bilenok. O görgüli nädip bilsin?! Ýöne ol uzak gijeki begenmesiniň puja çykmasyna serpmeden gaýdan dek boldy. Hemra illewiň maňlaýyny tutup, uly-uly öwhüldäp, keç ykbalyndan nalap gitmesi ýöne ýere bolmaly däl diýen netijä geldi. Näme etjegini bilmedi. Zolotarýowyň ýanyna gidip, ähli zadyň anygyna ýetmelimi ýa-da netijesiz endişe diýip, başga işler bilen gümra bolubermelimi?

Birden köçeden «GAZ-69»-yň signaly eşidilen dek boldy. Dogrudanam, bir maşyn signal berýär.

— Meniň maşynym geldi ahyryn — diýip, Atda janykdy.

Haý, Hemra aga, Hemra aga! Maşyn birki sagat gijä galdy welin, Hemra aga giň dünýäni gapyşdyryp gitdi. Dargursak eken ol. Boýy bir altmyş iki-bir altmyş üç bolsa-da, inedördül göwresi ýüz kileden-ä az däldir. Mydama dünýäden närazy. Bedildenem öňe geçjek ol. Bar närazylygam bäş şaýylyk zat. Çolpusyna bir zatjagaz ilse, onsoň onuň dünýäsi giňäp, mahmal öwsüp ugrar. Sözi süýjüdir, ýüzi nuranadyr, kimdir birine sahylyk edip akyl bermekden lezzet alar. Ol bir zada özünem, obadaşlarynam berkden-berk ynandyrypdyr. Kim-de kim onuň akylyny alsa, akylyna eýerse, şol kişi uly derejä ýetýärmiş. Ýöne ol juda bir tarhan däl, herýetene akyl-öwüt beräýenok. Hana, Hemra agaň akyly bilen şäherde uly stol sorap oturan obadaşlary az däl. Hemra aga idensoň, ol kişileriň uly derejelere ýetendigini obada ähli kişi bilýär.

Şonuň üçinem obada çaga dil bitende eje, çöçje diýip bitenok-da, göýäki Hemra aga diýip dil bitýärmiş. Elbetde, şeýle kişini Atdanyň özüne şofýor edip işe almasyny hemme kişi makullar, hemem «Atda etmeli işini bilipdir. Indi bahym ol ullakan başlyk bolar» diýer. Onsoň onuň öz aýdyşy ýaly, wezipe basgançaklar bilen her kwartalda galyp gidibermeli bolar.

Kim bilýär, belki, şu günden onuň durmuşynda bagtynyň gapysynyň doly açylan günüdir.

Garşysynda ak eşikli Kakow peýda boldy. Ol sesini çykarman, dostuna gözügidijilik bilen bakyp dur. Atdanyň göwni göterildi. Kakow bilen eden pikirlerini ýatlady.

Bu dünýä tapmak dünýäsi.

Bu dünýä ýitirmek dünýäsi.

Bu dünýä, has takygy, tapmak bilen ýitirmegiň arasyndaky asyl-asyl bolup duran dünýä.

Tapmak dünýäsindäki iň lezzetli begenç tapmazlyk.

Ýitirmek dünýäsindäki iň uly gynanç tapmak.

Munuň tagamyny tapyp hem ýitirip görmedik kişi bilmez.

Adam ogly düşünjek bolup öz täleýine kössek salýar.

Adam öz bulaşdyran ykbal ýumagyny çözlemek bilen ber-başagaý bolup ömrüni geçirýär. Bu dünýä durşuna doly çözülmedik hem ömürylla çözülmejek ýumak, öz bulaşdyran ýumagyňy çözmäge adamyň ömri ýetenok. Adama mydama nämedir bir zat ýetenok. Täze gelen adam öz ýumagy bilen başagaý.

Ýumagyny bulaşdyryp bilmeseň, sendenem bir adam bolarmy!

Adam ogly bu dünýä ömrüni-ýumagyny bulaşdyrmak üçin gelýär. Gepletseň, onuň ynanjy başgadyr. Men ýumagy düzedip-çöşläp otyryn. Dünýä düzüw däl. Dünýäni düzetmeli! Olar Allanyň guran öýüni düzzetjek bolup ber-başagaýdyrlar. Hudaýyň öýüni, dünýäsini düzedeniňden, öz garyp külbäňi, öz garyp dünýäňi düzet ahyryn, eý Adamzat!

Eý, Adam, sen nähili jandar?!

Sen Hudaýyň sygan giň dünýäsine sygman ýörsüň.

Ýumagyňy çözüp bilen günüň durmuş gutarýar. Bu meniň pikirim däl, bu pikir beýik Allatagalanyňky! «Kakow jan, bu dünýäde her kim sapýor ahyryn!..».

Daşardan ýene maşynyň sesi eşidildi. Muňa näme diýip, näme aýtjak! Şofýor başlygy howlukdyrmaly däl, ýok, ýok, tersine, başlyk şofýory howlukdyrmaga hukukly. Çölden gaýtjak wagtym hem maşynyny düýdüldeden bolup ol meni gyssapdy. Zolotarýow muny erkine goýberipdir. Başlygy howlukdyrmaly däldigini men muňa öwretmesem bolmaz.

«Kakow jan, sen keýpine geldiňmi?».

«Seni göresim geldi-de, gaýdyberdim».

«Görýäň-ä, meni howlukdyrýarlar. Men gitmeli».

«Köçedäkileriň niýeti gowy däl, seniň bilen ýaka tutuşmaga gelipdirler. Sen olar bilen deň bolma. Olara el göterme. Meniň esasy aýtjak zadym şu. Sen hiç wagt

howlukma. Garagum çöli deýin giň bol. Soňky döwürde meniň bagtym açylanok diýip biraz darykjak bolýaň. Internasionaliste darykmak bolýan däldir. Sen meniň üçinem ýaşamalysyň».

«Kakow jan, sen menden arkaýyn bolaýgyn. Bir iş kyn, agyr eken diýib-ä müzzerilmerin. Seniň üçinem näme etmeli bolsa, meniň taýýardygymy bilýäň-ä sen».

«Ejemi göresim gelýä. Sen meniň ejem barada gür bersene. Onuň ýagdaýy nähili? Ol meni soradymy?»

«Sen hiç zady alada etme. Men kakaň bilenem, ejeň bilenem gürleşerin. Olar barada soň aýdaryn. Eger garşy bolmasalar, men olara edil öz ogullary ýaly hyzmat ederin».

«Men saňa ynanýan, Atda».

Atda goş-golamyny göterip köçä çykdy. Görse, köçede ak «Žiguli» dur. Ondan üç sany girdeneje kişi çykdy.

Olar dogup-döräp öwrenen, türkmen dilinde bar bolan, ýöne entek edebi dile, kitaba girmedik, dagy-duwara-da girmejek hapa sözleri aýdyp, Atdanyň üstüne topuldylar.

«Atda jan, giň bolgun».

«Men olara garşylyk görkezmedim-ä, Kakow».

«Olaryň näme üçin dergazap bolup gelendiklerini bilýäňmi?»

«Ýo-ýo».

«Olar öz betbagtlyklaryny seniň bilen ýakalaşyp egismek isleýärler».

«Olara näme bolupdyr. Meniň aýdanlarym nädogry ekenmi?»

### *Onunjy kyssa*

## ÜÇ WEZIPE

Raýon milisiýasynyň naçalniginiň ýüz-gözi gamaşyp duran eken. Içeri girip, Atdanyň nazary naçalnigiň gamaşyp duran ýüzünde däl-de, batareýiň aşagyndaky bir tokga zatda eglendi.

Gelenleriň sesini ýazýan magnitofon bolaýmasyn? Magnitofony gapa ýakynrak ýerde goýmaly ahyryn. Şeýle pikir bilen onuň esli salym sömelip durmasy naçalnige ýaramady.

Naçalnik gapynyň agzynda sary-sadylla bolup duran Atdanyň salamynam alman:

> *Ol döwürden bäri birnäçe ýyl geçendigi sebäpli, milisiýanyň naçalniginiň ady, familiýasy Atda tapaganyň ýadynda galmandyr. Şonuň üçin awtor Atda tapaganyň beren maglumatynyň doly däldigi üçin okyjylardan ötünç soraýar.*

— Urup gaçjak ýaly bolup durman, näme habar bolsa, nobatçynyň ýanyna bar! — diýip, jabjyndy-da, ýene aşak-ýokary eglip-galyp, stoluň tahyllaryny gezek-gezegine açyp-ýapyp ugrady.

— Bolşuňyz-a bir zat ýitirene meňzeýär — diýip, Atda tapagan çekine-çekine dillendi.

Naçalnigiň gelesi gelip duran gahary girre geldi:

— Nämä meňzeýär diýip soradymmy men senden? Belki, men başga kişä meňzeýändirin?

— Aý, başga kişä-hä meňzäňzok.

— Sen kime meňzeýäň? — diýip, naçalnik gaharyna saňňyldady.

— Men-ä kakama meňzeýän. Doganlarymam edil bir almany iki bölen ýaly meňzeş.

— Meňzemez ýaly edeýinmi?

— Aý, ýok, gerek däl, şu durşum gowy meniň. Üýtgesem adamlar her hili gürrüň ederler. Şonsuzam obanyň bar gürrüňi men.

Naçalnik stoluň aňyrsyndan, bagyr ýaly garalan ýüzüni görkezip, Atdanyň ýüzüne gazap bilen seretdi:

— Çy-y-yk!!!

— Meni kowmak üçin çagyrdyňyzmy?

— Hawa, kowmak üçin!

— Be, beýdibem bolýar eken.

— Ýene bir agyz sözleseň, kakaňa meňzemez ýaly ederin. Çy-y-yk! — diýip, naçalnik Atda çykmaly gapysyny görkezdi.

— Näme, gapyny görkezýäňiz? Giren gapysynam bilýän däldir öýtdüňizmi meni? — diýip, Atda ajy ýylgyryp, görkezilen gapydan çykdy.

Nobatçy onuň gözlerini elek-çelek edip gelşine geň galdy.

— Naçalnigimiz seni näme üçin çagyran eken-aý, Atda?!

— Aý, men-ä düşünmedim näme üçin çagyrandygyna. Kime meňzeýändigini bilmek üçin bolaýmasa.

«Men kime meňzeýän?» diýdimi?

— Dogrymy aýtsam, men-ä näme diýenine-de düşünmedim. Bir düşünen zatdym «çy-yk!» diýen sözi. Onam gaty düşnükli edip, kemini goýman aýtdy. Menem çykyp gaýdyberdim.

— Kowmak üçin-ä bizi çagyrsa-da bolar. — Nobatçy Atdanyň sözlerinden nähili many çykarjagyny bilmän kösendi. — Sen oňa kimdigiňi aýtdyňmy? Seni tanamadyk bolaýmasyn?!

— Soramasa nädip aýdaýyn. Kimdigiňi nobatça aýt diýdi.

— Hä-ä — diýip, nobatçy baş atdy. — Ol seni tanan däldir. Tanan bolsa, ol saňa eger-eger çyk diýmezdi. Onuň seni gözleýşinden çen tutsaň-a bir betbagtçylyk gopan bolmaly. Ýogsam biziň naçalnigimiz ownuk-uşak mesele üçin aňsat-aňsat oda-köze düşýän adamlaryň hilinden däl. Häzir sen gitseň, onsoň ol meniň başyma ýene ahyrzaman gopdurar. Ynanaý-how, ol düýn ähli işgärlere: «Ýedi gat ýeriň aşagynda

bolsa-da, ýedi gat asmanda bolsa-da, bar kele-küläňizi goýup, meniň gaşyma Tapagy tapyp getiriň» diýdi. Sen bir minutjyk garaş. — Nobatçynyň gidişinden gelşi tiz boldy. — Ýör, tizräk. Sen oňa kimdigiňi aýtmansyň-a! Aý, zeleli ýok.

Naçalnigiň gamaşyp duran ýüzi üýtgemändir. Ol maňlaýyny tutup, çuň oýa batyp otyr.

— Ine, Atda tapagy getirdim, ýoldaş naçalnik.

— Sen gidiber — diýip, naçalnik nobatçyny ugratdy. Atda tapagy boýdan-başa synlady. Pisindiniň oturmandygy ýüz-gözünden açyk duýlup durdy.

Atda tapagyň eden jenaýat işi ýok. Şonuň üçin ol hem juda bir gorkup duranokdy. Ol nämeden gorksun, ol oduň içinden — Owganystandan geldi ahyryn. Geplemän içini hümledip oturan naçalnigi synlan Atda tapagan kabinetiň içine synçy nazaryny aýlady. Batareýiň aşagyndaky bir tokga zatda ýene onuň nazary eglendi.

— Senmi Atda tapagan?

— Meniň adym Atageldi. Kakam Moskwa gidip geler wagty gelmändir. Onsoň ejem dagy kakama bir zat bolandyr öýdüp gorkupdyrlar...

Naçalnik Atdanyň gürrüňini diňlemek islemedi:

— Saňa Tapagan diýýärler.

— Diýýärler öz-ä.

— Tapaganlygyňy näme üçin maňa aýtmadyň?

— Soralmasa, özüňi güjeňläp ýörmek gelşiksiz. Onsoňam, nädip tapagan bolşum hakda birem däl, birnäçe gezek siziň işgärleriňize düşündiriş ýazyp berdim. Şol düşündirişlerim sizde bolmaly.

— Mende hiç zadam ýok. Men saňa: Tapaganlygyňy näme üçin maňa aýtmadyň diýýän. Ýa saňa iňlisçe aýtmalymy?

— Iňlisçe bilemog-a men.

— Näme üçin aýtmadyň.

— Kakam soralmadyk zady aýdyjy bolma diýdi.

— Ondan kaka bolmaz.

— Bolar.

Naçalnik manysyz dawany islemedik bolarly, äheňini üýtgetdi:

— Sen goňşy halka internasional kömegini berip gelen ýigit. Bu gün biz seniň kömegiňe mätäç.

Naçalnik dymdy. Ol Tapagyň kömek ederin diýip aýtmagyna garaşdy. Atda bu sözi aýtmagyň zerurlygy ýok hasaplap, dymdy. Sebäbi naçalnik haýyş etse, etmeli boljakdygy düşnükli zat ahyryn. Onsoň hökman kömek ederin diýmegiň näme geregi bar. Belki, kömek edip bilmersiň. Bitirilmeli iş Atdanyň ýigrimi-otuz ýylda-da başaryp biljek işi bolmasa nätjek?!

— Nä dymdyň? Başararmyň?

— Başarjak bolaryn.

— Ony hökman başarmaly. Ony hökman tapmaly. Ol tapylmasa, işler pyrryk.

— Siziň işiňiz pyrryk bolmaz.

— Dörmedik ýerim galmady.

— Siz bir zat ýitirdiňizmi?

— Bir zat diýen bolýaňmy? Bir zat däl ol. Ol meniň ykbalym. Ol meniň abraýym.

— Ýitiren abraýyňyz uly zatmy?

— Ýok, uly däl.

— Batereýiň aşagynda polda bir zad-a ýatyr, siziň ýitirdim diýýän «abraýyňyz» şol bolaýmasyn?!

Naçalnik ýalt edip, batareýanyň aşagyna — pola seretdi. Soňam turup, Atdanyň görkezen ýerinden şol togalak «abraýy» aldy. Onuň daşlaryny üfleşdirdi. Ikinji gezek Atdanyň ýüzüne bakanda, onuň gözleri gülüp durdy. Gollaryny gerip durşam, ylgap gelip, Atdany gujaklajaga meňzeşdi. Şeýdip, birsalym durandan soň, ol ylgamakdyr gujaklamak meselesini goýbolsun eden bolarly, diňe çalarak ýylgyrdy. Hälki hyrsyz görnen naçalnik şeýle bir hyrsyz hem däl eken. Nurana ýüzli, nazarkerde kişi eken. Şeýledir-le, nazarkerde, nurana ýüzli, özem gowy adam bolmasa, ony naçalnik goýmazdylar-a!

Naçalnik:

— Bä-äý, inim, Hydyr ata-da sençeräkdir bolubilse — diýdi. — Hakykatdanam Tapagan adyňa mynasyp tapagan ekeniň. Bu ýagşylygyň aşagyndan indi men nädip çyksamkam? — ol jübüsini barlaşdyrdy. Jübüsinden bir penje pul çykaryp Atda tapaga uzatdy. — Men-how, iki gün bäri... Eýýäm arzamam ýazyp goýupdym. Al, şuny.

Atda tapagan yza süýşüp, ilki kowlanda duran ýerine bardy:

— Ýok, ýok, edýäniňiz näme, ýoldaş komandir.

— Naçalnik al diýse, alyber.

— Men naçalnik bolsaňyzam alyp bilmen.

Naçalnik onuň alyp bilmänine bakmady. Puly Atda tapagyň jübüsine dykyşdyrdy.

— Edýäniňiz näme, ýoldaş komandir?

— «Edýäniň näme?» diýip, sen menden soran bolýaňmy? O soragy diňe men bermeli. Düşnüklimi? Meniň garşyma çyksaň, erbet bolar. Men saňa göni aýdaýyn. Meniň diýenim bilen boluber. Al diýilse, al. Ber diýilse, ber. Maňa seniň gepiň gerek däl.

— Ýitigini tapyp berdim diýip, men sizden hiç zat almaryn. Ol gaty gelşiksiz bolar.

Naçalnik hälki togalak zady hasyr-husur seýfe dykyp, gulplady.

— Gelşiksizi bolmaz. Şeýle ýagşylyk etseň, saňa ministrem peşgeş berer. Maňa nähili ýagşylyk edendigiňi sen göz öňüne getirip hem bilýän dälsiň. Seniň bu ýagşylygyň üçin men saňa ömürlik minnetdar. Sen meni masgaraçylykdan, türmeden halas etdiň. Meniň bu berýän peşgeşim seniň eden ýagşylygyňy bir terezä salmaly bolsa, onda bu gaty az. Men onda şeýle az puly bermäge utanmaly.

— Aý, näme diýseňizem men puluňyzy alyp biljek däl — diýip, Atda tapagan puly çykarmak üçin jübüsine elini sokdy.

— Eger puly yzyna berseň, men seni häzir göni gözenegiň aňyrsyna geçirerin. Alla kessin, gara çynym.

Bu sözler Tapagany gorkuzmady. Ol puly naçalnigiň stolunyň üstünde goýdy.

Naçalnik bir knopkany basdy. Megerem, bu beren sözüniň üstünde durmak isländir! Sähel salymdan nobatçy milisioner gapyny açdy. Naçalnik bir Atda tapaga, birem nobatça seretdi.

— Tapagan, iki ýol bar. Saýla.

— Men razy.

— Näme razy.

— Gözenegiň aňyrsynda oturmaga.

— Äkit, gözenegiň aňyrsynda oturt.

— Žurnala näme diýip ýazaýyn.

— Soň aýdaryn. Häzir aýdanymy et!

Nobatçy Atdanyň üstüne gygyrdy:

— Elleriňi arkaňa tut. Ýöre!

Edilen ýagşylyk çalt unudylýar diýleni dogry ekeni. Işi bitensoň naçalnik Atda tapagy unutdy. Onuň öz aladasy ýetik. Şol aladasy bilen başagaý bolup öýüne gaýtdy.

Atda naçalnik derrew goýberer öýdüpdi. Iş gutaransoň, naçalnigiň geçip gidendigini görüp welin, bar umydy üzüldi. Nobatçy hem oňa gorka seredip ugrady. Näme üçin gözenegiň aňyrsynda otyrsyň diýip, nobatçam telim sorady, onuň oturanyny gören milisionerlerem gyzyklandylar. Onuň bilen bir serhoş hem bardy, ol dikine aýdyma gygyrýardy:

Akja kepderi, oýna erkana.
Päk asmanymda, ýaýna erkana.

Bu iki setir Atdanyň halys degnasyna degdi. Degse nätsin.

«Akja kepderi» ahyr usurgap, hyrlap başlady.

Daň atdy. Iş güni başlady. Sagat on birlerde naçalnik peýda boldy.

Görse, Atda tapagan «Akja kepderi» bilen gözenegiň aňyrsynda mölterilipjik otyr.

— Sen näme edýäň o ýerde?

Atda görgüli näme jogap bersin. Diňe ýuwdundy-da oňaýdy.

— Näme edýäň o ýerde?!

— Rahatja ýer eken, otyryn.

Naçalnik nobatça ýüzlendi:

— Näme etmiş bilen düşdi?

— Özüm aýdaryn diýdiňiz, onsoň etmişini anyklap bilemzok.

Naçalnik nämäniň-nämedigine düşündi. Ýöne işgärleriniň ýanynda huşsuzlygyny boýun alasy gelmedi.

— Çykaryň, meniň ýanyma eltiň — diýip, naçalnik çykyp gitdi. Bir salymdan nobatçy naçalnigiň ýanyna gözlerini petredip bardy.

— Ol-a çykanok. Maňa şu ýeri gowy diýýär. Näme jenaýat eden bolsam, jezamy çekjek. Eger günäsiz şu ýere salnan hem bolsam, meni jezalandyran adam jezasyny çeksin diýýä.

— Ýoýo moýoýo... — Naçalnik näme etjegini bilmän elewredi, bir oturdy, bir turdy. Bir ýeňsesini, bir burnuny gaşady. — Mert bolmak gerek, mert. Her zadam bolsa, meseläni gowulyk bilen gutarmaly. Hany, ýör, ýanyna baraly.

Naçalnik nobatçy bilen Atda tapagyň ýanyna geldi.

— Tapagan jan, inim, sen meni bagyşla. Meniň huşum galmandyr. Seni ýadymdan çykarypdyryn. Bagyşla. Men günämi boýnuma alýan. Hany, çyksana.

— Men jezamy çekjek.

— Çeker ýaly sende günä ýok. Bar günä meniň huşsuzlygymda. Eger isleseň, men seniň oturan ýeriňde näçe gün otur diýseňem oturaýyn. Sen meniň üçin sudýa. Karary özüň çykar. Men seniň kararyňa kaýyl. — Naçalnik «Akja kepderini» biraz aňry itdi-de, sowuk oturgyçda ornaşdy.

— Bu näme etdigiňiz.

— Men adalatyň goragçysy. Şonuň üçinem men özüm babatda-da adalatly bolmaly. Rast, huşsuzlygyň sebäpli, seni kösedimmi, jezamy men çekeýin. Sen bir gün oturan bolsaň, men iki gün oturaýyn, üç gün oturaýyn. Ony özüň kesgitle. Aýt, näçe gün oturmalydygymy?

— Men ony aýdyp bilmen.

— Adalatly bol. Ýüzgörüjilik etme. Kanunyň öňünde senem, menem deň hukukly, deň borçly.

— Size gelşenok bu ýerde oturmak, çyksaňyzlaň. Biri görse, näme diýer.

— Meniň senden näme artykmaçlygym bar. Jenaýat iş etse, ministrem şu ýerde oturmaly. Bu ýerde wezipesiz oturmaly, wezipeli oturmaly däl diýen zat ýok.

— Kejirlik edenim üçin siz meni bagyşlaň, ýoldaş komandir. Men öz ýalňyşyma düşündim. Ikimizem çykalyň. Bir haýyşym bar. Men, ine, şu ýaşuly bilen bile oturdym. Dostlaşdym. Ýalňyşlyk goýberipdir, ýigrimi bäş gram içip, aýaly bilen sögüşipdir. Eger mümkin bolsa, şu ýaşula-da şu ýerden çykmaga rugsat beräýseňiz...

Naçalnik böwrüne diň salyp bir salym durdy-da, şelaýyn ýylgyrdy.

— Goý, seniň diýeniň bolsun, Tapagan. Men bu alkaşy çykaraýyn. Bu kişi ýüz gram içdigi aýaly bilen uruşýar. Aýaly görgülini näçe gezek urup keselhana düşürdi. Görgüliniň döwülmedik ýeri galmady. Eý, sen, şu Tapagana sag bol aýt. Aýalyňa degme.

— Degmen, degmen. Özi degse-de degmen. Söz berýän.

— Hany, ýör, Tapagan. Meniň kabinetime baraly.

Olar naçalnigiň kabinetine bardylar. Naçalnik ýerine geçip, çilim otlandy. Nobatça gidiber diýip yşarat etdi. — Bolşuňy haladym. — «Bolşuňy haladym» diýse-de, naçalnigiň ýüz-keşbinden, gepinden-sözünden halandygy duýulmaýardy. Bu sözüň ýasamadygy gaty bir synçy bolmasaň hem duýlup durdy. — Hany, özüň barada gürrüň ber. Sen nirede işleýäň?

— Edil häzir-ä işleýän ýerim ýok diýsemem boljak. Gullukdan öň ýol-gurluşyk edarasynda brigadirdim. Gelemsoňam entek iş tapamok. Tapmasyna-ha düýn tapdym. Düýn hemme zat gülala-güllükdi. Men size baryny gürrüň bereýin.

— Ýok, ýok, gürrüň berme. Işe girmek, çykmak ýa kowulmak täzelik däl. Maňa seniň jikme-jik terjimehalyň gerek däl.

— Wah, olar meni düýn işe aldylar.

— Bu günem çykaran bolsalar, bir sebäpjagazy bardyr. Bir bulagaýlyk edensiň.

— Olar maňa işden çykdyň diýenoklar.

— Zyýany ýok. Işden çykan bolsaň, biziň seni işe alaýmagymyz mümkin.

Atda tapagan birsalym oýurganyp, özüni kellesi gyzyl papakly, agzy jürlewükli, syrty sapançaly göz öňüne getirdi-de ýylgyrdy:

— Ýak, ýoldaş komandir, sizem-ä... Mendenem bir melise bormy?

Naçalnigem elleri-aýaklary tagaşyksyzdan uzyn bu ýigidi edil şo pormyda göz öňüne getirip gören bolara çemeli, olam ýylgyrdy-da, başyny ýaýkady:

— Biz saňa milisiýanyň formasyny geý diýemzok, ol hökman däl, graždanskiý geýimde-de işläp bolar. Sen diňe käbir ýiten zatlary tapyşmaga kömek berseň, bolany. Her gün dokuzdan on sekize çenli bärde gazarylyp oturmak hökman däl... Bizde aýlyk ýagdaýam erbet däldir!

Atda ýene biraz böwrüni diňläp oturdy-da, başyny galdyrman gürledi:

— Eý, ýoldaş komandir, şu meselämiz kynrak bolaýmasa... Ýa men milisäň işine ýaraman, ýa milisäň işi maňa ýaramaz, garaz... Şonuň üçinem men aýlyk-paýlyk diýip, siziň öňüňizde bergi-borçly bolmaýyn-da, şeýlekin kömek edibereýin, eger size gerek bolsa.

— Hany, şu ýerde otur — diýip, naçalnik oňa ýer görkezdi. Tahylyndan kagyz çykaryp, Atda tapagyň öňünde goýdy. — Ine, şu kagyza işe kabul etmegiňizi haýyş edýärin diýip, meniň adyma arza ýaz. Men oblast bilen maslahatlaşaýyn, olaryň razylygyny alamsoň, men seni taparyn.

— Naçalnigiň Atda tapagy işe kabul etmek höwesi birden artan bolarly, burnuny gaşap, ynamly gürledi. — Sen işe girdim diýip hasap edäý. Şu günüň çislosy bilen seni işe aldyrjak bolaryn. Şu günem onda saňa ilkinji, ýok, ikinji tabşyryk şeýle: bizde bir gowy it bardy.

— Yz çalýamydy?

— Ilk-ä yz çalýady. Soň oňa başga bir hünärem öwretmeli bolduk.

— Gürlemänimi?

— Soňky döwürde biziň territoriýamyzyň üstünden her dürli neşe maddalaryny alyp geçýänler köpeldi. Müň dürli usulam ulanýarlar. Köwşüniň oltaňyna, maşynyň tigrine, türsisiniň içine... garaz, aýdýan-a, gizläp bolýan ýer bolsa, gizläp görýärler. Köpüsin-ä tapýasam welin, adamyň kellesine gelmeýän ýerlerem bolýar-da. Ine, şonuň üçin biz şol yz çalýan ýekeje itimize neşe öwretmeli bolupdyk. Gowy işläbem ýördi — diýip, naçalnik dymdy.

*Naçalnigiň soňlaman goýan gürrüňini başga ynamdar kişilerden eşiden maglumatlarymyza görä beýan edýäris:*

*«Bir gezek raýona oblast naçalnigi gelipdi. Raýonyň ähli milisionerlerini ýygnap, howluda nyzama duruzdylar. Hälki oblast naçalnigi milisionerleriň öňünden geçip barýardy welin, birdenkä neşe öwredildi diýilýän it özüni saklap duran milisioneriň elinden sypdy-da, myhman naçalnige tarap okduryldy.*

*Boldy bir başagaýlyk!*

*Hemme kişi it janawara düşünip durmy näme (adam adama zordan düşünýär ahyryn!), onuň niýeti myhmany ýarmak däl eken, ol topulyp barmasyna bardy-da, myhman naçalnigi ysgaşdyryp duruberdi. Ysgaýar-ysgaýar-da çyňsaýar, Milisionerler biri-biriniň ýüzüne seredişdiler.*

*Ýer ýarylan bolsa raýon naçalnigi göni girmäge kaýyldy, şeýle bir utanypdy, gorkupdy. Raýon naçalnigi myhmany sag-aman ugradyp, ite jogapkär milisioneriň üstüne düwledi:*

*— Eý, mahluk, gözüň nirde, kelläň nirde? Edeniň näme seniň? Şo taýa sokulyp barmaga kim saňa rugsat berdi? Häziriň özünde ýok et itiňi, gözüm görmesin!*

*— Nä-nädeýin? — diýip, aljyrap duran milisioner sakawlady.*

*— At, çykar-da!*

*Ertesi gahary, gorkusy birneme ýatyşansoň, naçalnik itli işgärini ýanyna çagyrdy:*

*— Hany, itiň?*

*— Gaçdy, ýoldaş naçalnik! — It janawar düýnki gürrüňden netije çykaran bolarly.*

*Ite jogapkär milisioner-ä işden kowuldy, item gaýdyp tapylmady».*

— Ol birden gürüm-jürüm boldy. Näçe wagt geçse-de, ony pylan ýerde gördük, ol hakda eşitdik diýýän ýok. Bize, sen şol iti tapyp ber.

— Siz ony tapaýsaňyz nätmekçi? — diýip, Atda tapagan duýdansyz sowal berdi.

— Atmakçy! — diýip, bu oslagsyz sowala üstüni basdyran naçalnigem birden dilinden sypdyrdy. Soňam bu sözüne düzedişdir düşündiriş berip ugrady. — Umuman, atmazlygymyzam mümkin... Meniň beý diýmämiňem sebäbi bar. Eger-de şol it neşe söwdagärleriniň eline düşse, onda olaryň peýdasyna, biziňem garşymyza işlemegi mümkin. Şonuň üçinem, ony tiz-tizden zyýansyzlandyrmaly! Bu meniň pikirim däl. Bu bizden ýokardan edilýän talap. Men şol itiň tapylyp zyýansyzlandyrylandygy hakdaky raportymy bermesem, rahatlyk ýok. Bir it üçin masgara bolup işden gitmegem gelşiksiz. Garasaý, şol it sebäpli meniň işim gylsyrat köprüsiniň üstünde asyl-asyl bolup dur...

— Gylsyrat köprüsinden üç gezek dagy geçmeli ekeniňiz-ow.

— Bu näme diýdigiň boldugy?

— Düýn ýanyňyza gelemde-de gylsyrat köprüsiniň üstündediňiz ahyryn. Batereýiň aşagyndan möhüri tapyp, ilkinji köprüden-ä geçdiňiz.

Gapy açyldy.

— Mümkinmi? Gylsyrat köprüsine ýetmänkäňiz, meniň bir sözümi diňläň. — Içeri Gaýyp başlyk kürsäp girdi. Naçalnik bilen gadyrly salamlaşdy. — Düýnden bäri Atdany agtaryp tapyp bilmän ýörün. Gije elkin ýatmasy ýokdy munuň. Kakasam, ejesem bir zat bolandyr gorkusy bilen titreşip otyrlar.

— Muny men sakladym.

— Jany berin sagmy?

— Jany sag-la, ýöne...

— Jany sag bolsa, ýönesi bolmaz. Bir zada nepi degýän bolsa, peýdalanyberiň. Bu ýigit bize gaty gyssagly gerek boldy. Birinji sekretarymyz «ýanyma alyp gel» diýdi. Menem onsoň Atageldiniň gözlegine çykdym. Siziň çagyranyňyzy eşitdim-de, göni gaýdyberdim. Biziň internasionalist esgerimiz bir bolgusyz iş edipmi? Öz-ä bu gaty terbiýeli bolmaly.

— Kakasy gowy terbiýe beripdir bu ýigide — diýip, naçalnik şelaýyn ýylgyrdy. — Eden işi ýok. Biz bu ýigidi şu gün işe aldyk. Ynha-da arzasy.

— Şeýlemi asyl?! — Gaýyp başlyk bu habara begenmedi. Ol biraz demini rastlap, ynamly gürledi. — Onda men wagtynda gelipdirin. Atageldä uly ynam bildirip, işe kabul etmäňiz gaty gowy zat. Bu biziň abraýymyz. Size her öňýeteniň işe alynmaýandygyny bilýäs. Ýöne Atageldi sizde işläp bilmese gerek.

— Işlär, men diýdim, gutardy.

— Ol arzaňyzy ýyrtmaly bolar.

— Näme üçin? — diýip, Atda tapagan zöwwe ýerinden galdy.

— Birinji sekretaryň rekomendasiýasy bilen biz Kertikowy kolhozymyzyň gurluşyk brigadasyna ýolbaşçy edip işe aldyk. Özem şu gün. Eger garşy bolsaňyz, onda birinji sekretaryň özi bilen düşünişmeli bolarsyňyz. Bir adamyň iki ýerde işlemäge hakynyň ýokdugy hakdaky ýoldaş Mihail Sergeýewiçiň kararynam bilýän bolsaňyz gerek.

— Bilýän, bilýän — diýip, naçalnik howlukmaç gürledi. — Birinji sekretarymyz rekomendowat eden bolsa, onda meniň alajym ýok. Hawa-da, gowy kadrlar hemme ýerde-de gerek.

— Birinji sekretar maňa Kertikowy tapyp, derrew meniň ýanyma getir diýdi. Ondan bärem dört sagat geçdi. Eger rugsat berseňiz, ýoldaş... Men Ketikowy birinji sekretarymyzyň ýanyna elteýin.

— Baş üstüne. — Naçalnik Atda tapagyň arzasyny eline tutdurdy.

Gaýyp başlygyň keýpi kökdi, çünki ol birinji sekretaryň möhümini bitirýärdi: Atda tapagy onuň ýanyna alyp barýardy.

Maşynyň yzynda oturan Atda tapagan içki pikirini daşyna çykardy:

— Bir günde iki işe girip, ikisindenem çykarylan adam barmyka?

— Ýokdur-la — diýip, Gaýyp başlyk başdansowma jogap berdi. — Ol mümkin däl.

— Mümkin. Sen meni ikinji işimdenem çykardyň. Şu gün üçünji arzany ýazmaly bolýan. Ginnes dädäň kitabyna giräýdim öýdýän.

— Menem işden kowsam, soň nirä giderkäň? — Gaýyp başlyk hezil edip güldi. — Soňam öwüt-nesihat bermäge başlady: — Saňa häzir aýdaýyn: birinji sekretaryň ýanynda özüňi gaty sypaýy alyp bargyn. Seniň partizan häsiýetiňi — dymmalygyňy görkezmeli ýeriň geldi. «Bolýar» sözünden başga ýekeje agyzam söz aýtmagyn.

— Nädogry zada men nädip dogry diýeýin?

— Onuň nädibi bolmaz. Nädogry hasap etseňem, örän dogry aýdýaňyz diýmelidir.

— Kakam-a öljegem bolsaň, hakykatyň tarapynda bolgun diýipdi.

— Aý, kakaň ölsün seniň. Şunuň ýaly bolgusyz gürrüňi meniň ýanymda dagy-duwara edäýme. Bek belle: hakykatyň bazary sowuldy. Onsoňam sen oglan-oglanjyk däl. Kakaň pikiri bilen däl-de, öz pikiriň bilen ýaşajak bolgun. Ýogsam kösenersiň.

— Nädogry zada dogry diýip uzak gidip bolmaz.

— Kakaň pikiri bilen seni arabada mündürmeýärler. Birinji sekretar maňa ýörite tabşyrdy: «Tapaga aýt, goý, ol meniň ýanyma gelip gitsin, gürrüňim bar» diýdi. Men saňa baryp aýtdym. Seni birinji sekretar çagyrýar. Şu gün hökman bar diýdim. Senem bararyn diýdiň, söz beribem barmansyň. Häzir näme üçin gelmediň diýip sorar, sen oňa kakam keselledi, tas ölüpdi diý, şonuň üçinem ýanyňyza gelip bilmedim diý, bagyşlaň diý.

— Kakam kesel däl-how.

— Onda näme üçin barmadyň?

— Senem duşuşyk bar, hiç ýerik gitme diýdi.

— Senem birinji sekretar däl, ilki birinji sekretaryň aýdanyny ederler. Sebäbi ol seni günde-günaşa çagyryp ýörenok.

— Senem hiç ýerik gitme, duşuşyk bar diýdi. Gaýyba özüm düşündirip aýdaryn diýdi.

— Senemmi? Hä, o gürrüňmi? Habarym bar. Ýeri, bolýar. Oňa bir gyz bilen duşuşmak üçin gelmedim diýip, bolmaz-a. Onda ejem keselledi, bagyşlaň diý.

— Ejem kesel däl-how.

— Äl, dikdüşdi ekeniň. Nädip beýle kejeňek bolduň-aý sen. Ejem keselledi diýeniňde, näme, ejeň kepene dolanjak bolup durmy?!

— Kakam hiç mahal ýalan sözleme diýdi.

— Degşipdir kakaň. Ýene bir sorap gör şondan.

— Kakam degişmeýär. Ýalan sözleme diýýär.

Gaýyp başlyk geň galyjylyk bilen yzyna öwrülip Atda tapaga seretdi:

— Bar bolup bilşiňmi-aý şu?

— Kakam degişmeýär. Ýalan sözleme diýýär.

— Eý, Hudaýjan, kolhozyň gurluşyk brigadasynyň-a işi gaýtdy. Indi muny işdenem çykaryp bolmaz. Alty Öräýewiç ýaly, muny Owganystana-da ugradyp bolmaz.

— Münüp barýanyň ýalan bolsa, uzak menzil aşmarsyň diýýär kakam.

— Birinji sekretar häzir barsak sorar senden. Düşünýäňmi maňa. Ol uly adam.

— Bolýa, Gaýyp. Men seniň ýüzüňi ýere salman. Hiç zat gürlemän duraryn. Näme diýseň, özüň diý. Meni ýalan sözletmeseň bolýar. Näme diýseň, nädogry aýdýar-a diýmäýin.

— Dymmalygyňy görüp bahylam haýran galsyn. — Gaýyp başlyk Atdanyň gürlemerin diýmesine o diýen ynanmady. Ol Atda gürlemeli däldigini zol-zol gaýtalap, gorky bilen birinji sekretaryň ýanyna bardy.

— Ýoldaş Gurban Gurbanowiç, ine, tapagan ýigidimizi tapyp getirdim. Tapagy tapmak kyn eken. — Üýtgeşik bir söz aýdan dek özünden göwnühoşluk bilen ýylgyrjaklady.

— Men muňa iki gün bäri garaşyp otyryn.

— Maşgala ýagdaýy nemeräk bolupdyr-da, gelip bilmändir.

— Eýgilikmi özi?

— Kakasymy, ejesimi, aý, garaz, biri öz-ä. Garry adamlar-da. Garrasaň, bir gün sag bolsaň, iki gün kesel bolýaň-da.

— Lukman iberäýeli.

— Ýok, ýok. — Atda tapagan gürrüňe goşuldy. — Olar kesel däl. Hudaýa şükür, olar soňky döwürde kesellänoklar...

— Aý, hawa-da türkmen aga keselländigini aňsat-aňsat aýtmaýar. Aýtsalar, men gije-gündiz ylgajak ahyryn. Atageldi inimizem, neme, örän dymma, hiç gürlemeýär. Men-ä gürläber diýýän. — Gaýyp başlyk howlukdy. — Häzir hemme zat gowulyk. Bizem garrylary gözden salamzok. Özüňiz bilýäňiz, olar meniň gaýynlarym. Gaýynatamyň hem, gaýynenemiň hem halyndan habar alyp durýan. Adamyň jinnek ýaly göwni bar. Ony ynjytmagam aňsat, begendirmegem. Esasy zat, adama üns ýetenok. Adama, köplenç, mähir, alada ýetenok. Sähel bir ýeriň agyrsa, gelip halyňdan habar alsalar, göwnüň monça bolýar. Arada aşgazan heläk etdi. Hiç zat iýip-içip bolanok. — Gaýyp başlyk howlukmaçlyk bilen tükezzybana tutduryp durmasynyň sebäbine özünden başga hiç kim düşünmedi. Ol gözüniň gyýtagy bilen Atdany synlaýardy, keselli gürrüňiň unudylmagy üçin, ol uzak günläp gürlemäge-de taýyndy. Birinji sekretar Gaýyp başlygyň sözüni soňlaryna garaşdy. Ol bolsa wagty bilen gutarmady. Adama hormat goýmalydygy, saglygyňy gorap saklamalydygy barada esli salym gürledi. Birinji sekretaryň elindäki ruçkasy bilen stoly tyrkyldatmasynyň sebäbine düşündi. Wah, Gaýyp başlyk ýolbaşçy adamyň ýanynda köp gürlemeli däldigini gaty gowy bilýär. Ýöne Atda bir bolgusyz söz aýtsa, onam birinji sekretar halamasa, ana, şonda hemmesindenem erbet boljak. Gaýyp başlyk ýene bir gezek ätiýaçlyk üçin Atdanyň ýüzüne äňetdi. Öz-ä arkaýyn otyr. Hiç zat gürlemesin-dä hernä. Illeriň dymma diýmesi çyn bolsun-da hernä. Gaýyp başlyk şu umyt bilen sözüni jemledi: — Aý, ýigitler ene-atalaryna uly hormat goýýarlar. Atda hem şeýle. Aladaçyl, başarjaň ýigit. Gaty ukyply. Başarmaýan zady ýok, tüweleme. Owganystanda-da gaty gowy gulluk edipdir. Bize komandirlerinden her aýda Minnetdarlyk hatlary gelerdi. Şeýle halal esgeri ýetişdirenimiz üçin bize minnetdarlyk bildirýärdiler. Atageldini söweşjeň ordenleriň birnäçesi bilenem sylaglapdyrlar.

— Iki sany medal-laý — diýip, Atda gürrüňe goşuldy.

— Onuň ýaly bolsa, biz bu ýigidi ulurak wezipelere çekeli.

— Siziň aýdyşyňyz ýaly, men Atdany ýaňy kolhozyň gurluşyk brigadasyna ýolbaşçy edip işe aldym.

— Owganystana gitmezinden ozal nirede işleýärdiň?

— Raýonyň ýol-gurluşyk edarasynda brigadirdim.

— Raýon ýol-gurluşyk edarasynda brigadir bolup işlän bolsaň, onda sen ýene şol ýerde işle. Öňki naçalnigiňi başga işe geçirdik. Ýöne… — diýip, birinji sekretar barmagyny çommaltdy. — Işe birinji günden başlarsyň.

— Men indi kolhozdanam işden çykdymmy?

— Çykdyň, Atda jan, çykdyň. Hudaýa şükür, Hudaý diýenimi Hudaý eşitdi. Gaty gowy boldy, gaty gowy çykdyň.

— Sizden işden çykanymmy?

— Raýonyň ýol-gurluşyk edarasyna naçalnik bolanyň. Gaty uly wezipe ahyryn ol. Baý-bow, bagtyň towsa göterildi seniň, Atda. Gurban Gurbanowiçe sag bolsun aýt.

— Gurban Gurbanowiç, köp-köp sag boluň, maňa gaty uly ynam bildirdiňiz. Ýöne men siziň ol uly ynamyňyzy ödäp bilmän ýüzügara ederin.

Gaýyp başlygyň bu sözlere ymgyr gahary geldi. Ol birinji sekretaryň Atda bilen ylalaşmasyndan gorkdy.

— Oňararsyň, oňaryp ýörenlerem senden üýtgeşik adamlar däl. Hiç kim enesiniň içinde başlyk, komandir bolup doglanok.

Birinji sekretaryň bu sözlerini eşidip Gaýyp başlygyň ýüzi ýagtyldy, ýeňil dem aldy.

— Institutda bilim alanymyzda mugallymlarymyz: «Birden naçalnik boljak bolup howlukmaň. Işe iň aşaky zwenodan başlaň. Gurluşyk ugrunyň ähli gara işinde işläp görüň, öwreniň. Ana, şondan soň hakyky ýolbaşçy bolarsyňyz» diýipdiler.

«Atda jan, sen tersine başlaý. Kim bilýä, belki, ömrüňi gara işde geçirmeli bolarsyň» diýip, Gaýyp başlyk içini gepletdi. Ýöne daşyndan başga zat diýdi:

— Atageldi Kertikowiç Kertikowa ynanan uly ynamyňyz üçin köp-köp sag boluň, Gurban Gurbanowiç! Bu gün men bu habaryňyzy gaýynatama buşlaryn. Ol gaty begener.

— Indi esasy meselä geçeliň — diýip, Gurban Gurbanowiç sözüne dyngy berdi. — Atda Kertikowiç, öňümizdäki dynç günleri näme aladaň bar?

— Aladam ýok meniň.

— Örän gowy. Eger mümkinçiligiň bar bolsa, onda öňümizdäki şenbe, ýekşenbe günleri ikimiz meniň önüp-ösen obama — Kaka gideli.

— Bir zat tapmalymy? Bir zat ýitirdiňizmi? — diýip, Gaýyp başlyk bilesigelijiligini saklap bilmedi.

— Hawa, tapmaly zat bar. Näme tapmalydygyny bolsa men, Atda, saňa ýolda gürrüň bererin. Häzir onuň üçin wagt ýitirip oturmaly. Ýol uzak. Nämedir bir zadyň gürrüňini etmeli borus-a. Şonda näme tapmalydygyny saňa arkaýyn gürrüň bererin. Sebäbi tapmaly zadyň uzyn taryhy bar. Sen meniň bilen gidip biljekmi?

— Gurban Gurbanowiç, meniň bilen gidip biljekmi diýip gaty sypaýyçylyk edýäňiz. Soramagyň geregi ýok. Gitmeli diýseňiz, Atda begene-begene gider. Siziň işiňizi bitirmek biziň üçin ullakan abraý, bagt ahyryn. Onsoň, üstüňe gonan bagt guşunam uçuryp bolarmy? Atda-da uçurmaz. Dogry dälmi, Atda? — Gaýyp başlyk sorasa-da sorady welin, uly bir ýalňyşlyk goýberen dek, Atdanyň ýüzüne gorkuly delmirinip bakdy. Bir bolgusyz söz aýtsa ölermiň-ýitermiň! Eý, Hudaý jan, bir ýalňyşlygy-ha başlyk ogluň goýberendir. Birinjiniň öňünde metdi-masgara etmän, şu gezek halas et. Soňky gezekler beýle ýalňyşlyk goýbermerin. — Atda jan gider. Ýaşulular bir zat diýse, garşy çykyp durýan ogul däl. Kakasy bar parasatly. Atda hem parasatly Kertik aganyň terbiýesini alan ýigit. Ýolbaşçylaryň diýenini etseň, hor bolmarsyň diýipdir kakasy.

— Tapagan, meniň bilen Kaka gidermiň?

— Büý-ä gowy boldy.

— Nämesi gowy boldy?

— Indi köp wagtdan bäri Kaka raýonyna gitjek bolup ýördüm.

— Iş bilenmi?

— Kakaly Kakow diýen bir ýigit bilen Owganystanda gulluk etdim. Dogan ýaly ysnyşdyk. Sag-aman oba barsak, hökman gatnaşyk edeli diýip ähtleşipdik. Ýöne ol düşnüksiz ýagdaýda wepat boldy.

— Kakow diýýäniňi men tanamok. Oglan wagtym meni detdoma tabşyrypdyrlar. Şondan bäri oba barara-da bolmady. Ýöne barsak, o dostuň öýüni taparys. Meniň tanaýan iki sany ýaşulym bar. Olar bilýändir, tanaýandyr. Men seni Kakowlaryň öýüne elterin.

— Hudaý dogry getirse, hemme zat ap-aňsat bolýan eken.

Birinj sekretar Atdanyň sözüni eşitmedikden boldy:

— Anna güni agşam — işden soň ýola düşeris. Alty ýüz kilometrlik ýol geçmeli. Ýolda iýip-içer ýaly zatlary özüm alaryn. Sen maňa gürrüňdeş bolsaň bolany. Ýolda uklamaly däldiris. Sen maňa anna güni agşam sagat ýedilerde öýüňde garaşyber — diýip, birinji sekretar sözüni jemledi.

Birinji sekretaryň sözüni Atda soňuna çenli diňläp bilmedi. Ýeriň astyndanmy-üstündenmi, Allajan bilsin, şol tanyş tüýdüginiň ysgynsyzja sesi eşidildi. Atda diňşirgendi.

Birinji sekretaryň sözüne Atdanyň ýagşydan-ýamandan hiç zat diýmän, äm-säm sömelip durmasyna Gaýyp başlygyň kejebesi daraldy. Ol Atdanyň böwrüne ogrynlyk bilen hürsekledi. Atda onuň ýüzüne mölterilip bakdy-da, joşgunly dillendi:

— Eşidýäňizmi? Ses! Owaz!

Birinji sekretar gözlerini süzgekledip ýerinden galdy. Atdanyň ýanyna geldi.

— Gulagyňa owaz gelýärmi? — Gaýyp başlyk bu masgaraçylyga çäräm ýok diýen äheňde egnini ýygryp, müýnli halda birinji sekretaryň ýüzüne äňetdi. Görse, Gurban Gurbanowiç gözlerini süzüp, diňşirgenip dur:

— Eşidýän, Atda jan, eşidýän. Men bu sesi siz içeri gireniňizden bäri eşidip otyryn. Ýöne siz eşidýän dälsiňiz öýdüp, men sesimi çykarmadym.

— Bir oglanjyk tüýdük çalýar.

— Hawa, hawa, bir oglanjyk tüýdük çalýar.

— Bu iki ara tüýdük nireden geldi? Hiç kim tüýdük çalanok. Sen bolar-bolgusyz sese diň salyp durma-da, Gurban Gurbanowiçiň diýenlerini diňle, biziň ýüzümizi ýere salaýmagyn.

— Men, ine, şu sesi köplenç eşidýän — diýip, Atda penjiräniň öňüne bardy.

Gurban Gurbanowiç hem Atdanyň yzy bilen penjireden daşaryk seretdi.

— Tapagan, inim, senem eşidýän ekeniň-ow ol tüýdügiň sesini. Men ol tüýdügiň sesini indi bir hepde bäri eşidip ýörün, öň eşitmeýärdim.

— Bir hepde diýdiňizmi? — diýip, Atda tapagan begendi. — Menem bir hepde bäri eşidýän. Öýde-de, köçede-de eşidýän.

— Menem eşidýän. Bir gezek kabinetimde ýygnak geçirip otyrdym. Birdenem şu tüýdügiň sesi eşidilip ugrady. Men ýanymdakylardan: «Bir oglanjyk tüýdük çalýar, eşidýäňizmi?» diýip sorasam, hiç kimem eşitmeýän eken. Soň ol ses gulagyma eşidilýändir öýtdüm. Lukmana aýtsam, adam aşa ýadanda şeýle sesleriň eşidilmeginiň mümkindigini aýtdylar. Onuň beterlemesiniň öňüni almak üçin hem derman getirip gitdiler. Düýnden bärem lukmanyň görkezmesi bilen derman içýän.

— Eşidýäňizmi, eşidýäňizmi, ana, ýene çaldy — diýip, Atda begenjine uçaýjak boldy.

— Eşitdim, hakyt eşitdim.

— Men-ä hiç hili ses eşidemok, Gurban Gurbanowiç, siz biziň Tapagymyzyň göwni üçin eşidýän diýip dursuňyz, Owganystanda Tapagyň kellesine birazajyk zeper ýetäýipdir. Öň-ä gül ýalak ýigitdi.

Gurban Gurbanowiç kolhoz başlygynyň ýüzüne närazylyk bilen bakdy:

— Gaýyp, sen maňa Tapagy tapyp berdiň. Sag bol. Indi sen öz işiň bilen boluber, gaýdyber. Tapagy men öz maşynym bilen ugradaryn.

***On birinji kyssa ýa-da bäşinji kyssanyň dowamy***

## MÖJEGE MEŇZEŞ ITIŇ TARYHY

— Mergen aga, meni melisä çagyrdylar.

— Toýa çagyrdylar diýäýme — diýip, çaý içip oturan Mergen aga Atda tapagyň habaryna begenmändigini aňdyrdy.

— Olar it ýitiripdirler.

— Saňa-da bile ýit diýdilermi?

— Köp wagtdan bäri şol ýitiren itini gözleýän ekenler. Olaryň gözleýän şol iti, Mergen aga, seniň gapyňda ýatan şu it bolmaly.

— Buşluk diýseň, meliseleň saňa şeýtel berermikän? Haý, gazanjyň şu itiň üstüne çykan bolsa, gaty ownapsyň onda. Aý, hawa-da, kim satyp, kim satylyp gazanç edýä bu gün.

— Ynha, erte-birigün gyzyl papaklylar gelip, «Sen näme üçin melisäň itini ogurladyň?» diýip, gyssap ugrarlar welin, Mergen aga, şonda bilersiňiz...

— Men görgülide öňem ýürek ýok, sen beri gorkuzma meni.

— Bolaýjak zady aýdýan.

— Şo habaryňy eşidesim gelip ýüregim böküp dur meniň. Seniň tapagandygyň barada-ha eşidipdim, ýöne bilgiçdigiňi bilmändirin. Bu Gorbaçýowyň edip ýören zadyny gör.

— Näme etdi ol?

— Ýurduň içini bilgiçdir, tebipden, tapagandan doldurdy goýaýdy. Bu gowulygyň alamaty däl.

— O näme üçin?

— Soltan Sanjaryň işi gaýtjak uçurlary ýurtda bilgiç, palçy, tapagan köpelipdir. Olaryň köpelmegi ýurduň tozjagynyň alamaty eken. Bu günem olar köpeldi welin, yzy eýgilik bolsun-da hernä?! Öň-ä köp beýle däldi bilgiçler. Bu gün her ikinji adam bilgiç, tebip ýa tapagan. Bolaýjak zatlary öňünden aýdyp, meni gorkuzjak bolýaňmy? Ýa başga bir bähbidiň dagy barmy? Bilip goý, men ony ogurlamok, özi geldi yzyma düşüp. Öldürmän ýallap saklanym üçin hökümet pul tölesin.

— Sen ogurlamandygyňy, itiň özi gelendigini nädip subut etjek. Iti gürletjekmi? It özüm geldim diýip, düşündiriş-ä ýazyp bermez.

— Näm-aý, inim, gaty janköýerlik edýäň welin, ondan algyň dagy barmy? It diýdiň, melise diýdiň, gelip bir parahat oturan bendäniň öňem aşjak bolup duran aňkasyny aşyrdyň. Bar, aýt-how, alaýsynlar şo iti, beýle gerek bolsa. Näme, gynandyraryn öýtdüňmi? Bar, aýt, tizräk aýt, inim.

— Aýtsam, alyp giderler, eltibem atarlar.

— It eken diýip janawary atybermek bolarmy?!

— Mergen aga, sen bileňok...

— Oglumam maňa mydama sen bileňok diýýär. Bilýäň diýäýmäň.

— Wah, Mergen aga, siz meniň aýtjak zadymy bileňzok. Bu it uçýotda duran osobo opasnyý prestupnik eken.

— Ady şeýle uzyn bolsa-da, oňly it däl bi.

— Ýok, Mergen aga, sen düşünmediň.

— Düşünmediň diýen diliňe döneýin.

— Bu it jenaýatkär eken. Aýratyn howply diýilýänlerden eken.

— Bä, onda bi adamdanam geçiripdir-dä.

— Geçiripdir. Jenaýatçylykly iş edipdir. Miliselerem atmaly diýip sud edipdirler. Bu item şol mahal etmişiniň öňünde mertlerçe durup bilmän, namartaýlap gaçyp gaýdyberipdir.

— Etmişiniň dagy öňünde durup bilmez bi. Düzüwli it bolsa meniň öýüme gelmezdi. Gaýyp başlygyňka barardy. Pis-pisi tapar diýleni-dä. Meni ilki görende eşekden ýykyp bir ysgady. Şonda bu meniň öň türmä düşenimi bilen bolmaly.

Bosagany ýassanyp ýatan it Atda tapagyň gürrüňinem, Mergen aganyň gürrüňinem üns berip diňledi. Diňläbem onuň birhili ynjalygy gaçdy, çalajadan naýynjar çyňsady.

— Etjegiňi edip, yzyndan çyňsan bolýaňmy, misginsokar. Menden goldawa garaşma. Milise görsem, göni sataryn seni — diýip, Mergen aga ite käýindi. — Bir ysganda meniň türmä düşenimi nädip bildiň diýsene. Obada menden başga türmä düşenem ýok. Bu-da meniň öýümden gitjek bolanok. Inim, Atda, öýüňde jenaýatkär saklapsyň diýip maňa ýyl-beýlekem bererlermikä?

— Ýüzüňiz-ä sypamazlar.

— Tur, güm bol — diýip, Mergen aga gapdalyndaky köwşüniň bir taýyny ite atdy. — Derrew gümüňi çek şu ýerden, prestupnik.

It birazajyk gitdi-de, ýene aşak çökdi.

— Meniňem günümi bulaşdyrjak bi it. Adam bende belanyň nireden geljegini bilenok. Şundan bela geler diýip pikir eder ýaly hem däl-how. Atda jan, inim, ine, görüp dursuň. Kowsaňam gidenok. Kowanyma şaýat bolgun. Men «Tur, güm bol» diýdim gerek? Ä? Diýdim-ä. Ýene kowaýynmy? Menem özi bilen türmä äkitjek bolýandyr bi.

— Mende bir teklip bar, Mergen aga, oňlasaň.

— Teklibiňe döneýin, teklibi ýagşym. Il tapagan adyny ýöne goýmandyr saňa. Tap ahyryn şeýdip birenaýy teklip.

— Şunuň gulagynam, guýrugynam kesip, edil türkmen iti ýaly edip goýbersek nädýä? Menden-ä arkaýyn bol, hiç ýerde aýtmaryn.

— Öläýmese... Ony güjükliginde kesmeli ahyryn.

— Ölmez. «Itjanly» diýip bir söz bar-a. Hol biri-biri bilen urşup, gulak-guýrugyny gopardyp ýören itlere-hä hiç zadam bolanok. Herniçigem bolsa, atylandan-a gowudyr.

It ýerinden turup, beýleräk gitdi-de, birdenem ýokarlygyna seredip uwlaberdi.

— Häýt, ýelemýüwlet! — diýip, Mergen aga oturan ýerinden ite dazaryldy. — Özüm oka tabşyraýaryn-a seni...

— Bu janawar diýýän-ä, haýsy tarapyna öwrülse-de, oka dogry gelip dur-la.

— Inim, birenaýy teklib-ä aýtdyň, yzynda-da dur.

Mergen aga bilen Atda tapagyň dildüwşügini Syrtlan baýdan başga bilen bolmady. Syrtlan baý — bu ady oňa Mergen aga ýaňy-ýakynda dakypdy — kysmatyna kaýyl boldy: atylandan gulak-guýrugyny kesdirmek aňsatdyr-da. Bir bolgusyz iş edäýmesin diýip, Syrtlan baýyň aýagyny daňdylar, agzyny daňdylar, gözüni ak mata bilen ýapdylar. «Elim titreýär, sen Owganystanda bolan» diýip, kiçeňräk paltany Mergen aga Atda tapagyň eline berdi. Atda tapagan hem bir tagtajygyň üstünde Syrtlan baýyň gulagyny goýdy-da, edil odun çapan ýaly, çapyp goýberdi.

Gulaksyzlyk-guýruksyzlygam gelişene gelişjek eken. Gelişmejegine welin... Syrtlan janawar, gulak-guýrugy barka, käte ite, käte möjege meňzän bolsa, häzir hiç zada-da meňzänok. Belki, ertirden bäri hiç zat iýmän, ýaňyja-da bir süňküň üstünde

oturyp görüp, süňkdenem, dünýädenem göwni geçen Syrtlan şuňa az-kem meňzese-meňzeýändir. Onda-da gaty meňzedesiň gelse!

Syrtlan janawar gulak-guýrukdan aýrylyp bir çyňsady welin, onuň ahy-nalasyna Mergen aganyň sary giden ýüregi üzüm-üzüm boldy-da, gözünden boýur-boýur ýaş dökdi.

— Heleýim ölende-de şeýdip aglamandym — diýip, Mergen aga boýun aldy.

Syrtlan baý öýkeläp, uwlap mellektöre gidipdi.

— Inim, şoňa bir ýal eltip bersene. Bizden öýkelemesin, biz oňa ýagşylyk etdik ahyryn, ölümden alyp galdyk.

Atda bir okara süňk-saňk göterip ugrady welin, ol birden saklanmaly boldy.

Köçeden geçip barýan iki gyzyň biri ýiti-ýiti seretdi. Atdanyň ini jümşüldäp gitdi: «Göwher!» Oňa duşmaly.

Atda tapagan köçä ugrady.

— Atda, nirä barýaň?

— Häzir geljek.

Göwher alakjap gelýän Atdany boýdan-başa synlady.

— Göwher! Ýüregimiň göwheri sen. Meniň barlygym, ýaşaýşymyň manysy seniň bilen. Meniň ýekeje sekundym hem sensiz geçenok...

— Öňümden eli okaraly çykýaň-ow — diýip, Göwher birgeňsi ýylgyrdy.

Atda tapagan elindäki okarany görüp aljyrady. Ony arkasynda gizledi. O-da göwnüne makul bolmady, okarany zyňyp goýberdi. Ýuwduna-ýuwduna Göwhere seretdi. Okara sebäpli aýtmaly sözlerinem ýadyndan çykardy.

— Neme, Göwher, sen... Men... — Atda tapagan töweregine garanjaklady. Hany, oňa bu mahal Derkar ýegen barmy näme. — Göwher biziňkileriň sawçylyga barjagyny ejeňe duýdurdyňmy?

— Duýdurdym.

— «Näme diýdiler?»

— «Göwnemediler» — diýip, Göwher jykyrdap güldi.

— Sen olary razy edäýmel-ä, Göwher.

— Olar seniň tapaganlygyňy halanoklar. Saganaly obasyna bir tapagan ýeterlik. Atda artykmaç bolýar diýdiler.

— Menden başga kim bar?

— Barmyş öz-ä.

— Kimdigini aýtmadylarmy?

— Özi bilýändir diýdiler.

— Wah, men bilemok-da. Bilsem sorajak däl-ä.

Göwheriň ýene bir tapaganyň bardygy hakdaky pikiri Atdany oýlandyrdy. Kimdigini biljek boldy. Obanyň ähli adamyny ýekän-ýekän ýatlap çykdy. Ýöne bilmedi. Hemra illew bilýän eken ol tapagy...

Şol günüň ertesi daňdan daşardan uwwuldymy, iňňildimi — bir ses eşidilen ýaly boldy. Atda tapagan hasyr-husur geýnip daş çykdy. Görse, gapynyň agzynda ýüzüni piserdip, Syrtlan baý dur.

— Bo-how, Syrtlan baý, özüň geläýdiňmi? Ýüz-gözüň dagy näteňet...

Syrtlan janawar, keýereýin diýse gulak ýok, bulaýyn diýse — guýruk, onsoň ol uludan bir demini alan ýaly etdi-de, şol duran ýerinde çöküp, garysyny ýassandy-da ýatyberdi. Şol ýatyşyna-da, käte bir başyny göterip, daş-töwerege birhili howatyrly seredýär.

— Näme üçin geldiň ir bilen?

Syrtlan baý ýuwaşja çyňsady.

— Ir bilen öldi habary getirilýär. Näme, Mergen aga öläýdimi?

Syrtlan ýene çyňsady-da, ýöräp ugrady.

— Garaş, köwşümi geýeýin. Haý, bende, bolmandyr. Hut düýnem gürläp otyrdy-da. Bu dünýä ynam ýok diýýär kakam. Dogry eken şol. Haý, görgüli ýogalypdyr-ow. Onuň ölümine men sebäp bolaýdym öýdýän. Ony düýn melise diýip, jenaýatçy diýip gorkuzaýdym öýdýän. Kakama onuň ölenini aýdaýsammykam? Aý, ýok, ilki gözüm bilen görüp gaýdaýyn. Belki, agyr kesellän bolsa näbilýäň. Anygyna ýetmän, hiç kime hiç zat aýtmaýyn — diýip, Atda tapagan hüňürdenip, Syrtlan baýyň yzyna düşdi.

Aý, ýok, Syrtlan baý Mergen aganyň öýüne däl, obanyň çetine — gündogarlygyna bakan barýar. Eý, Hudaý, hiç kim duşmasyn-da, Duşsa näme diýjek, it bilen bir ýerik barýan diýjekmi. Obanyň gündogaryndaky jaryň deňinde bir çukuryň ýanynda saklandy. Çukuryň içinde gyzyl reňkli tozan sorujy maşyny görenden, nämäniň nämedigine düşündi.

Atda tapagan Hemra illewiň ýitigini öýüne eltdi.

— Hemra aga, bu nähili bolýar-aý? Men indi siziň şu maşynyňyzy üçünji gezek tapyp berýän. Näme, siziň şuny ýitirmekden başga işiňiz ýokmy?

— Näme bu? — diýip, Hemra illew geňirgendi.

— Siziň tozan sorujy maşynyňyz.

Hemra illewiň jozzuk gyzyl ýüzi bir agardy, bir gögümtil reňke öwrüldi. Demgysmadanmy, nämedenmi, hassyldap, agyr-agyr dem aldy.

— Mende onuň ýaly maşyn ýok.

— O nähili ýok? Men size öňem tapyp getirip berdim. Siz, maňa sagbol aýtdyňyz. Aragam içirjek bolduňyz.

— Ýok, ýok.

— O nämäniň ýok-ýogy? Öz tozan sorýan maşynyňyzy tanaňzokmy?

— Tanamok, bizde beýle zat ýok. Düşnüklimi saňa? — diýip, Hemra aga töweregine garanjaklady. — Şu näletsiňmişi şu ýerik getirýärkäň seni biri gördümi?

— Aý, ýok, görmedi öýdýän.

— Onda şuny alan ýeriňe elt-de goý. Sen munuň ýaly gerekmejek zady tapyp ýörme, eger zat tapman oňmaýan bolsaň, onda diňe arassa pul tap.

— Men hiç ýerigem eltjek däl.

— Onda, inim, indi gaýrat et-de, şuny tapmajak bol. Gürrüň ikimiziň aramyzda galsyn. Men saňa ynanýaryn — ogullarymyň biri eli egrilik edip, şuny biriniňkiden getiripdir. Menem şundan dynjak bolýan. Senem ony zyňan ýerimden tapyp getirýäň.

Inim, durmuşda hemme zady tapybermeli däl. Tapmaly däl, görmeli däl zatlaram bar durmuşda. Käbir zady tapsaň, başyňa belany satyn aldygyň bolar.

— Agamjan, men tapamok. Muny Syrtlan baý tapdy.

Hemra illew gulaksyz-guýruksyz ite seretdi-de, hyrçyny dişledi:

— Çagalaryň muňa tapagan it diýmeleri çyn-ow onda.

Atda tapagan Göwheriň «Saganaly obasyna bir tapagan ýeterlik» diýdiler diýmesini ýatlap hyrçyny dişledi. Göwheriň ata-enesinden öýkeledi.

### *On ikinji kyssa*

## HYÝALYŇ HAKYKATA ÖWRÜLIŞI

— Meniň saňa gürrüň berjek wakam otuzynjy ýyllarda bolupdy. Men ol wagtlar sekiz-on ýaşlarymdaky oglanjykdym — diýip, uly ýola düşülensoň, Gurban Gurbanowiç howlukman gürrüň bermäge başlady. — Meniň kakamam, ejemem bir gün basmaçylar «Sen şuraýy» diýip, atyp gidipdirler. Menem atjak ekenler welin, men ol mahal atamyň öýünde — başga obada ekenim. Soň men atamyň elinde galdym. Bir gün öýümize üç sany atly geldi.

— Üç sany atly diýdiňizmi, Gurban Gurbanowiç? Olar meniň gören atlylarym bolaýmasyn?

— Ýok, ol seniň gören atlylaryň däl, ol wagt sen entek dünýä hem inmändiň — diýip, Gurban Gurbanowiç Tapagana şübheli seretdi. Gaýyp başlygyň: «Atda Owganystanda kellesine birazajyk zeper ýetirip geldi» diýen sözüni ýatlady.

— Olar tylla getirdiler gerek?

Gurban Gurbanowiç ilkinji gezek görýän dek, Atda ýene tiňkesini dikdi.

— Ataňyzdan rugsat alyp, ol üç atly öýüňizde şol tyllalaryny gömdüler.

Gurban Gurbanowiç aňk boldy, yzyna gaňrylyp Atda tapaga seretdi durdy. Maşyn ýoldan çykyp, peslik bilen alaşakyrdy bolup gitdi. Oýuň içinde bir gyra gyşarybam saklandy.

Gurban Gurbanowiç boljak iş bolandan soň, özüne geldi:

— Tapagan dirimiň?

— Diridirin, ýoldaş komandir.

— Hudaýjan saňa bir hiç zat bolmasyn. Meniň ýaly birinji sekretary her ýerden tapsa bolar, ýöne seniň ýaly fenomen ýa birdir, ýa ikidir. Hiç bir bilgijem sençe ýokdur-la. Ýöne türkmen öz fenomeniniň gadyryny bilýän halk däl. Daşary ýurtda doglan bolsaň, sen bireýýäm millioner bolardyň. Halk seni depesine täç ederdi. Lputenzak ýaly, dünýä belli bilgiç bolardyň.

Gurban Gurbanowiç daş çykyp, Atdanyň oturan yzky gapysyny açdy.

— Özüň çykyp bilermiň?

— Maňa hiç zadam bolmady.

Gurban Gurbanowiç Atdanyň synalaryny barlaşdyryp çykyp, soň birneme rahatlandy.

— Maşynyňyza biraz zeper ýetäýipdir öýdýän.

— Maşyn hiç-le, Tapagan jan, maşyn hiç. Biz aman galdyk. Hudaý bizi ýalkady. — Birinji sekretar bu sözüni keseki biriniň eşiden bolmagyndan howatyr edýän dek, töweregine garanjaklady. Çöketligiň — oýuň içinde özlerinden başga iňlär siňegiň ýokdugyny anyklap, biraz rahatlandy.

Hana, öňde Kösäniň guýusy görünýär.

— Bilýäňizmi näme, Gurban Gurbanowiç, Çärjew — Kerki ýolunyň, ine, şu deňinde betbagtçylyk kän bolýar. Obamyzdaky Hojageldi diýen ýaşulynyň Begenç diýen bir är ogly hem ine, şu ýerde awariýa düşüp ýogalypdy. Ýaşuly Begenji uly ogly Osmandanam gowy görerdi. Bar baýlygym seniňki diýerdi. Begenjem Çärjewden kireýine tutan ýeňil maşyny bilen gelýän eken. Iki sany prisepli traktory ýetip geçen «Žiguly» öňden gelýän ýük maşynyna baryp urýar. Begençden başga hiç kime hiç zat bolanok.

Men size şu wakany ýöne ýere gürrüň beremok. Çärjew — Kerki ýoly gurlanda şu ýerde ýol mazarlygyň üstünden geçirilipdir. Ölenleriň ruhy adamlaryň bu günäsini hiç geçip bilmeýän bolarly. Şol ýerdäki merhumlaryň ruhlary ilkagşamlar ýola çykyp, käte bigünä adamlardan ar alýarlar. Günäliniň oduna bigünä ýanmaly bolýar. Kakam «Ajal ýola çykdy» diýýär. Hakykatynda bolsa, ýola çykan ýoluň aşagynda galan merhumlaryň ruhlary. Köp gürleýär diýmäň, meniň size esasy diýjek bolýan zadym, özem soňky ýyllar gelen netijäm, Owganystanda biziň käbir ofiserlerimiziň diýdimzorlugyny görenimden soňky netijäm — SSSR edil şu ýol deýin, merhumlaryň jesetleriniň üstünden guruldy. Şonuň üçin sowet ýolam edil şu ýol deýin bizden ar alýar. Ikimiziň edil şu ýerde ýoldan çykmagymyz ýöne ýere bolmaly däl. Bu ýerdäki ruhlar bize geçirimlilik etdiler.

Gurban Gurbanowiçiň ýene ýüregi ýarylan dek boldy. Töweregine garanjaklady. Hiç kimiň ýokdugyny anyklasa-da, eşiden gürrüňiniň hatarlydygy üçin köşeşip bilmedi.

— Tapagan, inim, Tapagan jan. Pensiýa çykmagyma ýarym ýyl galdy. Pensiýa çykýançam, sen meniň ýanymda beýle gürrüň etme. Men bütin ömrümi mazaryň üstünde oturan dek sandyrap geçirdim, gorkup geçirdim. Meni sen beri gorkuzma. Seniň ýaş başyň bar. Beýle gürrüňleri dagy-duwara etme. Yzyňy tapmarsyň. Men köpi gören adam. Meniň maslahatymy alaý. — Gurban Gurbanowiç Atdadan gözüni aýyrman durşuna, başky gürrüňini ýatlady. — Sen olaryn öýüň içinde tylla gömendiklerini nä bilýäň?

— Diňe tylla gömendiklerini däl, olaryň size tüýdük berendiklerinem bilýän.

— Sen ýokduň-a?! — Birinji sekretar özüniň bu ýöntem sözüne gyzardy.

— Şol üç atlynyň dagyň eteginde atylandygyny siz gözüňiz bilen gördüňiz...

— Bilýän bolsaň, gaýdyp oturmaly hem däl ekenik-dä. — Gurban Gurbanowiç gum üýşmeginiň üstünde oturdy. — Onda sen tyllalaryň niredediginem bilýänsiň?

— Bilýän. Eger meni şol tyllalary tapmak üçin alyp barýan bolsaňyz, onda biz boş gaýtmaly borus. Biz ol tyllalary tapyp bilmeris. Sebäbi ol tyllalar asmanda, ýoldaş komandir.

— Asmanda?! Düşünmedim?

— Ol tyllalar buluda öwrüldi, ýoldaş komandir.

— Sen meniň üstümden güljek bolýaňmy?

— Ýok, güljek bolamok. Men size hakykaty aýdýan. Siz maňa düşünmediňiz öýdýän. Men size düşündireýin. Siziň gürrüňini edýän tyllalaryňyzy bir gurply adam tapdy. Ýöne şol tyllalar onuň bagtyny ýatyrdy. Ony tapan adamyň ýedi ogly bilen bir gyzy bar eken. Tylla onuň ogullarynyň baryny sandan çykardy. Barysy diýen ýaly süpük tirýeki boldy. Bir ogly azarlap, ejesiniň boýnundaky tylla monjugy aljak bolup ýalbardy. Ejesi bermedi. Soň ol ejesiniň döşünden urupdyr pyçagy, öldürdim edibem onuň boýnundaky tylla monjugy üzüp äkidipdir. Ejesiniň çöregi bitin eken, ölmändir, ýöne şondan soň maýyp bolup galyp bilmän ýatyr. Oglunyň bu etmişini gören goja-da süpük ogluny pyçakdan geçirip, soňundan özem azapdan dynypdyr. Onuň bir ogly daşary ýurtda ýogalypdyr. Üç-dört ogly türmede, neşe bilen atuw jezasyny alan bolmaly. Garaz, kelläňizi agyrdyp oturmaýyn, şol üç kişiniň tyllasy bir hojalyga gan çaýkady.

— Bä, şeýle diýsene asyl.

— Şeýle, ýoldaş komandir.

— Onda o baýlykdan men hiç zat hantama bolmaly däl-dä?

— O näme üçin hantama bolmaly däl?! Şol baýlykdan, eger meniň Syrdaşym aldamaýan bolsa, size bir zad-a ýetýär. Nämedigini häzir anyk aýdyp biljek däl.

— Syrdaşym diýýäniň kim bolmaly?

— Hä, olmy? Duýgym aldamasa diýdigim-dä.

Gurban Gurbanowiç üçin «duýgym aldamasa» diýen sözem düşnüksizdi. Ýöne ol düşünmese-de düşünenden bolup baş atdy.

— Men size bir geň zat aýdaýynmy?

— Geň zat aýdaýynmy diýmäň näme. Aýdan ähli zadyň meniň üçin geň ahyryn. Şonuň üçin geň zat aýdaýynmy diýmän, näme aýdasyň gelse, çekinmän göni aýdyber.

— Şol baýlyklardan maňa-da bir ülşi ýetýär. Ýöne özüme ýetýän zadyň nämedigini anyk bilemok. Men size öňünden aýdaýyn, maňa nähili baýlyk hödürlense-de, şol siziňkidir, ýoldaş komandir. Meniň hiç hili hantamaçylygym ýok. Gaýyp başlygyň aýdyşy ýaly, siziň möhümiňizi bitirip bilsem, maňa iň uly serpaý, baýlyk, ana, şol.

— Iň aýylganç betbagtlyk adama baýlykdan gelýän eken-ow — diýip, Gurban Gurbanowiç öz başyna hüňürdedi.

Olaryň düşen ýagdaýyny gören şofýorlar kömege ýetişdi. Olary derrew ýola salyp goýberdiler. Ýöne Gurban Gurbanowiç içini hümledip barýardy. Uzak ýoluň dowamynda ol soňky aýdan sözüni özbaşyna hüňürdenip gaýtalady: «Iň aýylganç betbagtlyk adama baýlykdan gelýän eken-ow...»

— Men saňa ýüregimi açaýyn, Tapagan. Birinji sekretar diýseler, hemme zada ygtyýary ýetýän adamdyr öýdýärler. Seniňem hiç bir zada ygtyýaryň ýetenok. Adamlara işläň, bu işi eýle ediň, bu işi beýle ediň diýmekden başga hiç bir zada güýjüň ýetenok. Biziň raýonymyzda-da ýetimler öýi bar. Ol öýe berilýän kömek ýok, her gezek ony göremde çagalygym öňümden çykan dek bolýar. Ýokary instansiýalara, gör, näçe gezek hat ýazdym. Hiç hili bitiren goşum bolmady. Soň şol gömlen tylla ýadyma düşdi. Tyllalary pula öwrüp, ýetim çagalara geýim-gejim, telewizor alyp bereýin diýen pikire geldim. Men şol çagajyklara kömek edip bilmejekdigime gynanýan.

Atda Gurban Gurbanowiçiň zeýrenmesini halamadyk bolarly, gürrüňiň gutararyna garaşyp durman, içki pikirini daşyna çykardy.

— Meniň sizden bir zat sorasym gelýär, ýoldaş komandir. Soňky döwürde Kakow meniň düýşüme juda köp girýär. Özem adamlara süýt paýla diýip azar berýär. Menem adamlara süýt paýlap ýörmegi gelşiksiz hasaplaýan. Ol diňe bir düýşüme däl, pinek edip otyrkam hem ýanyma geläýýär.

— Kim ol Kakow diýýäniň?

— Men onuň bilen bile Owganystanda gulluk etdim diýipdim-ä. Ol ýogaldy. Ikimiz dogan okaşdyk. Ol näme üçin maňa şeýle bir köp görünýärkä?

— Men düýşe ynanmaýaryn, ýorup hem bilmeýärin. Ýöne bir zady aýdyp biljek. Ol saňa köp görünýän bolsa, onuň hökman bir sebäbi bolmaly.

— Näme sebäbi bolup biler onuň?

— Näme sebäbiniň boljagyny anyk aýdyp biljek däl. Belki, onuň ruhy senden nämedir bir zada tamakindir. Ol seniň nämedir bir zat etmegiňi isleýändir. Sen oňa näme söz beripdiň?

— Ikimiz bir günde öýlenmegi ähtleşipdik. Eger birimiz ölsek, onda beýlekä kömek etmegi hem ähtleşipdik.

— Maşgalama kömek et diýýän bolaýmasyn?!

— Men onuň maşgalasyna näme kömek edip bilerin?

— Maşgalada bir erkek kişi bolsa gowy ahyryn.

— Wah, olaryň maşgalasynda erkek kişi köp ahyryn. Kakow doganlarym kän diýýärdi. Men ondan näçe erkek doganyň bar diýip soramandyryn.

— Nesip bolsa, ertir Kakowlaryň öýüne bararys. Şonda onuň senden näme haýyş edýändigi belli bolar.

Gurban Gurbanowiç ilki myhmanhana bardy. Atda bilen ýeke agyz hem gürleşmän çaý içdi.

Birinji sekretar Atda bilen gürleşdigiçe, onuň bolşuny synladygyça geňirgenmesi artdy.

Atda Gurban Gurbanowiçe nädip ýaranjagyny bilmän alakjaýan ýalydy. Ýöne özüne hyzmat edilmegini, gönüläp aýdanyňda ýaranjaňlyk edilmegini birinji gezek görmeli däl. Ýöne Atdanyň yhlasy onuň birinji sekretarlygy üçin däldi. Ol bir Gurban Gurbanowiç üçin däl, goňşy otagdaky nätanyş kişiler üçin hem aladalanyp ýör. Gaýnag galdy, goňşulara gerek bolaýmasyn diýip, düňk-düňkläp gitdi.

«Goňşularymyz nädip çaý içip bilerkäk?» diýip otyr ekenler, men wagtynda ýetişäýipdirin diýip Atda begenjini içinde saklap bilenok. Stoluň üstündäki galan bäş-on kempudy hem: «Olar çaýy kemput bilen içseler, gowy bolar» diýip alyp gitdi. Çilim satylýan ýeri ýokmuka diýseler, Atda çilim çekmek isleýän bilen paý-pyýada şäherçäniň dükanyndan çilim getirmek üçin gitdi. Ähli dükanlar ýapyk eken. Atda bir geçip barýanyň iki gap çiliminiň bardygyny bilip, ondan bir paçkasyny satyn alyp beripdir. Ine, çilim tapylaýdy diýip, begenmek begenýär.

Gurban Gurbanowiç hil bir iş bitiren dek ýylgyrjaklap gelen Atda seredip, «Sen nähili adam-how, inim?» diýip, içini gepletdi. Atda, ylla onuň iç gepletmesini eşiden dek, begençli gürledi:

— Ol sag bol diýdi.

— Saňa sag bol gerekmi?

— Ol gowy adam-a Gurban Gurbanowiç. Şeýle bir gowy adamlar bar. Men mydama gowy adamlara duşýaryn. Olara başardygymdan ýagşylyk edesim gelýär. Elimden gelýän zat bolsa ýok meniň.

Gurban Gurbanowiç ýoldaşyny birlaý synlap, ýuwaşja gürledi:

— Onda ýataly indi.

Gurban Gurbanowiç ertir irden Atdany gullukdaşynyň öýüne eltdi. Olaryň barmaly obasy şäherçeden uzakda däl eken.

Ine, biri-birine meňzeş türkmen öýleri. Öýleriň galabasy bişen kerpiçden. Atda öz obasyny ýatlady. On alty sotuk ýer azlyk edýän ýaly, ähli kişi odunyny, gowaça çöpüni, otuny köçe tarapa basypdyr. Şonuň üçin, aslynda giň köçe darajyk bolup galypdyr.

Türkmeniň haýsy aýratynlygy bar diýilse, Atdanyň, ilki bilen, ýatlasy gelýäni, berlen ýeri az görüp, ýerini ýene artdyrjak boluşlary. Adamlardan kanagat göterilipdir diýmeleri ýöne ýere bolmaly däl. Ol-a on alty sotuk eken, kyrk alty sotuk berilse-de, ol ýer türkmene azlyk eder diýip, Atda içini gepletdi. Soňam hyrçyny dişledi.

Olar iki gat owadan jaýyň deňine gelip saklandylar. «Kakow dagy gaty baý hojalyk eken» diýip, Atda içini gepletdi. Iki gat jaýy buharaly ussalaryň gurandygy haşamlaryndan, keşdelerinden görnüp dur.

Beýle köşk türkmen obalarynda köp däl ahyryn. Atda birinji gezek görýär şeýle owadan öýi.

Köçe bilen iki gat jaýyň aralygynda beýik üzüm dalbary bar. Üzüm dalbary belent küňreli derwezä baryp direýär. Derwezeden giň howla girilýär. Ondan aňyrda mellek uzap ýatyr. Mellege kartoşka, ýorunja, gawun, garpyz, pomidor ekilipdir. Sag tarapda melleginiň soňuna çenli limonlyk uzap gidýär.

Giň howluda hiç kim ýokdy.

Atda tapagan öwran-öwran gygyrdy.

— Geldi aga, ah-ow, Geldi aga!

Hiç kim jogap bermedi.

Goňşy howludan çykan eli hasaly garryja mama olara bakan ugrady. Ol iki nätanşy tanajak bolup, çiňerilip-çiňerilip seretdi. Tanap bilmedi. Barybir, närazylygyny aýtdy:

— Siz, näme, ölen kişiniň adyny tutup gygyryp dursuňyz. Bu näme etdigiňiz boldugy?

— Geldi agalaryň öýi diýdiler-ä şu howla?

— Diýenlerinde näme?

— Kakowlaryň öýümi şu?

— Kileň ölenleriň atlaryny tutýaňyz welin, siz o dünýäden dagy gelen dälsiňiz-dä hernä?

Onuň bu sowalyna jogap berip bilen bolmady. Goňşy mama jogabam isläp durmady, ol öýe girdi. Esli wagtdan soň goňşy mama yzyna bir owadan gyzy tirkäp daş çykdy.

Ol gyza nazary kaklyşan Atda tapagan agyr ýüküň aşagynda galan dek ýegşerildi.

Aýaklary titredi.

Bütin göwresi lagşady.

Mydama parahat ýüregi bütin ömründe urmadygyny edil şu mütdet urup dynaýjak bolýan dek, dük-düküni şeýle bir gataltdy welin, dükgüldisi bilen Atdanyň agzyndan göni çykaýarly göründi.

Geplemek ukybyny ýitirdi.

Beýle perizadyň öňünde nädip gürlejek? Ýok, gürläp bolmaz!

Gurban Gurbanowiç kömege ýetişdi.

— Men size şu ýigidi getirdim, jigim. Bu ýigit seniň doganyň Kakow bilen Owganystanda bile gulluk edipdir. Dogan okaşypdyrlar. Doganyňyzyň ýogalanyndan bu ýigidiň habary bar. Ýöne halyňyzdan habar soramaga geldi.

— Siz Atageldimi? — diýip, owadan gyz birgeňsi seretdi.

*Bagtygül Geldi gyzy. Ýaňy mekdebi gutaran gyzy muhabbetli durmuşyň güzaply şarpygy bütinleý üýtgetdi. Ynha, indi dört aý bäri giň öýe, ýogalan doganynyň bäş sany çagasyna — daýylaryna — baş bolup otyr. Ejesi Aýsoltan eje eziz perzendiniň süteminden soň ömürlik maýyp bolupdy. Indi onda ne mydar, ne-de ragbat bar. Gyzy ony iýdirip, gurjak ýaly saklap otyr.*

*Türkmen aýyn bolmasa, Hudaýdan ogul dilär, gyzy sana goşmaz. Ýöne başyň ýassyga ýetende saňa idi-yssywat etjek ogluň bolmaz eken. Ol oturylyşykdan oturylyşyga gider eken. Gyzyň welin, ýanyňdadyr, Bagtygül deýin janyny beräýjek bolar eken. Gyzyň gadyry bir başga eken. Muňa türkmen düşünse-de, henize-şu güne çenli düşünmezlige salyp gelýär. Gyzyň edýän hyzmatyny ata-enä hiç bir ogulam etmez. Bagtygül durmuşa çykmak hakda pikirem edenok. Nädip etsin?! Ol ejesine, daýyjyklaryna eýe durmaly ahyryn.*

— Üç-dört ýyl mundan öňem bu hojalyk şu jelegaýlarda iň gurply, iň döwletli hojalykdy. Göreniň gözi giderdi. Soň ýa gözden boldy, ýa dilden. Betbagtçylyk birden bomba düşen ýaly, bu hojalygy tozduraýdy. Soňam betbagtçylyk bu öýüň üstünden ýoluny aýyrmady. Bu öýe düşen betbagtçylyk akyla sygar ýaly däl. Hiç kimem ynanmaz. Aýsoltan goňşy gaty çydamly aýal eken. Gelniniň ölümine-de, ogullarynyň ölümine-de, adamsynyň ölümine-de çydady. Böwründen sokulan pyçaga-da döz geldi. Ýöne körpe ogly Kakow janyň tabydyny bir giden esger ýalpyldap duran demir gapyrjaga salyp getirenlerinde welin, Aýsoltan görgüli çydap bilmän bagyryberdi. Körpe oglunyň ölümine çydap bilmedi görgüli.

Atda goňşy mamanyň gürrüňine nähili düşünjegini bilmedi:

— O nähili jaýladylar?

— Nähili jaýlanar? Berýän soragyň nähili seniň, ogul! Türkmeniň däbi-dessury boýunça jaýladylar.

— Owganystanda ony men öz elim bilen jaýladym ahyryn. Ine, ine, ine — diýip, Atda tapagan ellerini görkezdi. — Men Kakowy, ine, şu ellerim bilen jaýladym. Onsoň siz ony nädip jaýlap bilýäňiz.

— Onuň tabydyny getirdiler.

— Onuň tabydy ýokdy ahyryn.

— Diýýäniň näme seniň, ogul? Tabytsyzam bir bolarmy?

— Wah, siz meni gepletmäň. Onuň nähili aýylganç ýogalandygyny men bu gyzyň ýanynda aýdyp durmaýyn.

— Soň ony çykaryp alyp gaýdan bolaýmasynlar. — Gurban Gurbanowiç gürrüňe goşuldy.

— Men kimiň iberilenini, kimiň şol ýerde jaýlanylanyny gowy bilýän ahyryn, Gurban Gurbanowiç!

Içerden:

— Bagtym, aý, Bagtym! — diýen ysgynsyzja ses çykdy.

Ol sese Atdanyň depe saçy düýrügip gitdi.

Kakowyň ejesi!

«Ejemi görüp gaýt!» diýip, Kakow, gör, näçe gezek Atdadan haýyş etdi!

«Ejemi göresim gelýär, şeýle bir ejemi göresim gelýär. Ýöne ejemi hi-iç görüp bilemok. Göwnüme, ol keselläp ýatan ýaly bolup dur. Ynansaň, men şu ýaşa çenli özüm kän gezekler keselledim, ýöne pylan ýerim syzlaýar diýip, ejemiň aýdanyna, düşekde nähoşlap ýatanyna gabat gelmedim. Hudaýjan, ejem indem kesellemesin. Atda jan, ikimiz dogan ahyryn. Sen ýaltanman, ejemiň halyndan habar almaga barýan diýip pikir et. Aýsoltan eje, ýagdaýyň nähili diý. Men seniň ogluň diý. Kakow ogluň hem sag-gurgun diý...»

— Eje, men bärde! — Bagtygül ýeňil gopdy.

Atda içerik girip giden Bagtygülüň yzyndan seredip durşuna Kakowy göz öňüne getirdi. Kakow ýylgyrjaklap, oňa minnetdarlyk bildirýän dek baş atdy.

— «Ikimizem körpe ogul. Bizi öýerenlerinde ejelerimiziň nähili begenjekdiklerini sen göz öňüne getirýäňmi?» diýip, Kakow sorardy. Hyýalynda bir gözel ýar bilen toý tutardy. Onuň arzuwy, köplenç, toý tutmakdy.

— Atageldi, sizi ejem çagyrýar.

Atda, näme üçindir, özünde müýn duýdy. Öz günäsini boýun almaga barýan dek, gorky bilen içerik girdi. Iç işikde aýak çekdi.

Giň otag. Içerde ünsüňi eglär ýaly hiç zadyň ýoklugy üçin bolmagy mümkin, otag juda giň görünýär. Üç sany owadan lýustra hem kiçi ýaly görünýär.

Şeýle giň otagda üç-dört düşekçäniň üstünde Aýsoltan eje bir gysym bolup ýatyr.

Atda Kakowyň tabşyryklaryny ýatlady.

— Eje, salawmaleýkim, men ogluň Atageldi. Men ýagdaýyňy soramaga geldim. Kakow ejemiň ýagdaýyny sorap gaýt diýdi. Kakowyň özi sag-gurgun. Siz Kakowy alada etmäň.

Gözleri içine çöküp giden, durşuna süňk bolup ýatan ene solgun nazaryny iç işikde aljyrap duran deşli ýigide dikdi. Bu ýigit enä nätanyş däl. Ene bu ýigidiň Kakow jan bilen harby eşikde gujaklaşyp düşen suratyny köp görüpdi. Şondan bäri ene oglundan soňky galan nyşany ýanyndan aýranok ahyryn. Körpe oglunyň ýazan ähli hatlaryny, suratlaryny ýassygynyň aşagynda saklaýar, haçanda ejizlik üstüni basanda oglunyň Atageldi bilen gujaklaşyp düşen suratyna seredýär-de, ejizligi gözýaşa öwrüp, çykaryp goýberýär. Indi oňa seretmände-de, onuň göz öňünde surat doňup galypdyr.

Ine, körpe oglundan janly nyşan gaşynda dur. Körpe ogly başga bir goç ýigide öwrülip, gaşynda dur. «Men siziň öz ogluňyz» diýip aýdyp dur. Ogluň diri bolsa, özem şeýdip gapyňdan gelip dursa, näme üçin ejizlejek, näme üçin aglajak?! Bu gün ene aglamaly däl, bu gün ol şatlanmaly, çünki onuň iki ýyldan gowrak wagt bäri gijesini gündiz edip garaşýan körpe ogly gapysyndan geldi ahyryn.

Şu duşuşyga intizarlygy enäni ölümden alyp galypdy. Ýogsam Ezraýyl ony, gör, näçe sapar ýany bilen äkitjek boldy. Bir sapar-a Ezraýylyň yzyna düşüp ugrapdam, ýöne Ezraýylyň gapysynyň agzyndan yzyna gaýdypdy.

Ene mejalsyz nazaryny Atdadan aýyrman ýatyrdy. Mährini gandyrmakçy bolýan dek, ony boýdan-başa synlady. Synlady, synlady, ýigide mähiri oturdy. Baryp bagryna basaýyn diýse, mejaly ýok, hoşamaý söz aýdaýyn diýse, tolgunmakdan ýaňa zybandan aýryldy. «Geldiňmi, oglum» diýmekçi boldy. Ýöne dili zybana gelmedi. Sözi diňe düşnüksiz bir pyşyrdy boldy-da galaýdy.

Bagtygül kömege ýetişdi.

— Geleniňize ejem biçak begendi. Tolgunyp gepläp bilmän otyr. Ol size «Geldiňmi, oglum» diýýär.

— Geldim men, eje. Sizi görmäge ýörite geldim. Hal-ýagdaýyňyzy soraýyn diýip geldim. Näme etmeli bolsa, kömekleşmeli bolsa, men taýýar diýmäge geldim. Eje, siz hiç zady gaýgy etmäň. Men siziň üçin elimden gelen kömegimi gaýgyrmaryn.

— Ýakynragyma gel, oglum — diýip, Aýsoltan eje pyşyrdady.

Bagtygül Atda ýüzlendi:

— Ejemiň ýanyna geliň.

Atdanyň çekinjeňlik bilen gelip oturmasyny synlap oturan ene ýuwdundy. Elini çalaja galdyrdy.

Bagtygül:

— Ejem size elini uzadýar.

Atda Aýsoltan ejäniň ellerini çalaja gysdy.

— Aýsoltan eje, men Atda. Atageldi men. Kakow bilen size kän gezek hat ýazypdyk ahyryn.

— Atageldimi sen? Atageldi janmy sen? Kakow janyň dogany ahyryn sen — diýip, Aýsoltan eje pyşyrdady.

— Siz ylla meniň ejeme meňzeýärsiňiz. Ikiňiz ylla bir almany iki bölen ýalak. Kakow: «Ejem jan, ejem jan» diýip, sizi juda gowy görerdi. Sizi dilinden düşürmezdi.

— Kakow janym mydama çyrçyklyjady. Ulalansoňam men onuň yzyndan galmazdym. Bir zat bolaýmasyn diýip gözden-dilden, otdan-çöpden goradym. Sähel salymam gözden salman saklardym ony. Olam gözümden uçdy-da gitdi. «Goralan göze çöp gaçar» diýleni boldy.

— Garaşmandym... Bar zat birden boldy, eje — diýip, Atda Aýsoltan ejäniň sandyraýan ellerini ýene gysdy. — Men Aýsoltan ejemi görüp gaýdybereýin diýdim.

— Wah, meniň balama näme boldy? Balama näme boldy meniň? Meni taşlady-da gidiberdi ol — diýip, Aýsoltan eje möňňürip goýberdi. — Kakow janym, nirelerde galdyň sen? Gijeler ýatman, sypap-sermäp, apalap-apalap nä günlükde ýetişdirdim ahyryn men seni. Wah, oňa bir zatlaryň bolanyny ýüregim syzdy meniň. Onuň sesini eşitdim-ä men. Ýöne men biçäre. Men saňa ynanýan, balam, ol meni ýatlandyr. Ol ejem jan, ejem jan diýip geçendir. Wah, men oňa şirin janymy berjek ahyryn. Ol öz janyna jebir etmeli däl eken-ä! Ol meni taşlady-da gidiberdi-le? Meniň gözýaş döküp, sargaryp-soljagymy bilmedimi ol. Ol nädip öläýdi?! Nädip meni taşlap gitdi. Eý, Hudaý, meni nä günlere saldyň sen. Mende näme ýazyk bar. Yhlasymdan, halallygymdan başga nämäm bar meniň. Men çydap bilemok. Men dünýä sygamok. Tumaýak galdym-a men. Hany, meniň dag ýaly ogullarym? Hany, meniň ogullarym? Birem ýog-a ýanymda.

— Eje jan, aglamasana — diýip, Bagtygül gözüni ýaşlap hamsykdy.

— Aýsoltan eje, aglamasaňyzlaň. Men siziň ogluňyz ahyryn. Kakowyň ýerini tutmaga geldim-ä men — diýip, Atda gözüne ýaş aýlady.

Bagtygül ejesini köşeşdirjek bolup elewredi:

— Eje, köşeşsene. Eje, beýtmesene. Bular uzak ýol söküp gelipdir.

Aýsoltan eje öwran-öwran ýuwdundy.

— Men seni görenimden tanadym, oglum. Seniň suratyň bar ahyryn bizde.

Bagtygül ejesiniň ýassygynyň aşagyndan birnäçe surat çykaryp, olaryň birini Atda uzatdy:

— Kakow bilen düşen suratlarymyz — diýip, Atda tapagan biygtyýar ýylgyrdy.

Eý, Hudaý, şeýle pursatda adamyň bar ünsi gözýaş döküp, panydan perýat edýän naçar enede bolaýjak ýaly. Owganystanda gulluk edip dogan dek ysnyşan Kakowyň wepat bolmasyny ýatlap Atda tapagan gam laýyna bataýjak ýaly. Kakow ýogalansoň ol birki aýlap edil dälirän dek bolup gezipdi. Häzir şol pajyganyň ahy çekilýär ahyryn. Ýok, Atda tapagan garry enäniň ysgynsyz, sandyrawuk elinden tutup durşuna, eýjejik Bagtygülden gözlerini aýryp bilmän, doňan deýin seredip dur. Onuň eýjejikligine seretdigiçe seredesi, ol eýjejiklikden ganasy geldi. Ýöne goç ýigit ähli gözellikden gansa-da, gyz gözelliginden, onuň bendiwan edýän näzijek hereketlerinden ganyp bilmedi. Gaýtam, synladygyça synlasy geldi.

Onuň sesiniň mylaýymdygyny, owadandygyny, mähirlidigini! Onuň ýuwaşjadan ejesine diýen sözleri Atda tapaganyň on iki süňňüni bogunma-bogun sökdi-de, lagşadyp, Aýsoltan eje deýin mejalsyz kişä öwürdi goýaýdy.

«Şeýle owadan uýam bar diýip Kakow maňa aýtmandy».

Atda tapagan öz sesine tisginip gitdi. Ejesiniň gözýaşyny süpürip oturan Bagtygül Atda tapaga mähirli nazaryny dikdi welin, onuň Aýsoltan ejäniň gapdalynda mejalsyzlykdan ýaňa ýatybermesine sähelçe galdy. Arkasyny diwara söýedi. Atda tapagan galan ömrüni şol diwara minnetdar bolup geçmeli boldy. Ol öň gyzlara beýle melullyk bilen seretmezdi. Ünsem bermezdi asyl. Öýlenmeli ýaşyň ýakynlaşyberse, şeýle duýgy oýanmasa-da oýanmazdy, eger Deýkaý ýegen gelip gyzlar hakdaky leksiýasyny okamadyk bolsa. Eý, Hudaý, Deýkaýy köp diňlemedigem bir gowy, ýogsam gyz görse aňalyp ýörmelem boljak bu Atda tapagan. Gözele aýdan sözleri Atda tapagyň göz atuwynda janlandy. Megerem, Gözel Atda tapagyň şol sözlerini halandyr. Ol ümsüm diňledi oturdy ahyryn. Eger şol sözleri Kakowyň uýasyna aýtsaň nähili bolarka? Bu-da aňk bolup diňlärdi öz-ä. Wah, Kakowyň uýasy bolýa-da. Ýogsam-a... Ýok, ýok, beýle owadan gyz boş däldir. Hökman halaşýany bardyr.

«Halaşýany barmykan-aý?! Durmuşa çykan bolaýmasyn?!»

Kakowyň uýasy ýene Atda tapaga geň galyp bakdy. Onuň nazary Atdanyňky bilen tapyşmady. Içki pikirini daşyna çykaranyna utandy. Biçak utandy, «Atda, özüňi ele al. Masgara bolup oturma» diýip, Atda tapagan öz-özüne käýindi.

Goňşy mama kömege ýetişdi:

— Bagtygül görgüliniň göreni görgi bolaýdy. Kolhoza işe gidýär. Ejesiniň içeri-daşarsyna ýetişip otyr. Entek durmuşa çykanok, halaşýanam ýok. Bagtygül bolmasa, bu öý gaty çökjek. Onsoň, Bagtygül durmuşa çykmak hakda oýlanybam bilýän däldir.

Atda tapagan Bagtygülüň sahypjemalyna hyrydarlyk bilen bakdy. Içinden ony ejesiniň atlandyryşy ýaly atlandyrdy: «Bagtym, Bagtym, gör, nähili owadan at! Bu gyza öýlenen, Hakykatdan-da, bagtly bolar, muňa Bagtym diýip ýüzlener». Ol edip outran pikirlerinden utanyp, surata seretdi. Bagtygülüň elleri degen surat! Ol ylla Bagtygülüň eline elini degren dek saňňyldady. Içki pikirini gapdalynda oturanlaryň duýmagyndan, daşyna çykarmagyndan ätiýaç edip, hyrçyny dişledi. Eý, Hudaý jan, adamlaryň biri-biriniň içindäki pikirini bilmeýändikleri nähili gowy. Bilseler, adamlar bu güne çenli biri-birini gyrybam, öldüribem tükederdiler. Ine, bu oturanlaryň hem

içinde näme pikiriň bardygyny diňe Alla bilýär. Adamlaryň içki pikirini bilip, nädip çydaýarsyň, eý, Alla?! Ä, nädip çydaýarsyň?! Hudaý däldigime müň-de bir şükür!

— Men häzir çaý goýaýyn — diýip, göňşy mama ýerinden galdy. Atda ony boýdan-başa synlady. Öz-ä hoşgylaw mama eken. Ömri uzak bolsun! Hiç hili hantamaçylyksyz, ine, Kakowlara kömekleşip ýör.

Bir käse çaý içilenden soň, Gurban Gurbanowiç turmak bilen boldy.

— Atda, sen bu gün Aýsoltan ejäniň ýanynda bol. Ol-bul işleri bolsa, kömekleş. Men seniň yzyňdan ertir gelerin.

Birinji sekretar gitdi. Atda gaty gelşiksiz ýagdaýda galdy. Ýöne onuň galmagy öý eýeleri üçin gelşiksiz däldi. Olar ony öz maşgalalarynyň biri hökmünde kabul etdiler ahyryn. Atda gije Aýsoltan ejäniň mekdepde okap ýören agtygy bilen ýatdy. Eger-eger gözüne uky gelse nädersiň. Onuň hyýaly Bagtygülüň, Aýsoltan ejäniň ýatan ýerinde. Göz öňünden Bagtygülüň näzenin keşmeri aýrylmady. Ol şol mähire syn ede-ede daňyny atardy. Uzak gije ýatman çykybam şeýle pikire geldi.

Türkmen ýazyjylaryna Atdanyň nebsi-jany agyrdy. Ol köp okap ýören kişi däl. Ýöne okan kitaplarynda ýazyjylaryň türkmeniň dar däp-dessur galybyndan çykyp bilmän kösenişlerini gördi. Olaryň bir başarýan — rugsat berlen — zady güjümiň ýa-da çynaryň aşagynda Gün ýaşansoň duşurmak. Özem Gün ýaşansoň! Gündiz aýyp bolýar. Gyzyň elinden tutsa bolany. Ondan aňry geçmek aýyp. Gyza söýýändigiňi aýtmak aýyp. Köçede gol tutuşmak, gujaklaşmak aýyp. Wah, gol tutuşmak, gujaklaşmak diýýärsiň, ýürekden gürleşmegem aýyp ahyryn. Seksi suratlandyrmak aýyp. Türkmene mahsus däl. Durmuş seksden başlanýar ahyryn. Durmuşyň manysam seks ahyryn. Olam türkmene mahsus däl. Adama mahsus zatlar türkmene mahsus dälmiş! Türkmen ýazyjy görgülilerem şol mahsus däldigi üçin öz aşyk-magşuk gahrymanlaryny gol tutuşdyrmakdan aňry geçirip bilenoklar. Öz bolşuna Atdanyň gahary geldi. Bir bende ýas tutup aglap durka, ol onuň gyzynyň gözelligini synlap otyr. Şeýle berebekgeýleri kesekläp öldürmeli.

Atda özüne iňirdeme kemini goýmady. Henizem özi bolaýýar, başga birine aýdylanda ol çydap bilmän, Atda bilen göni ýaka tutuşardy. Iňirdän özi bolansoň, Atda burny ganan dek ümsümje otyr.

Bagtygül ir bilen turup, çaý demläp, basyryp goýdy. Tüňçede ýuwunmak üçin gyzgyn suw taýýarlady. Atda ýuwunsyn diýip.

Ertir turanda Atdanyň başy dumanlap durdy. Ol ýuwnup durka Bagtygül iş-aladasy bilen bir-iki gezek öýe girip çykdy. Atda gyz öýden çykan wagty, näme edip, näme goýýanlygyny bilmän, üstüni öl suw etdi... «Eý, Hudaý, men akylymdan azaşyp ýörmükäm?» diýip, Alla ýalbardy. «Bagtygülüň gözelligi, akylyň hernäçe ýerinde bolsa-da, azaşdyrjak. Içiňden samsyk-samsyk pikirleri edip bolýanlygyna, şol samsyk pikirler üçin saňa hiç kimiň hiç zat diýmeýänligine şükür...» diýip, ol Allany çagyrdy.

Atda ýeňini çyzgap daşarda ygym-sagym çaşyp ýatan odunlary howlynyň bir çetine basyşdyrdy. Kartoşka alnan, depilmedik kölçejigi çuňdan depmäge başlady.

Atdanyň işleýşini, daşaryk häli-şindi çykyp duran Bagtygül gözastyndan synlaýardy.

Atda bolsa Bagtygül hakda süýji-süýji oýlara, arzuwlara çümmesine howludaky daragtyň üstündäki serçelerden başga şaýadyň ýoklugyna begenýärdi.

Bagtygül öýde kän garaşan bolarly, ahyry Atdanyň ýanyna eda bilen geldi-de, şeýle bir mähir bilen gürledi:

— Çaýyňyz sowar. Öýe girip, bir käsejik içäýiň! Ejemem sizi birki gezek sorady. Gaty ýadaýmasyn diýdi.

— Men günuzyn işlesemem ýadamaýan.

— Sähel salymda köp iş etdiňiz.

— Bujagaşlarmy? Men bu işlere köp iş diýmeýän. Sen meniň nähili işleýändigimi bilmeýäň-dä! Men hiç wagt ýadamaýan.

— Çaý içäýiň-dä!

— Sen iç diýseň, men hökman içerin. Ýöne meniň juda işläsim gelýä. Meniň işleýşim saňa ýaraýamy?

— Ýaraýa.

— Ine, onda bolýa. — Atda göwnühoşluk bilen uly-uly ädimläp Aýsoltan ejäniň ýanyna ugrady.

Atda tapagan Bagtygüle seretmezlige çalyşdy. Aýsoltan ejä çaý guýup berdi. Enäniň ogly hakdaky gürrüňlerini diňledi. Özüniň hem Kakow bilen bagly gürrüňleri aýdasy geldi. Ýöne aýtmady. Enäniň sary giden ýüregini elendirmek nämä gerek.

Atdanyň nazary çäýnek uzadan Bagtygülüň nazary bilen şeýle bir ýakyndan tapyşdy. Atda edil gop berlen dek, zöwwe ýerinden galdy. Ol gözüni petredip, Bagtygüli ilkinji gezek görýän ýaly, seredip dur.

— Bu sen ekeniň-ä!

Bu söze kim düşünmese-de, Bagtygül düşündi. Ol Atdanyň bolup durşuna ejesiniň ýanynda ullakan bir aýby açylýan dek utandy, gyzardy. Atda bolsa henizem gözlerine ynanman durdy:

— Bu sen ekeniň-ä, Bagtym!

— Tanamadyňmy näme?

— Alla kessin, duz kessin, çypbakaý çynym, tanamadym.

— Men-ä seni görenimden tanadym.

— Men seni bir ýerde görendigimi bilýän. Ýöne nirede görendigimi anyk hakydama getirip bilmedim — diýip, Atda begenjine guş bolup uçaýjak boldy. — Indi görüp bilmerin öýdüp gaty gorkupdym. Men seniň üçin dünýäň aňry çetine gitmäge-de razy. Ýöne nirä gitjegimi bilmedim.

— Men seniň geleriňe kän garaşdym.

— Aýdaýmaly ekeniň-ä! Men uçup geljeg-ä! Sorasam aýtmadyň-da!

— Men sebäpli masgara bolduň...

— Ynan, onuň üçin men jinnek ýalagam gynanamok. Onuň üçin ötünç sorajak bolup oturma.

— Gelşiksiz boldy-da.

— Goý bolsun, isleseň, men ýene ýalanaç bolaýyn.

— Ýok, ýok, gerek däl.

— Çekinme, men ýalanaç bolup göni köçä çykaýyn. Men seniň üçin hemme zady ederin. Men seni biçak söýýärin. Kellämde senden başga hiç zat ýok.

— Bilýän-ä!

— Indi men seni sypdyrmaryn. Aýagyňa ýykylaryn. Maňa sensiz ýaşaýyş gerek däl. Men saňa Bagtym diýjek.

— Ynanýan, ynanýan.

— Ýöne sen o ýerlere nädip bardyň. Şoňa hiç akylym çatanok.

— Söýgüde ganat bar ahyryn.

— Uçup bardyňmy?

— Ýok.

— Onda alty ýüz kilometri nädip geçdiň?

— Söýgüde menzil ýok ahyryn. Seniň ýanyňa meniň ýüregim bardy ahyryn.

— Bagtygül, men saňa öňünden aýdaýyn. Men mekdepde okap ýörkäm Bahargül diýen gyz bilen söýüşdim. Soňam ömrümi müjerret geçirmäýin diýen başdansowma niýet bilenem Göwher, Gözel, Mähri diýen gyzlara söz aýtdym. Sen meniň şu günälerimi geç. Soňundan meni dili gysga etme. Meniň hakyky söýgim sen.

— Men saňa ynanýan.

Atda aljyrap, töweregine garanjaklady. Onuň nazary diwardan asylgy goýlan daşguş tüýdükde saklandy. Bu tüýdük şo-o-ol ezýaka köýneklije mön oglanjygyň çalan arzyly daşguşy ahyryn!

Atda daşguş tüýdügi eline aldy. Ony bir-iki gezek üfledi.

Gurban Gurbanowiç bu daşguş tüýdüjegi görse, gör, nähili begener!

Gör, oňa ýetjek baýlyk näme eken!

*On üçünji kyssa*

## ATAGELDINIŇ «TAPAGAN» LAKAMYNA MYNASYPLYGYNYŇ ÝENE BIR ÖWRE TEKRARLANYŞY

Gurban Gurbanowiç Atdanyň yzyndan üç-dört adam bilen geldi. Birinji sekretaryň ýanynda harby eşikli adamyň bardygyny görüp Atda tapagan geňirgendi. Gurban Gurbanowiç onuň geňirgenmesine düşündi:

— Atageldi, men raýon ýolbaşçylarynyň birnäçesi bilen geldim. Sen düýn Kakowyň Owganystanda jaýlanandygy barada aýtdyň. Sen şol aýdanyňy şulara hem gürrüň ber.

— Men onuň nämesini gürrüň bereýin?

— Haýsy polkda gulluk edendigini aýt, komandiriň kimdi, ady ýadyňda barmy? — diýip, raýon harby komissary sorady.

— Ýadymda. Olary men ölenimden birki gün geçenden soň sorasaňyzam aýdyp bererin.

Olar üç maşyn bolup gonamçylyga gitdiler. Raýon harby komissary gonamçylyga belet. Ol Kakowyň guburynyň üstüne gara mermerden ýadygärlik galdyrmagy halanok. Ýöne söweşde wepat bolup geldi diýlensoň hossarlary, obadaşlary ýadygärlige o diýen garşy bolup durmandylar.

Ine, tanyş ýüz. Owadan mermer daşyň ýüzünde:

*«Kakow Geldiýew.*

*17 oktýabr, 1964 ý. doglan.*

*17 ýanwar, 1983 ý. wepat bolan»*

diýen ýazgy bardy.

— Gullugyň gutarmasyna iki aý galypdy — diýip, Atda gürlemäge başlady. Birdenem gürlemesini kesdi. Kakowyň mazaryna tiňkesini dikdi. Mazara ýakyn-ýakyn baryp seretdi, seretdi.

Onuň gürrüňini goýup, mazara tiňkesini dikip, çiňerilip, ümsüm durmasyny ýanyndakylar geňlediler. Ara düşen ümsümligi bozmak üçin kolhoz başlygy gürledi:

— Tabydy-ha gaty agyrdy. Tabydyň, adamyň şeýle agyr bolýandygyny şonda birinji gezek duýdum.

Atda äm-säm ýagdaýda töweregine garanjaklady. Kolhoz başlygynyň alkymyna dykylyp bardy.

— Wah, agam jan, bu Kakowyň mazary däl. Onuň mazary Owganystanda galdy. Komandirimiziň buýrugy boýunça biz ony jaýladyk.

— O näme üçin ol ýerde jaýladyňyz? Ýogalanlaryň hemmesini öz obalaryna iberýärler-ä. — Harby komissar Atdanyň näme jogap berjegini bilmäge howlukdy.

— Ýoldaş komandir, ýogalanlaryň käbiri şol ýerde jaýlanypdy. Aýratynam hossary ýoklary, Kakowy, başga-da birki oglany şol ýerde jaýlamaly diýdiler. Bizem jaýladyk.

— Näme üçin? Düşündirmedilermi?

— Ýoldaş komandir, bize hiç zat düşündirmediler. Ýöne jaýlamaly diýen komandirimizem öldürdiler. — Atda tapagan ýene mazara seretdi. Iki gezek mazaryň daşyndan hasanaklap aýlanyp çykdy. Sowuk mazary elleşdirip gördi. Birdenem gygyryp goýberdi. — E-e-eý, adamlar, şu ýerde köp tylla bar.

— Tylla? Nädip bilýäň?

— Hany? Hany?

— Hana, lowurdap dur-a — diýip, Atda tapagan mazara elini salgap goýberdi. Ýöne onuň diýýän tyllasyny özünden başga gören bolmady.

— Ýalňyşýan bolaýma, Atageldi. Sen bizi masgara edäýme birden.

— Gurban Gurbanowiç, Alla kessin. Tabydyň içi durşuna tylla. Hana, görnüp dur-a, serediň.

Şondan birki sagatdan soň mazarlykda adam köpeldi. Millisionerlerem köpeldi. Yhlas edilip ýasalan ýadygärlik ýykyldy. Gabyr gazyldy. Tabyt ýokary çykaryldy. Tabydy nädip gömdükäler? Ony çykarjak bolub-a ondan gowrak adam gara görgä galdy.

Hana, Atda tapagyň gören tyllalary lowurdaşyp, tabydy dolduryp dur. Hiç kim beýle zada garaşman eken. Asyl, ömründe tylla görmedigem kän eken. Görmedikler-ä tylla görmek keýpinden çykdylar. Görenleriňem gördükleriçe göresleri geldi. Gördüler. Sypap-sermäp, dişläp-ýalap gördüler. Adamlar Kakow görgülini ýatdan çykardylar. Olar Atda tapagam ýatlaryndan çykardylar. Atda Gurban Gurbanowiçiň synyndan çekdi.

— Siziň bilen biragyz gürrüňim bar, Gurban Gurbanowiç!

— Aýdyber, aýdyber — diýip, birinji sekretar Atdanyň egninden gujaklady.

— Çete çekiläýeliň.

— Gürrüňiň gizlinmi?

— Gizlin. Diňe ikimiziň aramyzyň gürrüňi. Başga hiç kim eşitmeli däl.

Gurban Gurbanowiç Atdanyň yzyna düşdi.

Duranlardan otuz-kyrk metr daşlaşan Atda aýak çekdi.

— Näme gürrüňiň bolsa, çekinmän aýdyber, Tapagan.

— Bärik gelýärkäk ikimiz bir zady wadalaşypdyk, Gurban Gurbanowiç. Şol ýadyňyzdamy?

— Sen ýüregiňdäkini çekinmän aýdyber. Men seniň bir zat diýerine garaşyp durdum. Ýöne, bu gürrüňi sen däl-de, aslynda men aýtmalydym. Zyýany ýok, rast başladyň, aýdyber.

— Men size ýolda näme tapsam, şol siziňki, meniň hiç zat hantamaçylygym ýok diýipdim. Ýöne ýagdaýlar meniň çak edişimden başgaçarak boldy. Men sözümde durup biljek däl... Bagyşlaň.

— Aýby ýok, Tapagan jan, aýby ýok. Men bir indi pensiýa ýaşyna ýeteňkirlän adam. Maňa durmuşda, dogrymy aýtsam, hiç zat gerek däl. Çagalarym ýokary bilimli.

— Sözünden dändi diýip siz menden aýyplaşmaň, Gurban Gurbanowiç! Özüňiz gözüňiz bilen gördüňiz. Öýde ýeke erkek kişi hem galmandyr. O hojalyga kömek-goldaw gerek.

— Dogry aýdýaň. Sogap iş edýäň.

— Maňa dogry düşünseňiz bolany.

— Bu ýerde düşünip-düşünmez ýaly hiç hili çylşyrymly zat ýok. Ähli zady kanun esasynda ederis. Dokumentleşdireris. Özem häzir.

— O nähili häzir? Aý, ýok, Gurban Gurbanowiç! Häzir bolmaýa.

— Bolar, bolar. Derrew dokumentleşdireris.

— Men kakam daga sala salman hiç zat edip biljek däl. Onsoňam toýjagazam etmeli bolarys-a. Dokumenti şol gün bererler-dä. Onsoňam men entek Bagtygülüň razylygynam alamok. Toýy birki aýsyz-a edip bolmaz.

— Nämäniň gürrüňini edýäň sen.

— Toýuň.

— Dur-la, ikimiz aýry-aýry zadyň gürrüňini edýän ýalak-la. Meni näme üçin çete çagyrdyň? Bagtygül hakda aýtmak üçinmi ýa şu tapan tyllaňdan almak üçinmi?

— Men tyllany başyma ýapaýynmy. Maňa tylla gerek däl. Men öz tyllamy tapdym, Gurban Gurbanowiç!

— Sen meni begendirdiň, Tapagan. Men saňa guwanýan. Türkmen ýigitleri hut seniň ýaly hem bolmalydyr — diýip, Gurban Gurbanowiç gözüne ýaş aýlady. — Hany, gel, men seni bir gujaklaýyn.

### *On dördünji kyssa*

## ÇEPIKSIJE ENÄNIŇ SYRY

Atda tapagan tomsuň tüp yssysynda günorta çagy içi her hili tapyndydan doly giň otagda her aýagyny bir tapyndysynyň üstüne taşlap, çiň-arkan myrlap uklap ýatyr. Onuň başujunda ýaşy bir çene baran, çal saçly, çepiksije aýal aglamakdan ýaňa gyzaryp giden gözüniň ýaşyny negada bir sylyp otyr. Ol uklap ýatan pälwansypat Atda aram-aram umyt bilen seredýär, onuň turaryna garaşýar. Pälwansypat ýigit ýerinden tursa, enäniň göwnüne, daralan çytawun dünýäsine ýaz geläýjek, gazan deýin düňderilen dünýäsi göteriläýjek, solan bagty çarpara bolup açylaýjak ýalydy. Ýatan bagtyny, ykbalyny oýaryp biljek Atdady. Ene üçin ýatan ýöne bir Atda däldi, ýok, ýatan ene üçin öz bagtydy. Bagt Atda meňzäp ýatyrdy. Atdanyň oýanmagy ene üçin goşa oýanyş boljakdy: Atda oýansa, enäniň bagty hem oýanmalydy. Atdadan başga onuň ýatan bagtyny oýaryp biljek güýç bu älemde-de, o älemde-de ýokdy.

Hudaý hasrat çekmegi enelere beripdir. Enelerem özgeler bir ejir çekmesin diýip ähli muşakgaty öz gerdenlerine alypdyrlar.

Eneleriň hasraty bilen deňeşdireniňde başgalaryň hasraty witjik.

Ine, Atdanyň başujunda oturan enäniň hasraty-da öz göwresinden çökder uly. Ene maşgalasynyň ähli betbagtçylygyny çekýär. Ýeke özi çekýär. Şu güne deňiç gözýaşsyz geçiren gününden, gözi ýaşly, gamly-aladaly geçiren güni känse kändir, ýöne az däldir. Ýöne onuň soňky bir hepdäniň içinde çeken hasratyny hiç bir şumluk bilen deňär ýaly bolmady.

Hasrata çümüp oturan ene ýeke däldi. Onuň yzynda ýigrimi-otuz ýaş aralygyndaky iki sany girdeneje ýigit hem ýekedyz otyrdy. Türkmen ýasda başyna niredenem bolsa başgap tapyp geýýär. Bu iki ýigidem tomsuň jokrama yssysynda başlary telpeklidi. Telpeklerinden, enäniň perişan halyndan çen tutsaň, olaryň maşgalasynda kimdir biriniň ýogalandygyny duýup bolýardy.

Olaryň umyt baglap oturyşlary ýogalan görgülilerini Atda ýalbaryp direltmekçi bolýana meňzeýärdi.

Ýigitleriň eşiginden çen tutsaň, olaryň biriniň gara zähmet bilen güzeran dolaýandygyny, beýlekisiniň bolsa, gara zähmet çekmän maşgala ekleýändigini duýmak üçin üýtgeşik bir üşük gerek däldi. Ýüzi güne ýanan girdenäniň çal köýneginiň ýokarky iki iligi ýokdy, aşaky ilikleriniň hersem biri-birine meňzänokdy, köýneginiň ýakasy kirliginden ýaňa saň-gaty bolup durdy. Beýleki girdenäniň gara balagy täzeje ütüklenipdir. Akja köýneginiň üstünden gyzyl galstuk dakynypdyr. Ol ejesiniň gapdalynda başyny aşak salyp, elindäki bir penje açar daňysyny, «Palmall»

çilim gutusyny saklap oturşy hasratly däl-de, haýbatlydy. Ol öwran-öwran ejesine: «Beýdip oturman, turuzaly-la. Näme, şazadamy bu? Tursun!» diýip iňirdeýärdi. «Wah, Atda janyň haçan ýatandygyny soramandyrys. Birazajygam bolsa ýatsyn, özi derrew turar-da» diýip, çepiksi ene töwella edýärdi. Ýakasy kirli ýigit bolsa: «Bir ýatan kişiniň törüne geçip oturman daşarda garaşalyň» diýip, zol-zol gaýtalaýardy, ýöne onuň sözüne pisint edilenokdy.

Ene iki ogluň pikirine goşulman, Atdadan didesini aýyrman üznüksiz, sessiz gözýaş edýärdi.

— Eje, aglamasana. Aglanyň bilen düzeljek zat ýok ahyryn. Aglanyň bilen kakamyz geljek bolsa, biz gije-gündiz gözýaş döküp Amyderýa ýaly derýa döretjeg-ä. Bize aňsatdyr öýdýäňmi? Biziň ýagdaýymyzam edil siziňki ýaly. Ýöne erkek kişi aglamaly däl diýseler, bar zady içimize salyp, içimizden aglap otyrys.

Garamaýak ýigit söze goşuldy:

— Biz nähak basga düşýän bolaýmalyň. Belki, kakamyz bir ýerden ýylgyrjaklap çykar. Kakam aýdýardy mydama: «Meni Ezraýyl başyna ýapsynmy?» diýip.

Başujundaky pyşyrda Atda tapagan gazan ýaly kellesini galdyrdy. Görse, gapdaljygynda öz ejesiniň ýaşlaryndaky bir çepiksi ene gözlerini ýaşdan dolduryp, perişan halda otyr. Yzyndaky oturan iki kişiniň ogullarydygyny bilmek kyn däldi. Iki ýigidiň garaýagyz ýüzünde, selçeň gaşlarynda, başaşak goýlan nas kädä meňzeýän kellesinde gaty bir synçy bolmasaň hem ilki bakyşda duýlup duran meňzeşlik bardy. Ýanynda olaryň perişan halda oturmagy Atda tapagy derrew ukudan açdy. Nämedir bir zatdan howatyr edýän dek, ol ýuwaşja yza tesdi, bir gapa, birem oturanlara göz aýlady.

— Turduňmy, ogul?! — diýip, ene sandyrawuk sesli dillendi.

— Siz bu ýerde näme üçin aglaşyp otyrsyňyz?

— Biz Çekir obasyndan geldik. Biziň aslymyza Seýit külal diýerler.

— Men Seýit külaly tanamok.

— Tanamaýan bolsaň, häzir gürrüň bereýin. Seýit külal Kerki begligi barka, şäherde külallyk eder eken. Işine çulum eken. Onuň ýasan zatlaryna Buharadanam, Marydanam, Antguýudanam hyrydar geler eken. Onuň Artyk, Möwlam, Jöwlan diýip üç ogly bolupdyr. Artykdan iki gyz, bir ogul, Möwlamdan bir gyz, Jöwlandan bolsa sekiz ogul, üç gyz galypdyr.

Jöwlan edenli, diýenini gögerdýän, hötjet adam bolupdyr. Ol sekiz oglunyň körpejesine atasynyň adyny dakypdyr. Ana, şol atasynyň ady dakylan Seýit hem biziň kakamyz bolmaly. Meniň adamym, ýigitleriň kakasy. Ol işe berlen adam. Elinden dür dökülýär. Smeninden gelende külallyk edýär. Ol çopan. Ol kolhozda iň ökde çopan. Oňa hökümet üç gezek orden, iki gezek medal berdi. Bir gezek sergä gidip geldi. Ýöne şeýle ökde adam bolsa-da, bir kemi bar-da. Araga göwün beripdir. Moskwada sergide bolanda-da, içip-içip masgara bolupdyr. Oňa içmedik bolsa, Geroýlyk berjek ekenler.

Indi bolsa bu iki oglum hakda aýdyp bereýin. Özüm hakda iň soňundan aýdaryn.

— Dur, dur, jan daýza, dur. Maňa siziň awtobiografiýaňyzyň gerek ýeri ýok.

— Sen Atda tapaganmy? — diýip, galstukly ogul sorady.

— Atda tapagan men.

— Onda diňlemeli bolarsyň. Aýdylanyny ýat tutup, soňundan gaýtalap ber diýýän ýok saňa.

— Maňa bu gürrüňleriňiziň bir köpüge-de gerek ýeri ýok.

— Bir köpüge-de gerek dälmi?

— Bir köpüge-de gerek däl.

— Be... — diýip, galstukly ýigit meseläni nähili çözjegini bilmeýän dek çuň oýa batdy. — Sen Atda tapaganmy?

— Men Atda tapagan bolanymda näme? Siz içerik nädip girdiňiz?

— Türkmende gapy gulplanýan däldir. Türkmende biriniň öýüne girilende «možnamy?» diýip soralýan däldir. Türkmen haýsy öýe barsa, edil öz öýüne baran ýalydyr. Bu biziň ata-baba ýöredip gelýän asylly däbimizdir. Ýa beýle däp-dessur Saganaly obasynda ýitdimi? — diýip, galstukly ýigit şelaýyn ýylgyrdy.

— Ata-babalarymyz bilen işim ýok, dawamam ýok. Siziň bilenem işim ýok, dawamam ýok. Nätse şeýtsinler. Haýsy gapydan girýän bolsaňyz, şol gapydan giriň.

— Kimiň öýüne?..

— Ata-babalaryňyzyň, ýöne meniň başujumdan aýrylyň.

— Bizi kowýaňmy? Ata-babalarymyz gelen myhmany duşmanam bolsa kowmandyr, «Gelen — döwlet» diýipdirler. Geleniň öňünde duz-tagam goýupdyrlar, habaryny alypdyrlar.

— Bir nätanşyň başujyna baryp, ata-babaňyz, yždymagyňyz hakda leksiýa okap oturyşyňyz göwnüňize makulmy siziň?

— Biziň gyssagly işimiz bar.

— Şo gyssagly işiňiz ýorganyň içinde bitirip bolýan işmi?

— Ýorganyň içinde bitir, ýorganyň daşynda bitir, ol öz işiň, bize kakamyzy tapyp berseň bolýar.

— Gaýrat et, kömek et, jan dogan — diýip, ýigitleriň ulusy — garamaýagy özelendi. — Biz tölejek.

— Kakaňyzy eşigimi geýmän tanaýynmy ýa eşigimi geýenimden soň tapsam hem bolýarmy?

— Näme aýnan bolýaň? Eşigimi geýdiriň diýmekçi bolýaňmy? — Galstukly ýigidiň gahary geldi.

Atda öwhüldedi:

— Gaýrat edip daşary çykyň. Men geýneýin. Onsoň, näme gürrüňiňiz bolsa diňläýin. Häzirki gürrüňleriňize-hä men düşünip bilmedim. Men geýneýin, el-ýüzümi ýuwup, ukudan mazaly açylaýyn. Gyssanyp aljak galaňyz bolmaz.

— Nähili adam-aý sen. Saňa arassa türkmen dilinde düşnükli edip aýtdyk, biz gaty gyssanmaç diýip. Senem men geýneýin, men ýuwunaýyn, men ukudan açylaýyn diýen bolup, biziň betbagtçylygymyzyň üstünden güljek bolýaňmy?

— Men geýinjek, öýden çykyň!

— Ýörüň, ogullarym, daşaryk çykalyň. Atda dogry aýdýar. Ol geýinmese, ýuwunmasa pal atyp bilýän däldir. Bu görgülä-de düşüniň siz.

— Myhmana daşary çyk diýen bolýar.

— Men myhman çagyramok!

Atdanyň soňky oýnam sözi iki girdenegiň öňem köräp duran gaharyny ýetjek derejesine ýetirdi. Galstukly ýigit durşy bilen titredi:

— Şu ýaşymyza çenli daşary çyk diýen sözi hiç kim aýtmaga het edip bilmändi. Gaýtam, özüm aýdýan işgärime çyk daşary diýip. Bu sözüň üçin men dogram-dogram ederdim welin...

— Ýörsene! — diýip, gara girdenek galstukly girdenegiň synyndan çekdi. — Owganda gulluk edenleň içinde kellesi abady ýok.

Atda öňler ýarym ukuda halda hem ýarym sagat çemesi böwrüne diň salyp ýatyp, ukudan açylyşardy. Ýöne bu sapar ol derrew ukudan açyldy. Hasyr-husur geýindi-de, daş çykdy.

Çepiksije ene onuň alkymyna dykylyp geldi:

— Atageldi jan, sen meniň ogullaryma gaharlanma. Jany ýanan taňrysyna gargar edýär olar. Bagtymyz ýatdy biziň. Ogullarym bu mahal näme edip, näme goýanyny bilenoklar, ýogsam ogullarym gaty meniklije bolmaly meniň. Men seni ogullarym bilen doly tanyşdyraýyn. Olaryň haýsy kärdedigini, maşgalalary hakda aýdaýyn. Soň özüm hakda aýdaýyn.

— Daýza jan, maňa siziň şejeräňiz gerek däl.

— Tohum-tijiňiz hakda doly bilmese, palçy pal atyp bilmez diýýärler. Dogrudyr. Menem saňa özümiz hakda doly gürrüň bereýin. Saňa düşnüksiz zat bolmasyn. Betbagtçylygymyzam gürrüň bereýin.

— Siziň ýatan bagtyňyz bilen meniň nähili dahylymyň bardygyna, ynansaňyz, teý düşünip bilemok.

— Men saňa düşündireýin, oglum — diýip, ömrüniň jebir-jepa bilen geçendigi ýüzüne möhür deýin basylan çepiksije garry demini dürsedi. — Ýaňy aýdyşym ýaly, biziň kakamyz çölde çopandy. Smini gutaryp öýe gaýtjak diýip, goşdan çykyp gaýdanyna şu gün tegelek on gün. Ogullarym çölüň içini elekläp çykdylar, tapmadylar. Hiç ýerde gördüm, bildim diýýänem ýok.

— Menden näme kömek isleýäňiz?

— Wah, jan oglum, biz seniň at-owazaňy eşidip geldik. «Prawda» diýen gazetde-de sen hakda ýazanmyşlar. Gaty kän adama ýagşylyk edeniňi eşitdik, saňa alkyş aýdyp ýören adam kän. Bizem şolaryň biri bolaly, enşallasa.

Atda nämäniň-nämedigine düşündi-de, öwhüldäp goýberdi:

— Eý, daýza jan, men bilgiç däl. Kim bilgiç diýip aýdan bolsa, ýalan sözläpdir. Ynanaýyň, men bilgiç däl, size-de edip biljek kömegim ýok.

— Ogullarym seni närazy etmezler.

— Bahaňy aýdaý! — diýip, galstukly girdenek jübüsine elini sokan boldy. — Islän summaňy aýt.

— Bu ýerini bazardyr öýdýäňizmi? Mende baha ýok.

— Kommunistsiremesene! Men açyk söwdany gowy görýän. Kireýsiz kilim kakmaýandygyňy eşidip geldik.

— Eşiden ýeriňe git!

— Siziň bu bolşuňyz nähili? Haýyş bilen gelip, bu bendäniň üstüne sürünip durmaňyz näme? Kakaňyzyň aryny Atageldiden çykarjak bolýaňyzmy? — diýip, ene ogullaryna azgyryldy.

— Eje, bu biziň janymyzy ýakýa. Pul alamok diýen bolýar. Käşgä biz bular ýala näbelet bolsak.

Atda gaharyna titir-titir etdi, hyrçyny dişledi. «Maňa gaharlanmak gadagan!» diýip içinden öwran-öwran gaýtalady.

— Daýza, bu ýigitler siziň ogullaryňyzmy?

— Hawa, hawa, ogullarym. Ýene bir oglum bar. Ol ýaňy şäheriň keselhanalaryny ýekänme-ýekän aýlanyp görmek üçin gitdi. Hudaýa şükür, üç sanak oglum bar.

— Onda ogullaryňyz köçede garaşybersin. Üç adam bilen gürleşseň, gaty kyn bolýa.

— Wah, jan oglum, sen düşün.

— Daýza, sizem maňa düşüniň. Eger üç bolup dursaňyz, meniň edip biljek kömegim ýok. Men öz ýagdaýymy aýdýan. Diňe biriňiz galyň. Ýogsam diňe ärsiz däl, ogulsyzam galarsyňyz.

Ene düşündi. Haýdan-haý daş işikden ogullaryny äkitmek bilen boldy. Köçede ogullaryna «düşündiriş işini» geçip, ýene Atdanyň ýanyna geldi:

— Atda jan, sen bizden aýyplaşmaweri. Ine, şujagaşjany ýygna, süýji alarsyň. Toýuňda gerek bolar. Üç adamyň öňünde söýünji almak, elbetde, saňa gelşiksizdir. Şonuň üçin ogullarymy köçä ugradanyň dogry boldy. Ýöne sen arkaýyn bol, bizden hiç ýerde gep-gürrüň çykmaz.

Ene gaýta-gaýta ýuwdunyp matlabyny aýtdy: — Sen, Atda jan, şuny alyp, maňa adamymyň nirededigini aýdyp ber.

— Maňa puluň gerek däl-how, jan daýza!

Nirelerdendir bir ýerlerden Hemra illew peýda boldy:

— Atda jan, gaharlanma. Men her bir çatrykda akyl berip ýören adam däl. Men göwnümiň ýetýän adamyna akyl berýändirin. Meniň akylymy alan adamyň nähili uly wezipelere ýetýändigini saňa ýatladyp oturmaýyn. Öde ýaşlykda ýetim galypdy. Men onuň bilen bile okadym. Okaýşyna göwnüm ýetdi. Onsoň men oňa göni aýtdym. «Öde, sen hökman okamaly, sen ullakan adam bolarsyň» diýdim. Ol maňa: «Hemra jan, ýaşuly adamlaryňam gelip senden akyl soraýandyklaryny men bilip ýörün. Seniň maslahatyňa eýeren adamlaryň işiniň şow alýandygyny men bilýän ahyryn. Sen her çatrykda akyl berip ýören adam däl. Rast, sen maňa şeýle akyl berýän bolsaň, men

okaýyn» diýdi. Ilki Kerkiniň peduçilişesini gutardy, soň uniwersitete gitdi, şol ýerde-de üşükli adamlar bar, Ödäniň zehinli ýigitdigini derrew bilipdirler. Uniwersitetde...

— Hemra aga, sen bularyň näme üçin gelendiginden habarlymy?

— Sen meniň sözümi bölme. Ödäni uniwersitetde starşiý mugallym edip işe alyp galdylar. Ol meniň ýanyma geldi. «Alymlyk dissertasiýamy goraýynmy?» diýdi. Menem: «Arkaýyn gorap goýber» diýdim. Görsem, ol birki ýylyň içinde alym bolup dur. Öz-ä ýaş ýigit, şonda-da alym. Soň Öde birki gezek gelip menden maslahat sorady, menem, näme akylymy gysganmadym. Iller agzyny açyp galyberdiler. Meniň akylymy alan Öde sähel ýylyň içinde ylmyň düýbüni deşdi. Haýsy gazedi görsem, Öde. Haýsy kitaby okasam, Öde.

— Hemra aga, men bu gürrüňi öň telim gezek diňledim. Siz bu diýýänleriňizi, isleseňiz, ine, şu daýza gürrüň beriň. Bu daýza-da size Sähet külal hakda gürrüň bersin.

— Kim ol Sähet külal?

— Sähet däl, Seýit külal.

— Seýit külalam tanamok.

— Seýit külaly tanamaýan ýok. Men size gürrüň bereýin. Soňundan özümiz hakda aýdaýyn.

Daýza gürlemäge ýetişmedi: Hemra illew sesine nazym berdi:

— Atda jan, men bu gelenleri tanaýan. Bular gowy adamlar bolmaly. Bir mahal men bulara ak pata beripdim öýdýän.

— Meniň ýadyma düşenok.

— Ýadyňa düşmeýänligi üçin şu güne düşüp ýörensiň. Ýagşylygyň gadyryny bilmeli. Hudaý hemme zady görüp-bilip dur.

— Bizi Hudaý tutdy.

— Uzak tutup durmaz, goýberer. Seýit külallardan bolsa, bular gowy adamlar bolmaly.

— Tanamok diýdiňiz-ä.

— Tanamasamam, aňýan. Bular gowy adamlar. Getir puluňy! Atda, sen bu ýeňňäň hödürleýän puluny almajakdan bolma. Al! Adamyňky bir göwün-dä! Bu puljagaz bilen Balyş Öwez bolmajagyň belli. Bular yrym edýändir, almasaň, göwünlerine makul bolmaz.

— Dogry, yrym edýäs.

— Diýdim-ä men. Kitap okap bilmesemem, men bularyň içindäkilerini okapjyk otyryn.

— Maňa pul gerek däl.

— Pul gerek däl diýme. Puluň gerek däli bolmaz. Pul ilki bilen baýa gerek, soň garyba gerek. Pul, hemmä gerek, özem hemişe gerek. Pul Garbaçip bolsaňam gerek. Pul Lenin bolsaňam, Gagarin bolsaňam gerek. Ýeňňe, sen arkaýyn bol, Atageldi ýaş ýigit. Pul almaga utanýandyr. Men bu pullaryňy muňa ýeke wagty özüm elinje gowşuraýaryn — diýip, Hemra illew böwrüni diňledi. — Haçan gerek diýse, meniň

ýanyma baraýsyn!.. Bu pul obamyzyň garyp-gasarlaryna Atageldiniň kömegi bolsun. Men obamyzyň garyp-gasarlaryny ýygnap, deňje paýlaryn. Ýa başga bir iş ederin.

...Hemra illew enäniň pully düwünçegini goltugyna gysdyrdy-da, duýdansyz gelşi dek, duýdansyz hem çykyp gitdi.

— Hiç bolmanda, sen, Atageldi, meniň adamymyň diridigini ýa ölüdigini anyklap berseň hem bolýar. Muny seniň başarjakdygyňa gaty berk ynanýaryn. Mekdepde diňe bäşlik baha alyp okandygyňy, gaty göreldeli ýigit bolandygyňy eşidip geldik. Sen hakda gaty kän gürrüňler eşitdim. Seniň üýtgeşik ýigit bolup ýetişjekdigiňi öňem bilýän ekenler. Ýaňky ýaşuly bize baryny gürrüň berdi. Sen, ogul maňa-da gudrat görkez.

Çepiksije ene şeýle bir naýynjar dillendi welin, Atdanyň ýüregi gyýym-gyýym boldy. Ene sessiz aglaýardy. Gözünden düwme-düwme ýaşlar biygtyýar dökülýärdi.

— Daýza, aglamasana!

— Aýt, jan ogul, adamym dirimi?

— Bilmedim. Men bilgiç däl, jan daýza, halysalla çynymy aýdýan, ynanaý maňa.

— Jan ogul, adamymyň nirede ýatanyny bilip ber.

— Daýza...

— Göwnüm üçin synanyşyp bir göräý!

Atda gapdalynda peýda bolan syrdaşyň bir zat diýerine garaşdy: «Men kömek ederin» diýdi. Syrdaşyň sözünden soň Atda ekezlendi:

— Bolýa, daýza, göwnüňiz üçin synanyşaýyn. Ýöne garanty beremok.

— Synanyşsaň bilersiň. Garantymy-beýlekimi, näme gerek bolsa, biz bereris.

— Bar, onda ogullaryňyzyň birini çagyr. Iki bolsalar-a meniň aňkamy aşyrjak olar.

Daýzanyň süňňi ýeňledi. Ol köçä bakan ýumlukdy. Atda daýzanyň yzyndan gygyrdy:

— Köp gepleýäniňi getirmäweri.

— Köp gepleýäni haýsy onuň?

— Galstukly gelmesin!

Ene sähel salymda Atdanyň gaşynda häzir boldy. Yzynda bolsa, ýüzi Güne ýanan garaýagyz ogly dur.

— Ikiňizem gaşymda oturyň!

Atda syrdaş näme etse, şony hem gaýtalady. Eneli ogluň ýüzlerine çiňerilip kän durdy, göz atuwynda olaryň hossaryny janlandyrmaga çalyşdy. Gözleri ýumuldy.

Atda tümlügiň içinden «Tiz kömek» maşyny bilen barýan ýalydy. Ol hyýalynda tümlügi şeýle ýokary tizlikde parran dilip gidip ugrady. Ol öň hiç mahal hyýalynda şeýle tizlik bilen gidip görmändi.

Birden tümlügiň aňyrsynda — gözýetimde al şapak ýiti ýalkymy, şöhlesi bilen göz gamaşdyryp ugrady. Öňündäki zatlar açyk göründi.

Hana, tozanly ýol bilen oba adamlary bir merhumy alyp barýarlar. Atda gölegçileri tanamaga çalyşdy. Olaryň birinem tanap bilmedi. Gölegçileriň ählisem nätanyş adamlardy.

Syrdaş Atdanyň gulagyna çawuş çakdy:

Atda öňünde doňan dek bolup duranlara ýüzlendi.

— «Kakaňyz näçe günden bäri ýok?»

— On gün bäri.

— «Öň onuň ýüregi agyrýardymy?»

— Ýüregini operasiýa etdiler onuň. Ýüregi agyryp alty aý ýatdy.

— «Operasiýadan soň ony çöle ibermeli däl ekeniňiz».

— Wah, ol bizi diňlemese näme. Obada onuň ýüregi ýarylyp barýar. Ölsemem çölde öljek diýdi. Bar maksady çölde ölmekdi onuň.

— «Onda kakaňyz şu gün şol maksadyna ýetipdir. Siz öýüňizden nä wagt çykyp gaýtdyňyz?»

— Daňdan altylara çykdyk.

— «Şondan bäri öýüňizden habaryňyz ýokmy?»

— Bir smenada işlän çopanlaryň ikisi bilen gürleşdik. Ähli kişi seni maslahat berdi. Hemra aga-da sen hakda iki sagatlap leksiýa okap berdi.

— «Häzir sagat näçe?»

— Iki bolmaga on bäş minut bar.

— «Öýüňizde kim bardy?»

— Üçünji oglum öýe barandyr bireýýäm. Ol şäheriň keselhanalarynda kakamyzyň bardygyny-ýokdugyny anyklap öýe barmalydy.

— «Dogan-garyndaşyňyz känmi?»

— Köçämizde ýat adam ýok, ählisi kakamyň ýa inisi, ýa daýysy, ýa dolanany.

— «Adam-a kän obaňyzda kakaňyzy gowy görýän ekenler».

— Gowy görýärler. Ýöne ol käte arak içip başlasa, bir hepdeläp, iki hepdeläp yzyny üzmän içýär, serhoşlykdan açylanok.

— «Ýüregi agyrýan adama arak içirmeli däl-ä».

— Giň ýeriň gürrüňini edýäň, dogan. Kakam bizi diňlänog-a. Ol öň kän içmeýän eken. Ýöne soňky bäş-on ýyllykda kän içmäge başlady. Içse-de, derrew ejem bilen urşup başlaýar. Soňky döwür ejeme gahar edip içdi ol.

Ene oglunyň bu sözüne gaşlaryny çytdy.

— Atageldi, bir zatlar görýäňmi, ogul?

— «Görýän daýza, görýän».

— Näme görýän bolsaň, sen bizden gizlemän aýt. On günläp onuň sag gezmejegine gaty gowy düşünýäris. Sen näme görýän bolsaň aýdyber.

— «Men obaňyzyň adamlaryny görýärin».

— Olar näme iş edýärler, ogul?

— «Olar merhumy alyp barýarlar. Merhum siziň kakaňyz bolmaly. Ol bir hepde ýüreginden tutup ýatypdyr. Şu gün ir bilenem jan beripdir. Siz howlugyň, mundan hiç ýerde eglenmän gitseňiz ýetişersiňiz».

Atda gözüni açdy, gören zatlaryny, aňynda aýlady. Ol sözleri Atda däl-de, syrdaşy aýdypdy. Syrdaşynyň diýen sözlerini eşidip Atdanyň depe saçy düýrükdi.

Megerem, beýle ahwalatyň ilkinji gezek bolanlygy üçin bolsun gerek, Atda hälki sözleriniň täsirlerinden aýňalyp bilmän, esli wagtlap durdy. Garry enäniň, ömri agyr zähmet bilen geçendigi garaýagyz ýüzüne gödeklik bilen ýazylan ýigidiň doňan dek bolup duruşlaryny gören Atda olara göwünlik bermäge çalyşdy:

— Mert boluň!

— Ýalňyşýan bolaýma? — Garamaýak ýigit Atdanyň sözüne ynanasy gelmän, müňkürlik bilen bakdy.

— Belki, men ýalňyşýandyryn, kepil geçip biljek däl. Başda-da aýtdym: «Men bilgiç däl» diýip. Sizem ynanmadyňyz. Hernä kakaňyza hiç zat bolmadyk bolsun!

— Açyk gürrüňmi özi?

— «Adamlaryň ylgaşlap mazarlyga barýandyklaryn-a açyk gördüm. Biziň obamyzda sagat on ikiden gijä galman merhumy çykarýarlar. Häzirem sagat iki bolup barýar. Men size ýene bir zady aýdaýyn: merhumyň gözi doly ýumulmandyr. Ol armanly ölüpdir. Garaşýan adamy jaýlamaga gatnaşsa, merhumyň gözi ýumular».

— Ýetişermikäk? — diýip, girdenek titir-titir etdi.

— «Ýetişersiňiz».

— Bir sagatlyk ýol...

— «Merhumyň içki jaýyny täzeden gazmaly boljak. Gyssanyp onuň içki jaýyny kiçi edipdirler. Merhum haýrandepede bir sagat saklanar diýdiler».

Eneli-ogul haýrandepäniň nämedigine, bir sagat çemesi saklanar diýip kimiň aýdanyna akyl ýetirip bilmedi, ýöne bu zatlar barada soramadylaram. Esasy zat — ýetişmek.

Olar gözýaş döküp köçä çykdylar. Galstukly ýigit hem uzakda däl eken: ol Atda görünmän ähli gürrüňi diňläp duran eken.

Bu waka Atdanyň göwnüne düýşde bolan ýalydy. Edilen gürrüňler, dyzmaç girdenekler, gözi ýaşly ene onuň aňyndan çykanokdy.

Şol wakadan soň üç-dört gün geçensoň gözi ýaşly ene Atdanyň düýşüne girdi. Şol öňki gölegçiler. Olar adat boýunça ylgaşlap mazarlyga bakan barýarlar. Tabydy göterip barýanlaryň biri şol tanyş ene. Erkek kişiler oňa ünsem berenoklar. Atda baryp:

«Daýza, siz mazarlyga barmaly däl. Siz tabydy götermeli däl. Siz öýüňize gaýdyň. Size derek getiriň men götereýin» diýdi.

Ene ör-gökden geldi:

— Muny menden başga göterip biljek ýokdur, ogul. Senem göterip bilmersiň. Ýaňy öýden göterip ugranymda şu gölegçileriň ählisi meniň üçin tabyt göterjek boldy, ýöne eýgermediler».

«Eýgermän näme?»

Atda tabydyň enäniň göterip duran tarapyny götermäge synanyşdy.

Oh-o! Ene hak aýdan eken. Tabyt Atdanyň egninden basyp, synalaryny şakyrdadyp döwüp, ýere sokup barýar. Atdanyň tas gözi hanasyndan çykypdy. Bu

gudrata nähili düşünjegini bilmedi, tabydyň beýleki tarapynda barýan kişiler başlaryny aşak salyp, göýä Atdanyň düşen ahwalatyny görmeýän, duýmaýan ýalydylar.

Atda aýal maşgala tabyt berýändigine utandy.

Ene Atda ünsem berip durmady, tabydyň bir tarapyny egnine alyp ýene gidiberdi. Atda gölegçileriň yzyndan garap galdy.

«Eje, eje gördüňmi, bir çepiksije aýal gölegçilere goşulyp gitdi. Bu nämäniň alamatyka?» diýip, Atda ejesinden sorady.

«Bilmedim men-ä, balam. Hakylym çatýan däldir».

«Ol daýza sen düşündirip aýdaý. Belkem, ol seni diňlär...»

— Atageldim!

Atda ejesiniň aladaly sesine gözüni açdy. Görse, ine, başujunda ýene şol ýaşy durugşan daýza bilen ejesi gamgyn halda otyrlar.

— Bir bende alys bir obadan seniň bilen gürleşmäge gelipdir. Bu bende seniň bilen gürleşmäge gorkup, titräp dur. Näme, sen bu bendäniň üstüne gygyrdyňmy? — diýip, Aýjan eje geňirgenmesini daşyna çykardy.

— Ýok, ýok, Atageldi jan üstümize gygyrmady, jora jan. Seniň juda edepli ogluň bar, ol biziň bilen örän gadyrly gürleşdi. Ömri uzak bolsun. Bir hoşsurat, menikli perizat ýary bolsun. Siziňem ömrüňiz uzak bolsun — diýip, çepiksi daýza howlukdy. — Jora jan, eger rugsat berseň, ogluň bilen meniň ýekeje agyz gürrüňim bar.

— Näme gürrüňiňiz bar bolsa, çekinmän arkaýyn aýdyberiň. Ejemden meniň gizlin gürrüňim ýok. Ogryn aýtsaňyzam, barybir, men ol gürrüňiňizi ejeme aýdaryn.

— Boýdaş, dyzyňy ep, näme gürrüňiň bolsa, ogluma çekinmän göni aýdyber. Men häzir çaý getireýin. Gürleşip bolanyňdan soň meniň hälki oturan ýerime baraý. Bir käse çaý içeris — diýip, Aýjan eje daş çykdy.

— Daýza, size nädip gepimi düşündirjegimem bilemok. Ynanyň, halysalla ýüregimi aýdýan: men bilgiç däl — diýip, Atda tapagan gorkan öňürder etdi. — Öňem menden edil siziňki ýaly haýyş edip gelenler boldy. Gelenleriň ählisine düşündirip goýberdim...

— Wah, jan ogul, bize-de ile diýýäniňi diýäýmeli ekeniň-dä! Bilmeýän bolsaň, bilgiç däl bolsaň, näme üçin pal atan bolduň? Boýuň-syratyň hiç kimiňkiden kem däl, şu boýuň-syratyň bilen başarýan işiňi eden bolsaň, biz şu günlere düşmezdik. Bäş şaýy üçin bizi ne günlere saldyň sen. Ile çykmaz ýaly etdiň, metdi-masgara etdiň.

— Meni bagyşlaň...

— Gep meniň bagyşlanymda, bagyşlamanymda däl. Gep biziň öýümize müňkürlik belasyny saldyň. Ana, şol başymyza kyýamat gopdurýar. Öýde-de, ilde-de rahatlyk ýok. Mojukdan-mojuk myş-myşlar tapyp gidip otyrlar. Seniň bu hokgaň ölümden agyr degdi. Ölüm adam döräli bäri bar zat. Ýöne seniň döreden masgaraçylygyň biziň obamyzda öňem-soňam bolan zat däl. — Çepiksi ene şeýle bir aglady welin, Atdanyň ýüregi üzüm-üzüm boldy. Näme bolandygyny, ölümden erbet nähili masgaraçylygyň bardygyny teý bilesi geldi. Hasraty ýetik eneden ol

masgaraçylyk hakda soramagyň ebeteýini tapmady. Köne aýnaly şkafdan täzeje hanýaglygy çykaryp, çepiksi daýza uzatdy:

— Daýza, bagyşlaň, men sizden almajak bolupdym. Ýöne, almajagam bolsam, öýlenseň gelniň atynsyn diýip, özüňiz goýup gidipdiňiz. Şonuň üçin gelen bolsaňyz, ine, alyň. Men size şo gezegem özümiň bilgiç däldigimi zynharlap aýdypdym. Ýöne meni günüme goýmadyňyz.

— Ýadyma düşýär, baryna özümiz günäkär, sende günä ýogam-la — diýip, ene agy gatyşykly aýtdy.

— Ine, alyň.

— Men muny alaýyn. Seniň gelniň bu ýaglygy atynmasyn. Seniň bu ýaglyga mätäç däldigiňi bilýän. Seniň päkize gelniň päkize adamyň beren ýaglygyny atynsyn. Men yrymçyl, şonuň üçinem men ýaglygy yzyna alaýyn — diýip, çepiksi ene ýaglygy aldy.

Atda bu kempiriň çaltrak çykyp gitmegini isledi:

— Size menden başga hiç zat gerek dälmi?

— Maňa senden gerek zat ýok, oglum, sende jinnek ýalagam günä ýok.

— Daýza, men-ä saňa düşünýän däldirin. Bir sözüňde sen baryna günäkär, bizi masgara etdiň diýýärsiňiz. Bir sözüňizde-de sende jinnek ýalagam günä ýok diýýärsiňiz. Men-ä size düşünýän däldirin. Men siziň haýsy sözüňize ynanmaly.

— Saňa nähili aýtjagymy bilemok.

— Adamyňyz sagmy, ölmänmi?

— Sag diýsemem boljak, öldi diýsemem.

— Diýýän sözleriňizi gulagyňyz beri eşidýärmi?

— Eşidýär.

— Ýaglygyňyzy berdim, siz menden başga näme isleýäňiz? Çekinmän göni açyk aýdyň. Ýumşuňyzy aňrujy bitirjek bolaryn.

— Sen meniň ogullarym bilen gürleşip ber.

— Men olara näme diýeýin.

— «Men bilgiç däl» diý.

— Men bilgiç däl diýip ilkinji gezek geleniňizde müň gezegem aýdandyryn. Ýöne siz meni diňlemediňiz. Gerek bolsa ýene aýdyp bereýin. Hany olar?

— Olar öýde. Men hiç kime aýtman, awtobusly ýeke özüm geldim. Häzir bile öýe gideli. Adamymdan ötünç sora. Men ýalňyşypdyryn diý. Men bilgiç däl diý. Men aldadym diý. Ogullaryma-da aýt, men bilgiç däl, men sizi aldadym diý.

— Men şu sözleri siziň öýüňize baryp diýmelimi? Men bu gün-ä gidip biljek däl, ýöne birki günüň içinde baryp gaýdaýyn. Siz maňa adresiňizi goýup gidäýiň.

— Onda bazar güni baraý, adamym häzir keselhanada. Bazar gününe çenli ol keselhanadan çykar. Men ogullaryma hem aýdaýyn. Hemmämiz jem bolup saňa gündiz sagat on ikide garaşarys. Bolýamy?

— Men bararyn.

Atda «Men bararyn» diýse-de, barmaly bolmady. Şol günüň ertesi çepiksi enäniň ogullary ot bilen ýalyn bolup geldiler. Hersiniň elinde degenek taýak. Üç kişi

üç ýerden topuldy. Dzýudonyň goranmak tilsimatlaryny Atda peýdalanyp biljekdi, ýöne parahat durmuşda ony ulanmazlyk üçin goşun gullugynda kasam içipdi. Aslynda, ol ömründe biri bilen urşup ýa birine el göterip gören adam hem däldi.

— Düşünişeliň ahyryn, oglanlar! — diýip, Atda öwran-öwran gaýtalady.

Üç dogan gazaplydylar! Ellerindäki taýaklaryndanam diýýän sözleri çökderdi. Okyjylara düşnükli bolmagy üçin olaryň ýekejesinem arassa ak kagyza geçirer ýaly däl, dessine kagyz, kitap hapalanjak. Ol sögünçler edebiýatyň hiç bir žanrynda-da peýdalanyp bolmajak, juda bir pariografik eser bolanda-da peýdalanyp bolmajak sözlerdi. Türkmen ol sözleri haçandyr bir wagt gara gün üçin gerek bolar diýip döredenem bolsa, peýdalanmaýan sözüdi. Türkmene ol sözi ulanmak üçin şu güne çenli-hä gara gün döremändir, indem döremez, enşalla. Ýöne bu üç dogan pisint ýelýaňňy bolsa, haýsy halkda ýok, her halkyň agsak-towsagy bolmaly diýýärler. Şol diýilýän agsak-towsak, megerem, şu üç dogan pisint kişilerdir! Hem dil, hem el bilen ikitaraplaýyn urýanlaryň haýsy-da bolsa birisi şu urgularyň bolmanda ondan birini dadanda-da ýogyn-ýogyn bagyryp, Saganaly obasynyň zähresini ýarardy...

Atageldi özüne gelende daş işikde ýatan eken. Senem ot-elek bolup ak ýektaýly lukmanlara görkezmeler berýärdi. Ejesi bilen kakasy bolsa, başujunda bir gysym bolşup otyrlar.

— Sen olary görseň tanajakmy? Haýsy obadandygyny aňmadyňmy? Maşynynyň nomeri ýadyňda ýokmy? Haýsy tarapa gidenini gördüňmi? — diýip, Mämmet öliniň soragyny bermäge durdy.

— Näme üçin soraýaň?

— Näme üçini bolarmy, kepbelerini tozduryp gaýtjak.

— Beýle tozduryjy bolýan bolsaň, kepbeleri bilen nä işiň, özlerini tozdur. Goý, kim bilen iş salyşýandyklaryny bilsinler. — Senem ot-elek boldy.

— Men olary köçä çykansoň görüp galdym — diýip, Kertik aga hyrçyny dişledi. — Ynanaýyň-how, o gelenleň üçüsem ýerkömelek ýaljak zatlar. Üçüsiniň agramy Atageldiniňkiden artyk däldir. Atageldiniň ýaşynda bolsa men ýüz kilelik zady jaýyň üstüne bir elim bilen zyňyp goýbererdim.

— Kaka, şu gezek gatyrak gidäýdiň öýdýän.

— Gaty dagy gidemok. Öwünýär diýersiňiz öýdüp hälem ýarysyny aýdýan. Hakykatynda ýüz elli, iki ýüz kilelik zady elimiň tersi bilen jaýyň üstüne zyňyp goýbärdim. Hemranyň matoryny öýüniň üstüne zyňypdym. Soň şony ýigrimi bäş adam bolup ýere düşürdiler. Ynanmasaňyz, ejeňizden soraň, ejeňizi özüňiz tanaýaňyz, ol aňsat-aňsat boýun almaz. Siz maňa ynanaýyň. Bir gezek ejeňiz gaharymy getirdi. Ine, şu duran ýerimdi. Aýjan, ýadyňdamy? Men ejeňiziň aýagyndan tutup zyňyp goýberdim. Nirä baryp düşenine ünsem bermändirin. Giçlik öýe gelsem, ejeňiz tuduň üstünden düşüp bilmän, ýarym ýaş aglap otyr. Zyňamda tuduň üstüne düşäýen eken görgüli. Iki sany gapyrgasy döwlüpdir şonda.

— Äl, bu çal-a gürledi. Indi muny saklap bolmaz.

— Ejeňiz meni ömür gepletmän gezdi. Ejeňiz hökümet siziň.

— Aýakdan tutup zyňýan bolsaň, ogluňy urdurmaly däl ekeniň. Olary näme üçin köçä zyňmadyň?

— Olar gaty salamlyja ýigitler eken. Olar meni görüp, baş egip salam berdiler. Soň menem ol ýigitleri Atdanyň ýanyna bir ýumuşjagaz bilen gelen ýigitlerdir öýtdüm, ýumruk ýaly girdenejikler-how olar. Şolar adam urupdyr diýseler ynanar ýaly däl. Atda jan, oglum, ýeňsäňden gelip urup ýykaýdylarmy?

— Aý, ýok, ýeňsämden-ä gelmediler.

— Onda senem jogap ýumrugyny bermeli ekeniň-dä!

— Aý, uruşmaýyn diýdim.

— Şu döw ýaly göwräň bilen olardan urlup durmaga namys etmediňmi?

— Aý, ýok…

— Bolupdyr onda.

— Näme üçin urdy olar — diýip, Senem başlyk inisiniň möçügen ýerlerini sypalap gyýym-gyýym boldy.

— Olar düýn ejeleri bilen gelip gidipdiler.

Ejeleri ölen bolaýmasyn? Ejeňiz ölýä diýdiňmi?

— Bu sähne ejelerine öler ýaly bir bolgusyz söz aýdandyr.

— Bolgusyz söz bilen ölübermeli bolsa, onda men kakaňyzyň bolgusyz sözleri üçin ýigrimi bäşem ýaşaman ölüp gidibermeli — diýip, Aýjan eje kesgitli aýtdy.

— Düşüniň, düýn olaryň kakalary ýogaldy.

— Kakalary ýogalan ýigitlere-hä meňzänok olar. Kakalary ýogalan ýigitler ýedisini geçirmän seni urmaga gelmezler. Onsoňam, kellelerinde başgaplary bolardy.

— Men olaryň ýoluna seredip berdim. Olaryň kakasy on günläp ýitipdir.

— Ine, indi bary düşnükli boldy — diýip, Mämmet başyny ýaýkady. — Olaryň kakalary on günläp dereksiz ýitipdir. Soň olar kakalarynyň nirededigini bilmek üçin pal atdyrmaga Atda palçynyň ýanyna gelipdirler.

— Dogry, özleri aýtdymy?

— Olar düýşüme girip aýtsynmy?

— Onda nädip bilýäň?

— Seniň gürrüňiňden logiki many çykarýan.

— Men olaryň kakalarynyň jaýlanyp duranyny hakyt gördüm, özem gaty oraşan gördüm.

— Boldy, boldy. Men size Atda palçynyň olara aýdan palyny aýdyp bereýin. Atda olara «Kakaňyzy jaýlap durlar» diýendir.

— Diýdim.

— «Obalaryňyz-a siziň öýüňizde ýas tutýar, sizem meniň ýanymda otyrsyňyz» diýendir.

— Diýdim.

— Men seniň soňky diýjek sözüňem bilýän. «Kakaňyzy jaýlamaga ýetişiň, ylgaň» diýendir.

— Diýdim.

— Diýensiň, diýensiň. Diýmedik zadyny men aýtjak däl ahyryn. Men seniň içiňi öz maşynymyň içindenem gowy bilýän ahyryn. Sende hiç hili öwrüm ýok. Seniň aňyň birinji klasyň partasynda galan bolmaly.

— Şu zatlara soňundan gelip urubermek bolmaz-a!

— Olaryň ornunda sen bolan bolsaň, gelip Atdany öldürerdiň. Bir göz öňüne getirip gör-ä! Olar-a bärden «Kakajan-ow, bizi ýetim goýup gitdiň-ow» diýip, bagyryp barandyrlar.

— Baranda näme?

— O görgülilerde jinnek ýalam günä ýok. Olar Atda palçynyň samsykdygyny bilenoklar. Muny Hudaý tarapyndan döräýen bir gudratly palçy hasaplaýarlar. O görgüliler bir giden gölegçileriň — obadaşlarynyň içinde metdi-masgara bolandyrlar. Göz öňüne getirip görüň. Üç sany obadaşyň mazarlyga baryp, seniň kakaň tabydyny gujaklap: «Kaka jan-ow» diýip, bagyryberseler, aňk-taňk bolarsyň. «Bular şu güne çenli öz aýyplaryny gizläp saklapdyrlar. Kakalary soňky ýola ugradylýan günem saklanyp bilmän, ähli syrlaryny açmaly bolandyrlar» diýip, pikir edersiň. Beýle waka günde-günaşa gaýtalanyp durýan waka däl. Onda-da türkmende. Adamlar käbir syryny ýany bilen o dünýä äkidýärler.

— Filosofiýasyz gürlesene, Mämmet — diýip, Senem başlyk barha joşup filosofiki netijeler çykarmaga ugur alan Mämmediň badyny aldy. Mämmet ylalaşdy. «Logiki pikir yzarlamasyny» gysgaça beýan etmäge başlady:

— Ilki bilen, kakajan diýip merhumy gujaklap bagyryşýan adamlara hiç zat diýip bilmezler. Adamlar aňlarynda aýlap ýetişmez. Aňlarynda aýlap ýetişensoňam merhumyň ogullarynyň biri bagyryşýanlaryň ýanyna barar: «Eý, akyly çaşanlar, ölen-ä meniň kakam, öli kaka gerek bolsa başga ýerden gözläň, meniň kakama beri eýe çykmaň» diýer. Bärden baranlar gaty ynamlydyr. Sebäbi dabarasy dag aşan, ýokary bilimli, meýletinlik bilen Owganystanda gulluk eden, Wanga mamadanam ýigrimi esse güýçli Atda palçy olary ynandyryp goýberdi ahyryn. Atda palçy olara kakaňyzy jaýlap durlar, baryň ýetişiň diýdi. Kakasynyň ölendigi, jaýlanyp durandygy barada ol üç ýigitde Atda palçydan, bilgiçden, köpbilmişden anyk habar bar. Olar başga kişä ynanmaýarlar. Olar öliniň kepenini sypyryp, başga bir bendäniň ýatandygyny ençe gezek didesine bassaňam ynanmazlygy mümkin. Sebäp olar öz gözüne däl-de, Atda palça ynanýarlar. Olar Atda palçydanam samsyk. Gabryň haýrandepesinde goýlan tabydy: «Meniňkide, meniňki» bolşup çekeleşip ugrarlar.

— Mojukdan-mojuk gürrüň tapdyň-la sen, Mämmet — diýip, Aýjan eje oglunyň sözüni böldi.

— Eje jan, men bolan zady aýdýan.

— Indi senem bilgiçmi? — diýip, Senem tabytly gürrüňi diňlemek islemeýändigini duýdurdy. — Atageldiniň gününe düşesiň gelýär öýdýän seniňem.

Mämmet bu mahal joşgunlydy. Ol joşup-joşup bolan kriminaly duranlara düşündirmek, olary geň galdyrmak isleýärdi.

— Birje mint meni diňläň. Ähli bolan zatlary men size bolşy-bolşy ýaly aýdypjyk bereýin. Ähli zat size düp-düşnükli bolar. Kakasy ýogalan görgülilerem

alasarmyk ýagdaýa düşer, olaryň göwnüne güman gider. Atda aýdan bolsa dogrudyr, bu biziň kakamyz däldir, biziň kakamyz öýdedir. Müňkürlik olara buýruk berer. Müňkürligiň buýrugy bilen kakasy ýogalan görgüliler kepeni ýyrtyp kakalarynyň ýüzüni görjek bolarlar. Täzeje biýzi ýyrtmak aňsat däl...

— Bes et, Mämmet! — Senemiň sesine töwerek-daş sarsyp gitdi.

Mämmet bes etdi.

Ana, şondan soň Atda pal atmak diýen zadyň gapdalynda görünmezligi özüne äht etdi. Hut Hydyr ata gaşyna gelip özelense-de, etmeli däl diýip öwran-öwran gaýtalady. Öz häsiýetini ýigrendi, Hudaýyň özüni aýal maşgala edip dünýä indirmändigine ýüzde müň şükür etdi. Kim gelip haýyş etse, ýok diýip bilmän, onuň aýdanyny edýär. Şol ýagşylygy hem özüne ýamanlyk bolup gelýär. Ine, ol men kepil geçemok diýip ençe gezek aýtdy ahyryn. Şonda-da ony gününe goýmadylar. Olam gören-bilen zadyny aýtdy. Şonuň üçin, heý, şeýdäýmek bolarmy? Wah, ol birinji gezek şeýle güne düşen bolsa, onda beýle ökünmese-de, ökünmezdi. Onuň ömri şeýle ýalňyşlyklar bilen geçip barýar ahyryn...

Şol wakadan on-on bäş gün geçenden soň ogullaryny yzyna düşürip gelen çepiksije daýza ýene geldi. Ony gören Atdanyň zähresi ýaryldy. Ol daýzany görüp biraz hekgerdi. Göwnüne, onuň ogullary gelip, uruşmaga başlan dek boldy. Ol butnaman durdy. Gözüni daýzadan aýranokdy.

Daýza on-on bäş günüň içinde biraz garran ýalydy. Onuň ýüzi garört bolupdyr.

— Tapagan jan, men seniň ýanyňa ýöriteläp geldim.

Atda aýdara söz tapman, ýuwdundy.

— Men hemmesini eşitdim, ogul. Eşidibem ötünç soramaga geldim.

— Sizde günä ýok. Baryny men bulaşdyrdym.

— Tapagan jan, sende jinnek ýalagam günä ýok. Seniň dek başyňy depirjek äre beren men. Bar bela mende. Men bir Hudaýyň gargan görgülisi. Men ýaşlykda jüýje kellelik edip atam-enemi närazy etdim. Bu bolýan zatlar meniň eden etmişim üçin almytym. Bu masgaraçylyk entek maňa az. Meni ýerden alyp, ýedi gat ýeriň aşagyna sokmaly, özem kesim-kesim edip sokmaly. Okuwa gidýärmişler diýseler, görgüleriň özelenenine bakman, bir gije bukjamy aldym-da, olara duýdurman zut Aşgabada gitdim. Okuwa girdim. Itiň gününi görüp okadym. Atam-enemiň ýüzüni ýere saldym. Okap ýörkämem süýji sözi bilen süňk döwüp ýören bir ýelemýüwlediň alnyna aldanyp, oňa özümi bagyş etdim. Aldananymy bilip hälem wagtynda ýene atam-enemiň ýanyna geldim. Olar meniň bilen deň bolup durmadylar. Ýagdaýymy aňyp, derrew äre bermek bilen boldular.

— Daýza jan, maňa siziň bu gürrüňleriňiziň geregi ýok. Maňa hiç zat gürrüň bermäň. Meniň size edip biljek kömegim ýok. Ölini direldip bilýän güýjüm ýok meniň.

— Meniň adamym ölmändir, diri.

— Ölmedik bolsa, hasam gowy.

— Ölen bolsa gowy bordy. — Ene diýen sözüne howpurgan bolarly, töweregine garanjaklady. — Ol bu dünýäniň adamy däl. Bir çüýşe aragy görkezip,

ony islän ýeriňe äkidibermeli. Bir goşda iki ýaşşik aragyň gömlendigini görüp, şol goşda-da oba gelýän maşynyndan ogrynlyk bilen düşüp galypdyr. Goşdakylara-da görünmän o görgülileriň barja aragyny on günüň içinde içip gutarypdyr. Ynanmarsyň, jan ogul, on günde bir iýen zady ýarty çörek, zakuskasam, owkadam şol ýarty çörek. Gatap giden ýarty çöregi bilenem öýe getirdiler.

— Sag-aman gelen bolsa bolýa.

— Heý, beýdip arak içeniňem jany sag bolarmy. Hana, şondan bäri keselhanada ýatyr.

Atageldi näme diýjegini bilmedi. Göwünlik bermegiňem ebeteýini tapmady.

— Bu dünýäde jogapsyz galýan zat ýok eken. Menem etmişimiň almytyny alýan. Jezamy çekýän. Wah, indi bilýän-le etmişimi. Ýöne peýdasy näme! Men, Tapagan, ogul, türkmende ýok iş etdim-dä! Ata-babalarymyzyň halamaýan, ýekinde ýigrenýän, näletleýän işini etdim-dä! Aýalda jüýjäniň akylyça akyl bolmaz diýip dogry aýdypdyrlar. Meniň eden işim akyly ýerindäki aýalyň etjek işi däl. Sen, Tapagan, ogul, pal atyp ýalňyşmandyň. Seniň palyň dogrudy. Ýöne ol ile-güne aýdylmadyk, hiç kimiň bilmeýän syrydy. Sen ol syryň üstüni açaýdyň. — Ene şeýle bir zarynlap aglady, titir-titir edip onuň çepiksi göwresi aglaýardy. Atda oňa aglamasaňyzlaň diýsinmi? Ol aglamaly däldigini bilmän durmy näme? Bilýär, özem gaty gowy bilýär. Birmeýdan aglan ene ne Atdadan, ne-de başga kişiden töwella bolmandan soň, öz-özüne töwella etdi. — Barybir, il nämäniň-nämedigine düşünmedi öýdýän. Belki düşünendir. Şol gün Hakykatdanam meniň oglum Adalak janyň kakasy ýogalypdy. Meniň Adalagym üns beren bolsaň beýleki ogullaryma meňzeýän däldir. Oglum baransoň, seniň aýdyşyň ýaly, Hakykatdanam merhumyň gözleri ýumulypdyr.

— Daýza jan, siziň gürrüňleriňiziň maňa dahyly ýok ahyryn.

— Bilýän, Tapagan jan, bilýän saňa dahylynyň ýokdugyny. Meniň bu gürrüňlerimiň saňa gyzyksyzdygynam bilýän. Ýöne men saňa ýüregimde berç baglan syry aýdaýyn, ýüregimi açaýyn, syrymy özüm bilen o dünýä äkitmäýin diýip ýöriteläp geldim.

— O nähili syr?

— Sen ýalňyşmandyň, meniň syr diýýänim şol.

— Ýalňyşdym men, daýza, ýalňyşdym. Siz maňa göwünlik berjek bolup oturmaň. Men öz eden telek işime aňryýany bilen düşünýärin. Men siziň ogullaryňyzy obaňyzda masgara etdim. Şonuň üçin olar üç gezek meniň üstüme gyzyl ot bolup topuldylar. Müýnüm özümde bolansoň, olar näçe ursalar-da, demimi alman jezamy çekdim. Olaryň meni öldürse-de haklary bar.

— Sen ýalňyşmandyň diýýän-ä men, jan ogul. Men saňa başgaça nähili aýdaýyn.

— Bu ýerde düşünip-düşünmez ýaly hiç zat ýok. Bar zat düşnükli. Siz sypaýyçylyk etjek bolup durmaň. Onuň ýaly ýalňyşlyk üçin adam öldürýärler.

— Menem şony aýdýan-da, ogul. Meniň günäm çökder. Men muňa gowy düşünýän. Nähili jeza berselerem men razy. Ýöne, ogul, sen arkaýyn müýnsüz ýaşa. Ýalňyşandyryn öýdäýmegin. Ogullarymyň gödekligi üçin meniň günämi öt. —

Çepiksi daýza kimdir biriniň eşidäýmeginden howatyrlanýan dek, pyşyrdap gürledi. — Ynansaň, ogul, şu zatlary saňa aýtjagymy-aýtmajagymy ilki bilmän, iki jahan owarrasy bolup gaty kösendim. Sonam öz-özüme: «Eý, Täçsoltan, seniň haýyň gidip, waýyň galdy. Syryňy özüň bilen äkitme. Ol syryňy Tapaga aýt. Goý, ol men ýalňyşandyryn diýip özüni kösäp ýörmesin diýip, ahyr bir pikire geldim. Ana, şu pikir bilenem şu ýere — seniň ýanyňa gaýtjagymy hiç kime aýtman, awtobusa mündüm-de, göni gaýdyberdim. Içimdäkini, Hudaýa şükür, saňa aýtdym, indi ölsemem armanym ýok. Öten agşam ýüregimden bir burgy tutdy. Tapaga aýtmaga ýetişmedim-ow diýip, gaty gorkdum. Ýarygije gaýdybereýinem bir diýdim. Hudaýa hudawende, ýazgydymda bar eken, saňa bar zady bolşy-bolşy ýaly aýtmak. Indi senem arkaýyn bolarsyň. Sen, Tapagan, meni günäkärle. Meni ýigren. Men türkmen aýaly diýen ada mynasyp däl.

— Ýok, ýok, daýza, men aýtdym ahyryn sizde günä ýok, baryna meniň özüm günäkär. Sypaýyçylyk näme gerek.

Aýjan eje daş işikde ogly bilen çepiksi daýzanyň gürleşip duranyny gördi-de, olaryň ýanyna geldi:

— Boýdaş, indi näme boldy?

Täçsoltan daýza Aýjan ejäni gördi-de, gözüne ýaş aýlady. Kemligi tutdy. Aýjan ejäni gujaklap, bagyryp goýberdi.

— Bagtym gara, ýüzüm gara, jora jan!..

— Aglamak bize aýypdyr, gyz.

Täçsoltan daýza agladygyça agysy tutdy. Ol içigip-içigip aglady.

— Atageldi jan, näme boldy. Düşündir ahyryn!

— Meni gelip urup giden ýigitleriň ejesi bu, eje. Ötünç soramaga gelipdir. Bar günä mende diýýär. Bar gänäniň özümdedigine, nädogry pal atandygyma, şeýdibem bu daýzanyň ogullaryny obadaşlarynyň arasynda masgara edendigime, olary agyr güne salandygyma men gowy düşünýärin.

Atdanyň ejesiniň gujagyndaky çepiksi daýza aglaý-aglaý halys tapdan düşdi.

— Bar, oglum, bir käse suw getir!

Atageldi bir käse sowuk suw getirip, daýza uzatdy.

Sowuk suwy göwünli-göwünsiz başyna çeken çepiksi daýzanyň ýüzi kem-kem üýtgedi: duw-ak boldy. Aýjan eje mejalsyz göwräni saklap bilmedi. Çepiksi daýza şalkyldap aşak gaýtdy.

— Bu näme boldugy? Öläýdimi bu? — diýip, Aýjan ap-ak ýüzi birden gögerip ugran nätanyş daýzanyň ýüzüne gorky bilen seretdi. — Suw diýip getireniň başga bir zat däldir-dä, hernä?!

— Bedreden aldym öz-ä — diýip, Atda elden aýakdan galdy. Gözüni guma bulaşyp ýatan çepiksi daýzadan aýryp bilmän, düşnüksiz samrady. — Daýza jan, ölmäweri. Ölseňiz, men siziň ogullaryňyzyň öňünde näme jogap bereýin?!.

### *On bäşinji kyssa*

## TOÝ HEKAÝATY

«Köp söz kitapda ýagşy» diýýär türkmen. Türkmen sypaýyçylyk edýär. Aslynda, köp sözüň kitapda-da ýagşy däldigini bilýär ol. Dogry, köp söz kitapda-da ýagşy däl. Kitapda gahrymanlar-a maksat-myratlaryna ýetseler, olaryň maksat-myrada ýetendiklerine okyjylar hem göz ýetirseler, rahatlansalar ýagşy. Şonuň üçin olaryň soňky ykballary hakda gysgaça gürrüň bereýin.

Ýöne toýy, onuň geçişini aýtmasam-a bolmaz. Sebäbi ondan bäri sekiz ýyl geçdi. Şonda-da obanyň adamlary Atda tapagyň toýuny süýjülik bilen ýatlaýarlar. Türkmen ilinde soňky ýyllar uly-uly toýlar köp bolýar. Ýöne Atdanyň toýy ýaly toý bolýan däldir. Sebäbi ähli kişi Atda däl, ähli kişi tapagan däl.

Toý güni howanyň ýakymlylygy edil Hudaýdan dileg edilip alnan ýaly boldy. Juda bir sergin, mylaýym howaly gün boldy o gün. Gün çyksa-da çykdy welin, ol gün adatdakylary ýaly ýakyp-ýandyrjak bolup durmady. Ol gün Gün diňe Atdanyň toýuny görmek üçin görnen ýaly boldy. Ol gün toýa gelenlere nur paýlamak üçin görnen ýaly boldy. Gün Kertik agalara ýaranmak üçin yhlas etdi, yhlasam ýerine düşdi.

Türkmenistan gaty giň ýurt. Ol öz halky ýaly giň. Ahaldan Lebaba geljegem bolsaň, alty ýüz-ýedi ýüz kilometr ýol geçmeli. Türkmenistanyň bir çetinden aňyrky çetine ýetmek üçin geçmeli menziliň Ýewropanyň üç-dört döwletiniň üstünden geçeniňdäki menziliňden az boljak däl. Türkmen döwletiniň bir çetinden beýleki bir çetine ýeňil maşynly ýetmek üçin bir gije-gündiz az bolýar.

Uzak ýol ýadadýar. Ýöne gelnalyjylaryň esasy maksady ýadamazlyk, ýoluň uzaklygyny duýman geçmek. Onuň üçin nämeleri etmelidigi, nämeleri etmeli däldigi eýýäm belli. Gelnalyjylaryň Mämmediň ýolbaşçylygyndaky otuz sekiz maşynly kerweni bir gije Köpetdagyň etegindäki kiçeňräk bir Hanar obasynda myhman boldular, dynç aldylar. Ertesi aladaňdanlar niredesiň Jeýhunyň ýokary akymyndaky Saganaly obasy diýip ýola düşdüler.

Otuz sekiz maşynyň ählisine gelnalyjy maşynlara dakylýan al-elwan ýaglyklar daňylypdyr. Çatynjalaryň oturan «BMW» maşynynyň bezegi aýratyn. Onuň nähili aýratyndygyny türkmen ýigitlerem bilýändir, türkmen gyzlaram. Gözüňe söweýin türkmen halysy bir desse gül ýaly bolup bärden lowurdap barýar. Hana, maşynlara dakylan her hili şarlar-a ilkinji kilometrlerde üzülip galdylar.

Hana, iki sany wideoçy maşynlary, Atda tapagyň oturan maşynyny aldygyna surata düşürýär. Bir gyzyl maşyndaky sazandalar bolsa, joşup-joşup saz çalýarlar. Olaryň sazlary otuz sekiz maşynyň içindäkileriň ählisiniň göwünlerini göterýär. Gülki şagalaň al-asmanda pasyrdap gelnalyjylar bilen gidip barýar.

Maşynda gyslyşyp gitmesinler diýip, bir maşynyň yzynda Aýsoltan daýzanyň ýeke özüni oturdypdylar. Aşagyna-da birki sany körpeçe atypdylar. «Tirsekle-de gidiber» diýip, üç sany ýassygy hem gapdalynda goýupdylar. Beýle şagalaňly ýagdaýda ýataýyn diýseňem ýatyp bolmaz. Asyl, Aýsoltan daýzanyň ýatasy hem gelip

duranok. Ýöne ol öten agşam hem ýatmandy. Gelen gudalaryň öňünde ýatyp bolmaz ahyryn.

Aýjan guda onuň hoşuna gelipdi. Ol köpden bäri agtaryp tapyp bilmän ýören gürrüňdeşine duşan ýaly begenipdi. Gowy gürrüňdeş.

Üç-dört sagat ýörelenden soň Repetegiň deňindäki «Keýik» diýlen çaýhanada gelnalyjy kerweni saklandy. Çaýhanada oturanlaryň ählijesi daş çykyp, ýaş çatynjalara seredip ýüzüne sylýardylar. Elbetde, ak guş deýin bolşupjyk duran goşa gumra kimiň gözi gitmesin?! Beýle bagtlylyk ähli kişä, ähli kişiniň ogul-gyzyna nesip etsin!

Aýdymçy-sazandalar maşyndan düşüp-düşmänkä saza başladylar. Her kim maşyndan düşüp tans edýär. Başga wagt ýalbarybam tans etdirip bolmadyk Hemra illewem ýaş ýigit ýaly pyrlanyp ýör. Ünsem berilmändir, görlüp oturylsa, ol tans etmek dagyny allanäme öwrenipdir bir ýerden. Tow berlen ýaly, barmaklaryny şyrkyldadyp, aýaklaryny oýnadyp bir görseň özbek tansyna, bir görseňem gruzin tansyna meňzedip ýör ortada. Oraz bilen Mämmede nädip tans etmelidigini öwredip ýör ol. Hemra illewe kim aýdar gysganç diýip. Şonuň häzirki pul paýlap ýörşüni göreniňde eger-eger gysganç diýer ýaly däl. Ol aslynda-da gysganç däldir-le. Hana, sazandalaryň gulaklaryna-da pul gysdyryp ýör-ä! Bol, bol, Hemra illew bol. Adamyň göwni göterilende pul ýadyna düşenok. Ýok, türkmen puly näme üçin ýygnaýar?! Ine, ine, gep şunda! Türkmen puly hoş güni üçin, wagtyny hoşlamak, göwnüni şat etmek üçin ýygnaýar dälmi? Onda, hana, Hemra illew ýygnanja pullaryny bir ujundan paýlap ýör. Özem edýän işinden biçak lezzet alýar. Her kime bir hoş sözjagazam tapýar. Diňe pul paýlanok, ol puluň gapdaljagazy bilen hoş sözlerinem paýlap, adamlaryň göwünlerini göterip ýör. Hoş sözem pul paýlançarak bar.

Hawa-da, özi aýtmyşlaýyn, Hemra illew Atda tapagan üçin az iş etmedi.

Ony adam edip ýetişdirdi.

Nirede näme etmelidigini öwretdi, kimiň ýanynda näme sözlemelidigini öwretdi.

Bu günem adam eden goňşusyny, özem tapagan goňşusyny öýerip ýör.

Ol ertir, birigün adamlaryň ýygnanan ýerlerinde nämedir bir zatlar diýmelidir-ä! Bu işleri etmese, ol näme diýsin. Gürlemek üçin ilki gowy iş bitirmeli! Ol ýalan söz sözleýän adam-a däl. ýaşuly halyna ýalan sözläp ýörse, bolmaz ahyryn. Oňa ýigrimi bäş ýaşyň kuwwaty gelipdir bu wagt. Ol ýaşkiçiň etmeli işlerinem edip ýör. Adamlary tansa çykaryp, toýa şüweleňem berip ýör.

Obada toý başlananda-da ol dik durdy. «Toýuň kemi bolmaly däldir, toýuň kemi bolmaly däldir, adamlar. Näme kemçiligiňiz bolsa, aýdyp durun. Iýiň, içiň, bu gün iýlip-içilip şat bolunmaly gündür. Bu gün Kertik han körpe ogluny öýerýär. Onuň ýygnan zatlary kän. Kertik han bu gün eçilýär, adamlar, iýiň, içiň!» diýip, öwran-öwran gaýtalaýardy. Nazy-nygmatly toý saçaklarynyň uzyn hatarynyň arasyndan bir eýläk, bir beýläk geçýärdi. Biriniň okarasyny täzeläp berýärdi, kime haýsy tagamlardan iýse, hezil etjegini aýdýardy. Hyzmat edip ýören ýigitlere-de görkezmeleri berişdirýärdi.

Her bir halkyň aýratynlygy bar. Türkmen juda bir ýasy-matamy gowy görenok. Biri ýogalan hem bolsa, «Gorkut atada» aýdylyşy ýaly, «Aý, ýedisine ýa kyrkyna görnerin-dä» diýäýýär. Ýöne toý bolsa welin, böwrejigi böküberýär. Ýok, ol tans etmek üçin ýa garnyny doýurmak üçin baranok. Ýok, ol toýa şagalaň küýsäp barýar. Adamlar bilen didarlaşmak üçin barýar. Her hili ýitije sözler eşitmek üçin barýar. Obada ýitije sözler, gülküli sözler kän aýdylýar. Şoh adamlar bolýar. Köpler şol şoh adamyň daşyna egele bolýar.

Hana, bu gün Saganaly obasynyň ähli kişisi Kertik aganyň giň howlusyna sygypdyr. Gyz-gelinler ýaz paslyny ýatladyp dur. Aslynda, türkmen aga gelin-gyzlaryna ajaýyp güller bilen nagyşlanan gyzyl-ýaşyl eşikleri ýylyň ähli paslynda-da bahar pasly bilen, gül-gülälekler bilen didarlaşyp durmak üçin geýindiren bolsun gerek. Ýogsam ýaz pasly sähel salymlyk bolup geçip gidýär. Al-ýaşyl güllerem rehimsiz Gün derrew ýakyp-soldurmak bilen bolýar. Onsoň, türkmen aga nätmeli? Ol bahar paslyny söýýär ahyryn. Şeýle bolansoň, ol gözüňe söweýin gelin-gyzlaryny ýaz paslynyň nyşanyna, her birini bir gülälege öwräýen eken. Gör, bu türkmeniň pähimini. Ýok, türkmen gelin-gyzlaryna ak ýa gara eşik geýdiräýenok. Men bu gürrüňleri näme üçin edýärin?! Toýa çagyrylan myhman hökmünde, saçagyň bir çetinde daş-töweregime syn kylyp oturyşyma, hyýalyma gelýän pikirleri aýdýan. Kertik aganyň giň howlusy durşuna al-elwan güllerden dolana meňzeýänligi üçin aýdýan. Şagalaň, joşgun şeýle bir ýokary welin, ölem bolsaň, ýatmaga ejap edip, turup tans ediberjek ýaly duýulýar.

Hana, ýaş çatynjalar ýanyp-sönýän her dürli yşyklaryň arasynda lowurdaşypjyk otyrlar. Olaryň arkasyndaky äpet halyda şeýle ýazgy bardy:

*BAGTYM ATAGELDI*

Aýjan eje bilen Aýsoltan ejäni «biz içerde oturybereli» diýselerem etmän, ýaş çatynjalara ýakynrak bir ýerde oturtdylar. Ýöne ol ýerde saz şeýle bir güýçli ýaňlanýardy welin, biz bu sazyň aşagynda bäş minut otursak, soň bäş ýyllabam özümize gelip bilmeris diýenlerinden soň, perzentlerine seredip oturmaklary üçin amatlyrak bir ýer tapyp, şol ýerde oturdypdylar.

Mämmet bilen Oraz «akmämmet» bilen habarlaşan bolmaly, olaryň göçgüni gaty ýokardan. Olar aram-aram gelip iki garrynyň haýyna-waýyna bakman, tans etdirmek üçin orta alyp çykýardylar. Kes-kelläm garşy çykyp durmagam birhili gelşiksiz köpçülik tans edip, seniň toýuňa goşulyp, şatlygyňa şatlanyp otyrka. Onsoň, olar göwünli-göwünsizrägem bolsa, ortada tans eden bolýardylar. Olar tans edip ugradygy garynjagazyny sallap, Hemra illew görgülem tapylýar. Ol iki gudanyň üstüne pul seçip ugraýar. Adamyň kellesine her hili pikirler geljek eken. «Eý, Hudaý jan, Hemra-ha bir puluň bol ýerine duşupdyr, ýogsam beýdip pul paýlamazdy» diýip, Aýjan eje öz ýanyndan pikir öwürdi.

«Akmämmet» adamlaryň içlerini çöwrüpjik görkezäýýär. Ine, mydama aladaly gezip ýören Mämmede näme diýip, näme aýtjak. Süňňi ýok ýaly, ýüwrüpjik ýör. Gelip, ejesini gujaklaýar, ogşaýar.

— Eje jan, eje jan, sen dünýäde hiç zady gaýgy etmegin. Men bardyryn. Men derdiňe ýaramajak bolsam, aýt, onda men nämä gerek?! Men, eje jan, seni depäme täç etjek. Sen beýik enesiň! Näme üçin, gelinleriň senden görelde almaýarlar. Näme üçin, gelinleriňe maňa meňzäň diýmeýärsiň. Olar samsyk, eje.

— Gelinlerim, allanäme, men olardan gaty razydyryn.

— Sen razy bolsaňam, men razy däldirin, eje jan, razy däldirin. Aýratynam, uly gelniňden, adam däl-ä ol. Adam däl. Hana, işlän bolan bolup ýör. Ol şu ýerde durmaly. Ol diňe saňa hyzmat etmeli. «Enesi, näme iýesiňiz gelýär, enesi, näme içesiňiz gelýär?» diýip, sorap durmaly. Ol nädýär?..

— Gelip-gidip dur, habar alyp dur, jan oglum.

— Ýok, ýok...

Orazgeldi hasanaklap, Mämmediň elinden tutup, sen-men ýok galyp gitdi. Mämmediň sözem soňlanman galdy.

«Erkekler uly çaga» diýip, Aýjan eje öz ýanyndan oýlanyp, ýylgyrdy. Aýjan eje bu pikire mundan bir asyr ozal belli nemes filosofy F.Nisşäniň gelendigini, «Her bir erkek kişide gaty oýnasy gelýän çaga gizlengi. Eh, aýallar, siz erkekden şol gizlengi çagany tapyň ahyryn!» diýendigini bilenok. Ýöne ol erkekleriň, Hakykatdan-da, çaga ýalydygyny bilýär. Olaryň kalbynyň töründe gizlenip ýatan çaga häsiýetini tapmagy-da başarýar. Aslynda, türkmen aýallarynyň tapmajak zady barmy näme! Aýallar ärleriniň ýöreýişlerinden jübülerinde näçe manat puluň bardygyny, gelip näme diýjegini bilip durlar ahyryn. Atageldä tapagan diýip uly gürrüň edýärler, aslynda her bir türkmen aýalynyň tapaganlygy Atageldiden kem däl. Aýjan eje içki pikirlerini biriniň eşiden bolmagyndan howatyrlanýan dek, töweregine garanjaklady. Agasyny yzyna düşürip barýan Orazyň yzyndan seretdi.

Myhman gelipdir. Oraz agasyny şol myhmanyň ýanyna alyp barýar. Beýle-beýle myhmanlaryň geljegini bilen bolsa, heý, Mämmet arak içerdimi? Ýok, içmezdi.

Hakyt Gurban Gurbanowiç gelipdir. Hawa, hawa, Gurban Gurbanowiç gelipdir.

Toýuňa raýkomyň birinji sekretary gelse, diýmek, onda seniň toýuň raýonda iň abraýly toý. Diýmek, toý edýän adamlar kiçi-girim adamlar däl. Diýmek, toý edýänlere goýulýan hormat uly.

Raýwodhozda baş inžener bolup işläp ýörkä, ony başlyklyk wezipä geçiren hut Gurban Gurbanowiçiň özi ahyryn. «Saňa uly umyt baglap geçirýändirin. Gurban Gurbanowiçiň kadry näteňenälet diýdiräýmegin» diýipdi. Özem kör-köpük para-da almandy. Ýogsam, ol ýere näçe diýse parasyny berip geçjek adam az däldi. Şeýle uly umyt bildirip duran adamyň ýanynda serhoş bolup durmak gelşiksiz. Geň galaýmaly, Mämmet şol gelşiksizligi aňdy. Özem birden hiç zat içmedik ýaly bolup, açylaýdy. Görse, toý gidip dur. Öňünde bolsa, raýkomyň, hawa-hawa, raýkomyň birinji sekretary Gurban Gurbanowiç dur. Mämmet ähli jogapkärçiligi duýdy.

Elbetde, dostuň öz garşylanyşy bar, ýolbaşçynyň öz garşylanyşy bar, garyndaşyň öz garşylanyşy bar.

Türkmen iki myhmany gaty arkaýyn garşylaýandyr, bir-ä ata-enesini garşylanda üýtgeşikdir. Ikinjem öz hanyny, ýolbaşçysyny garşylanda üýtgeşikdir.

Gurban Gurbanowiçem üýtgeşik garşyladylar.

Amyderýanyň iki boýunda oturan ilata «Han gören halk» diýilýär. Han gören halk hormat goýmagy öwrenen halk diýmek ahyryn. Käte muny ýaranjaňlyk diýip düşünjek bolýanlaram bar. Pikir özleriniňki, isledigiçe pikir etsinler, bizde doly azatlyk. Ýöne hormat nähili bolanda-da, nirede bolanda-da hormatdyr. Hormat goýmakdan zelel gören ýok.

Hormatdan bolsun!

Türkmene hormat dolsun!

Ine, Gurban Gurbanowiçi garşylanlarynda toýa gelenleriň göwünleri has göterildi. Toýa ýaraşyk çaýylan ýaly boldy. Toýuň gadyr-gymmaty artan ýaly boldy. Ýogsam toýa gelen ýeke adam. Görüň-ä bir adamyň toýa, adamlaryň göwünlerine ganat berşini!

Gurban Gurbanowiçiň iki dogana bir zatlar aýdasy geldi. Megerem, öňden bir pikir bilen gelen bolmaly. Toý toý bolýar. Birinji sekretaryň gelendigini gören sazandalar, heý, sazyny togtadarlarmy, heý, sazyny gowşadarlarmy! Ýok, gaýtam olar has hyruçlanyp, belentden belent sazlaryna tutdurdylar. Birinjiniň sözlerine düşünmänsoň, Mämmet sazandalara ellerini salgadyp, bir salym sazyňyzy goýsaňyzlaň diýdi. Sazandalar ters düşündi. Sazandalar özüçe düşündi. Dogry düşünse, olardan sazanda boljakmy. Ters düşünýändigi üçin olar sazanda-da!

Gurban Gurbanowiç janygyp-janygyp bir zatlar düşündirmäge durdy. Mämmet bilen Oraz ahyr düşündiler öýdýän. «Be, asyl beýle eken-ow» diýip, Mämmet baş atdy. Sözi-hä eşidip bolanok. Günleriň, lallaryň öz dilleri bar. Olar ellerini hereketlendirip gaty aňsatlyk bilen düşünişýärler. Edil lallaryň hereketden söz manysyny alyşlary ýaly, bize-de diňe olaryň hereketlerinden many almak mümkin.

Uzak gürrüňden, uzak baş atyşmalardan, uzak hereketlerden soň, Oraz ýaşy kiçi hökmünde Gurban Gurbanowiçiň islegi boýunça olardan daşlaşdy. Köp wagt geçirmän hem bir ýerden kakasyny, bir ýerden ejesini, Aýsoltan ejäni yzyna tirkäp, Gurban Gurbanowiçiň ýanyna alyp bardy. Adamlar öý eýeleriniň birinji sekretaryň ýanyna ýörite çakylyk bilen barýandyklaryndan habarlary ýok, olary deňinden aňsatlyk bilen geçiräýenoklar. Her kim olaryň tans etmegini, şatlyga goşulyşmaklaryny isleýär. Heý, olara ýok diýip bolýarmy? Kertik aga olar bilen göwünli-göwünsiz tans eden bolup ýöräp gelýär. Onuň bar ünsi Gurban Gurbanowiçde. Onuň ýüzi galagoply. Beýle hormatly adamyň körpe oglunyň toýuna gelendigine-hä begenýär. Onuň çagyrmasyna bolsa hopugýar. «Birinji sekretar toý gidip durka çagyrýan bolsa, bir çöpjagazy bolmaly». Ýogsam hemmäňiz jem boluň diýip aýtmazdy ahyryn. Bu ýöne bir gutlamak üçin edilýän zat däl. Eýgilige bolsun-da hernä? Ýa bir şumluk boldumyka? Aý, garaz, oturan ýerinden Gurban Gurbanowiçi ýanyna barýança — kyrk ýedi ädim ädýänçä edip ýetişen pikirleri, çaklamalary göni

Ginnesiň rekordlar kitabyna girip biljek. Sebäp kyrk ýedi ädimde onça pikiriň, onça çaklamanyň kellesini agyrdyp çykmak mümkin däl. Hawa, hawa, mümkin däl.

Ýaşula sala salmak gaty aňyrdan gelýär. Elbetde, gowy zat bolsa, peýdaly bolsa, heý, öz eziz perzentleri üçin garry ata-ene garşy çykarmy. Olar ikelläp goldarlar. Olaryň goldajagyny, diňe bir goldamagam däl, begenjine depeleriniň gök direjekdigini, bu ýagşylygy üçin beýik Allatagaladan uzak ýaş, beýik döwlet dilejekdigini Gurban Gurbanowiçem bilýär, Mämmedem. Şonda-da olara sala salmaly. Ata-ene habary toýa gelenler bilen deň bilse bolmaýar. Ata-ene bu habary toýa gelenlerden öň bilmeli.

Gurban Gurbanowiç Kertik aga, Aýjan eje bilen Aýsoltan ejä getiren habaryny düşündirdi. Begençden ýaňa olaryň depeleri gök diredi. «Taňryýalkasyn. Näme etmeli bolsa, özüňiz ediberiň» diýip, Kertik aga baş atyp dur.

Şondan soň olar jem bolup, tamadanyň ýanyna ugradylar. Tamada — ýaşlykda tas şahyr bolan Allamyrat Gurban olaryň gelýändigini görüp, toýa hasam göçgünlilik berdi. Birinji sekretar hakda bilýän ählije hoş sözlerini aýdyp, onuň mikrofona ýakynlaýandygyny, häzirem söz bermek isleýändigini yglan etdi.

Gurban Gurbanowiç eline mikrofon alsa-da, Atageldiniň hossarlary gapdalyna gelip durýançalar garaşdy.

Aýjan eje bilen Aýsoltan eje birinji sekretaryň bir tarapynda, Kertik aga iki ogly bilen sag tarapynda durdy.

Ähli kişi bir üýtgeşik habaryň aýdyljakdygyny aňdy. Şonuň üçin ähli kişiniň ünsi Gurban Gurbanowiçe gönükdi.

Dym-dyrslyk.

— Üç sany hoş habarym bar, adamlar. Bu gün türkmen halky üçin gaty beýik gün. Bu gün Türkmenistan Garaşsyz boldy. Şu gün Türkmenistanyň Garaşsyzlygy jar edildi. Men şu dabaraly ýygnanyşykdan, toýdan peýdalanyp, hemmäňizi tüýs ýürekden gutlaýaryn. Ikinji hoş habarym, şu gün raýonymyz pagta planyny doldy. Üçünji hoş habarym Atageldä degişli. — Gurban Gurbanowiç sözüne biraz dyngy berdi. — Atageldi uly bir tapyndynyň üstünden bardy. Ony hökümete tabşyrdy. Onuň şu mukaddes işini nazarda tutup, hökümet Atageldi Kertikowa altyn ýüzük bilen pul baýragyny bermek hakynda karara geldi. Şol altyn ýüzük bilen pul baýragyny gowşurmagy maňa tabşyrdylar. Adamlar, rugsat berseňiz, ýaş çatynjalara altyn ýüzük bilen pul baýragyny gowşurmagy maňa rugsat ediň.

Edil ýygnakdaky ýaly, ähli kişi ör turup, şowhunly, gürrüldili el çarpyşdylar.

Ýaşyň könelişiberse, ýüregiň sary sähel bolsa üzüljek-üzüljek bolup dur. Hana, Gurban Gurbanowiçiň Atageldiniň eline iki sany altyn ýüzük tutdurmagyna Kertik aganyňam, Aýjan ejäniňem begençden ýaňa gözlerine ýaş aýlandy. Olar köpçüligiň içinde gözlerini ýaşlap oturmak islänoklar. Ýöne dyňzap gelen gözýaş olaryň islegine tabyn bolup durmy näme. Olar, hana, zol-zol gözleriniň ýaşlaryny sylyp, ýüzük dakyş dabarasyna seredip durlar. Atageldiniň Bagtyma ýüzük dakyşy, soňundan Bagtymyň Atageldi jana ýüzük dakyşy ömürboýy edip gelen arzuwlarynyň myrat tapyşy ahyryn.

Är-aýal bolup, şeýle güne olar gaty yhlas bilen garaşypdylar ahyryn!

Toý olaryň tama edişindenem artyk geçip dur ahyryn! Heý, onsoň, beýle bagta gözüňi ýaşlaman, tolgunman durup bolarmy?!

Ata-enesiniň gözlerini ýaşardyp seredýän dabarasyna bir gyrada durup, Oraz janyny ýakýardy. Mämmediň birinji sekretaryň ýanynda pelesaň urmasyny-da, Atageldiniň bagtynyň aşa çüwmesini-de ol inine sygdyryp bilenokdy. Ol özbaşyna nämedir bir zatlar samraýardy. Ýöne bu mahal onuň samramasyna üns berýän, üns berjek bolýan ýekeje-de adam ýokdy. Wah, şu mahal hiç kim bolmasady, onda Oraz ajy-ajy sözleri Atageldiniň depesinden eňterip, içini sowadardy.

Gurban Gurbanowiç begenýändir, ýylgyrýandyr öýtmeýärdi. Oraz onuň edil çaga ýaly ýylgyrjaklap durmasyny geň gördi. Hakykatdan hem geň gördi. «Atageldi samsyk onuň hiç zady däl ahyryn. Öz çagaň bolanda-da şeýdip begenip bolmaz-la» diýip, Oraz oýlandy.

— Bagtly boluň, her günüňiz şatlyk-gülküden doly bolsun. Birek-biregi hormatlap ýaşamagy başarsaňyz, şatlyk-gülkiniň gitjek ýeri bolmaz — diýip, Gurban Gurbanowiç ýaş çatynjalary mähirli gutlady.

Atageldi durşuna minnetdarlyga öwrülip:

— Sag boluň, Gurban Gurbanowiç! — diýdi.

Bagtygül durşuna bagta öwrülip:

— Sag boluň — diýdi.

Oraz hyrçyny dişledi. Megerem, gatyrak dişländir-dä, dodagynyň awusy ýüregine ornady. Ol eli bilen dodagyny elleşdirdi. Dodagynyň ganandygyny bilip, ol ýüzük gowşurylyş dabarasyndan biraz daşlaşmak isledi. Dodagynyň ganandygyny bildirmezlik üçin, elýaglygy bilen agzynyň daşyny süpürenden bolup, bir çete çekildi.

Ortada tans gidýärdi.

Derkar ýegen bir owadan gyzyň daşynda edil süňksüz ýaly bolup pyrlanýardy. Beýle owadan tansy Oraz bu ýakynlarda görmändi. Asyl, kinoda-da görmändi.

Derkar ýegen her hili hokga tapjak-how.

Onuň bilen pyrlanýan gyzam-a eger-eger ondan galarly däl.

Kimiň gyzykan-aý ol?

Tans edip aýlanyp ýören kändi. Ýöne olaryň tansy häki bir tansdy. Şonuň üçin olar Derkar ýegeniň tans edişini synlamagy dowam etdirýärdiler. Oturanlaryňam bar ünsi Derkar ýegendedi. Hana, Senem başlyk. Olam pyrlanyp ýör. Onuň tans edişi hem erbet däl. Şol uly göwresini ýeňillik bilen hereketlendirip ýörşi Oraza gaty geň.

Barlynyň bazary ýanynda diýýär-ä Orazyň ejesi. Senem başlygyňam bazary ýanynda. Ol al-ýaşyl ýaglyklary tans edip ýören gelin-gyzlaryň eginlerine ýapýar.

Senem başlygyňam bar ünsi Derkaryň tans edip ýörenje gyzynda. «Hiç neneň däl» diýip, Senem başlyk ogluna yşarat etdi. Derkar ýegen bolsa ejesiniň bu bahasyny görmedikden boldy. O tans edýän gyz öz-ä Oraz-a tanyş. Ýöne, hernäçe oýlansa-da, ol gözeli nirede görendigini hakydasyna getirip bilmedi. Tans gutaransoň, ol gözel gyzyň kimiň ýanyna baryp oturýandygyna seretdi.

Ol gözel gyz etrabyň baş lukmanynyň kömekçisi eken. Derrew Oraz ol owadan gyzyň Jerendigini bildi. Ol gyz Atageldiniň şol goşgy okap beren gyzy bolmaly.

Hana, etrabyň lukmanlary bir hatary tutup otyrlar. Olary, elbetde, ýöriteläp Atageldi çagyran bolmaly. Her hili adamlar bar. Bir adam seniň bilen bir gezek duşuşdygy bes, ol seniň bilen ömür gatnaşyp ýören ýalydyr, içgindir. Onuň bilen gatnaşasyň geler durar. Ýene bir hili adam bar. Näçe gatnaşsaň-da, onuň bilen içgin ýakynlaşyp bolmaýar. Şeýle adama dostam diýip bolanok, tanşam diýip bolanok. Haýran galaýmaly, Atageldi bir gezek iş salşan, tanşan adamy bilen dogan ýaly ýakynlaşýar ötägidýär. Oraz «dogan» diýen sözüne düzediş bermek isledi. Dogan däl, köne meslekdeş, köne dost ýaly gatnaşyp ötägidýär.

Tamada gürleýär:

— Gurbanow familiýalylar gowy adamlar bolýar. Bu taryhda subut edilen hakykat, adamlar. Menem Gurbanowdygyma begenýän. Häzir biziň hormatly myhmanymyz, raýkomyň birinji sekretary Gurban Gurbanowiçiň haýyşy boýunça Atageldi bilen Bagtymyň hossarlarynyň tansa çykmagyny haýyş edýärin.

«Näme diýip gürleseň, gürläp oturmaly bor oguşýa. «Taryhda subut edilen hakykat» diýýär. Käbir bende ynansa, ynanaram şuňa. Haý, taryhyň götermeli töhmetlerem az däl...» diýip, Oraz ýene hyrçyny dişledi. Agyry onuň depesine çykdy. Şol wagtam kimdir biri onuň elinden çekdi. Görse, Derkar ýegen ony tansa çykarjak bolup elinden çekýär. Janyna nädip ýaranjagyny bilmän duran Oraz gaharyny kimden çykarjagyny ahyr tapan ýaly boldy: ol bar güýji bilen Derkaryň döşünden itip goýberdi.

Derkar ýegen beýle-beýle zatlara asla garaşman eken: gaýtdy diň arkan. Ýeňsesi baryp, edil Görogly begiň ediberşi deýin ýere çümdi gitdi. Elbetde, ýer gaty däldi. Şonda-da kelläň baryp ýere girer-de, heý, agyrmazmy?

Ýa ýatan ýerini amatly görüp ýatasy gelip ýatdy, ýa-da özüne gelip bilmän ýatdy. Ol esli ýatansoň, birki sany deň-duşy gelip ony ýatan ýerinden turuzdy. Didar tursa-da turdy welin, äm-säm bolup dur, tans etmäge-hä ýararly däl ol. Bir zatlar diýjek boldy. Ýuwdundy-da, diýmedi. Aýtjak sözlerini, belki, gowşak görendir. Çüýlär ýaly ajyja söz gözleýändir, belki. Şeýledir ol, onça güzapdan soň dymyp ötägidiberjek ýigid-ä däl. Tamany ödedi, diýdi:

— Ata Salyhyň kädisi sen. Özüňi beýik, geni hasaplaýarsyň. Atageldiniň özüňden ökdedigine göriplik edýäň. Janyň çykýanam bolsa, ol senden ökde. Ol senden beýik. Sen içi boş meşik...

Derkar ýaňy başlapdy. Onuň aýtjak sözleri az-küş bolmaly däl. Ýöne aýdyp ýetişmedi.

Oraz Derkar ýegeniň saýrap ugran eňeginiň aşagyndan berk ýumulgy ýumrugyny şeýle bir jaýdar suňşurdy welin, Derkar ýegen amerikan «boýewik» kinolaryndaky ýaly, atylyp honda düşdi. Honda diýýän ýerimiz — peýwagtyna saz diňläp, keýpjagazlaryny kökläp oturan myhmanlaryň öňi, her dürli nazy-nygmatlardan doly uzyn stol. Ol ýerden Derkary, birinji ýykylan ýeri bilen deňeşdireniňde, gaty bahym aýaga galdyrdylar.

Senem başlyk jigerine-janyna deňäp ýören körpe oglunyň peýkam ýaly atylyp gidenini, barybam alaşakyrdy edip myhmanlaryň öňüne düşüşini hut öz gözleri bilen

gördi. Eşitse, ynanmazdy. Asyl ynanmazdy. Ol bolsa, öz gözleri bilen gördi. Ol nädip turanyny, nädip çirkin ses bilen ogluna bakan okdurylanyny bilenok. Ony bilmek, o zatlar hakda oýlanmak oňa asla geregem däl.

Başlyk başlyk bolýar. Gaýyp başlyk dawanyň ula gitmeginden saklandy. Gül ýalak toýy bulap bolmaz ahyryn. Adamlar näme diýer. Elbetde, bu etmişi üçin Orazy boş goýmaly däl. Ýöne Oraz almytyny almaga soňam ýetişer. Wagtynda almytyny berjek bolup, toýy bulamaly däl. Almytymy giç berdiň diýip, Oraz üstüňden arz edip duranok ahyryn.

«Derkar ýegen lýotçik boljak ýigit. Ine, Atageldiniň toýunda ol samolýotsyzam uçup bilýändigini görkezdi. Indi onuň lýotçik boljagyna ynansa bolar...» — diýip, Gözel içini gepletdi. «Ine, saňa geregi. Halaşýan gyzyň bilen tans etmän, ony öýkeledip, şäherden gelen başga bir gyz bilen tans etseň, Hudaýjanyň edýäni şeýledir, Derkar babnik...».

### *On altynjy kyssa*

## GELNIŇIZ SALAM BERÝÄR...

Türkmeniň toýy bir günde öňem gutarmandyr, bu günem gutaranok. Özem türkmen agaň toýy başga halkyň toýuna meňzänok. Meňzemeýänliginiň içki bir sebäpjagazy bar. Ol sebäbem halkyň içki isleginden gaýdýar. Ol islegem ýönekeý: türkmen her gününiň toýçulyk bolmagyny isleýär. Ine, şujagaz isleg hem eýleräk görnüşde-de, beýleräk görnüşde-de ýüze çykyp dur. Türkmen her gününiň şagalaňly, toýçulykly geçmegini islänsoň, her hili bahanajyklar tapyp, toýjagaş eden bolýar. Çaga dünýä inensoň, türkmeniňki çüwýär. Başlaberýär ol toý etmäge:

— doguldy diýip bir toý eder,

— diş toý — mekge patrak diýip bir toý eder,

— ýörjen-ýörjen diýip bir toý eder.

— elini halallatdym diýip bir toý eder.

O toýlaryň içinde has ululary hem bar.

Şonuň üçin türkmen toý etjek diýibem toý edýär.

Türkmeniň bolşy bu dünýä diňe toý berip geçip gitmek üçin geläýen ýaly.

Uly toý etmek üçin, ilki kiçi toý edip ugraýar türkmen. Özem ol toýuny bir günde, iki günde gutaraýanok.

Türkmen aga toý etjek diýip, ilki geňeş toýuny edýär.

Näme, geňeş toýuna gelenlere eçiljek dälmi? Eçilmeli. Gelýänler eçilmeseň, iňirdäbem janyňy alarlar. Onsoňam, geňeş toýuna iň ýakyn hasaplaýan adamlaryň çagyrylýar ahyryn.

Geňeş toýunda kimiň näme etmelidigi, kimiň näme tapmalydygy belli ediler.

Haýsy gazana kimiň ot salmalydygyna çenli bellidir.

Kim arak paýlamaly.

Kim gelen-gideni garşy alyp durmaly.

Kim myhmanlaryň öňüne naharyň goýluşyna seretmeli.

Kim beýemçi, kim bekewül. Bu sözler bir many aňladýandyr öýtmäň, ýok, olaryň hersiniň öz etmelije işleri bar.

Ana, şol geňeş toýy günündenem toý başlanýar dogrusy.

Toýa çenli bolsa her gün geňeş toýy. Bu gün näme alyndy?! Ertir nämeler etmeli?! Toýda hyrçyňy dişlemez ýaly, müň ölçäp, müň on gezek biçmeli. Türkmen ýeter-ýetmezrägem bolsa, toýunyň kemsiz bolmagyny isleýär. Baryny-ýoguny orta goýýar. Toý toý şekilli bolmaly.

Dessanlarda patyşalaryň ýedi gije-gündiz toý berendigi aýdylýar. Şol ata-baba dessanlaryndan çen tutsaň, bu gün her bir türkmen patyşa tutumly.

Bu gün gadymy ata-babalarymyzyň tutýan ýedi gije-gündizki toýuny eli ýukarak türkmenem ap-arkaýyn tutýar.

Düýn gelin geldi toýy boldy.

Bu gün Kertik aganyň toýy dowam edýär. Özem bu günki toý gaty irden başlanýan toý.

Bu günki toýuň adyna türkmen aga «Gelin salamy» toýy diýýär.

Bu gün gelin — Bagtym jan öz eziz gaýynatasy bilen gaýynenesine, gaýynagalaryna, eltilerine ilkinji gelin salamyny berer.

Bu gün gelin — Bagtym jan täze gelen ojagy bilen tanyşdyrylar.

Bu gün — Bagtym jan gelin bolup öz mähriban käbesine salam berer.

Täze çatynjalara Kertik aga nämedir bir zatlar eçilmeli!

Gaýynene näme bererkä gelnine?! Körpeje gelnine?

Kertik aga bilen Aýjan ejäniň täze dörän rozugäre nämeleri eçiljekdigi Kertik aganyň ogul-gyzlaryny gaty gyzyklandyrýar.

Olar özlerine berlen zatlar bilen körpe ogla berilýän zatlary deňeşdirip görmek isleýärler.

Onsoňam, bar zat zatdamy näme!

Salam beriş dessuryny synlamagam bir tomaşa ahyryn. Ine, şu zatlar üçin, onsoňam ýedi günläp toýy toý şekilli geçirjek bolup çeken yhlaslary üçin, sagbolsun, taňryýalkasyn eşitmek üçin irgözinden irikgä bolup otyrlar.

Kertik aganyň ogullary Mämmet bilen Oraz indi ýedi gün bäri çaga-çugalary bilen şu öýden girip çykýarlar. Aralygynda Mämmet bilen Oraz bäş minut wagt tapyp öýlerine aýlanyp gaýdan bolaýmasalar, toýy iş edindiler. Hökümetiň işine-de göründiler. Iş ýerindäkiler olaryň ýagdaýyna düşünip durlar. Şonuň üçin olar arkalaşdylar.

Bu günem toýuň iň soňkuja güni. Bu gün günortan, nesip bolsa, Mämmedem, Orazam çagalary bilen öz öýlerine gaýtmakçy.

Günorta çenli bolsa goşa per ýassyklary tirsekläpjik gelinleriň hyzmatyny görmeli. Hawa, bu gün indi olara hyzmat edilmeli. Olar bu gün dynç almaly. Bu gün ýüz gramjyk içäýseler-de, Kertik aga ogullaryna hiç zat diýip durmaz-la. Ýöne olaryň

aýallarynyň ümsüm oturjagyna iki doganyňam kepilligi ýok. «Daň bilenem bir arak içmek bolarmy?» diýse diýer oturarlar-da. Seniň aýdýanyň nädogry diýip, hany bir geple-dä! «Ýedi gün arak içmän, oňly duz datman mähriban inimiziň toýy diýip ylgadyk, indi bir dynç alaly-da» diýip, olara gep düşündirip bolmaz. «Dynjy arak bilen almalymy? Kim daňdan arak içýär?» diýerler. Oňa jogap tapyp berjek adam tapylmaz. Iň dilewar şa Apbasam ýeňsesini gaşaýsa gerek. Aý, bolýa, aýallaryň diýýäni dogry, soňunam, görübermeli bolar-da. Belki, ýüzünden geçip bolmajak bir adam geler Hydyr ata ýaly bolup. Onuň ýüzünden geçip bilmänem içmeli bolar.

Bu mahal kakalarynyň-a keýpi kök. Agtyklaryna her hilije henek atýar. Şonda-da gözi gapyda. Gelniň haçan geljegine, haçan salam berjegine garaşýar ol. Diňe Kertik aga däl, içerini dolduryp oturanlaryň bary gelne — Bagtyma garaşýar.

Içerde ýat adam ýok. Öz dogan-garyndaşlary bilen goňşy-golamlary.

Giň içeriniň sag tarapynda türkmençilik däbine eýerilip, erkek kişiler otyr. Olar aýallardan azrak bolansoň, sag tarapyň esli bölegini çagalar dolduryp otyr.

Erkek kişiniň — Adam atanyň çep gapyrgasyndan ýasalandygy üçin içeriniň çep tarapynda bolsa erkekleriň aly hezretleri — aýal-gyzlar otyrlar.

Içeriniň hyşy-wuşysy ýetik. Oglan-uşaklaram ümsüm oturýan däldirler welin, olar bilen deňeşdireniňde erkekleriň aly hezretleriniň hyşy-wuşysy giň içerini sarsdyryp dur.

Ýat adam bolmansoň, olar geplemän kim geplesin?! Özem haýran galaýmaly, olaryň içinde «Men diňläýin, sen geple» diýjegi ýok. Olaryň içinde gep diňläp oturjagam ýok. Ähli kişi gürlejek. Ähli kişiniň aýdara, tüweleme, zady, gürrüňi bar. Tüweleme, aýal-gyzlaryň gep böwenjigine Allatagala sahylyk edipdir. Allatagala-da şulardan basylan bolmaly, ýogsam beýdip eçilmek nämä gerek boldukan oňa?!

Olaryň tersine, erkek kişiler, ýygnaga gelen ýaly, käte bir ardynyşyp, seslerini çykarman otyrlar. Olarda aýdara söz ýok. Olaryň bolşy, seslerini çykarsalar, kimdir biri: «Ýuwaş-how, halys ýürege düşdüň» diýäýjek ýaly. Ulugyz kimin hakyt sülmüreşipjik otyrlar. «Ulugyz ýaly sülmüräp» diýen köne frazologik sözi gepiň gerdişine aýtsak aýdaýdyk, hakykatynda bu söz düzümi öz möwritini ýitiren, hakykata, durmuş hakykatyna asla laýyk gelmeýän söz düzümi ol!

Geplemese, her dyman minudy üçin ummasyz köp pul jerime tölemeli bolaýjak ýaly, şonuň üçinem mydama aldygyna gürläp ýören Hemra illewem, ine, «Dymanym üçin näçe manat jerime tölemeli bolsam hem owarram, töläýerin-dä» diýip, özüne kast edip dymýana meňzeýär. Näme diýseňem, erkek kişileriň ýüzleri-hä gülgün.

Aýal-gyzlaryň-a henizem gapa seredip Bagtymyň içeri girenini-girmänini anyklap durara wagtlary ýok, erkek kişileriňem gapa seretmekden başga güýmenjeleri ýok.

Hana, Oraz bilen Mämmet aýbogdaşlaryny gurap oturyşlaryna birsyhly ýakalaryny elleri bilen barlaşdyryp, düzedişdiren bolýarlar. Näme üçindigi belli, bolmaz ahyryn, Bagtym gelin seredende gaýynagalarynyň ýakalary gyşyk bolsa, «Gaýynagam-a ýakasynam oňaryp bilmeýän ekeni» diýmezmi? Diýer. Iki dogan elleri

bilen saçlaryny darakladylar. O saç görgüliler häliden bäri darala-darala lowurdap gitdi. Olaryň ömürlerinde beýle köp daraklanan gezegi ýokdur.

Kertik aga bilen Hemra illew tirseklän bolup ýatyrlar. Öňlerinde bolsa ullakan ýaglyklary bar. Şol ýaglyklary bilen edil gezekleşýän dek, ýygy-ýygydan agyzlarynyň daşyny süpürýärler, maňlaýlarynyň derini sylan bolýarlar. Ol iki garrynyň bar ünsi gapyda. Ýok, olar käte aýallaryň arasynda oturan ýeke erkek kişä — köne döwrüň hany ýaly gyşaryp ýatan Derkar ýegene-de seredip goýberýärler.

Bol-bol, Derkar ýegen bol! Derkar ýegen aýal-gyzlaryň arasynda aýratyn ýazylan körpeçäniň üstünde ýeke özi otyr.

Ýarawsyzlygy o diýen gowy bolmasa-da, oňa örän uly jogapkärçilikli wezipe ynanypdyrlar. Belki, öten agşamky bolan waka üçin oňa ýaranmak isläp, bu jogapkärçilikli wezipäni ynanandyrlar?! Aý, ýok, onuň üçin-ä däldir. Sebäp, bu wezipäni Derkar ýegenden gowy oňaryp biljek oglan ýok, bu jelegaýda. Ýeri, onsoň ony Derkar ýegene ynanman, kime ynanjak? Diňe Derkar ýegene ynanmaly! Derkar ýegen bu işiň jantaýyny ýakar.

Hawa, häzirki geçiriljek dabaranyň iki sany baş gahrymany bar.

Olaryň birinjisi, elbetde, Bagtym. O hakda gürrüň ýok.

Ikinjisi — Derkar ýegen.

Ana, şol ýerine ýetirmeli wezipesini berjaý etmek üçinem Derkar ýegen aýal-gyzlaryň orram-ortasynda otyr. Ýogsam onuň oturmaly ýeri babasynyň gapdaly. Babasy ony ähli agtyklaryndan gowy görýär ahyryn!

Hawa, gelin salamy toýuny dabaraly geçirmek üçin Derkar aýal-gyzlaryň arasynda ýörite otyr: ol Bagtym gelniň gelipjik oturmaly düşekçesinde otyr. Ha-awa. Ine, Bagtym gelin geler, gaýynatasyna, gaýynenesine, gaýynagalaryna, içerdäkilere taňry gelin salamyny berer. Soňam oňa: «Bagtym jan, gel, körpeçäňe» diýerler. Ol düşekçesine geçmekçi bolar. Görse, onuň düşekçesinde bir görmegeý ýigit otyr. Ol görmegeý ýigit hem nämejikdir bir zatjagaz almasa, täwelladyr tagsyr bilen-ä aňsat-aňsat ýerini beräýmez. Oňa ynanylan bu iş kiçi-girim däl-ä! Ony Derkar ýegenden başga oňaryp biljegem ýog-a!

Atageldi geldi.

— Oh-o, Atda han geldi, indi yzyndan gelnem geler — diýip, Hemra illew dillendi. — Tüweleme, ýüzi nurlanaýypdyr ýigidimiziň. Munuň bir kemi öýlenmek eken. Tüweleme, özem birhili agraslanypdyr ýa göwnümemi?

— Utandyrmaň oglumy — diýip, Kertik aga buýsanç bilen ogluny synlady.

— Bä, bu ýigidi! Dogrudanam, birhili hakyt ýigit çykypdyr bu. Öňküsinden üýtgäýen ýaly, tanamajak bolup durun birhili! — diýip, Hemra illew gara çyny bilen Atdany synlady.

— Öňki Atageldi-hä däl şu. Birhili köpräk ýylgyrýamy ýa göwnümemi? Sen näme üçin ýylgyrýaň? — Mämmet Atageldä buýsançly bakdy.

— Men-ä ýylgyramok.

— Ýylgyramok diýip ýylgyrmaň näme? Ýylgyrar ýaly bir zat bar bolsa bize-de aýt, bizem bile ýylgyraly.

— Mämmet, goýsana, men ýylgyramok-how.

— Hil bir iş eden ýaly.

— Öýlenmek kiçi işem däl. Onsoň bu ýylgyrman kim ýylgyrsyn?! Häzir ýylgyraýjak wagty. Birki ýyl bile ýaşasyn, soň taýaklabam ýylgyrdyp bilmersiň — diýip, diliniň hözirini görmäge bahana tapylanyna begenen Hemra illew garysyna galdy.

Şol wagtam içerik Senem başlyk girdi. Ol oturanlara birlaý nazar aýlady-da, däp boýunça kakasyna ýüzlendi:

— Kaka jan, gelnimiz — Bagtym jan, size salam beräýsem diýýär. Rugsat berseňiz, geläýsin.

Kertik aga ardynjyrady, gapdalynda oturanlara sala salýan dek nazar aýlady, oturanlar makullap baş atdylar.

— Gelibersin. Çekinip oturmasyn. Bu ýerde ýat adam ýok. Şu ýerdäki adamlaryň bary özli-özlerimiz, dogan-garyndaşlarymyz, goňşy-golamlarymyz.

Erkek kişiler ýerli-ýerden Kertik aganyň sözüni makulladylar. «Gelibersin-de, gelibersin» boluşdylar.

Senem başlyk ejesine ýüzlendi:

— Eje, sizem rugsat berýäňizmi? Täze gelniňiz ilkinji gelin salamyny bermäge geläýsinmi?

Aýjan eje hem Kertik aganyň edişi ýaly, gapdalynda oturanlara bakdy. Sonam:

— Gelibersin — diýdi.

Gezek aýallar hataryna ýetdi:

— Geliberiň, gyz, geliberiň.

— Garaşyp otyrys-a häliden bäri...

Senem başlyk gapyny giňden açdy-da:

— Giriberiň! — diýdi.

Ine, Senem başlyk başy kürteli, ýöne keýpine seredip oturmaly bir enaýy gelni içeri girizdi. Onuň gapdaly bilen üç-dört sany gyz-gelin hem girdi. Bagtymyň her tarapynda üzümiň suwy ýaly bir türkmen gözeli ýylgyrjaklap durdy.

— Ýüzüni açyň ahyryn, gelniň — diýip, Hemra illewiň aýaly dillendi.

Edil şu söze garaşyp duran ýaly, Senem başlyk Bagtymyň ýüzüni açdy:

— Bagtym jan, adyňa döneýin, sen häzir gaýynataň bilen gaýyneneň bolýan otagynyň gapysyndan ätlediň. Ine, gaýynataň hem gaýyneneň hem şu ýerde. Ine, seniň gaýynataň, meniň mähriban kakam. Ine, Bagtym jan, seniň perişde ýaly gaýyneneň. Gaýynataňy öz ataň saýgyn. Gaýyneneňi öz käbäň saýgyn. Seniň üçin hiç bir zadyny gaýgyrmajak adamlar bular. Bu adamlar seniň eliňe tiken batsa, öz ellerine batandan hem beter gyýyljak adamlar.

Bagtym jan, ine, bu oturan iki ýigit bolsa seniň gaýynagalaryň. Bu Mämmet, uly gaýynagaň. Ine, bu bolsa Oraz, kiçi gaýynagaň.

Bu sözlerden soň, Bagtymyň goltugyndan tutup duran gyzlar birki ädim yza çekildiler.

Bagtym gaýynatasyna bakan biraz ýöredi-de, eda bilen eglip salam berdi.

— Kaka, gelniňiz salam berdi.

— Manlykmy, gyzym, gurgunlykmydyr. Bagtymyz bolup geldiň, guwanjymyz, begenjimiz bolup geldiň. Biziň öýümiziň rysgal-berekedi bol, gyzym. Indi bu öý seniň öz öýüňdir. Öýümize dolanyňa begenjimiziň çägi ýokdur, gyzym. Indi bu ojak seniň ojagyňdyr, gyzym. Şu öýe garyşyp-gatyşyp git.

Gelin gaýynagalaryna salam berdi.

Iki dogan iki ýerden «Salam-da-salam» boluşdylar.

Hälki Bagtymyň goltugyndan tutup duran iki gyz geldi-de, ony gaýynenesiniň ýanyna alyp gitdi.

Bagtym baryp, gaýynenesine — Aýjan ejä salam berdi welin, görgüli tolgunyp, ýöne gözüni ýaşlap dur. Ol baryp, gelnini bagryna basdy.

— Eje, nämä aglaýaň. Bu gün begenmeli ahyryn — diýip, Senem başlyk ejesiniň gözýaşyny syldy.

— Aglamok men, aglamok, balam. — Aýjan eje hyňzap gelen gözýaşyna böwet basyp bilmedi.

Aýjan eje sandyraýan elleri bilen gelniniň ýüz-gözüni sypady. Ony gujagyndan goýberesi gelmedi.

— Wah, salam diýen dilleriňe döneýin, jan gyzym. Salamyňa döneýin, jan guzym. Seni bize Hudaýjan berdi. Sen biziň bagtymyzsyň. Meniň Atageldi janym çyn aşyk bolup tapdy ahyryn. Ikiňiziň bagtyňyzam üýtgeşik bolsun, ylaýym!

Ata-baba gelýän däbiň kemini goýmaly dälmiş. Kemi galsa, durmuşlarynda agzalalyk köp bolarmyş.

Ine, türkmeniň fantaziýasy! Käte käbir geleňsizlik ediläýjek zatlara-da şeýleräk bir myş döredýär welin, onsoň ýaltanyň ýaltasam toýunyň-beýlekisiniň kemini-köstüni goýmanjyk edýär. Agzalalyk hiç kime gerek däl. Şonuň üçin däbiň kemini goýman geçirmek Senem başlyk bilen! Ol hiç zadyň kemini goýmaz. Asyl, ol edýän işinde kem goýýanlardan däl. Onsoňam, näme üçin bu zatlaryň kemini goýjak?! Bu däp durşuna bir hezillik ahyryn. Bu däbiň hezillik, tomaşa kemi ýok. Şeýle bolansoň-da, ine, içerini dolduryp oturanlaryň galabasy şol hezillige tomaşa etmek üçin otyr.

Bu günki gelin salamy toýunyň birinji şahasy tamam boldy.

*IKINJI ŞAHA*

Indi serpaý paýlanyş däbi başlanmaly.

Gelin bu öýe boş gelenok. Ol täze öýüne serpaý-senetli gelýär. Şol getiren serpaý-senedini hem gelin şu öýi dolduryp oturan adamlaryň gözüniň alnynda hak eýelerine gowşurmaly. Gaýynatasyna, gaýynenesine Bagtymyň nähili serpaý ýapandygyny, soňundan täze çatynjalara nämeleriň berlendigini bu oturanlar ähli jikme-jikligi bilen bilmeseler bolmaz ahyryn.

Wah, ol serpaý-senetden tomaşakärlere düşýän zadam-a ýok, ýöne bilesigelijilik olary rahat oturdanok. Her bir berilýän zady diňe bir görenleri bilen oňman, eläp hem görmek isleýärler.

Ýat öýde Bagtyma aňsat düşýän däl bolsun gerek. Ýöne onuň alajy näme, edilmeli zady etmeli. Oňa her bir ädimine çenli öwredip durlar. Bagtym öwredilen zatlary köre-körlük bilen gaýtalaýmaly.

Ol şeýle hem edýär.

Bagtymyň eline gaýynatasy üçin gyrmyzy don berdiler.

Bagtym gyrmyzy dony Senem başlyga uzatdy.

Senem başlyk ýylgyrjaklap kakasyna gyrmyzy dony geýdirdi.

— Şap bolaýdy — diýip, Kertik aga begendi.

— Berilýän zat ýürekden bolanda şapylaşar durar — diýip, Hemra illew sakgaldaşynyň donuny gutlady.

— Toýly don bolsun!

— Sag boluň. Sag bol, gelin.

Bagtyma iki sany daşary ýurt köýnegini uzatdylar. Bagtym köýnekleri Senem başlyga gowşurdy. Senem başlyk köýnekleriň hersini bir doganynyň egnine goýdy. Olary serpaýlary bilen gutlady. Oturanlaryň ählisi Kertik agany-da, doganlary-da serpaýlary bilen gutladylar.

Bagtyma gaýynenesi üçin gyňaç berdiler. Bagtym ol gyňajy ýene Senem başlyga uzatdy.

— Ýok, Bagtym jan, bu serpaýyňy özüň elinje ejem jana gowşur — diýip, Senem başlyk yza çekildi.

Bagtym aljyraý-aljyraý gyňajyň epinlerini açyşdyrdy.

Aýjan eje eli gyňaçly gelýän gelnine seredip, hiç zat diýip bilmän, tolgunmadan, begenmeden ýaňa ýöne gözüni ýaşlap dur.

Bagtym gaýynenesiniň arkasyna gyňajy ýapdy.

Senem başlyk enesini, Bagtymy gujaklady.

*ÜÇÜNJI ŞAHA*

— Beýdişip durmalyň, oturalyň.

— Aý-u, gyzlar, Bagtym jana oturara körpeçe ýok-la?

— Gelnime düşekçe ýazypdyk. Özem täzeje körpeçe — diýip, Atageldiniň baýry gelnejesi bilgeşleýinden aýtdy.

— Seniň ol ýazan körpeçäňde-hä, hana, Deýkaý han otyr.

— Deýkar jan, oglum, gelnimiziň körpeçesinden tur ahyryn.

— Tur ahyryn, Deýkaý jan.

Derkar ýegen, Derkar jan eger-eger sarsaýsa nädersiň. Hiç zat eşitmedikden bolup, birgeňsije ýylgyrypjyk otyr ol. Onuň näme üçin oturandygyny hemmeler bilýär. Ýöne yrym üçin töwella edenden bolýarlar. Onda-da ähli kişi «tur» diýip duranok. «Turma» diýýänem ýeterlik bar:

— Deýkaý jan, serpaýyňy lomaýja alaýman, ýeriňden butnaýmagyn.

Aýjan ejäniň uly gelni öňe çykdy.

— Ejesi, gelnimiziň oturjak ýerinde-hä siziň jan ýaly agtygyňyz otyr. Olam mamam alan serpaýlaryndan maňa-da bermese, ýerimden turjak däl diýýär.

— Agtyk janyma geregi serpaý bolsun. Serpaýymdan oňa bermän, kime bereýin men. Derkar janyma berjek men serpaý. Gelinler-ä, beriň şoňa meniň serpaýlarymdan.

Aýjan ejäniň uly gelni öňden taýýarlanyp goýlan daşary ýurt köýnegini Derkar ýegeniň sag egnine goýdy.

— Gutly bolsun sylagyň! Tur indi.

— Tur!

Derrew turup, ýerini berse, ondan Derkar ýegen boljakmy! Ol hökman bir zatjagaz tapmaly. Ol gaty arkaýyn otyr. Özem ýeke agyz gürlemän, näme isleýändigini düşündirip otyr. Derkar sag egninde duran köýnegi sypap, soň elini çep egnine ýetirýär. Barlaşdyran bolýar. Barlaşdyrany bilenem oňman, egnine seredýärem. Hakyt artist bolaýmaly. Nähili rolda oýnasa-da dedesini ýandyrjag-a ol.

Düşnükli, onuň çep egnine-de serpaý gerek. Turdy bir wagyrdy. Kim Derkar ýegene «Tur!» diýip töwella edýär, kim: «Turma!» diýýär. Kim Derkara derrew serpaý berilmegini talap edýär.

Her kim öz pikirini aýdýar.

Baý-bow, ýekeje köýnek üçin pikiriň şeýle köplügini bir görüň-ä!

— Derýaý jan dogry edýär. Onuň çep egniniň serpaýy mamasynyňky, sag gapdalynyň serpaýy bolsa babasynyň beren serpaýy bolmaly. Deýkaý jan, men seniň babaňa belet. Ol gaty gysganç adam. Gysganjam bolsa, bersin serpaýyňy. Näme, ýygnan zatlaryny ýany bilen äkitjekmikä? Karunam, Makadonskem ýygnan zatlaryny o dünýä äkidip bilmändirler — diýip, Hemra illew öňe-öňe omzady.

— Eý, Hudaý, näme diýseň diýip oturmaly, oguşýa. Hemra, saklan, saklan, jan dogan, beterinden beterini tapmankaň men agtygyma serpaý bereýin. Ýöne sen gepleme indi. — Kertik aga öňden taýýar duran konwerdi gapdalynda oturan Gaýyp başlyga berdi. Konwert elden-ele geçip, ahyr Derkar ýegeniň sag egninde goýuldy.

Derkar ýegen konwerdi açdy-da, «Oh-o» diýip, ýerinden ýeňil gopdy, edil kinolarda gören Ýewropa dessuryýeti boýunça tagzym edip — çala egilip, elleri bilen Bagtyma oturjak körpeçesini görkezdi.

Bagtym körpeçä ornaşansoň, Derkar ýegen söýgüli babasynyň ýanyna gaýtdy. Ol indi aýal-gyzlaryň arasynda oturmaz. Ol erkek kişileriň arasyna geçer.

— Deýkaý ýegen, hany, meniň ýanyma gel. Ikimiz ýaraşaly — diýip, Oraz ellerini uzadyp, ýegenini ýanyna çagyrdy.

Derkar ýegen kesgitli gürledi:

— Ýok, ýaraşjak däl.

— Gelsene, men seni bir gujaklaýyn, ýaraşaly ikimiz. Erkek adamlara urşup ýörmek gelişmeýär-ow.

Derkar kakasy bilen babasynyň arasyna baryp oturdy.

— Deýkaý jan, gelsene ýanyma.

— Ýaraşjak däl-ow!

Gaýyp başlyk ogluna töwella etdi.

— Daýyňa kejirlik etme, ýogsam ol ýene urar.

— Goý, ursun.

— Ýok, indi urjak däl. Indi hiç wagt urmazlyga söz berýän. Gel ýanyma. Ynan, gije saňa ýüregim awap, bir minudam ýatyp bilmedim.

— Derkar jan, daýyň bilen ýaraşaýsana. Onuň ursa-sökse haky bar. Ýaraş daýyň bilen — diýip, Senem başlyk oglunyň Oraz bilen ýaraşmagyny isledi.

— Sen bir beýik ýigid-ä, günäsini geçip goýber onuň. Düýn ýüz gram içendir ol.

— Ýok, düýn içenok ol. Ol görip.

— Görip?! Aý, şonda-da günäsini geç. Görip bilen deň bolma! — diýip, Kertik aga agtygynyň egninden gujaklady.

— Bir şertim bar, şony bitirse ýaraşaýyn.

— Deýkaý ýegen, iki şertiň bolsa-da bitireýin. Aýt şertiňi.

Derkar ýekedyz oturyp, bir Atageldä, birem Oraza seredip, şertini aýtdy:

— Atageldi daýymyň özüňden ökdedigini boýun alsaň, ýaraşýan.

— Ýeser ýerden tutduň-aý, oglum — diýip, Gaýyp başlyk bu dörän dartgynlylygy nädip gowşatjakdygyny bilmän aljyrady.

— Deýkaý, gerek däl, Oraz meni juda gowy görýär. Deýkaý, sen nädogry pikir edýäň — diýip, Atageldi Derkara düşündirmäge durdy:

— Indi saňa düşnüklimi? — diýip, Oraz Derkara garap ýeňil dem aldy.

— Men şertimi aýtdym, gutardy — diýip, Derkar ýegen ýene kesgitli gürledi.

— Men size öňünden welilik satyp bereýin, adamlar. Şu ýigit bihal ýigit däl. Ynha, görersiňiz. Deýkaý jan ullakan bir adam bolar. Munuň gepi-sözi çöp döwen ýaly-how — diýip, Hemra illew welilik satdy. — Hemmäňiz eşidiň meniň şu sözümi. Gaýybyň şu dogmasy ullakan bir başlyk bolmasa, ine, men şuny kelläme geýip ýörjek däl — Hemra illew telpegini patladyp ýere urdy.

Oraz ikidyz oturdy. Ardynjyrady.

— Atageldi jan, sen menden hemme babatda ökde. Şeýle ökde inimiň bardygyna juda begenýän men. Deýkaý jan, boldumy? Kemi bar bolsa, aýt. Hany, indi bir gel ýanyma. Eý, ýumruk ýaly halyňa maňa näme diýdiresi gelse, diýdirip otyr-aý bi.

— Näme diýse aýdanyny ediber. Entek sen onuň elinde işgär bolubam işlemeli bolýaň — diýip, Hemra illew has joşdy. Derkar ýegen bilen Orazyň gujaklaşmasyny synlap, welilik satmasyny dowam etdirdi.

### *On ýedinji kyssa*

## TÄZE ROZUGÄR

Öňler pylanynyň eli süýji diýilýärdi. Bu gün nahara salynýan her hili tagamlaryň köpelenligindenmi, bolçulykdanmy, nämemi, kim bişirse-de, nahar örän datly bolýar. Birmahal mazaly garnyňy doýursaň, şol iýen tagamyň hakda süýjüdilip-süýjüdilip gürrüň edilerdi. Bu gün geň, gowy naharlandym diýip magtanýan ýok. Magtansaň, dogrusy, geňem görjekler. Doýa-garna iýip-içmegiň gowudan-gowy, datlydan-datly tagamlaryň arzysy gaçyp ýör oguşýa. Datly nahar, bolçulyk bu günüň nazary bilen seretseň, o diýen uly bir mesele-de däl eken.

Naharlara üns berýän ýok-how. Ähli kişi datly, bol naharlary hökman bolaýmaly on sekizinji derejeli bir zat hasap edýär.

Ýöne juda bir beýle-de däl ahyryn. Hydyr Derýaýewiň «Ykbal» romanyny köpler Uzugyň ondan-oňa durmuşa çykyp ýörşi üçin däl-de, palaw bişirilişiniň örän inçelik bilen sünnälenip beýan edilýändigi üçin ýatlaýarlar.

Bu gepbaşy gürrüňler ýöne ýere däl.

Daň ýaňy saz berdi.

Kertik agalaryň öýünde şeýle wagt üýtgeşikden-üýtgeşik naharlar bişirilýär.

Hana, näçe gazan atarylypdyr. Her birinde biri-birine gaýra dur diýýän naharlar bişirilýär.

Gazandaky ol üýtgeşik naharlaryň janyňy heýjana salýan ysy giň howla sygman köçä çykypdyr.

Hana, köçeden aladaňdandan howlugyşyp işe ugran käbir oba adamlary naharlaryň ysyny heziller edinip alýarlar. Çalaja ýylgyrybam geçip gidýärler.

Allajan, türkmen gazanlarynda ertirden agşama çenli datlydan datly tagamlar bişirilsin!

Eý, Allajan, türkmeniň bagty daş ýarsyn!

Eý, Allajan, türkmeniň rysky egsilmesin!

Adamlar ýaňy ukudan oýandylar. Onda-da düýn toý bolansoň, ähli kişi ýadapdy. Aladaňdan turup, nahar bişirip ýetişendirler diýer ýaly däl, ýöne şeýle bir tagamlar bişirilipdir welin, ýöne hoşuňa gelsin.

Iki sany mal soýlupdy. Täzeje etden her hilije tagamlar taýýarlandy. Türkmeniň palawynyň görnüşem gelin-gyzlaryň şaý-sepleri ýaly owadan. Yşyklaryň ýagtysyna lowurdaşyp, bugaryp duran palawlar ertiriň iri bilen işdäsi ýok adamlaryňam işdäsini açyp goýberýärdi. Mämmediň ýolbaşçylygynda taýýarlanan kakmaçlar owadan nagyşly mejimelerde ýygy-ýygy goýlupdyr.

Agşam köpräk arak içen adam ertir ir bilen elinje unaş içse, açylyp ötägidýär diýen pikire berk uýýan Orazyň ýörite «zakazy» boýunça unaş hem taýýarlanypdyr. Ýöne ol unaşa bu wagt höwesjeň o diýen köp däldi.

Ir bilen Kertik aganyň öýüni dolduryp oturanlaryň öňüne şol tagamlar çekilip ugraldy.

Ine, giň saçak bereketden doly.

Kertik aga «Alyberiň» diýip, nahara bismilla edeninden soň, gep-gürrüň bir salym galdy. Her kim gözüň ýagyny iýip barýan tagamlardan iýjek.

Orazyň nahar bilen ugry ýok, ol unaşdan birki çemçe içdi-de, Gaýyp başlygyň gulagyna çawuş çakdy. Başlyk makullandan soň, Orazyň ýüzi ýagtyldy. Ol ýylgyrjaklap, Derkar ýegen jana bir zatlar diýdi.

Derkar ýegeniň ýanynda hiç zadyň müşgili ýok. Ol gidişi ýaly, tiz dolandy. Elinde-de hum çäýnek.

— Çaý bar ahyryn — diýip, Kertik aga öňündäki çäýnekleri görkezdi.

— Ata, bu çaý däl. Arassaja suw bu. Buz ýaly. Oraz daýym buz ýalak arassa suw içjek, getir diýdi.

— Heý, dilleriňe döneýin, ýegenim! Dünýe dursun Deýkaý ýegen janym dursun! — Orazyň ýüzi ýagtylyp, dili süýjedi.

Mämmet Orazyň bolşuny synlap, müýnli gürledi:

— Öten agşam Atda janyň toýunda köpräk içipdirismi-nämemi, ýürek buz ýaly zat isleýär.

— Türkler barsaň, ilki bilen saňa suw berýän ekenler. Bir hepde baryp gaýtdyk welin, her naharyň başynda suw berdiler. Nahardan soň ýene bir suw berýärler.

— Üýtgeşik suw bolaýmasyn? — diýip, Gaýyp başlyk Oraza ýüzlendi.

— Ýok, üýtgeşik suw däl, arassa suw.

— Aý, biziň içjek bolýan suwumyz ýaly arassa däldir ol — diýip, Mämmet çäýnekden iki käsä «suw» guýdy. — Oraz, senem arassaja suw içjekmi, rast türklerde suw içmegi öwrenip gaýdan bolsaň, içersiň.

— Içäýerin. — Oraz käsäni eline aldy. — Aý, munuň ýaly gün diňe arassa suw däl, arassa arak içseňem bolar-la. Kaka, häzir arak içseňem, hiç zat diýmersiň-le?

— Ir bilen işdäňiz alsa, içiň. Deýkaý jan, sen araklaň durýan ýerini bilýäň-ä. Getirip ber daýylaryňa.

— Ýok, ýok, gerek däl, bize häzirlikçe şu arassa suwam bolýar.

— Içiň, içiň, siz şu gün tarhan. Özem bu gün ýekşenbe.

— Içiň diýip rugsat bereniňizem ýeterlik bize, kaka — diýip, Mämmet käseleri paýlady. Üç kişi elleri käseli biri-birine seredip dur.

Endik gursun. Köplenç endik-dä, seniň syryňy açýan. Eli käseli üç kişiniň hersi bir zat diýdi.

Gaýyp başlyk:

— Hany, onda saglyk bolsun.

Mämmet:

— Atageldiniň bagty açyk bolsun — diýdi.

Oraz:

— Atda jan, seniň üçin! — diýdi.

Hemra illew gapdalyndaky ýigitleriň suw içip tost aýtmaklaryna gaty geň galdy:

— Be-e, suw içibem tost aýtsaň bolýan eken-ow. Her naharda suw içýän bolsa, türkler bilmän içýän däldirler. Bir peýdaly tarapy bardyr suwuň. Oraz jan, hany, şo buz ýaly suwuňdan mana-da bir owurt ber.

Mämmet sypalga gözledi.

— Eýýäm ýylymtyk bolupdyr bi, Hemra aga. Size täzesini getirip beräýsinler. Deýkaý jan, bar Hemra aga buz ýalysyny getirip ber.

— Ýok, ýok. Maňa şo çäýnekdäki suw bolýa.

— Hemra aga, içeniňize görä buz ýalysyny içäýseňizläň — diýip, Gaýyp başlyk töwella etdi.

— Deýkaý jan, gitme, azara galma.

— Onuň azary bolmaz, Hemra aga.

— Ýok, maňa ýylymtygy gerek.

— Men ýylymtygyny getireýin.

— Deýkaý jan, gitme. Maňa bolýa birje owurt. Mämmet, ine, şu käsä guý, ogul.

Oraz öňündäki käsesini berdi.

— Onda siz, ine, şuny içäýiň.

— Sen nä içmediň?

— Türklerde aşa düşüpdirin öýdýän.

Hemra illew çäýnekdäkini Hakykatdan hem suw hasaplan eken. Ol Orazyň beren käsesini aldy-da, içdi goýberdi. Baryny içip bolansoňam nämäniň-nämedigine, näme içendigine düşünip doňan ýaly bolup galdy. Elindäki käsesi öňüne gaçdy. Agzyny açyp, demini alyp bilmän dur. Öňünde — saçagyň o tarapynda aýal-gyzlar oturandygy üçin zat diýibem bilenok, Oraz saçakdan hyýaryň bir bölejigini alyp Hemra aganyň agzyna uzatdy. Hemra illew hyýary çalasynlyk bilen çeýnedi. Gözem ýaşarypdyr görgüliniň.

— Geçeni ýatladyňyzmy, Hemra aga, gözüňize ýaş aýlapsyňyz-la?

— Atamyň ölümi ýadyma düşdi, ogul — diýip, Hemra illew janyýangynly gürledi.

— Goýsana, Hemra, ataň ölende gözüňde ýaş görmändim seniň — diýip, Kertik aga sakgaldaşyny gepde tutmak isledi.

— Gelip-gelip, atam pahyryň agysyny şu gün aglamaly boldum, Kertik jan.

— Hemra aga, biz-ä ýene bir gezek içmekçi. Size ýene guýalymy?

— Wah, Mämmet jan, «Ulynyň aýdanyny etmedik uwlar» diýýärler. Şoňa «Kiçiniň aýdanyny etmedigem uwlar» diýip goşmaly. Meniň bir uwlanym ýeterlik. Ikinji gezek uwlajak bolup oturmaýyn. Içiň, gaty gowy suw eken. Buz ýaly eken. Baran ýeri bes-belli boldy. Ömürleriňiz uzak bolsun.

Ertiriň iri bilen hiç kimiň o diýen işdäsi ýok. Ýöne bu oturanlaryň köpüsi «täze rozugär» däbiniň dabarasyna tomaşa etmek üçin otyr.

Ata-babalarymyzyň däp-dessurlarynyň ählisi birgiden tomaşa. Görseň, synlasaň, göwnüň dokunýar.

Türkmen sekiz asyrlap döwletsiz, hansyz nädip ýaşadykan diýýärler. Sekiz asyrlap türkmen türkmenligini nädip saklap bildikän diýýärler. Onuň ýönekeýje bir

sebäbi bar. Türkmeniň türkmenligini sekiz asyr ýitirmän saklamagynyň sebäbi adamlarynyň, türkmençiligiň hasabyna. Adat bilen türkmençilik döwletiň, hanyň etmeli işlerini edipdir. Adamlary anyk bir çägiň içinde wagtyhoşlukda ýaşatmagy başarypdyr. Adat bilen türkmençilik ölçegleriniň çäginden çykmak, ýurtdan çykmak. Ölmek.

Türkmen däp-dessuryny şeýle bir kaşaň, dabaraly edipdir welin, onsoň hiç kimiň bu ýurtdan, bu halkdan daşlaşasy gelmändir, daşlaşmagy ölüm bilen deň görüpdir. Ýürekden çykan şeýle däp-dessurlaryny türkmen başyna her hili agyr günler düşse-de taşlamandyr. Türkmen ol däp-dessurlaryny garaşsyzlyk günlerine ýetirdi.

Bu gün ol däp-dessurlar mukaddes saýylýar.

Nahar-şora töwir edilip, çanaklar ortadan aýrylansoň, «arzyly täze rozugär» dessury başlandy.

Ortadan saçak aýryldy.

— Kertik, gelniňiziň aýagy düşümli bolsun!

— Agzyňdan Hudaýjan eşitsin, Hemra.

— Türkmen ogluny öýerende, täze rozugär diýip ony-muny berýär. Şeýdibem, täze hojalygy aýaklandyryp goýberýär. Elbetde, täze rozugäri ýöretmek aňsat däl. Ata-enesiniň berýän zady bilen olar baý bolanoklar. Ýöne durmuşa örňeşip gidýänçäler bir mydardyr-da. Onsoňam ata-ene öýüniň gönezligi bolmaly berilýän zatlar. «Bizem ata-enemizden şulary gönezlik alyp, soňundan uly döwlete ýetdik. Sizem uly döwletiň eýesi boluň!» diýlip berilýän hälki bir dadymlykdyr-da. Ine, şu ýerde oturanlar Kertik körpe ogluna nämeleri eçilerkä, şony göreli diýip garaşyp oturanlar.

— Hemra jan, dogry aýdýaň, ata-babamyz hem ýaş çatynjalary aýaklandyryp goýbermegi parz hasaplapdyrlar. Musulmançylykda bäş parz bar. Olaryň biri ogluňy öýermek, gyzyňy çykarmak. Türkmen şol parzyň üstüne ýene bir parzy goşupdyr. Oňa illendirmek diýýärler. Türkmen ogluny illendirip goýbermegi parz hasaplaýar. Ine, bir parzyňy, soňky parzyňy ýerine ýetirdiň. Indi türkmeniň parzyny nähili ýerine ýetirjek? Öýüňde täze maşgala döredi. Sen oňa nämeler berjek? Sen bize şony aýt.

— Atageldi jan, meniň körpe oglum. Ony özüňizem bilýäňiz. Men bu oglumyň rozugärini aýyrmakçy däl. Mämmet bilen Oraz aýrylyp çykdylar. Indi bu öý Atageldiniňki bolmaly.

— Sen bu sözleri aýtmanyňda-da bilýäs biz. Hojalygyny aýyrmanyňda-da, bir zatlar berersiň-ä ýa hiç zat berjek dälmi?

— Hemme zat Atageldiniňki.

— Egniňe gyrmyzy dony atdyň. Heý, onuň jogaby bolmazmy?! Eger hojalygyny aýyrmaýan bolsaň, hojalygyňyzy aýramok, siz meniň bilen ýaşarsyňyz. Men sizi öz penamda saklajakdyryn diýip telpegiňi orta atjak dälmi?! Ata-babalarymyz-a hojalygyny aýyrmajak bolsa, telpeginiň içine serpaýyny salyp, gelniň üstüne atar eken. Şeýdibem, sizi kelläm bilen gorajak diýip aýdar eken. Hany, seniňem telpegiňe saljak zadyňy göreli, öz üstüňe aljak jogapkärçiligiňi göreli.

Senem başlyk bir gujak zady getirip, kakasynyň ýanynda goýdy.

— Jan gyzym, şeýdäýmeseň, bu Hemra menden ýaman algyly ýaly alarladyp barýar. — Kertik aga gyzynyň getiren zatlaryny birlaý gözden geçirip çykdy. Haýsy zady näme etmelidigi baradaky Senem başlygyň düşündirişini baş atyp diňledi. — Düşnükli, düşnükli.

— Öz-ä bir zatlar eçiläýjek ýaly — diýip, Hemra illew ýylgyrjaklady.

Kertik aga birki geýimlik gymmatbaha matany, ýapon ýüň ýaglygynyň üstüne telpegini goýdy-da, Senem başlyga seretdi.

— Gyzym, näme edeýin?

— Gapdalyňyzda oturanlardan uzadaýyň.

Täze maşgala kelläm bilen jogap berýän diýen manyny aňladýan telpegi serpaýlar bilen gelne berdiler.

Gelin tarap derrew telpegiň içine ak kagyza dolangy bir zatlar salyp yzyna ugratdy.

— Kertik aga, Atageldini mirasdüşer diýýäňiz, ýöne tamynda gelniniň getiren zatlaryndan başga zat ýog-a. Birgiden zat bar, ýöne ol zatlar tapyndylarmyş. Atageldiniňki dälmiş. Onsoň, Atageldiniň ol otagda hiç zady ýok. — Orta ýaşan bir aýal hüjüme geçdi.

— Ähli zat Atageldiniňki.

— Onyňyz bolmaýa, Kertik aga, anyk aýdyň. Ýaşlarda wideo bolmasa, birhili ahyryn.

— Mämmet, wideo getirip ber, Atageldä!

— Düşegem bir meniňki bolsun diýer ýaly däl. Hemmesi arzan baha fabrik halysy...

— Aýjemal, sen indi gürleme. Bir zat aýtdyň, wideo diýdiň. Bolýa diýdik. Indi başga gürlesin. Başga gürlejek barmy?

Atageldiniň baýry gelnejesi gürledi:

— Atageldi ýaly körpe ogluň öýi elin haly bolsun ahyryn. Ýok bolsa aýdyň, biz getireli.

— Ýok, gelin, siziň toýa getiren mallaryňyz ýeterlik. Toýy diňe siziň mallaryňyz sowdy. Yrym üçin öýden diňe bir toklyny zordan soýdurdym. Siziň aýdanyňyz bolsun, dört sany dörtlük el halynam alyp bereris. Mämmet, oglum, belläber, puluny menden alarsyň.

— Dörtlük haly bilen içi bitmeýär onuň. Oňa altylyk halydan alty sanysy gerek.

— Bar, gelin, seniň aýdanyň bolsun. Başga kimiň näme diýjek sözi bar?

— Şu ýaşdan soň saňa maşyn sürüp ýörmek gelişmez. Maşynyňy Atageldi jana ber — diýip, Hemra aga garysyna galdy. Ol sakgaldaşy birden garşy çyksa, onuň bilen gidişmäge häzirlendi. Ýöne Kertik aga bu gezegem aňsatlyk bilen ylalaşdy.

— Dogry aýdýaň, Hemra. Bu ýaşdan soň maşyn sürüp ýörmek maňa kyn düşýär. Maşyny Atageldiniň adyna geçirmekçi. Goý, maşyn Atageldiniňki bolsun. Meni islän ýerime äkidip-getirse bolýa.

— Atageldi ony etmese bolmaz ahyryn. Gerek bolsa, bizem gije-gündiz siziň hyzmatyňyzda, kaka. Sizi hor etmeris. Gaty arkaýyn boluň.

— Men arkaýyn-la, sizden, ogullarym. Sag boluň. Toýy gül ýalak geçirdiňiz. Dogrymy aýtsam, Atageldiniň toýuny görüp bilmän ölermikäm diýibem gorkdum men. Indi Atageldi jany illendirdim. Özem dessanlardaky ýaly söýüp-söýlüp myradyna ýetdi. Bagtlary açyk bolsun!

— Aý, bu zat paýlanyşygy-hä gyzyk bolmady. Kertik näme diýseň bolýa diýip dur. Mämmet bilen Oraz aýrylyp çykanda gyzyk bolupdy — diýip, Hemra aga nägile boldy. — Aýjan, bu çalyňdan-a hezil beren ýok. Hany, siz başlaň öz göreşiňize. Şoňa seredip hezil edäýmesek, boljak däl indi.

Aýallar bu söze garaşyp duran eken. Derrew öz dessuryna girişdiler.

Aýallaryň tomaşasy üýtgeşik. Ýöne erkek kişi ol tomaşanyň içine girip seredip bilenok. Köp zatlary erkek kişiler görmän galýar.

Hana, gelin-gyzlaryň ählisi turupdyr.

Ajan ejäni bir düşegiň üstüne mündürdiler. Düşegiň her burçundan tutup, üwräp ugradylar.

Aýjan ejäniň gujagynda bolsa körpeje agtygy. Görgülini üwräp elem-tas etdiler. Aýjan eje kä arkan ýykylýar, kä ýüzin ýykylýar. Onuň bar gorkusy çagajygyň bir ýeriniň agyrmazlygy.

Daşyny gallap duran gelin-gyzlar gülüşenlerinden soň, çagajygam gorkmalydyram öýdenok. Gaýtam hezil edinýär. Hawa-da, çaga hezillik bolsa bolany.

Gyz-gelinler Aýjan ejäni düşekde üwräp, täze maşgala bilen garyşyp-gatyşyp gitmegini dileg etdiler, yrym etdiler.

Erkek kişiler gyz-gelinleriň gülkülerine syn edip otyrlar.

Bu gün körpe inisiniň toýunda Senem başlyk gaty eçiljek bolarly. Iki gujak serpaý-senet getirdi. Ol getirilen zatlar gelin-gyzlara ikiden-üçden paýlansa-da ýetjek.

Gelin tarapdan gelen saýyrdyň-saýyrdyň gelinler bilen Atageldiniň gelnejeleri güýç synanyşýardylar. Şeýle bir göreş tutmaga başladylar, şeýle bir şowhun-şagalaň boldy. Giň jaý şowhun-şagalaňa ýöne çaýkanyp durdy.

Atageldiniň gelnejeleri juda bir ýykjak bolup duranokdylar. Olar däp boýunça asgyn gelen bolýardylar. Esasy zat, gelen myhmanlara köpräk serpaý bermekdi, olaryň göwünlerini awlamakdy.

Erkek kişiler olaryň tomaşasyna seredip oturmagy birhili görendir-dä, turmak bilen boldular.

Derkar ýegen daşarda duran Atdanyň ýanyna geldi-de, ýöne seredip dur.

— Daýy, walla, gara çynym, sen zor-aý. Bagtym gelnejem edil hindi kinolaryndaky ýaly owadan. Meniň saňa, dogrym, gözüm gidýä.

— Senem Bagtym ýaly owadan gyza öýlenersiň.

— Atda, hany, men seni bir gujaklaýyn-la!

— Gel, gujaklaşaly! — Atageldi bilen Derkar ýegen gujaklaşdylar.

— Bagtly bol, daýy.

— Sag bol, Deýkaý jan.

Hemra illew Atdanyň egnine kakdy:

— Atda jan, maşyny saňa men alyp berendirin. Ýadyňdan çykaraýmagyn.

*On sekizinji kyssa*

## YŞKYŇ KEŞBI

Bir mahal Atageldi aýnanyň öňünde durup, Bagtymy göz öňüne getirerdi. Özem ýöne bir getirmegem däl, ony kürtäniň aşagynda eda bilen ýöräp barýan görnüşde göz öňüne getirerdi. Gelin-gyzlaram ony gallap, ýörärdiler.

Atdanyň aýnada gören hyýaly bu gün hakykat boldy. Ine, Bagtym bu gün Kertik agalaryň howlusyna aýratyn ýaraşyk berýär. Ol kürte atynyp, daşarda gyz-gelinler bilen gezmeläp ýör. Ýok, ol salama barmaga garaşýar. Soň gelin-gyzlar bilen goňşy öýlere bararlar. Goňşularyna salam berer. Goňşular hem Bagtymy maňlaýyna sylarlar, salamyny alyp, serpaý ýapyp goýbererler. Ýöne häzir ilkinji dessur ýerine ýetirilmeli.

Häzir ony salama çagyrarlar. Ol gaýynatasyna ata-baba gelýän dessura görä egilipjik salam berer. Ol gaýynagalaryna hem egilipjik salam berer. Çagyrylýança içerik girmek bolmaýar. Entek onuň içeri girip salam bermegi, salam beriş dessurynyň geçirilmegi üçin edilmeli birgiden zatlar bar. Birgiden aýal-ebtat şol dessuryň ýerine ýetirilmegi üçin gerekli zatlary taýynlamagyň ugrunda. Ähli zatlar taýyn bolýança Bagtym gyz-gelinler bilen howluda garaşmalydy.

Ýok, kim näme diýse, şony diýsin. Türkmene köne din diýmek bolmaýar. Ýok, türkmen aýal-gyzlara baý-feodal göz bilen seredipdir diýmek bolmaýar.

Türkmenler aýal-gyzlaryny biçak söýüpdirler, ýürekleriniň törlerinden orun beripdirler, özleriniň iň gowy görýän zatlaryny aýal-gyzlaryna beripdirler, ýoguny bar edip, aýal-gyzlaryny owadan-owadan geýindiripdirler.

Ýok, dünýäniň ähli erkek kişilerini bir ýere ýygnasaň, ählisi hor bolup, dünýäde iň owadan aýal-gyzlaryň egin-eşikleri, şaý-sepleri diňe türkmen gelin-gyzlarynda bar diýerler. Hor bolup, dünýädäki iň owadan gelin-gyzlar türkmenlerde bar diýerler.

Eý-ho! Bu owadanlygy görmäge iki göz azlyk edýär!

Giň howlynyň içinde älemgoşar gezip ýören ýaly.

Giň howlynyň içinde bir topbak ýazyň gül-gülälegi bark urup durana meňzeýär.

Olaryň mylaýymdan mylaýym, süňňüňi bogunma-bogun söküp barýan seslerine, gülkülerine näme diýjek?!

Zybanyňa söz gelmän, ýöne aňkarylyp seredip durmak galýar.

Atageldi han daş çykypdyr. Ol gözel gelin-gyzlardan gözüni aýryp bilmän dur.

«Her bir halkyň ruhy keşbini şol halkyň gelin-gyzlarynyň geýnişlerinden, gözelliklerinden görüp-duýup bolýar» diýip, Atageldiniň kellesine filosofik pikir geldi. Bu kimiň pikiri bolmaly? Nisşäniňkimi? Şopengaueriňkimi ýa Şpangleriňkimi? Atageldi hakydasyna getirip bilmedi. Kimiňki bolanda näme. Gep häzir şonuň kimiňkidigindemi? Ol diňe Bagtymyň özüniňkidigini magat bilýär. Ine, iň esasy zat. Galan zatlar kimiňki bolsa, şonuňky bolsun. Onuň gözüne bu gözellik ýalan ýaly. Ol janyny barlamak üçin gygyryp goýberdi:

— Bagtym!..

Bagtym sägindi-de, bir enaýy bakyş bilen ullakan ala gözlerini Atageldä dikdi.

— Bagtym!..

Bagtymyň daşyna egele bolup duran gyz-gelinler nämedir bir zatlar aýtjak bolup, onam nädip aýtjagyny bilmän alakjap duran Atageldä kinaýaly seretdiler. Käbiri onuň bolup durşuna gülküsi tutup, pyňkyryp goýberdi.

— Eýýäm, içiň gysaýdymy, oglan? — Hemra illewiň gyzy Leýla Atageldini utandyrmakçy boldy.

Eý, Hudaý jan, Bagtymyň bagtdan doly ullakan ala gözlerine sähelçe gaýratyňyz bar bolsa serediň-ä!

Ýok, ol ullakan mähirli, owadan gözlere seredip durar ýaly däl, göni tükgerdäýjek ol gözler. Ol gözleriň öňünde Atageldi ýaly türkmeniň är-är ýigitleri durup bilýär.

Ol gözlere gapdaldaky gelin-gyzlar hem jadylanypdy. Olar hem assyrynlyk bilen Bagtymyň gözlerini, owadanlygyny synlaýardylar. Şeýle owadan gyzyň Saganaly obasyna gelendigine, obanyň gözelliginiň artandygyna öz ýanlaryndan monça bolýardylar.

— Atageldi jan, sen bu gelniňe gazanyň garasyny çalaýsana — diýip, Atdanyň kiçi gelnejesi ýürejigini aýtdy. — Ýogsam Bagtym jana göz degermi, nädermi.

Bu pikir Atageldä makul boldy. Ýöne onuň ýüzüne gazanyň garasyny çalsaň, bu mahal gelşiksiz boljak. Onsoňam, diýeli, häzir gazanyň garasyny ýüzüne çaldyňam-da. Ertir näme? Birigün, soňkusy gün näme?

— Bagtym, ýüzüňi ýap! Hiç kim görmesin!

Adamsynyň aýdanyny etmese, onda ondan türkmen gelni bolmaz. Türkmen gelni üçin adamsynyň her bir sözi kanun ahyryn.

Türkmen gelinleri ärleriniň sözlerine kaýyllygy bilen owadan ahyryn!

Bagtym ýaşmagyny ýokarrak çekdi.

— Atageldi-hä gelnini bizdenem gabanýa oguşýa — diýip, gyzlaryň birisi nägile boldy.

— Ýüwürjim, sen indi Bagtymdan gözüňi aýryp bilmän durma-da, içerik gir, ýogsam gepe galarsyň — diýip, Atageldiniň gelnejesi janykdy.

Atageldi gitse-de gitdi welin, yzyna garaý-garaý gitdi.

Atageldi guş bolup jadyly aýnasynyň öňüne bardy. Dylym-dylym edýär.

— Syrdaş jan, ah-ow, syrdaş jan. Maňa bir seret ahyryn! Meniň bagtym ýüzüme çykypmy?

Syrdaş edil buludyň içinden çykan dek peýda boldy. Ol bir salym Atageldä tiňkesini dikip durdy-da, syrly ýylgyrdy:

— Sen nä ýylgyrýaň? Özem, näme diýseňem, seniň öňküligiň-ä ýok. Ýylgyryşynam halamok.

— Men saňa näme diýeýin.

— Syrdaş boljak bolsaň, ýürejigiňi aýt. Menden syr saklajak bolsaň, onda senden syrdaş bolmaz.

— Jyzlanyň ömri diýip eşitdiňmi?

— Eşitdim.

— Öýlänçi diýip eşitdiňmi?

— Eşitdim?

— Hak aşyklar ýedi ýyldan soň maksat-myratlaryna ýetýärler diýip okapmydyň?

— «Mus-muslaman», göni Mustapa diýeniňde bolanokmy, ä?

— Başlyk jan, ýedi ýyl diýilýän möhlet bir ömür.

— O nähili ömür?

— Sen maňa sorag berme-de, sözümiň ahyryna çenli diňle. Dessanlarda diýilýän ýedi ýyl yşk iň soňky menzil. Allatagala yşky bendesine ondan uzak berenok. Ýedi ýyl yşk berýän bolsa, şol Allatagalanyň seni juda ezizledigi. Yşky ähli kişä beräýenok hem.

— Allatagala diňe ezizlän, gowy gören adamlaryna yşk eçilýär diýýäňmi?

— Biz «Ýagşy adam, ýaman adam» diýip, adam ömrüniň hiline baha kesmäge öwrenip gidipdiris. Ýöne men bolsam-a beý diýip däl-de, ýagşy adam diýmäge derek yşga düşen adam, ýaman adam diýmäge derek hem yşga düşmedik adam diýip adamlary iki topara bölerdim. Sebäbi yşga düşmek ukyby — ýagşylyk etmäge ukyply adam diýmek. Yşkdan mahrum galmak bolsa ýagşylyga, haýra adamyň zandy boýunça ukypsyzdygyny görkezýär.

— Sen filosof bolaýma?!

Syrdaş Atageldä nägilelik bilen bakdy-da, pikirini dowam etdirdi:

— Ýüregi yşksyz kişi ruhubelentlikden binesip bolýar, kalby bigörk, betnyşan bolýar. Köne şahyrlarymyz şeýle adamyň köňlüni gaty daşa meňzedipdirler, ýaşaýşyň baky çeşmesini — suwy daşyň üstüne näçe guýsaňam, onda ot gögermeýär. Yşga düşen adamyň ruhy — bereket çeşmesi. Ol haýra-da, gözellige-de, döredijilige-de ukyply bolýar. Islendik şer, islendik erbetlik dirilige hem ýaşaýşa kast edilmegi bolup durýar. Kalby yşkdan doly kişi asyl erbetligiň, ýamanlygyň köçesindenem geçmez...

— Eý, Syrdaş jan, nätdiň-aý sen? Gutarsana tükezzybanyňy. Maňa garaşyp durlar-how. Men seniň ýanyňa birje minutlyk begenjimi paýlaşmak üçin geldim. Senem maňa takal okaýaň.

— Adam ömrüne ýaşlyk-garrylyk diýip baha kesýäris. Bu ýalňyş.

— Açyş edäýjekmi?

— Adam ömrüni üç bölege bölmeli:

— yşga çenli ömür;

— yşkdaky ömür;

— yşkdan soňky ömür.

Adamyň ruhy taplananlygyny, kämilligini ahyrky netijede garrylyk — juwanlyk kesgitlemeýär. Döretmäge ukyplymy ýa-da ukypsyzmy — ine, kämilligiň baş ölçegi şu bolmaly.

— Seniň samahyllamalaryňy diňläp durmaga meniň wagtym ýok. Men gitdim. Soň bir gün arkaýynçylykda men seni diňlärin. Düşünýäňmi, boş wagtym sen tä ýadaýançaň gürle, men saňa hiç zat diýmäýin. Maňa garaşýarlar. Men gitdim, çaw!

— Maňa ýene duşjakdygyňa ynamyň-a bar. Ýöne duşuşygyň bolmajakdygy barada oýlanmansyň-ow.

— Näme, bir ýere gitjek bolýaňmy?

— Indi men seniň içiňe girjek.

— Samsyk gürlemesine, Syrdaş.

— Sen meni tanamansyň-ow, Atageldi?

— Sen meniň syrdaşym. Ýa sen başga birimi?

— Men — seniň yşky meniň.

— O nähili yşky meniň?

— Görýäňmi? Düşüneňok. Men saňa düşündirjek bolýan. Men seniň bilen hoşlaşyp durun. Seniň bu zatlar perwaýyňa-da däl.

— Ýok, ýok. Syrdaş jan, hiç ýerik gitme. Meniň seniň bilen entek etjek gürrüňlerim kän. Özem iň esasy isleýän zadym näme diýsene?!

— Näme?

— Men seni Bagtyma görkezmek isleýärin. Sen maňa Bagtymy tapyp berdiň ahyryn. Seniň hyzmatyň uly. Bizi sen duşurdyň. Indi ikimiziň bileje durandygymyzy ýem bir görsene. Men seni onuň bilen tanyşdyraýyn. Soň nirä gitjek diýseň, gidäý. Sen ýöne maňa garaşmaga söz ber.

— Bolýa, garaşaýyn. Bar, adamlary garaşdyrma onda.

— Eý, nägile bolmasa. Ýüzüňi sortduryp galsaň, ol ýerde meniň keýpim bolmaz. Sen maňa beled-ä!

— Öýerip berenim azmy? Indi men saňa ýylgyrybam bereýinmi?

— Ine, bu degişmäň, bu ýylgyrmaň bolýa maňa.

Atda daş çykdy.

Içerde hiç kim galmady...

## SÖZSOŇY
## ýa-da romanyň gahrymanlarynyň üç-dört ýyldan soňky durmuşy

Mundan sekiz asyr owal türkmeniň iň soňky döwletiniň — Soltan Sanjaryň imperiýasynyň synmagynyň sebäbini taryh bu gün ýüze çykardy. Ýazyň gelmeginiň buşlukçysy garlawaçlar bolsa, döwletiň synmagynyň buşlukçylary hem döwletiň içinde palçylaryň, gurrandazlaryň, tebipleriň köpelmegi eken. Soltan Sanjaryň döwletiniň ýykylar-ýykylar uçurlary hem gurrandazlar, palçylar, öňdengörüjiler, tebipler biçak köpelipdir.

XX asyryň segseninji ýyllarynyň ahyrynda palçylaryň, ekstrasensleriň, tebipleriň köpelmegi SSSR-iň tozjagynyň alamaty eken. SSSR synyp, türkmen halkynyň bagty açyldy. Ýurdumyz Garaşsyzlygyny aldy. Türkmen öz ýurdunyň, öz topragynyň eýesi boldy.

Saganaly obasynyň adamlary hem bagta ýetdiler. Olaryň köpüsiniň durmuşynda uly ütgeşmeler bolup geçdi.

Gürrüňi ýaşkiçiden başlaýyn. Derkar ýegen ir ýigit çykdy. «Orta Aziýadaky, Ýaponiýadaky, Hindistandaky iň owadan gyz, ony sypdyrmak külli günä» diýen gyzyndan — özünden biraz uly Gözelden edil özüne meňzäpjik duran oguljygy dünýä indi. Eýýäm ol sekiz ýaşady. Olar ogluna Atda diýip at dakdylar. Senem başlyk agtyjagynyň adyny has anyklaşdyrdy. Ony «Tapaganja janym» diýip elinden düşürenok.

Gaýyp başlygy işden çykardylar. Ol işden çykansoň, onuň ýerine bellenen täze başlyk baý kolhozy talady. Barybir, gutaryp bilmedi. Şondan soň ony işden aýryp, ýene Gaýyby öňki işine bellediler. Ol işe berlen adam. Senem başlygyň sözleri bilen aýtsam, «Gaýyp başlygyň öýem, çaga-çugasam işi. Aňynda obanyň aladasyndan başga hiç zat ýok».

Hemra illew bilen Kertik aga gözlüje ýaşyt. Ýöne ikisine ýaşyt diýer ýaly däl. Hemra illew halys garrapdyr. Agyr göwresini üç-dört minutlap, garrylyk «hyk-çoky» bilen yhlas etmese göteribem bilenok. Indi onuň oturan ýeri özüniňki. Huşy hem biraz könelipdir. Aýak üstündekä dünýäň zady gözüne az görnerdi. Ýanyny ýere berdi welin, indi oňa hiç zadam gerek däl. Hars urmanynda-da aç ölünjek däl eken diýip geňirgenip aýalyna gürrüň berýär. Asyl, adama rahatlykdan başga hiç zat gerek däl eken. Baýlygyň albaýyna kowalaşyp, ömür pellehanasyna ýetipdir. Ýalňyş ýaşapdyryn diýip Hudaýyň beren her gününde üç-dört gezek gaýtalaýar. Eger Allatagala Mollanepesiň arzuwlan bir ýyl mes ömrüni berse, ol ýetmiş dört ýyllap gazanan barja bagtly gününi bermäge razy. Diňe bir öz öýündäki baýlyklary däl, ogullarynyň öýlerindäki baýlyklaram bermäge razy ol. Ýöne Allatagala Hemr illew bilen beýle alyş-çalyşly söwda gidenok-da! Onuň Kertik jalaýa («jalaý» lakamyny onuň özi ýokka aýdýar, eger Kertigiň ýanynda aýtsaň, ol örän ýokuş görýär) sered-ä! Kim oňa ýetmiş dört ýaş berer. Garrajaga meňzänok ol. Oňa elli ýaşdan geçen kişi diýerler. Kertik aga garramaýşynyň sebäbini özüçe düşündirýär: «Men keýwanymy alyp gaçypdym. Biz birek-biregi söýdük. Bizi garratman ýören söýgi. Söýýän ýürek garramaýar» diýýär. Heý, bu ýaşdan soňam bir söýgi bolarmy?! Hemra illewiň ýeke bir arzuwy bar: «Keýwany, menden öň gidäýmegin. Meniň aşymy-suwumy berip, soň baryber. Men ýeriňi hiç kime bermerin» diýýär. Bu Hemra illewiň degişmesi däl. Aýaly ölse gününi görüp bilmejegini bilip dur. Aýalynyň ornuny ogul-gyzlarynyň tutup bilmejegini bilip dur ol. Onuň ýaşaýşy bolsa, häzir diňe aýalyna bagly.

Kertik aga aýalyna ajy söz diýen adam däl. Ýöne maýda iňirdisiz welin, oňup bilenok. Keýpiniň kök wagty Kertik aga aýalyna şeýle diýýär: «Keýwany, menden ärim aýagyny gyşyk basýandyr diýip, göwnüň kän garaldy seniň. Nähak güman etdiň. Men saňa ikilik etjek är däl-ä. Ynanaý, Aýjan, men saňa hyýalymda-da ikilik eden däldirin».

«Türkmen erkegiň ikiligini ikilik hasaplanok. Oňarmansyň, çal, käte bir aýagyňy gyşyk basaýmaly ekeniň. Näme etseňem, men seniň halal ojagyňy saklap oturjag-a».

«Bilýän-le, Aýjan. Senden razy men. Şonda-da Alla kessin, saňa hyýalymda-da ikilik eden däldirin».

Öň hojalygyň ähli keşigini Aýjan eje öz gerdeninden geçirerdi. Indi onuň bu zatlara deramaty ýok. Etjek diýäýende-de, ot ýaly gelni bar. Hudaýa şükür, ol gaýynenesiniň elini sowuk suwa urduranok.

Gaýynatasynyňam, gaýynenesiniňem, ejesiniňem göwünlerinden turýar. Olaryň iýjegini öňlerine eltip berýär. Çaýdan kem edenok, eşiklerini hem ýuwup, arassaja saklaýar. Garrylar gelinlerinden örän hoşal. «Körpe oglumyz özüne ýanýoldaş saýlap bilipdir» diýip, beýleki gelinleriniň ýanynda minnetdarlyklaryny aýdýarlar. Gelinler seslerini-hä çykaranoklar welin, körpe gelniň öwülmesini juda bir halabam baranoklar. «Körpe gelniňiz gözüňizi baglapdyr siziň. Diňe onuň edýän işlerini görýärsiňiz. Ýogsam bizem-ä az hyzmat edemzok» diýip hüňür-hüňür edýärler.

Kakowyň tabydyndan tyllanyň çykmagy, hyýalynda aşyk bolan söwer ýary Bagtygüle öýlenmegi bilen Atda tapagyň tapaganlyk ukyby gutardy. Ol hem edil beýleki adamlardan birjik-de parhlanmaýan adama öwrüldi. Ýöne onuň tapaganlyk ukybynyň aýrylanyny özünden başga bilýän adam ýok. Özünden başga diýenimde, «özüne» söwer ýary Bagtym hem degişli. Özünden başga diýip aýtmagymyň sebäbi bar. Bagtym bilen Atda bir adam. Olary ikä böler ýaly däl. Ýüreklerini ýarjak bolsaň, bu ikisini biri-birinden bir günlük aýra salaýmaly. Ýöne, Allajan, olary hiç kim aýra salmasyn-da!

Ýöne tapaganlyk ukybynyň gidenine biraý geçensoň, Atdanyň keýpi gaçdy. Ol ýene köp zatlary tapasy, adamlary begendiresi geldi. Kakowyň yhlasynyň gowuşmagy bilen tapagan bolan Atdanyň ýene tapagan bolasy geldi. Söwer ýarynyň perişanlygyny Bagtygül duýup dur. Oňa düşündirmek gerek däl. Ol adamsynyň ähli içki ahwalatyny duýup ýaşaýar ahyryn. Adamsynyň ýürejigini, küýseg-telwasyny bilmeýän uzyn eteklä aýal diýmeli däldir.

Bagtygül Atda janyň göwnüni tapjak bolup her işler edip gördi. Dürli-dümeni öňünde goýdy. Tagamlydan tagamly naharlar bişirip iýdirdi. Öýlerinde häzirem aňyrsy görünmän duran baýlyk ýok welin, ýöne Atageldiniň ýylgyrmagy, göwnüniň açylmagy üçin ol öýüň içindäki ähli zadyň ile paýlanylmagyna garşy däl.

Öýüň goş-golamynyň ýeter-ýetmez kişilere paýlanmagy bilen Atageldiniň göwni göterilýän bolsa, onda öýde diş synçgara ýeke çöpem goýman adamlara paýlamaly.

Atageldi bolsa indi zat tapmag-a beýlede dursun, hakyt eliniň aşagyndaky zatlaram görmän, basga düşüp ýör. Käte elindäki zadam «Nirede goýdum?» diýip gözläp ýör.

Atdada tapaganlyk ukyby galsa-da, tarhandökerligini, elaçyklygyny welin, Bagtygülem goýduryp bilmedi.

Hemra illew Atdanyň haçan aýlyk alýandygyny Bagtymdanam gowy bilýär. Şol günem ýarawlygy bolmasa-da, hasasyna agram salyp, ýolda Atdanyň gelerine garaşmaga başlaýar. Hemra aganyň näme üçin oturandygyny Atda-da bilýär, beýlekilerem. Şu häsiýetiňi goý diýip, ol görgülä näçe töwella etdiler. Ölýänçä Atdanyň mürtüni iýjegi onuň gara çyny. Aýaly görgüli ony süýrekläbem öýüne saljak

bolýar. «Atda, hiç zat berme bu garry göherde, ynsap ýok munda!» diýip, jöwlan urmak jöwlan urýar. Peýdasy ýok.

Atda-ha bermese rahatlyk tapanok.

Hemra aga-da almasa rahatlyk tapanok.

Aýlyk alnan güni iki kişi maksat-myradyna ýetýär.

Serwerimiz bu iki kişini hakyt biri-biri üçin ýaradan ýaly bolup dur.

Atdanyň rysky Hemra aga bereni bilen egsilenok.

Hudaý berende berekedi egsilmeýär.

Bendesi berende soňy görünýär.

Serwerimiz garynjanyň bilini bilip daňypdyr.

Serwerimiz Atageldini bilip elaçyk edendir.

Atageldiniň sahylygy — Allanyň sahylygy.

Gorbaçýow ýetmiş ýyllap dargadylan-pytradylan zatlar zaýa bolmasyn diýen niýet bilen baýaň diýen eken. Adamlar derrew aýaga galdy. Meýdanda bir çöp ýatanam bolsa, ýygnadylar. Atda tapagyň yzyna düşüp ýygnadylar, ýeke bolup ýygnadylar, diş synçgara çöp goýman ýygnadylar, indi tapara zat ýok. Öň bütin sowet halky tapagan bolupdy. Sähel üşügiň bolsa zat, özem gerekli zat tapyp bolýardy.

Hawa, hawa, sowet döwründe her bir sowet raýaty Atda tapaga öwrüldi. Halkyň baýlygy köçä zyňylypdy.

Indi döwür-döwran üýtgedi, Hemra illewiň diýeni boldy: Atda häzir etrabyň ýol gurluşyk edarasynyň naçalnigi. Ýöne, barybir, oňa naçalnik diýip ýüzlenýän ýok, oňa Atda tapagan diýýärler.

Atdanyň zamany geldi. Onuň zähmetine, başarnygyna hökümet mynasyp baha berýär. Ol ýürekden işleýär, ýürek bilen ýaşaýar. Ol bosagasyndan baýlyk, döwlet tapýar. Iş başarýan täze-täze pikirler, täze-täze zatlar tapýan Atageldi Kertikowiç Kertikowy Garaşsyz döwletimiz hormatlaýar. Ol «Watana bolan söýgüsi üçin» diýen medala mynasyp boldy. Ony il-günem hormatlaýar. Aýsoltan eje bolsa oňa Tapagan giýew diýýär.

Bar-bar tapagan giýewden bar. Gaýyn giýewden razy bolsa, giýew üçin iň gowusy şoldur. Ýöne beýle razylyk ähli kişige ýetdirip duran zat däldir. Onuň üçin, Hakykatdanam, tapagan bolmaly.

Eý, Hudaýa hudawende, ähli türkmen ýigitlerine gaýynlaryna gowy görünmäge güýç-kuwwat, tapaganlyk ukyp ber. Ýigitlerimizi diňe gaýynlary däl, gelinlerem, ulus-ilem gowy görsün, ylaýym!